TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

# Ekologiýa hukugy

**okuw kitaby**

**Ýokary okuw mekdepleriniň hukuk öwreniş hünäri üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Hukuk ylymlarynyň kandidaty dosent I.Bekiýew tarapyndan taýýarlanyldy**

**Ylmy redaktor dosent M.Tyllaýew**

**Aşgabat – 2010ý.**

## MAZMUNY

**Giriş**

**Tema 1. Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasatynyň hukuk taýdan üpjün edilmegi**

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ekologik syýasatynyň hukuk üpjünçiligi.
2. Türkmenistan döwletiniň we hukugynyň ekologik wezipeleri.
3. Ekologik hukuk gatnaşyklary.
4. Ekologiýa hukugy barada düşünje we onuň ýörelgeleri.
5. Ekologik-hukuk kadalary we olaryň görnüşleri.

**Tema: 2. Ekologiýa hukugynyň çeşmeleri**

1. Ekologiýa hukugynyň çeşmeleri barada düşünje we onuň konstitusion esaslary.
2. Tebigaty goramak hakyndaky kanunçylyk.
3. Ýer hakyndaky kanunçylyk.
4. Suw hakyndaky kanunçylyk.
5. Ýer jümmüşi hakyndaky kanunçylyk.
6. Tokaý we ösümlik dünýäsi hakyndaky kanunçylyk.
7. Haýwanat dünýäsi hakyndaky kanunçylyk.
8. Atmosfera howasyny goramak we aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky kanynçylyk.

**Tema: 3. Ekologiýa hukugynyň obýektleri**

1. Tebigy gurşaw goramagyň we peýdalanmagyň obýekti hökmünde.
2. Tebigy obýektler we olaryň görnüşleri.

3. Tebigy toplumlar we tebigy serişdeler.
4. Raýatlaryň amatly tebigy gurşawa bolan hukugy

**Tema: 4. Tebigy obýektlere we serişdelere eýeçilik hukugy**

1. Tebigy obýektlere we serişdelere eýeçilik hukugy barada düşünje.
2. Ýere eýeçilik hukugy we onuň görnüşleri.
3. Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugy.

**Tema: 5. Tebigatdan peýdalanmak hukugy**

1. Tebigatdan peýdalanmak hukugy barada düşünje.
2. Tebigatdan peýdalanýanlaryň hukuklary we borçlary.
3. Ýerden peýdalanmak hukugy.
4. Ýer jümmüşinden, suwlardan, tokaýlardan, ösümlik we haýwanat dünýäsinden peýdalanmak hukugy.

**Tema: 6. Tebigy gurşawy goramagyň we ondan peýdalanmagyň dolandyrylyşy**

1. Tebigy gurşawy goramagy we ondan peýdalanmagy dolandyrmak barada düşünje.
2. Ekologik dolandyryş babatda umumy ygtyýarly döwlet edaralarynyň ygtyýarlygy.
3. Ekologik dolandyryş babatda ýörite ygtyýarly döwlet edaralarynyň ygtyýarlygy.

**Tema: 7. Ekologik gözegçiligi we onuň guramaçylyk-hukuk görnüşleri**

1. Ekologik gözegçiligi barada düşünje.
2. Ekologik gözegçiliginiň görnüşleri.
3. Ýer we suw serişdeleri babatda gözegçilik.
4. Ýer jümmüşi babatda gözegçilik.
5. Balyk we beýleki suw haýwanlary babatda gözegçilik.

6. Döwlet ekologik ekspertizasy.

**Tema: 8. Ekologik-hukuk jogapkärçiligi**

1. Ekologik hukuk jogapkärçiligi barada düşünje.
2. Ekologik-hukuk bozulmalary we olaryň görnüşleri.
3. Ekologik-hukuk bozulmalary üçin jenaýat we dolandyryş jogapkärçiligi.
4. Ekologik-hukuk bozulmalary üçin raýat-hukuk, düzgün-nyzam we ýörite-hukuk jogapkärçiligi.

**Tema: 9. Daşky tebigy gurşawy halkara-hukuk taýdan goramak**

1. Halkara ekologiýa hukugy barada düşünje.
2. Daşky tebigy gurşawy halkara hukuk taýdan goramagyň ýörelgeleri we çeşmeleri.
3. Daşky tebigy gurşawy halkara hukuk taýdan goramagyň obýektleri.
4. Daşky tebigy gurşawy goramak baradaky halkara konwensiýalar we guramalar.

**Tema: 10. Ýerden peýdalanmagyň we ony goramagyň hukuk düzgüni**

1. Ýer peýdalanmagyň we goramagyň obýekti hökmünde.
2. Ýer-hukuk gatnaşyklary. Ýer hukugynyň ýörelgeleri. Ýer hukuk kadalary.
3. Ýerden peýdalanmagyň hukuk görnüşleri
4. Ýer gatnaşyklary babatda döwlet gözegçiligi. Ýer-hukuk jogapkärçiligi.

**Tema:11. Suwlardan peýdalanmagyň we olary goramagyň hukuk düzgüni**

1. Suwlar goramagyň we peýdalanmagyň obýektleri hökmünde.

2. Suwdan peýdalanmagyň hukuk düzgüni.
3. Suwdan peýdalanmak hukugynyň görüşleri.
4. Suw serişdelerini goramak we olaryň zyýanly täsiriniň öňüni almak.
5. Suw gatnaşyklary babatda döwlet dolandyryşy we gözegçiligi, suw-hukuk jogapkärçiligi.

**Tema:12. Ýer jümmüşinden peýdalanmagyň we ony goramagyň hukuk düzgüni**

1. Ýer jümmüşi peýdalanmagyň we goramagyň obýekti hökmünde.
2. Ýer jümmüşinden peýdalanmagyň hukuk düzgüni.
3. Ýer jümmüşi babatda döwlet dolandyryşy we gözegçiligi.
4. Ýer jümmüşi babatda hukuk jogapkärçiligi.

**Tema: 13. Tokaýlary we ösümlik dünýäsini goramagyň we olardan peýdalanmagyň hukuk düzgüni**

1. Tokaýlar goramagyň we peýdalanmagyň obýektleri hökmünde.
2. Tokaýlary goramagyň we olardan peýdalanmagyň hukuk düzgüni.
3. Tokaý hukuk bozulmalary we olar üçin jogapkärçilik.
4. Ösümlik dünýäsi goramagyň we peýdalanmagyň obýekti hökmünde.
5. Ösümlik dünýäsinden peýdalanmagyň we ony goramagyň hukuk düzgüni.

**Tema: 14. Haýwanat dünýäsini goramagyň we ondan peýdalanmagyň hukuk düzgüni**

1. Haýwanat dünýäsi goramagyň we ondan peýdalanmagyň obýekti hökmünde.

2. Haýwanat dünýäsini goramagyň we ondan peýdalanmagyň hukuk düzgüni.
3. Haýwanat dünýäsi babatda dolandyryş we gözegçilik.
4. Haýwanat dünýäsi babatda hukuk bozulmalar we olar üçin jogapkärçilik.
5. Aw awlamak hukugy we onuň görnüşleri.
6. Aw hojalygyny ýöretmek hukugy.
7. Balyk tutmagyň hukuk kadalaşdyrylyşy.

**Tema: 15. Atmosfera howasyny goramak. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň hukuk düzgüni**

1. Atmosfera howasy goramagyň obýekti hökmünde.
2. Atmosfera howasyny goramak babatda döwlet dolandyryşy we gözegçiligi.
3. Atmosfera howasyny zyýanly täsirlerden goramak babatda hukuk çäreler.
4. Atmosfera howasyny goramak babatda hukuk bozulmalar we olar üçin jogapkärçilik.
5. Aýratyn goralýan döwlet tebigy goraghanalaryň we çäkli goraghanalaryň hukuk düzgüni.
6. Döwlet tebigy ýadygärlikleriniň we beýleki aýratyn goralýan territoriýalaryň hem-de obýektleriň hukuk düzgüni.
7. Döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri babatda hukuk bozulmalar we olar üçin jogapkärçilik.

## Giriş

Daşky tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak Garaşsyz Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ekologiýa babatdaky syýasatynyň strategik ugurlarynyň biridir. Beýik Galkynyş we Täze özgertmeler eýýamynda daşky tebigy gurşaw bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrmak täze talaplardan ugur alnyp amala aşyrylýar.

Ekologiýa hukugy Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň düzüminde özbaşdak pudak hasaplanýar. Bu pudaga ekologik gatnaşyklary hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň toplumlaýyn häsiýeti mahsusdyr, şeýle hem oňa halkara ekologik hukuk gatnaşyklary täsir edýär. Häzirki zaman şertlerinde ekologiýa hukugynyň kadalaşdyrýan gatnaşyklarynyň çägi giňelýär, ol ozon gatlagyny we klimaty goramagy hem-de ekologik howpsuzlygy üpjün etmek bilen baglanyşykly gatnaşyklary hem öz içine alýar.

Häzirki zaman şertlerinde Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň ekologik wezipesi daşky gurşawyň goralmagyny, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy, jemgyýetiň ekologik we ykdysady bähbitlerini ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmagy üpjün etmäge, adamyň ýaşaýyş üçin arassa, sagdyn we amatly tebigy gurşawa bolan hukuklaryny durmuşa geçirmek we goramak üçin zerur bolan şertleri döretmäge gönükdirilýär.

Daşky tebigy gurşawy goramak ekologik toplumlary, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köpdürliligini häzirki we geljekki nesiller üçin abat saklamak we yzygiderli köpeltmek boýunça durmuşa geçirilýän çäreleriň ulgamy bolup durýar. Ýurtda ekologik howsuzlygy üpjün etmek

adamyň ýaşaýşyny we saglygyny hojalyk işiniň we tebigy gurşawyň amatsyz täsirinden goramak bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň umumy we ýörite ygytyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi, daşky gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak boýunça möhüm kanunlaryň we Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynyň kabul edilmegi we durmuşa geçirilmegi ýurtda ekologik wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Okuw kitaby taýýarlanylanda Türkmenistanyň Konstitusiýasy (2008ý.), [1] Tebigaty goramak hakyndaky kanun, Ýer, Suw, Tokaý, Sanitariýa kodeksleri, Ýer jümmüşi hakyndaky, Uglewodorod serişdeleri hakyndaky, Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky, Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky, Atmosfera howasyny goramak hakyndaky, Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky, Ozon gatlagyny goramak hakyndaky, Radiasion howpsuzlygy hakyndaky we beýleki kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalary, şeýle hem halkara ekologik konwensiýalar we ylalaşyklar ulanyldy.

Okuw kitaby girişden, 15 temadan we ulanylan edebiýatlaryň sanawyndan ybaratdyr.

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Aşgabat, 2008.

## Tema 1. Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasatynyň hukuk taýdan üpjün edilmegi

### 1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ekologik syýasatynyň hukuk üpjünçiligi.

Häzirki zaman şertlerinde ýurtda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze ekologik syýasaty durmuşa geçirilýär. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanda ýer, suw serişdelerinden we beýleki tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak, önümçilige ekologiýa taýdan arassa we galyndysyz tehnologiýalary ornaşdyrmak, daşky gurşawy gorap saklamak, howa şertlerine oňaýly täsir etmek ekologiýa babatda ilkinji nobatdaky ugurlar hasaplanylýar we hakyky eýeçilik gözi bilen garamak kämil jemgyýete tarap alyp barýan esasy ýollaryň biridir.[1]

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministirler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ekologik syýasatynyň esasy mazmuny adamyň ýaşaýşynyň we onuň işiniň esasy hökmünde çykyş edýän tebigy gurşawyň abat saklanmagyny, onuň baýlyklaryndan rejeli peýdalanmagy, ekologik howpsuzlygy, ýurtda ekologik ýagdaýyň sagdynlaşdyrylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.[2] Şunda, „Döwlet adam üçindir“ diýen ýörelgeden ugur alynýar. Bu syýasatyň hukuk taýdan üpjün edilmegi ony durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly gatnaşyklaryň kanunçylykda düzgünleşdirilmegini aňladýar. Türkmenistanyň

---

[1] Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, Aşgabat 2009ý. sah-14-15, 21.

[2] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministirler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi

Konstitusiýasynda möhüm tebigy baýlyk bolan ýere eýeçiligiň köpdürlüligi bellenildi. Ýer jümmüşine, uglewodorod serişdelerine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine Türkmenistan döwletiniň eýeçilik hukugy hereket edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasatyny amala aşyrmagyň hukuk esaslaryny düzýän kanunçylyk namalara Tebigaty goramak hakyndaky kanun (1991-nji ýylyň 12-nji noýabry), Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky kanun (1992-nji ýylyň 19-njy maýy), Ýer jümmüşi hakyndaky kanun (1992-nji ýylyň 14-nji dekabry), Tokaý kodeksi (1993-nji ýylyň 12-nji apreli), Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun (1993-nji ýylyň 28-nji dekabry), Döwlet ekologik ekspertizasy hakyndaky kanun (1996-njy ýylyň 20-nji dekabry), Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun (1997-nji ýylyň 12-nji iýuny), Ýer we Suw kodeksleri (2004-nji ýylyň 25-nji oktýabry), Daýhan hojalygy we Daýhan birleşikleri hakyndaky kanunlar (2007-nji ýylyň 30-njy marty), Uglewodorod serişdeleri hakyndaky kanun (2008-nji ýylyň 20-nji awgusty), Ozon gatlagyny goramak hakyndaky kanun (2009-njy ýylyň noýabry), Sanitariýa kodeksi (2009-njy ýylyň noýabry) we beýlekiler degişlidir.

Türkmenistanda ilatyň tebigy gazdan, elektrik energiýasyndan, agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suwdan mugt peýdalanmagy, ýurdy bagy-bossanlyga öwürmek, milli seýligähleri döretmek „Awaza milli syýahatçylyk zolagyny döretmek, Türkmen kölüni we täze suw desgalaryny gurmak, tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmak, ekologik howpsuzlygy üpjün etmek

bilen baglanyşykly meseleleri hukuk taýdan kadalaşdyrmak boýunça hem zerur çäreler durmuşa geçirilýär. Araly halas etmek, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy we beýleki döwletara hem-de halkara ekologik hukuk meseleleri hem Türkmenistanyň Prezidentiniň üns merkezinde durýar.

Täze ekologik syýasaty durmuşa geçirmekde döwlet dolandyryş edaralarynyň möhüm orun tutýandygy göz öňünde tutulyp, tebigy gurşawy goramagy we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy üpjün etmek maksady bilen ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň (ministrlikleriň we beýleki merkezi döwlet dolandyryş edaralaryň) ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär hem-de olar barada Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary bilen degişli düzgünnamalar tassyklanyldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologiýa babatdaky syýasatyny kanunçylyk taýdan üpjün etmekde Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň (1998-nji ý.), Jenaýat kodeksiniň (1997ý.), Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiň, Eýeçilik hakyndaky, Kärhanalar hakyndaky kanunlaryň we beýleki hukuk namalaryň ähmiýeti hem uludyr.

## 2. Türkmenistan döwletiniň we hukugynyň ekologik wezipeleri.

Jemgyýetiň syýasy guramasy hökmünde döwletiň ekologik wezipesi onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ulgamynda aýratyn orun tutýar. Ekologik wezipäniň ýüze çykmagy tebigy gurşawy goramak meseleleriniň ýitileşmegi bilen baglanşykly bolupdy. Öň tebigatdan peýdalanmak we ony goramak meseleleri döwletiň gatnaşygynyň ekologik wezipesiniň çäklerinde çözülýärdi. Jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygynyň ähmiýetiniň

artmagy, ekologik ýagdaýyň ýitileşmegi döwletiň içerki wezipeleriniň biri hökmünde özbaşdak ekologik wezipäniň ýüze çykmagyna getirdi.

Türkmenistanda ekologik wezipäniň ýüze çykmagy „Türkmenistan SSR-inde tebigaty goramak hakyndaky“ kanunyň (1963-nji ýylyň 26-njy marty) kabul edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu kanunda goralmaga degişli tebigy obýektler (ýer, ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy), tebigy toplumlar we beýlekiler kesgitlendi, tebigy serişdelerden peýdalanylyşyny hasaba almak, tebigatyň goralyşyna gözegçiligi amala aşyrmak, degişli döwlet edaralarynyň we edara görnüşindäki taraplaryň tebigaty goramak babatdaky wezipeleri we jogapkärçiligi barada möhüm düzgünler göz öňünde tutuldy.

Häzirki wagtda Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň ekologik wezipesi Konstitusiýada (2008ý.), Tebigaty goramak hakyndaky kanunda, Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky kanunda, Sanitariýa kodeksinde tebigy obýektleriň aýry-aýry görnüşleri babatda bolsa Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde, Ýer jümmüşi, Atmosfera howasyny goramak, Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak, Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunlarda göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan döwletiniň ekologik wezipesi daşky tebigy gurşawyň goralmagyny, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy, jemgyýetiň ekologik we ykdysady bähbitlerini ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmagy üpjün etmekden hem-de adamyň ýaşaýyş üçin arassa, sagdyn we amatly tebigy gurşawa bolan hukuklaryny

durmuşa geçirmek we goramak üçin zerur şertleri döretmekden ybaratdyr.

Döwletiň tebigatdan peýdalanmagy kadalaşdyrmak baradaky işi onuň rejeli bolmagyny, ýagny ykdysady we medeni-sagaldyş babatda netijeli bolmagy bilen bir hatarda daşky tebigy gurşawyň goralmagyny gazanmaga gönükdirilýär. Döwletiň ekologik işiniň bir görnüşi hökmünde daşky tebigy gurşawy goramak ekologik toplumlary, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köpdürlüligini häzirki we geljekki nesiller üçin abat saklamak we yzygiderli köpeltmek boýunça geçirilýän çäreleriň ulgamydyr. Ýurtda ekologik howpsuzlygyny üpjün etmek adamyň ýaşaýşyny we saglygyny hojalyk işiniň hem-de tebigy gurşawyň amatsyz täsirinden goramaga gönükdirilýär.

Garaşsyz Türkmenistanda umumy we ýörite ygtyýarly ýerine ýetiriji hakimiýet edaralarynyň ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi, tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak babatda möhüm kanunlaryň, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynyň kabul edilmegi we durmuşa geçirilmegi döwletiň ekologik wezipesiniň üstünlikli amala aşyrylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Prokuratura, içeri işler we beýleki hukuk goraýjy edaralaryň ekologik wezipeleri diýlende olaryň tebigaty goraýyş kanunçylygyny ulanmak, ekologik hukuk bozulmalaryň sebäplerini ýüze çykarmak, şol bozulmalaryň öňüni almak hem-de aradan aýyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamaklyga we durmuşa geçirmeklige düşünilýär.

Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň işiniň maksatlary we ugurlary 2009-njy ýylyň awgustynda kabul edilen „Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky“ kanunda kesgitlenilýär. Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine, şeýle-de Türkmenistanyň kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine prokuraturanyň gözegçilik etmeginiň maksady kanunyň ähli zatdan ýokary tutulmagyny üpjün etmekden we kanunçylygy pugtalandyrmakdan ybarat bolup durýar. Şu wezipäniň çäginde prokuraturanyň ekologik wezipesi tebigy gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak, jemgyýetiň ekologik howpsuzlygy babatda kanunlaryň, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň berjaý edilişine we ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmakdan ybaratdyr. Ekologiýa babatdaky wezipeler Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, welaýat, şäher we etrap prokuraturalary tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda prokuratura edaralarynyň tebigy gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda gözegçilik işini amala aşyranlarynda ulanýan görnüşleri we usullary şu aşakdakylardyr: kanuna ters gelýän hukuk namany ýatyrmak ýa-da ony kanuna laýyk getirmek barada garşylyknama bermek; ekologik hukuk bozulmany düzetmek maksady bilen tabşyryknama çykarmak we teklipnama ibermek; wezipeli adamyň ýa-da raýatyň kanuny nähili häsiýetde bozanlygyndan ugur alyp, jenaýat

işini, dolandyryş hukuk tertibiniň bozulanlygy baradaky işi ýa-da düzgün-nyzam işini gozgamak hakynda delillendirilen karar çykarmak; kanunda bellenen halatlarda, raýatlaryň we döwletiň hukuklaryny (şol sanda ekologiýa babatda) goramak üçin kazyýete ýüz tutmak.

Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň ýerine ýetirýän ekologik wezipeleri köp dürlüdir. (kanun 2001-nji ýylyň 7-nji iýulynda kabul edildi). Olara şu aşakdakylary degişli etmek bolar: jemgyýetçilik tertibini goramak, hukuk bozulmalaryna we jenaýatçylyga garşy göreş, aw ýaraglaryna ygtyýarnamalary bermek we olary bellige almak, ekologik ähmiýetli desgalarda gorag işini alyp barmak we beýlekiler.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşky gurşawy goramak babatda ýörite wezipeleri polisiýa amala aşyrýar. „Türkmenistanyň polisiýasy hakyndaky“ kanuna (2001-nji ýylyň 7-nji iýuly) laýyklykda onuň esasy wezipeleri: raýatlaryň şahsy howpsuzlygyny, şeýle hem jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek; jenaýatlaryň we beýleki hukuk bozulmalaryň öňüni almak; jenaýatlaryň üstüni açmak, ýol hereket howpsuzlygyny üpjün etmek; eýeçiligiň ähli görnüşlerini hukuga garşy hyýanatçylyklardan goramak; raýatlara durmuş we hukuk taýdan kömek etmäge gatnaşmak.

Şonuň bilen baglanyşykly polisiýanyň daşky tebigy gurşawy goramak babatdaky wezipelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar: adamyň tebigy hukuklary hökmünde raýatlaryň ekologik hukuklaryny goramak ekologik jenaýatlaryň we dolandyryş etmişleriň öňüni almak we olara ýol bermezlik; ekologik jenaýatlary ýüze çykarmak; jemgyýetçilik tertibini goramak we ekologik

howpsuzlygyny üpjün etmek; kärhanalara, guramalara, edaralara, wezipeli adamlara we raýatlara olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramakda kömek etmek.

Daşky tebigy gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatda belli bir wezipeleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kazyýetler - Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň kazyýeti, welaýat kazyýetleri we Aşgabat şäher kazyýeti, etrap we şäher kazyýetleri, şeýle hem Türkmenistanyň Adalat ministirligi amala aşyrýarlar.

Döwletiň ekologik wezipesi ykdysady, guramaçylyk, hukuk tärleri arkaly ýerine ýetirilýär. Türkmenistan döwletiniň ekologik wezipesiniň hukuk tärleri hukugyň ekologik wezipesini amala aşyrmagyň serişdesi bolup durýar. Türkmenistanyň hukugynyň syýasy, ykdysady, medeni-terbiýeçilik we beýleki wezipeleri bilen bir hatarda ekologik wezipesi möhüm ähmiýete eýedir. Bu wezipäniň ýüze çykmagy we ösmegi tebigy gurşawy goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynyň zerurlygy bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň hukugynyň ekologik wezipesiniň maksady jemgyýetiň ösüşiniň täze şertlerinde hukuk taýdan kadalaşdyrmak arkaly tebigy gurşawyň hilini üpjün etmekdir. Hukugyň ekologik wezipesi degişli hukuk kadalaryny işläp taýýarlamak, kabul etmek we ulanmak ýoly bilen ýerine ýetirilýär. Bu kadalarda jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygyndan gelip çykýan ekologik talaplar, tebigy gurşawa hojalyk işi taýdan täsir etmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan görkezijileri berkidilýär.

Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň ýerine ýetirýän beýleki wezipelerinden tapawutlylykda ekologik wezipe üçin aýratynlyklar mahsusdyr. Bu aýratynlyklar jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygynyň özboluşlylygyndan gelip çykýar. Görkezilen aýratynlyklar ekologik wezipäniň öz görnüşi boýunça hukuk ulgamyna, öz mazmuny boýunça bolsa ekologiýa ulgamyna degişliligi bilen şertlendirilýär. Belli bolşy ýaly, umumy ekologiýa we durmuş ekologiýasy tapawutlandyrylýar. Durmuş ekologiýasynda ykdysadyýet we beýleki pudaklar bilen bir hatarda hukuk ekologiýasy aýratyn orun tutýar. Bu ekologiýa jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygyny kadalaşdyrýan hukuk kadalarynyň jemidir. Hukuk ekologiýasy iki bölekden ybarat: 1) hukugyň ekologik pudaklary – tebigy serişdeler hukugy we tebigaty goraýyş hukugy; 2) hukugyň beýleki pudaklarynyň (raýat, dolandyryş we beýlekiler) ekologik talaplary berkidýän kadalary, ýagny ekologiýalaşdyrylan hukuk kadalary. Hukugyň ekologik pudaklaryndaky kadalar, şeýle hem hukuk ulgamynyň beýleki pudaklarynda ýerleşen ekologik talaplary berkidýän kadalar ekologik hukuk kadalary hasaplanylýar.

Garaşsyz Türkmenistanda täze hukuk ulgamy döredildi. Hukugyň bu ulgamynda hukuk ekologiýasy aýratyn orun tutýandyr. Ekologik hukuk kadalary esasan tebigy serişdeler we tebigaty goraýyş hukuk namalarynda jemlenendir. Tebigaty goraýyş hukuk namalaryna Tebigaty goramak hakyndaky kanun, Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky kanun Atmosfera howasyny goramak hakyndaky kanun, we beýlekiler degişlidir. Garaşsyzlyk şertlerinde kabul edilen tebigy serişdeler hukuk namalaryna şu aşakdakylar degişli etmek

bolar: „Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanun, Tokaý kodeksi, „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanun, „Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ kanun, „Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanun, Ýer, Suw kodeksleri we beýlekiler.

Ekologiýalaşdyrylan hukuk kadalary Türkmenistanyň Raýat kodeksinde, Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde, Jenaýat kodeksinde, Eýeçilik hakyndaky kanunda, Kärhanalar hakyndaky kanunda we beýleki hukuk namalarda jemlenendir.

## 3. Ekologik-hukuk gatnaşyklary

Daşky tebigy gurşaw adamyň ýaşaýşynyň şerti we serişdesi hökmünde çykyş edýär. Jemgyýet bilen tebigat hemişe özara baglanyşykda durýar. Jemgyýet bilen tebigatyň özara baglanyşygynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: ykdysady we ekologik. Jemgyýetiň we tebigatyň özara baglanyşygynyň ykdysady görnüşi tebigy gurşawyň serişdelerini adamyň, jemgyýetiň sarp etmegini, özüniň maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrmak üçin tebigatdan peýdalanmagy amala aşyrmagydyr.

Tebigat bilen özara gatnaşyk netijesinde jemgyýetiň ykdysady bähbitleriniň kanagatlandyrylmagy tebigy obýektlerden peýdaly jisimleri almak (mysal üçin, ýer jümmüşinden ýerasty baýlyklary çykarmak) ýa-da şol tebigy obýektleriň peýdaly sypatlaryny (mysal üçin, topragyň hasyl bermek ukyby) ulanmak arkaly geçirilýär.

Adam, jemgyýet tarapyndan tebigy serişdeleriň sarp edilmegi, olardan peýdalanylmagy hem-de tebigatyň aýry-

aýry bölekleriniň hojalyk we beýleki wezipeleri çözmek üçin uýgunlaşdyrylyp üýtgedilmegi daşky gurşawyň ýagdaýyna täsir edýär. Netijede tebigy gurşawda bolup geçýän özgermeler adamyň özüne hem täsir edýär. Şonuň üçin hem häzirki zaman şertlerinde tebigatdan peýdalanmagyň rejeli amala aşyrylmagy möhüm ähmiýete eýedir. Şunda „rejeli“ diýilýän düşünjäniň ykdysady hem-de ekologik mazmuny bardyr. Başgaça aýdylanda tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak daşky gurşawy goramak baradaky talaplary göz öňünde tutup, tebigy çig-mal çeşmelerinden tygşytly, aýawly peýdalanmagy aňladýar. Şonuň üçin hem daşky gurşawyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edilip, tebigy serişdelerden netijeli peýdalanmagy rejeli peýdalanmak diýip hasap edip bolmaz.

Tebigatdan peýdalanmagyň rejesiz bolmagy tebigy gurşawda ýaramaz netijelere getirýär. Bu netijeler özara baglanyşykly üç görnişde ýüze çykýar, ýagny töwerekdäki tebigy gurşawyň hapalanmagy tebigy serişdeleriň azalmagy (egsilmegi), tebigy gurşawyň bozulmagy.

Daşgy tebigy gurşawyň ( atmasfera howasynyň, suwlaryň, topragyň) hapalanmagy hojalyk işiniň we beýleki işiň netijesinde onuň hiliniň fiziki-himiki, biologik taýdan üýgemegini aňladyar. Bu hapalanyş tebigy gurşawa zyýanly täsir etmegiň bellenen çäginden geçmegiň netijesidir hem-de adamyň saglygyna, ösümlük we haywanat dünýäsiniň ýagdaýyna,maddy gymmatlyklara howp döredýär.

Tebigy serişdeleriň azalmagy (egsilmegi) adamyň hojalyk işiniň ýaramaz täsiri netijesinde bu serişdeleriň ýerine ýetirýän wezpeleriniň doly ýa-da bölekleýin bes edilmegini, tebigy serişdäniň adamyň ykdysady, medeni-

sagaldyş isleglerini kanagatlandyrýan çeşme hökminde ýitirilmegini aňladýar.Tebigy gurşawyň we onuň serişdeleriniň azalmagy (egsilmegi) ekologik arabaglanyşygyň bozulmagyna getirýär.

Daşgy tebigy gurşawyň bozulmagy, ýerleriň, suwlaryň we beýleki käbir tebigy serişdeleriň, tutuşlygyna tebigy gurşawyň hapalanmagynyň, azalmagynyň (egsilmeginiň) netijesinde bolup geçýär. Häzirki zaman şertlerinde ýurtda ekologik ýagdaýy düýpli gowulandyrmak boýunça Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan örän möhüm çäreler durmuşa geçirilýär.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygynyň görnüşleriniň biri ekologik görnüşidir, ýagny tebigy gurşawy goramakdyr. Tebigaty goramagyň zerurlygy tebigy gurşawyň adam üçin zyýanly galyndylar bilen hapalanmagy, tebigy serişdeleriň azalmagy (egsilmegi) hem-de tebigatda ekologik arabaglanyşygyň bozulmak howpunyň ýüze çykmagy bilen şertlendirilýär. Jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygynyň ekologik görnüşi tebigy gurşawy we onuň serişdelerini abat saklamaga hem-de yzygiderli dikeltmäge gönükdirilýär. Bu görnüşiň mazmuny jemgyýetiň ekologik bähbitlerini kanagatlandyrmakdan, ýagny tebigy gurşawyň ýagdaýyny adamyň saglygyna zyýan bermeýän derejede saklamakdan, ony sagdynlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Daşky tebigy gurşawy goramak onuň käbir has möhüm böleklerini döwletiň aýratyn goragy astyna almak, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy üpjün etmek hem-de tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmak arkaly amala aşyrylýar. Görkezilenler häzirki zaman şertlerinde milli

wezipe bolmagyndan halkara wezipesine, çözülmegi halkara bileleşigininň bilelikdäki tagallalaryna bagly wezipä öwrülýär.

Häzirki wagtda daşky tebigy gurşawy goramakda şu aşakdaky esasy ugurlar tapawutlandyrylýar.

1. Tebigy gurşawy goramagyň ynsanperwerlik häsiýetde bolmagy, ýagny tebigaty goramagyň üns merkezinde adam, onuň ýaşaýşy we saglygy hem-de abadançylygy durýar. Başgaça aýdylanda ähli tebigy gurşawy goramak meseleleri ilki bilen adamyň saglygyny goramak arkaly çözülýär.

2. Hojalyk işiniň ekologiýalaşdyrylmagy, ýagny tebigy gurşawy goramak talaplarynyň – Türkmenistanyň „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunynda berkidilen ekologik talaplaryň adamyň hojalyk işiniň ähli görnüşlerine we basgançaklaryna ornaşdyrylmagy.

3. Tebigy gurşawy goramagyň ykdysadyýetleşdirilmegi. Tebigaty goramagyň şu ugry hojalyk işini alyp barýanlary tebigy gurşawy goramakda maddy taýdan höweslendirmegiň möhümliginden gelip çykýar. Şular ýaly höweslendirmek jemgyýet üçin peýdalydyr. Tebigy gurşawyň hapalanmagy we tebigy serişdeleriň rejesiz peýdalanylmagy netijesinde ykdysadyýete zyýan ýetirilip bilner. Ýetirilýän zyýany azaltmak we ony aradan aýyrmak jemgyýetiň ykdysady abadançylygyna ýardam edýär. Şeýlelik bilen, tebigaty goramagyň mundan beýläk-de ykdysadyýetleşdirilmegi ýurtda ykdysadyýeti berkitmek, ýetirilýän zyýany aradan aýyrmak hem-de tebigy gurşawy goramakda hojalyk işini alyp barýanlaryň maddy höweslendirilmegini ösdürmek bilen baglanyşyklydyr.

4. Tebigaty goraýyş çäreleriniň urşa garşy gönükdirilen häsiýetde bolmagy. Belli bolşy ýaly, harby çykdajylar hemişe uly serişdeleri talap edýär hem-de adam töweregindäki gurşawy sagdynlaşdyrmak we gowulandyrmak üçin zerur çäreleriň geçirilmegini bökdeýär. Hemişelik bitarap Türkmenistanda tebigaty goramagyň urşa garşy – parahatçylykly häsiýetde bolmagy üçin hemme şertler döredilendir.

Garaşsyzlyk şertlerinde Türkmenistanda tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmaga, ýagny hojalyk işiniň zyýanly ekologik netijeleriniň öňüni almaga we olary aradan aýyrmaga, daşky gurşawyň hilini gowulandyrmaga gönükdirilen kanunçylykda göz öňünde tutulan sanitariýa – gigiýena, ykdysady, guramaçylyk, tehniki, hukuk we beýleki zerur çäreler göz öňünde tutulýar.

Ýurtda ekologik howpsuzlygy, ýagny adamyň ýaşaýşy üçin möhüm ekologik bähbitleriniň, iň ilki bilen arassa, sagdyn, ýaşaýyş üçin amatly tebigy gurşawa bolan hukugynyň goraglylyk ýagdaýyny üpjün etmek Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýratyn üns merkezinde durýan meseledir.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tebigy serişdeler adamyň ýaşaýşynyň we işiniň esasy hökmünde rejeli peýdalanmaga we goralmaga degişldir. Döwlet adamyň, raýatyň ekologik hukuklaryny goraýar, kepillendirýär. Diýmek, Türkmenistan döwleti özüniň ygytýarly edilen edaralarynyň üsti bilen hemişe ekologik hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan hökmünde çykyş edýär. Tebigy serşdeleri raýatlara eýeçilik hukugyna (ýerler) ýa-da edara görnüşindäki taraplara we raýatlara eýelik etmek

hukugyna, peýdalanmak hukugyna, kärende hukugyna berlen halatlarynda hem döwlet ekologik gatnaşyklaryna gatnaşýan bolup durýar.

Tebigy gurşawdan peýdalanmak, ony dikeltmek we goramak maksady bilen oňa täsir edýän edara görnüşindäki tarap ýa-da raýat hem ekologik hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan bolup çykyş edýär. Bu gatnaşyklara gatnaşýanlar hökmünde tebigy gurşawa täsir edýän hojalyk işini alyp barýan kärhanalar, guramalar, edaralar hem-de telekeçilik işi bilen meşgul bolýan raýatlar, şeýle hem tebigatdan umumy we ýörite peýdalanmagy amala aşyrýan raýatlar bolup bilerler.

Ekologik-hukuk gatnaşyklarynda döwlet edaralary tebigy gurşaw babatda dolandyryşy we gözegçiligi amala aşyrýarlar hem-de tebigatdan peýdalanmagyň tertibini we şertlerini kesgitleýärler. Hojalyk işini alyp barýan edara görnüşindäki taraplar we raýatlar (şol sanda daşary ýurt edara görnüşindäki taraplar we raýatlar) ekologik hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan borçlary ýerine ýetirýänler bolup durýarlar.

Ekologik-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlary olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň mazmuny boýunça şu aşakdaky toparlara bölmek bolar:

- tebigy serişdelerden rejelei peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak boýunça degişli hukuklary we boçlary amala aşyrýan tebigatdan peýdalanyjylar;

- tebigy serişdelerden peýdalanmagy kadalaşdyrmaga hem-de daşky tebigy gurşawyň goralyşyna gözegçilik etmäge hukugy bolan umumy ygtyýarly we ýörite ygytýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary;

- ekologik gatnaşyklaryna gatnaşmaga hm-de ekologik-hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilişine jemgyýetçilik gözegçiligine hukugy bolan jemgyýetçilik birleşikleri we guramalary;
- ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň kanunylygyna gözegçiligi amala aşyrýan döwlet edaralary.

Jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygy babatda ýüze çykýan hem-de ekologik-hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ekologik-hukuk gatnaşyklary diýilýär. Bu hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň esaslary hökmünde hukuk ýagdaýlary (waka we hereket) çykyş edýär.

Ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň has köp ýaýran esasy hereketdir. Şu manyda adamyň hereketi amatly we amatsyz bolup biler. Ekologik-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan hökmünde adamyň amatly hereketi tebigatdan peýdalanmak işinde kanunyň ekologik kadalarynyň ýerine ýetirilmegini aňladýar.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygynyň iki görnüşine laýyklykda şular ýaly hereketleri iki topara bölmek bolar: tebigy serişdelerden peýdalanmak hem-de tebigy gurşawy goramak. Başgaça aýdylanda tebigy gurşawyň ýagdaýyna täsir edýän ykdysady hereketler hem-de bu işiň zyýanly netijeleriniň öňüni almaga we olary aradan aýyrmaga gönükdirilen ekologik kadalary bozulyp, tebigy gurşawa we adamyň saglgyna zyýan ýetirilen halatynda ýüze çykýar. Şular ýaly hukuk ýagdaýlara ekologik-hukuk bozulmalary diýilýär.

Ekologik-hukuk gatnaşyklarynda obýekt hökmünde tebigy obýektler, ýagny ýer, ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy,

tutuşlygyna tebigy gurşaw üýkyş edýär. Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda tebigy toplumlar, ýagny döwlet tebigy goraghanalary, çäkli goraghanalar, tebigy ýadygärlikler, milli seýilgähler, kesel bejeriş – sagaldyş zolaklary we beýlekiler hem ekologik hukuk gatnaşyklarynyň obýekti bolup bilerler.

Ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny diýlende bu gatnaşyklara gatnaşýanlaryň tebigatdan peýdalanmak we ony goramak boýunça hukuklary we borçlary düşünilýär. Bu hukuklaryň we borçlaryň mazmuny bolsa hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň düzümine hem-de gatnaşygyň obýektine baglydyr.

Ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň mazmunynyň aýratynlyklary degişli tebigy obýektlere baglydyr. Şu jähtden ýer, suw, uglewodorod, tokaý, haýwanat dünýäsi we beýleki tebigy serişdelerden peýdalanmak hem-de olary goramak bilen baglanyşykly hukuklar we borçlar tapawutlandyrylýar. Tebigy obýektleriň görnüşlerine laýyk pudaklaýyn hukuklar we borçlar bilen bir hatarda tutuşlygyna tebigy gurşawy goramak babatda hem hukuklar we borçlar bardyr. Şular ýaly hukuklaryň we borçlaryň bolmagy tebigy gurşawy goramak boýunça ýörite ygtyýarly edaralar (Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministirligi) hem-de tebigy serişdelerden peýdalanmagy amala aşyrýanlar üçin mahsusdyr.

Ekologik hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmeginiň esaslaryny iki topara bölmek bolar: 1) tebigatdan peýdalanyjylaryň erki boýunça, ýagny tebigy serişdeden peýdalanmakdan boýun gaçyrmak, kärhananyň we guramanyň ýatyrylmagy, tebigatdan peýdalanýan raýatyň aradan çykmagy; 2) degişli döwlet edaralarynyň erki

boýunça, ýagny tebigy serişdäniň yzyna alynmagy, kanunyň bozulmagy üçin peýdalanmak hukugyndan mahrum etmek. Ekologik hukuk gatnaşygynyň bes edilmegi ýa-da üýtgedilmegi tebigy gurşawyň goralyşyna döwlet ekologik gözegçiligini amala aşyrýan edaranyň karary, kazyýetiň karary, ýörite ygtyýarly döwlet edaralarynyň ýazyp bermegi boýunça bolup biler.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ekologik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda degişli usullar, ýagny bu gatnaşyklara täsir etmegiň usullary ulanylýar. Ekologik hukuk kadalaryny ýerine ýetirmek maksady bilen adamyň özüni alyp barşyny kadalaşdyrmagyň iki usuly tapawutlandyrylýar: dolandyryş-hukuk we raýat-hukuk usuly bolsa taraplaryň deňligi bilen häsiýetlendirilýär.

Hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň obýektleri hökmünde çykyş edýän tebigy obýektlere tebigy gelip çykyş hem-de daşky tebigy gurşaw bilen ýakyn arabaglanyşyk mahsusdyr. Ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň görkezilen aýratynlyklaryna has laýyk gelýän usuly dolandyryş usulydyr. Bu gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň dolandyryş usulynda gadagan ediş, öňüni alyş, ygtyýar beriş kadalary agdyklyk edýär. Belli bir hukuk ýagdaýy boýunça ekologik-hukuk gatnaşygy dolandyryş usulyny ulanmak arkaly ýüze çykýar. Başgaça aýdylanda ekologik-hukuk gatnaşyklary ygtyýarly edilen döwlet edarasynyň dolandyryş namasyna laýyklykda ýüze çykyp biler.

Dolandyryş-hukuk usuly hukuk taýdan goralmaga degişli tebigy obýektleri kesgitlemek, tebigy serişdeleri eýeçilik hukugyna (ýerleri) bermek, eýeklik etmek hukugyna, peýdalanmak hukugyna we kärendesine bermek,

bu serişdeleri döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna almak, tebigy gurşaw babatda borçlary, öňüni alyş çäreleri we gadagan etmeleri bellemek, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak, ekologik-hukuk bozulmalaryny ýüze çykarmak we olar üçin hukuk jogapkärçiligi ýaly gatnaşyklar kadalaşdyrylanda ulanylýar. Görkezilen halatlarda bu usulyň ulanylmagy töwerekdäki tebigy gurşawy goramagyň döwlet wezipesidigi bilen düşündirilýär.

Şol bir wagtyň özünde häzirki zaman şertlerinde ekologik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda raýat-hukuk (ykdysady) usulynyň hem ähmiýeti artýar. Bu usuly ulanmakda maksat tebigy gurşawy goramakda we ondan rejeli peýdalanmakda hojalygy alyp barýanlaryň maddy bähbidiniň üsti bilen bu gurşawy goramaga täsir etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda raýatlara ýerleriň hususy eýeçilige berilmegi, tebigy serişdeleri kärendesine bermek mümkinçiligi bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde raýat-hukuk (ykdysady) usulyny ulanmagyň giň gerime eýe bolmagyna getirýär. Türkmenistanyň raýatlaryna ýerleriň oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin uzak möhletleýin kärendesine berilmegi, daşary ýurt döwletlerine, olaryň edara görnüşindäki taraplaryna we raýatlaryna ýerleriň diňe kärende şertlerinde berilmegi, Türkmenistanyň raýatlaryna ýerleriň şahsy kömekçi hojalygy ýöretmek üçin hususy eýeçiligine berilmegi, daşary ýurt edara görnüşindäki taraplarynyň ýer jümmüşinden şertnama esasynda peýdalanmaga bolan mümkinçiligi ekologik

gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda bu usulyň möhüm orun tutýandygy aýdyň şaýatlyk edýär.

Şol bir wagtyň özünde ekologik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda dolandyryş usuly ulanylýan esasy usul bolmagynda galýar. Köplenç halatda dolandyryş we raýat-hukuk usullary bilelikde ulanylýar. Tebigatdan peýdalanmak bilen baglanyşykly şertnama gatnaşyklarynyň aýratynlygy degişli şertnamanyň esasyny ygtyýarly edilen döwlet edarasynyň dolandyryş namasynyň tutýandygyndan ybaratdyr.

## 4. Ekologiýa hukugy barada düşünje we onuň ýörelgeleri

Hukugyň özbaşdak pudak hökmünde ýüze çykmagynyň zerur şertleri bar: şular ýaly pudagy döretmäge bolan döwlet bähbidi, şu pudak bilen özbaşdak kadalaşdyrylmaly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň özboluşlylygy, bu gatnaşyklary kadalaşdyrmakda aýratyn usullaryň ulanylmagy, hukugyň pudagynyň aýratyn çeşmeleriniň bolmagy. Türkmenistan döwletiniň we hukugynyň ekologik wezipesiniň ösmegi görkezilen şertleriň döremegine hem-de Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň düzüminde ekologiýa hukugynyň özbaşdak pudak hökmünde ýüze çykmagyna getirdi.

Ekologiýa hukugy jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygyny kadalaşdyrýan döwlet tarapyndan bellenen hukuk kadalaryň jemidir. Ekologiýa hukugynyň kadalaşdyrýan gatnaşyklaryna, ýagny jemgyýet bilen tebigatyň özara baglanyşygy netijesinde ýüze çykýan gatnaşyklara ekologik gatnaşyklary diýilýär. Bu gatnaşyklaryň iki topary tapawutlandyrylýar: pudaklaýyn

we toplumlaýyn. Pudaklaýyn ekologik gatnaşyklaryna ýerleri, ýer jümmüşini, suwlary, tokaýlary, ösümlik dünýäsini, haýwanat dünýäsini, atmosfera howasyny goramak we olardan rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly gatnaşyklar degişlidir. Toplumlaýyn ekologik gatnaşyklaryna bolsa döwlet tarapyndan aýratyn goralmaga degişli edilen tebigy territoriýalary, toplumlary, tebigy-gorag gaznasyny, kesel bejeriş-sagaldyş, dynç alyş, sanitariýa we beýleki zolaklary goramak babatdaky gatnaşyklar girýär.

Görkezilen pudaklaýyn we toplumlaýyn jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň özara baglanyşygynda ekologiýa hukugy tebigy gurşawyň hilini üpjün etmek wezipelerini çözýär. Ekologiýa hukugynyň kadalaşdyrýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň özboluşlylygy olaryň tebigy serişdeleri we tutuşlygyna tebigy gurşawy goramak babatda ýüze çykýanlygyndan ybaratdyr. Diýmek, özüniň kadalaşdyrýan jemgyýetçilik ekologik gatnaşyklary boýunça ekologiýa hukugy Türkmenistanyň hukugynyň özbaşdak pudaklarynyň biridir.

Şol bir wagtyň özünde ekologiýa hukugy Türkmenistanyň hukugynyň beýleki pudaklary bilen ýakyn arabaglanyşykda durýar. Mysal üçin, Jenaýat hukugynyň (Jenaýat kodeksiniň) kadalary ekologik talaplaryň bozulmalary üçin jenaýat jogapkärçiligini, dolandyryş hukugynyň (Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiň) kadalary ekologiýa babatdaky dolandyryş etmişler üçin jerime salmagy, raýat hukugynyň (Raýat kodeksiniň) kadalary gurşawa ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny göz öňünde tutýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň hukugynyň gorag wezipesi hukuk taýdan kadalaşdyrylýan ähli jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen bir hatarda ekologiýa hukugynyň kadalaşdyrýan tebigy gurşawy goramak we ondan rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hem ýaýraýar.

Türkmenistanyň ekologiýa hukugy tebigy serişdeler hukugynyň we tebigaty goraýyş hukugynyň jemi hökmünde ýer hukugy, suw hukugy, ýer jümmüşi hukugy, tokaý hukugy bilen has ýakyn arabaglanyşykdadyr.

Türkmenistanyň kanunçylygynda tebigy gurşawy goramagyň esasy ýörelgeleri kesgitlenendir. Tebigaty goramak hakyndaky kanuna (1-nji madda) laýyklykda ol ýörelgeler şu aşakdakylardyr:

- adamyň mekan tutan ýeri hökmünde biosferanyň we onuň ekologik ulgamlarynyň durnuklylygyny gorap saklamak;
- jemgyýetiň ekologik, ykdysady we durmuş bähbitlerini ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmak;
- raýatlaryň ýaşaýyş üçin amatly töwerekdäki gurşawa bolan hukuklaryny üpjün etmek;
- tebigaty goraýyş wezipelerini çözmekde aýanlygy hem-de jemgyýetçilik guramalary we ilat bilen ysnyşykly aragatnaşygy üpjün etmek;
- tebigaty goramak babatda milli, döwletara we halkara bähbitlerini utgaşdyrmak;
- tebigaty goraýyş kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmek, onuň bozulmagy üçin jogapkärçiligi çekmek;

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, Türkmenistanyň ähli häkimiýet we dolandyryş edaralary, edara görnüşindäki taraplary, şeýle hem raýatlary tebigy

gurşawyň ýagdaýyna täsir edýän hojalyk, dolandyryş işini hem-de başga işi amala aşyranlarynda görkezilen ýörelgelerden ugur almalydyrlar. Bu ýörelgeler tebigy gurşawy goramagy kadalaşdyrmakda iň esasy möhüm düzgünler hökmünde çykyş edýär. Ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalary şu ýörelgelere doly laýyk gelmelidir.

Görkezilen ýörelgeleriň esasynda tebigy gurşawy goramagy amala aşyrmakda tapawutlandyrylýan usullar: tebigy-ylmy, ykdysady, sanitariýa-gigiýena, guramaçylyk-dolandyryş, medeni-terbiýeçilik, beýleki usullaryň arasynda hukuk usuly aýratyn orun tutýar. Hukuk usuly arkaly çözülýän meseleler: 1) tebigy gurşawy goramagyň obýektlerini kesgitlemek; 2) gadagan ediş, rugsat beriş, borç ýükleýiş, hukuk beriş, ýetirilen zyýanyň öwezini doluş we ekologik gatnaşyklaryy kadalaşdyrýan beýleki kadalary bellemek; 3) döwlet ekologik gözegçiligini amala aşyrmagyň çärelerini we serişdelerini kesgitlemek; 4) ekologik-hukuk bozulmalary üçin hukuk jogapkärçilik çärelerini bellemek hem-de ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak.

Tebigy gurşawy goramagyň hukuk usuly beýleki usullar bilen ýakyn arabaglanyşykda durýar. Tebigaty goramagyň beýleki usullaryny ulanmak arkaly işlenip düzülen çäreleri durmuşa geçirmekde hukuk usuly serişde hökmünde çykyş edýär. Başgaça aýdylanda tebigy gurşawy ykdysady, sanitariýa, guramaçylyk taýdan goramagyň çäklerinde hukuk hereket edýän ekologik talaplara hökmany hukuk güýjüni berýär. Şeýle hem tebigaty goramagyň hukuk usuly ykdysady we beýleki usullaryň ekologik talaplar hökmünde berkidilen düzgünleriniň

ýerine ýetirilmeginiň kepili bolup durýar. Hukuk usulynyň beýleki usullar bilen şular ýaly hemişelik arabaglanyşygy döwletiň we hukugyň ekologik wezipeleriniň netijeli ýerine ýetirilmegine ýardam edýär.

## 5. Ekologik-hukuk kadalary we olaryň görnüşleri

Daşky tebigy guurşawy goramak we ondan peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalary ekologik hukuk kadalary hasaplanýar. olaryň toparlary:

1) pudaklaýyn, ýagny aýry-aýry tebigy obýektleri (ýerleri, suwlary, ýer jümmüşini, tokaýlary we beýleklileri) goramak hem-de olardan peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan kadalar;

2) toplumlaýyn, ýagny tebigy toplumlary, tutuşlygyna tebigy gurşawy goramak we olardan peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan kadalar;

3) ekologiýalaşdyrylan, ýagny hukugyň beýleki pudaklarynyň (dolandyryş, raýat, jenaýat we beýlekiler) tebigy gurşawy goramak baradaky talaplaryny düzgünleşdirýän kadalar.

Hukuk buýruk beriş mazmuny boýunça ekologik-hukuk kadalarynyň toparlary: kadalar-ýörelgeler, ileri tutulmalary göz öňünde tutýan kadalar, ekologik talaplary belleýän kadalar. Birinji topara tebigy gurşawy goramagyň esasyny düzýän hem-de şu babatda ýörelgeler bolup durýan kadalar (Tebigaty goramak hakyndaky kanunyň 1-nji maddasy) degişlidir.

Ileri tutulmalary belleýän kadalar tebigy gurşawyň hilini üpjün etmek maksady bilen käbir tebigy obýektleri

goramak we olardan peýdalanmak boýunça (beýleki tebigy obýektler bilen deňeşdirilende) hukuk artykmaçlyklaryny göz öňünde tutýar. Şular ýaly kadalaryň üç topary tapawutlandyrylýar: pudaklaýyn, pudagara we umumy ekologik ileri tutulmalary.

Pudaklaýyn ileri tutulmalary belleýän kadalar Türkmenistanyň kanunçylygynyň tebigy serişdeler pudaklarynda jemlenendir. Hukuk artykmaçlyklary ýer kanunçylygynda suwarylýan ýerleri goramak barada, suw kanunçylygynda agyz suwy we durmuş hajatlary, kesel bejeriş-sagaldyş maksat bellenmesi bolan suwlary goramak barada, ýer jümmüşi hakyndaky kanunçylykda ýerasty baýlyklaryň ýataklaryny, ýerasty suw çeşmelerini goramak barada, tokaý kanunçylygynda tebigaty goraýyş, toprak goraýyş, suw goraýyş we beýleki ekologik ähmiýetli tokaýlar barada göz öňünde tutulýar.

Pudagara hukuk artykmaçlyklary Türkmenistanyň kanunçylygynyň pudaklarynda bellenilýär. Mysal üçin, ýer kanunçylygyna laýyklykda ýerasty baýlyklaryň ýataklarynyň meýdanlarynda ýerleri bermek degişli döwlet edaralary bilen ylalaşyp geçirilip bilner. Şunda köplenç halatda hukuk artykmaçlygy ýerasty baýlyklaryna berilýär.

Umumy ekologik hukuk artykmaçlyklary tebigy gurşawy goramakda esasy maksady, ýagny adamyň ýaşaýşy we saglygy üçin bu hilini üpjün etmegi berkidýär. Bu hukuk artykmaçlyklary Tebigaty goramak hakyndaky kanundan gelip çykýar hem-de adamyň saglygyna we ekologik howpsuzlygyna howp döredýän hojalyk ýa-da beýleki çäreleriniň bes edilmelidigini aňladýar.

Ekologik hukuk kadalarynyň ýene-de bir topary ekologik gatnaşyklary babatda ekologik talaplary berkidýän

kadalardyr. Bu ekologik talaplar mazmuny boýunça şu aşakdaky toparlara bölünýär: öňüni alyş, gadagan ediş, dikeldiş (ýetirilen zyýanyň öwezini doluş), çäre görüş, höweslendiriş, hukuk beriş, borç ýükleýiş, rugsat beriş kadalary.

Öňüni alyş kadalary hukuga garşy gelýän hereketiň edilmegi bilen ýaramaz netijeleriň öňüni almaga gönükdirilýär. Mysal üçin, senagat ýa-da oba hojalyk işini amala aşyrmak üçin ýerleri bermegi tertibini düzgünleşdirýän ýer kanunçylygynyň ekologiýa taýdan zyýanly önümçilikleriň ýerleşdirilmeli däldigi baradaky kadalarynyň öňüni alyş ähmiýeti bardyr.

Gadagan ediş kadalary tebigy gurşawa zyýan berýän hereketleriň ýol berilmezligine gönükdirilýär. Bu kadalar tebigaty goraýyş hukuk namalarynda esasy orun tutýar. Mysal üçin, Tebigaty goramak hakyndaky kanuna laýyklykda tebigy gurşawa zyýan berýän galyndylary arassalaýjy we zyýansyzlandyryjy ulgam bilen üpjün edilmedik binalary, desgalary ýerleşdirmek, taslamak, gurmak we ulanmaga bermek gadagandyr.

Dikeldiş (ýetirilen zyýanyň öwezini doluş) kadalaryny bozulan tebigy gurşawy dikeltmek, ýetirilen zyýanyň hem-de tebigy gurşawdaky ýitgileriň öwezini dolmak barada talaplar göz öňünde tutulýar. Bu çäreler tebigy gurşawa ýa-da tebigatdan peýdalanyjylaryň emläk bähbitlerine zyýan ýetirilen halatlarda raýat ýa-da dolandyryş hukuk gatnaşyklarynyň çäginde ulanylýar.

Çäre görnüş kadalary ekologik dolandyryş etmişi ýa-da ekologik jenaýat üçin Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse ýa-da Jenaýat kodeksine laýyklykda

dolandyryş ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekmeklige gönükdirilýär.

Höweslendiriş ekologik hukuk kadalary tebigy gurşawy goramagyň ykdysady tärlerini kadalaşdyrýan hukuk kadalaryna degişlidir. Bu kadalar tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak boýunça çäreleriň ýerine ýetirilmegi üçin maddy taýdan höweslendirmegi göz öňünde tutýar. Höweslendiriş kadalary, hususan, Tebigaty goramak hakyndaky kanunyň tebigy gurşawy goramagyň ykdysady tärleri baradaky bölüminde jemlenendir.

Rugsat beriş we borç ýükleýiş hukuk kadalary esasan tebigatdan peýdalanyjylar bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrylýar. Hukuk beriş kadalaryna tebigy gurşaw babatda umumy we ýörite ygytýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygy kesgitlenilýär. Borç ýükleýiş kadalarynda hojalyk işiniň aýry-aýry görnüşleri boýunça ekologik talaplar berkidilýär. Hojalyk işi bilen meşgul bolýanlaryň özüni alyp baryş düzgünleri kesgitlenýär. Rugsat beriş kadalary tebigy serişdelerden peýdalanmaga ýörite ygtyýarnamalary bermegiň tertibini kadalaşdyrýar.

# Tema 2. Ekologiýa hukugynyň çeşmeleri.

## 1. Ekologiýa hukugynyň çeşmeleri barada düşünje we onuň konstitusion esaslary.

Ekologiýa hukugynyň çeşmeleri diýlende daşgy tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden peýdalanmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalaryny özünde jemleýän hukuk namalara düşünilýär. Ekologiýa hukugynyň çeşmelerine Türkmenistanyň Konstitusiýasy, kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary, permanlary we buýruklary, Ministrler Kabinetiniň hukuk namalary, ministrlikleriň we beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň hukuk namalary, ýerine ýetiriji ýerli häkimýet edaralarynyň hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk namalary degişlidir.

Türkmenistanyň hukugynyň çeşmelerini häsiýetlendirýän ähli alamatlar ekologiýa hukugynyň çeşmeleri üçin hem mahsusdyr. Şol bir wagtyň özünde ekologiýa hukugynyň özboluşly aýratynlyklary hem bardyr. Onuň çeşmeleriniň düzüminde hukugyň beýleki çeşmeleri bilen deňeşdirilende kanunlar esasy orun tutýar. Ekologiýa hukugynyň çeşmeleri ekologiýalaşdyrylan hukuk kadalarynyň we hukuk namalaryň mazmuny boýunça hem tapawutlanýar. Bu çeşmeler üçin häsiýetli aýratynlygyň ýene-de biri olaryň ulgamynda halkara hukugynyň esasynda içerki ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrýan halkara–hukuk namalaryň belli bir orun tutýanlygyndan ybaratdyr.

Ekologiýa hukugynyň çeşmeleriniň düzümi hukuk namalarynyň iki toparyndan durýar. Birinji topara tebigaty goraýyş hukuk namalary - Tebigaty goramak hakyndaky kanun, Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky kanun we beýleki toplumlaýyn hukuk taýdan kadalaşdyryş namalary degişlidir. Ikinji topara tebigy serişdeler hukuk namalary –Ýer, Suw, Tokaý kodeksleri, Ýer jümmişi hakynda kanun, Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun, Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun we beýlekiler girýär.

Häzirki zaman şertlerinde Türkmenistanyň ekologiýa hukugynyň çeşmeleriniň täze ulgamy döredildi. Onuň esasyny Türkmenistanyň Konstitusiýasy (2008ý.) tutýar. Konstitusiýa laýyklykda döwlet tebigy gurşawyň abat saklanmagy üçin jogapkärdir (11-nji madda), ýere we beýleki önümçilik serişdelerine eýeçilik hukugynyň köpdürlüligini berkarar edýär (9-madda). Her bir adamyň amatly daşky gurşawa hukugy bardyr. Döwlet ýaşaýyş şertlerini goramak we gowulandyrmak, şeýle hem daşky gurşawy goramak we dikeltmek maksady bilen tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýär (37-madda). Türkmenistanyň Prezidenti Konstitusiýany we kanunlary (şol sanda ekologiýa baradaky) durmuşa geçirýär. Türkmenistanyň Mejlisi kanunlary (şol sanda ekologiýa baradaky) kabul edýär we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Türkmenistanyň Ministirler Kabineti tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün edýär. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we goramak boýunça çäreleri kesgitleýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda ekologiýa kanunçylygy Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynda ösdürilýär. Mysal üçin, Konstitusiýada göz öňünde tutulan ýere eýeçilik hukugynyň köpdürliliginiň bellenilýändigi baradaky düzgünlerden ugur alnyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 2-nji fewralyndaky „Türkmenistanda ýere eýelik etmek we ondan peýdalanmak hukugy hakyndaky“ permany bilen raýatlaryň hususy eýeçiligine berilmäge degişli ýerleriň görnüşleri kesgitlendi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 31-nji awgustyndaky „Türkmenistanda ýer gatnaşyklaryny tertipleşdirmek baradaky käbir çäreler hakyndaky“ karary bilen ýerleri raýatlaryň hususy eýeçiligine bermegiň tertibi kämilleşdirildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 25-nji martyndaky karary bilen Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky Düzgünnama tassyklandy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary bilen Tebigaty goramak ministrligi, Oba hojalyk ministrligi, Suw hojalyk ministrligi, Balyk hojalyk döwlet komiteti we bu Komitetiň Döwlet balyk gorag müdirligi, „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy, „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy, Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentligi Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça döwlet kärhanasy we beýleki tebigaty goraýyş döwlet dolandyryş edaralary hakyndaky düzgünnamalaryň tassyklanmagy hem ekologik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.

## 2. Tebigaty goramak hakyndaky kanunçylyk

Türkmenistanyň garaşsyz bolan şertlerinde ilkinji kabul edilen kanunlaryň biri „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanun (1991-nji ýylyň 12-nji noýabry) boldy.[1] Bu kanuny kabul etmegiň zerurlygynyň durmuş-ykdysady we hukuk sebäpleri bar. Onuň durmuş-ykdysady sebäpleri öňki SSSR-iň dowam eden ýyllarynda Türkmenistanda hem ekologik-ykdysady ýagdaýyň ýitileşmegi bilen düşündirilýär. Kanuny kabul etmegiň hukuk sebäpleri tebigy gurşawy goramagy kadalaşdyrýan toplumlaýyn kanunçylyk namalaryň bolmanlygy netijesinde ekologiýa kanunçylygynda boşlugyň emele gelmegidir. 1963-nji ýylyň 26-njy martynda kabul edilen „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanun bolsa könelişip, täze şertlerde daşky tebigy gurşawy goramagyň talaplaryna laýyk gelmeýärdi.

Tebigaty goramak hakyndaky täze kanun (1991ý.) ekologiýa kanunçylygynyň ulgamynda aýratyn orun tutýar. Bu kanun tebigaty goraýyş, ýagny ekologik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan toplumlaýyn baş kanunçylyk namasydyr. Ol görkezilen gatnaşyklary kadalaşdyryp, şu aşakdaky wezipeleri çözmäge gönükdirilýär: tebigy gurşawy abat saklamak; tebigata we adamyň saglygyna hojalyk işiniň zyýanly täsiriniň öňüni almak we aradan aýyrmak; tebigy gurşawyň hilini sagdynlaşdyrmak we gowulandyrmak. Tebigy gurşawy goramak meseleleri boýunça beýleki kanunlaryň kadalary „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunyň kadalaryna garşy gelmeli däldir. Onuň kadalary gös-göni hereket edýän kadalardyr.

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary 1991. № 16, 174-nji madda

Görkezilen kanunyň esasy ugurlarynyň biri ekologik we ykdysady bähbitleri ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmakdyr. Şunda adamyň saglygyny goramak onuň sagdyn, arassa daşky tebigy gurşawa bolan hukugy ileri tutulýar. Ekologik we ykdysady bähbitleri dogry utgaşdyrmagy üpjün etmek maksady bilen hojalyk işiniň tebigy gurşawa täsiriniň ýol berilýän aňryçäkleriniň görkezijileri bellenilýär. Bu çäklerden geçmek tebigata we adamyň saglygyna zyýan ýetirmek howpuny döredýär hem-de ekologik hukuk bozulma hasaplanýar.

Tebigaty goramak hakyndaky kanun tebigy gurşawa zyýanly täsir edýän kärhanalar, guramalar, edaralar babatda ekologik talaplary berkidýär. Bu kanunyň üns merkezinde adam, onuň ýaşaýşyny, saglygyny goramak durýar. Kanunyň kadalary ony ýerine ýetirmegiň tärlerini hem göz öňüne tutýar. Bu tärleriň ulgamy tebigy gurşawy goramakda hojalyk işini alyp barýanlary ykdysady taýdan höweslendirmegi hem-de ekologik kadalary bozujylara dolandyryş-hukuk täsir ediş çärelerini öz içine alýar.

Kanun tebigy gurşawy goramagy ykdysady taýdan höweslendiriş çäresi hökmünde ykdysady tärleri göz öňünde tutýar, şeýle hem döwlet ekologik ekspertizasy, döwlet ekologik gözegçiligi, ekologiýa taýdan zyýanly desgalaryň işini çäklendirmek, duruzmak, bes etmek, ekologik hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilik tebigy gurşawa we adamyň saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, ekologik terbiýe we bilim bilen baglanyşykly kadalary durmuşa geçirmegiň tärlerini belleýär.

Bu kanun üçin häsiýetli aýratynlyklaryň biri-de onuň kadalaşdyrýan gatnaşyklarynyň mazmuny hem-de hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň görnüşi boýunça toplumlaýyn

bolmagydyr. Kanunyň esasyny tebigaty goraýyş kadalary tutýar, olar tebigy gurşawy goramak wezipelerini ýerine ýetirmäge gönükdirilýär. Şol bir wagtyň özünde bu kadalar hukugyň beýleki pudaklarynyň (dolandyryş, raýat, jenaýat we beýlekiler) kadalary bilen bilelikde hereket edýär.

Daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýän hojalyk işini ýa-da başga işi kadalaşdyrýan hukuk namalarynyň kadalarynda Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynda göz öňünde tutulan ekologik taraplaryň anyklanylmagyna we ornaşdyrylmagyna hojalyk işiniň ekologiýalaşdyrylmagy diýilýär. Kärhanalary, desgalary we beýleki obýektleri ýerleşdirmek, taslamak, gurmak, durkuny täzelemek, ulanmaga bermek, ulanmak we olaryň işini bes etmek barada edilýän esasy ekologik talaplar Türkmenistanyň "Tebigaty goramak hakyndaky" kanunynda (16-20-nji maddalar) berkidilendir.

Ekologik talaplary ornaşdyrmak baradaky iş hökmünde ekologiýalaşdyrmak önümçilik, jemgyýetçilik we beýleki ugurlary öz içine alýar. Ekologiýalaşdyrmak tebigaty goraýyş kanunyny kabul etmek ýa-da tebigaty goraýyş kanunçylygynyň pudagyny döretmek bilen çäklenmeýär. Hojalyk işi ýa-da başga iş babatda ekologik taraplaryny göz öňünde tutýan tebigaty goraýyş kadalary degişli gatnaşyklara gös-göni däl-de işiň ol ýa-da beýleki görnüşini kadalaşdyrýan gatnaşyklaryň üsti bilen täsir edýär. Mysal üçin, kärhanalar we desgalar taslananda "Tebigaty goramak hakyndaky" kanundan däl-de degişli döwlet edaralary tarapyndan tassyklanan kadalaryndan ugur alynýar. Ekologiýalaşdyrmakda maksat şu taslama kadalaryna ekologik talaplary ornaşdyrmak hem-de bu

talaplary ähli taslama, gurluşyk, ulanyş işiniň düzüm bölegi etmekdir.

Ekologiýalaşdyrmagyň görnüşleri: hukuk namalary ýa-da tehniki, tehniki-ykdysady hem-de gaýry kadalary özünde jemleýän beýleki hukuk resminamalary. Hojalyk kanunçylygyny ekologiýalaşdyrmagyň usullary: hukuk kadalaryny ulanmak hem-de täze hukuk kadalaryny döretmek. Hukuk kadalary ulanylanda kadanyň özi däl-de ol ýerine ýetirilende ýüze çykýan hukuk gatnaşygy ekologiýalaşdyrylýar. Şu babatda Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1027-nji maddasyny daşky tebigy gurşawa we adamyň saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak barada ulanylmagyny mysal getirse bolar. Kodeksiň bu maddasynda tebigy gurşaw barada däl-de hukugyň umumy ýörelgesi barada gürrüň gidýär. Başgaça aýdylanda ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmalydygy baradaky kadanyň hereketi ekologik gatnaşyklaryna hem ýaýraýar, ýagny tebigy gurşawa zyýan ýetiren onuň öwezini dolmaga borçlydyr.

Hojalyk kanunçylygyny ekologiýalaşdyrmakda esasy usul kanunçylygyň aýry-aýry pudaklaryna degişli, aýratyn hem hojalyk işini kadalaşdyrýan täze hukuk kadalarynyň ýa-da tehniki-ykdysady kadalaryň döredilmegidir. Ekologiýalaşdyrmak Türkmenistanyň kanunçylygynyň şu aşakdaky pudaklaryna degişlidir: dolandyryş kanunçylygy (tebigy serişdelerden peýdalanmagy we tebigy gurşawy goramagy dolandyrmak hem-de şu babatda gözegçilik, dolandyryş jogapkärçilik çärelerini ulanmak), jenaýat kanunçylygy (ekologik jenaýatlaryň düzümleri), raýat kanunçylygy (ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borjy),

şeýle hem kanunçylygyň beýleki pudaklary (ýer, suw, tokaý, ýer jümmüşi hakyndaky we beýlekiler).

## 3. Ýer hakyndaky kanunçylyk

Türkmenistanda ýer we beýleki tebigy serişdeler milli baýlyk bolup, döwlet goragy astynda durýar hem-de rejeli we netijeli peýdalanylmaga degişli. Ýurtda ähli ýerleriň meýdany 49,1 mln gektardyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýer serişdelerinden peýdalanmakda uly özgerişler bolup geçdi. Oba hojalyk hajatlary üçin berlen ýerler gektardyr. Görkezilen ýerlerde ýerden esasy peýdalanyjylar daýhan birleşikleridir. Olarda kärende gatnaşyklarynyň täze görnüşleri ösüşe eýe bolýar. Oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleri we beýleki oba hojalyk kärhanalary hem ösdürilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda ýer bölekleri obada şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin, şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin Türkmenistanyň raýatlaryna hususy eýeçilik hukugyna berilýär. Bu şertlerde ýer serişdelerinden rejeli peýdalanmak we olary goramak bilen baglanyşykly meseleler möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen Ýer kodeksi[1], ýer gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan beýleki kanunlar hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli hukuk namalary ýurtda ýer gatnaşyklary babatda alnyp barylýan döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň hukuk esaslaryny kesgitleýär we ýerlerden rejeli peýdalanmak we olary goramak, tebigy gurşawy abat saklamak we

[1] Türkmenistanyň Ýer kodeksi, 2004.

gowulandyrmak, oba hojalyk önümçiligini ösdürmek, ýerde hojalygyň dürli görnüşlerini ulanmak, ýurduň çäklerinde erkin telekeçiligi höweslendirmek üçin zerur şertleri döretmäge gönükdirilýär.

Ýer gatnaşyklary babatda döwlet kepilleri kanun taýdan berkidilýär: Türkmenistanyň territoriýasynyň bitewiligini, eldegirmesizligini üpjün etmek; görkezilen gatnaşyklar babatda döwlet syýasatyny amala aşyrmak; hukuk hereketleri, ykdysady, guramaçylyk, tehniki we beýleki çäreler; ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanyjylaryň we ýer kärendeçileriniň hukuklaryny we kanuny nähbitlerini goramak; gyzyklanýan taraplaryň ýerlerden rejeli peýdalanmaga we olary goramaga gönükdirilen teklipleri taýýarlamaga gatnaşmak; ekologik howpsuzlyk. Şeýle hem şular ýaly kepiller hasaplanylýar: gyzyklanýan taraplaryň ýerlerden peýdalanylyşy we olaryň goralyşy barada maglumatlar bilen üpjün edilmegi; döwlet ýer gurluşygy, döwlet ýer kadastryny we ýerleriň ýagdaýyna syn etmegi alyp barmak; ýer kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek; halkara hyzmatdaşlygy babatda ýer meseleleri boýunça döwlet bähbitlerini goramak.

Ýer gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan beýleki hukuk namalar Ýer kodeksine laýyklykda onuň düzgünlerine garşy gelmeli däl. Ýer gatnaşyklary babatda döwlet kadalaşdyryş edaralar kesgitlenilýär. Bu edaralar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy - Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri Gullugy, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary. Ýer-hukuk gatnaşyklarynda tebigaty goraýyş edaralary hasaplanylýar Tebigaty goramak ministrligi we

Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tebigaty goraýyş wezipelerine degişli: döwlet maksatnamalaryny tassyklamak; ýerlerden rejeli peýdalanylmagyny we olaryň goralmagyny üpjün edýän döwlet edaralarynyň we gulluklarynyň işini utgaşdyrmak; şu babatda işleri kadalaşdyrmagyň we höweslendirmegiň döwlet ulgamyny döretmek; döwlet gözegçiligini amala aşyrmagyň tertibini bellemek. „Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakyndaky" kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, bu edara tebigy serişdelerini goramak we olardan rejeli peýdalanmak boýunça çäreleri amala aşyrýar. Ýer serişdelerinden rejeli peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligi, guramaçylyk we beýleki çäreleri geçirmek Ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasynyň möhüm tebigaty goraýyş wezipeleridir. Welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň, etraplaryň, şäherleriň esasy gorag wezipesi hem ýerlerden rejeli peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna gözegçiligi amala aşyrmakdyr. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bolan Geňeşler hem ýer serişdeleri babatda möhüm gorag wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Ýer kodeksinde ýer serişdelerinden peýdalanmak netijesinden ýüze çykýan üýtgeşmelere syn etmegi – monitoringi amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Ýerleriň ýagdaýynda bolup geçýän üýtgeşmelere syn etmek ýer serişdelerinden peýdalanmagyň netijesinde ýüze çykýan üýtgeşmeler syn etmegiň çäreleriniň, ýerlerden rejeli peýdalanmak, topragyň mesligini yzygiderli dikeltmek hem-de daşky tebigy gurşawy abat saklamak üçin şertleri döretmek maksady bilen olaryň ýagdaýyna baha bermegiň

we çaklamagyň ulgamydyr. Monitoringi amala aşyrmagyň tertibini bellemek Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň üstüne ýüklenilýär. Ony gös-göni amala aşyrmak bolsa Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugynyň wezipesidir. Monitoringi amala aşyrmak döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna geçirilýär.

Ýer kodeksinde kesgitlenilişi ýaly, ýer serişdelerinden peýdalanmagyň esasy görnüşleri eýeçilik hukugy, peýdalanmak hukugy we kärende hukugydyr. Bu hukuklaryň ýüze çykmagynyň esasy ygtyýarnama däl-de Kodeksde bellenilen tertipde ýer bölekleriniň eýeçilige, peýdalanmaga we kärendä berilmegidir. Görkezilen hukuklar Ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan ýer bölekleriniň çäkleri bellenilenden hem-de bu hukuklara güwä geçýän resminamalar berlenden soň ýüze çykýar. Şunda ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanyjylaryň we ýer kärendeçileriniň üstüne degişli borçlar ýüklenilýär. Ýer eýeleri borçly: ýerden maksat bellenmesine görä rejeli peýdalanmaga, topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga, tebigaty goraýyş çärelerini geçirmäge, ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna ýol bermezlige, ýerleri goramak boýunça toplumlaýyn çäreleri amala aşyrmaga. Degişli borçlar ýerden peýdalanyjylaryň we ýer kärendeçileriniň üstüne hem ýüklenilýär.

Ýer serişdelerini goramak bilen baglanyşykly hukuk kadalary „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunyň kadalaryna laýyk gelýär. Bu kanuna laýyklykda ýer we beýleki tebigy serişdeler hapalanmakdan, zaýalanmakdan we başga hili rejesiz peýdalanylmakdan goralmaga degişlidir. Hojalyk, dolandyryş we beýleki işler amala

aşyrylanda ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, edara görnüşindäki taraplar we raýatlar tebigaty goramagyň esasy ýörelgelerinden ugur almalydyrlar, hususan tebigat goraýyş kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmelidirler. Ýerleri goramak-hukuk-guramaçylyk, ykdysady, tilsimat we beýleki çäreleriň ulgamyny, olaryň maksatlaýyn rejeli peýdalanylmagyny, oba hojalyk dolanyşygynda peýdalanylýan we aýratyn goralýan ýerleriň çäginde ýerleriň esasyz alynmagyna ýol berilmezligi, zyýanly zeper ýetirijileriň täsirinden goramaklygy, topragyň mesligini ýokarlandyrmak we giňeltmekligi öz içine alýar. Obýektleri we beýleki desgalary ýerleşdirmek, taslamak, gurmak we ulanmaga bermek babatdaky talaplar „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunyň 16-njy maddasynda we Ýer kodeksiniň 102-nji maddasynda göz öňünde tutulýar.

„Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, tebigatyň aýry-aýry bölekleri aýratyn goralmaga degişli. Ýerler barada degişli kadalar Ýer kodeksinde bellenilýär. Aýratyn goralmaga degişli suwarymly ýerler, tebigaty goraýyş maksat bellenmesi bolan ýerler hem-de sagaldyş maksat bellenmesi bolan ýerler. Bu kadalar „Tebigaty goramak hakyndaky“ we „Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky“ kanunlaryň kadalaryna laýyk gelýär. Ýer serişdelerinden rejeli peýdalanmagy we olaryň goralmagyny üpün etmek maksady bilen maksatnamalaryň, ülňüleriň, taslamalaryň ekologik ekspertizasy geçirilýär. Şular ýaly ekspertizany geçirmek „Döwlet ekologik ekspertizasy hakyndaky“ kanunda we Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň 13-nji noýabryndaky karary bilen tassyklanan „Döwlet

ekologik ekspertizany geçirmegiň teribi hakyndaky“ Düzgünnamada kadalaşdyrylýar.

Ýer kodeksinde ýerlerden peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna gözegçiligiň esasy wezipeleri kesgitlenilýär. Bu gözegçiligi amala aşyrmakda maksat ýer kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek. Gözegçiligiň esasy ýörelgeleri: ýerlerden rejeli peýdalanmagy we olaryň goralmagyny üpjün etmek; şu babatda ekologik howpsuzlyk talaplarynyň ileri tutulmagy; Saglygy goraýyş we medisina Senagaty ministrliginiň Sanitariýa-epidemiologiýa gullugy (Düzgünnama 1998-nji ýylyň 27-nji fewralynda tassyklanyldy) tebigaty goramak babatda sanitariýa gözegçiligini amala aşyrýar.

Ýer kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik bilen baglanyşykly meseleler kadalaşdyrylanda Ýer kodeksinde hukuk jogapkärçiliginiň esaslary hökmünde ýer hukuk bozulmalarynyň sanawy kesgitlenilýär. Bu sanawa laýyklykda hukuk bozulmalary hasaplanylýar: ýerleri zaýalamak, olary önümçilik galyndylary, akdyrylýan hapa suwlar we beýleki zyýanly maddalar bilen hapalamak; ýerleriň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýän desgalary taslamak, ýerleşdirmek, gurmak, ulanmaga bermek; ýerlerden peýdalanmagyň tebigaty goraýyş düzgüniniň talaplaryny ýerine ýetirmezlik; ýerlerden eýeçiliksiz peýdalanmak we beýlekiler.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Ýer kodeksiniň ýer gatnaşyklaryny kadaladyrýan hukuk kadalary Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynda ösdürilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2005-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen Türkmenistanda ýerlerden peýdalanyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini

amala aşyrmagyň Tertibi tassyklandy. 2007-nji ýylyň 30-njy martynda kabul edilen Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy döredildi we bu zolak barada Düzgünnama tassyklandy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 21-nji aprelindäki karary bilen daýhan birleşiklerini Mysaly düzgünnamasy tassyklandy. 2008-nji ýylyň 3-nji martynda Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistanda ýer gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagyň meseleleri hakynda“ karary kabul edilip, bu karar bilen Türkmenistanyň Ýer meseleleri boýunça döwlet toparynyň düzümi, Ýer böleklerini eýeçilige, peýdalanmaga we kärendä bermek boýunça namalary resmileşdirmegiň hasaba almagyň we bermegiň teribi, şeýle hem Türkmenistanyň raýatlarynyň oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak (mellek) üçin we şäherlerde hem-de şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin ýer böleklerini eýeçilige bermek boýunça ýörite ýer gaznalarynyň möçberi tassyklandy.

## 4. Suw hakyndaky kanunçylyk

Türkmenistanyň kanunçylyk ulgamynda suw kanunçylygy möhüm orun tutýar. Ilkibada Türkmenistanda suw gatnaşyklary ýer gatnaşyklary bilen bilelikde Türkmenistan SSR-niň Merkezi Ispolnitel Komiteti tarapyndan 1929-njy ýylyň 19-njy aprelinde tassyklanan Ýer-suw kodeksinde kadalaşdyrylypdy. 1972-nji ýylyň 27-nji dekabrynda bolsa Türkmenistan SSR-niň Suw kodeksi kabul edilipdi.

Garaşsyzlyk şertlerinde 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen Suw kodeksi suw serişdelerini rejeli peýdalanmagyň we goramagyň ähmiýetini ýokarlandyrmaga gönükdirilýär[1]. Guramaçylyk, hukuk, ykdysady we terbiýeçilik taýdan täsir ediş çäreleri bilen bilelikde bu Kodeks suw-ekologiýa babatda hukuk tertibiniň ýola goýulmagyna hem-de ýurduň ykdysady howpsuzlygynyň üpjün edilmegine ýardam edýär.

Suw kanunçylygynyň esasy wezipeleri suw serişdelerini ilatyň, ykdysadyýetiň pudaklarynyň we tebigy gurşawyň hajatlary üçin ylmy taýdan esaslandyryp rejeli peýdalanmagy, suw serişdelerini hapalanmakdan, zibillenmekden we egsilmekden goramagy üpjün etmek maksady bilen suw gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, suw desgalarynyň ýagdaýyny gowulandyrmak, suwlaryň zyýanly täsiriniň öňüni almak we ony aradan aýyrmak hem-de edara görnüşindäki talaplaryň we şahsy adamlaryň hukuklaryny goramak, ýurtda suw gatnaşyklary babatda kanunçylygy pugtalandyrmak bolup durýar.

Kanunçylyga laýyklykda suw desgalarynyň, olaryň eýeleýän ýerlerine şol sanda suw goraýyş sebitlerine we zolaklaryna berlen ýerler Döwlet suw gaznasy hasaplanýar. Bu gaznanyň düzümine: derýalar, suw howdanlary, hojalygara kanallary zeýkeş ulgamlary hem-de beýleki ýer üsti howdanlary we suw akymlary, ýerasty suwlar, şeýle hem Döwlet serhediniň çäklerinde Hazar deňzi girýär. Döwlet suw gaznasy diňe döwletiň eýeçiliginde durýar. Döwletara (serhetden geçýän) suw serişdeleri üçin döwlet eýeçiligi şol sebitde ýerleşen

---

[1] Türkmenistanyň Suw kodeksi, 2004.

döwletleriň arasyndaky ylalaşyklar bilen kesgitlenilýär. Göz öňünde tutulyşy ýaly, suw serişdelerini goramak we peýdalanmak üçin emeli döredilen suw hojalyk desgalary edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň eýeçiligi bolup biler.

Türkmenistanyň Suw kodeksinde suw serişdelerinden peýdalanmak we olary goramak babatda döwlet dolandyryş we gözegçilik edaralarynyň, ýagny Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ýörite ygtyýarly döwlet edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklary kesgitlenilýär. Suw serişdelerini peýdalanmak we goramak babatdaky döwlet, döwletara we sebitleýin maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar. Şunda maksat ilatyň we ykdysadyýetiň pudaklarynyň suwa bolan hajatlaryny kanagatlandyrmak, suw serişdelerini gorap saklamak, peýdalanmak we goramak, olaryň zyýanly täsiriniň öňüni almak boýunça ýörite maksatly we netijeli işleri amala aşyrmakdyr.

Suw kanunçylygynda suwyň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalary  we beýleki desgalary ýerleşdirmegiň, olaryň taslamalaryny düzmegiň, olary gurmagyň we işe girizmegiň şertleri, şeýle hem suwyň ýagdaýyna täsir edýän desgalary işe girizmegi gadagan etmegiň şertleri göz öňünde tutulýar.

Suw kodeksine laýyklykda suwdan peýdalanmak hukugy suw serişdelerinden peýdalanmagyň esasy hukuk görnüşi hasaplanylýar. Bu hukuk ygtyýarnama esasynda däl-de suw obýektlerini peýdalanmaga bermek arkaly ýüze çykýar.

Suw kodeksine laýyklykda suwdan peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: suwdan  umumy

we ýörite peýdalanmak, suwdan bilelikde we aýrybaşga peýdalanmak, suwdan ilkinji we ikilenji peýdalanmak. Suw desgalary ilkinji nobatda ilatyň agyz suwy babatdaky we durmuş hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin peýdalnmaga berilýär. Suwdan peýdalanmagyň bu görnüşi mugtdyr. Suw desgasy birnäçe peýdalanyja berlende derýalaryň we kanallaryň aşaky akymynda ýerleşenleriň bähbitleri göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanda suwdan peýdalanmak her ýyl bellenilýän çäkli möçberlerde amala aşyrylýar. Welaýatlar we etraplar boýunça suwdan peýdalanmagy çäkli möçberlerini esasy suw çeşmelerinde suwuň garaşylýan möçberlerine laýyklykda Suw hojalyk ministirliginiň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kesgitleýär. Anyk suwdan peýdalanyjylar boýunça suwdan peýdalanmagyň möçberleri Suw hojalyk ministirligi tarapyndan kesgitlenilýär. Bu çäkli möçberler bolsa suwdan peýdalanyjylaryň pudaklaýyn tabynlygyna we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan olaryň ählisi üçin hökmany hasaplanýar. Welaýatlar we anyk suwdan peýdalanyjylar boýunça suwdan peýdalanmagyň çäkli möçberleri ähli suwdan peýdalanyjylaryň suwdan peýdalanmagyň bellenen meýilnamalaryna laýyklykda endigan suw üpjünçiliginiň şertleri berjaý edilmäge degişlidir.

Kanunçylykda suw desgalaryndan peýdalanmagyň möhletleri hem kesgitlenendir. Bu desgalar hemişelik ýa-da wagtlaýyn peýdalanmaga berilýär. Möhlet bellenilmedik halatynda suwdan peýdalanmak hemişelik hasap edilýär. Suwdan peýdalanmak wagtlaýyn bolup biler, gysga möhletli – üç ýyla çenli we uzak möhletli – üç ýyldan 20 ýyla çenli. Suwdan peýdalanmagyň möhletleri zerur bolan

halatlarda bellenilen tertipde uzaldylyp bilner. Suwdan peýdalanmak mugtdyr. Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda suwdan ýörite peýdalanmak tölegli bolup biler.

Suw kanunçylygynda suw desgalaryndan peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleri göz öňünde tutulýar: ilatyň agyz suwy, durmuş we beýleki hajatlary üçin peýdalanmak; bejeriş, şypahana we sagaldyş maksatlary üçin peýdalanmak; oba hojalygynyň hajatlary üçin peýdalanmak; senagat maksatlary we gidroenergetikanyň hajatlary üçin peýdalanmak; balykçy, awçy hojalyklaryň, goraghanalaryň we goralýan sebitleriň hajatlary üçin peýdalanmak; ýangyna garşy göreşmek hajatlary we beýleki döwlet hem-de jemgyýetçilik zerurlyklary üçin peýdalanmak; ulanylan suwlary dökmek üçin peýdalanmak. Suw howdanlaryndan, derýalardan, şeýle hem serhetden geçýän suwlar baradaky düzgünler hem suw kanunçylygynda berkidilýär.

Kanunçylykda özüniň beýanyny tapan möhüm meseleleriň biri-de suw serişdelerini goramak we olaryň zyýanly täsiriniň öňüni almakdyr. Ähli suw serişdeleri (suw desgalary) hapalanmakdan, zibillenmekden we egsilmekden goralmaga degişlidir. Suwuň fiziki, himiki, biologik aýratynlyklarynyň üýtgemegi, olaryň öz-özüni arassalamak ukybynyň peselmegi suw serişdeleriniň we gidrogeologik düzgüniniň bozulmagy netijesinde ilatyň saglygyna zyýan ýetirilip bilner, şeýle hem balyk gorlarynyň azalmagy, suw üpjünçiliginiň şertleriniň ýaramazlaşmagy we daşky tebigy gurşaw üçin beýleki amatsyz hadysalar bolup biler.

Kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde suw serişdeleriniň we olardan peýdalanmagyň döwlet

tarapyndan hasaby ýöredilýär. Şunda maksat ilatyň we ykdysadyýetiň hajatlary üçin suw serişdelerinden peýdalanylyşy barada maglumatlaryň ýeke-täk suw gaznasyny düzýän suw serişdeleriniň möçberini we hilini anyklamakdyr.

Kanunçylykda kadalaşdyrylýan möhüm meseleleriň biri tebigy gurşawyň (şol sanda suwlaryň) we klimatyň ýagdaýyna syn etmekdir. Bu iş degişli ministrlikler we beýleki merkezi döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan alnyp barylýar. Olaryň işini utgaşdyrmagy bolsa Suw hojalyk ministrligi amala aşyrýar. Monitoring babatda belli bir wezipeleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa baradaky milli komitet ýerine ýetirýär. Bu komitetiň esasy wezipeleri: halk hojalygyny, ilaty we Türkmenistany goramagy gidrometeorologiýa taýdan üpjün etmek, gidrometeorologik syn etmegiň döwlet ulgamyny kämilleşdirmek we beýlekiler. Döwlet suw kadastry bilen baglanyşykly meseleler hem suw kanunçylygynda kadalaşdyrylýar. Bellenilişi ýaly „Suwlardan peýdalanmak“ bölümi boýunça suw kadastryny amala aşyrmak Suw hojalyk ministrliginiň, „Ýerasty suwlar“ bölümi boýunça – „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasynyň üstüne ýüklenilýär. „Ýerüsti suwlar“ bölümi boýunça hem-de tutuşlygyna Döwlet suw kadastryny alyp barmak boýunça işleri utgaşdyrmak bolsa Tebigaty goramak ministrligniň ygtyýarlygyna degişli bolmalydyr.

Kodeksde ekologik ekspertizanyň esasy meseleleri kadalaşdyrylýar. Ekologik ekspertiza bilen baglanyşykly meseleler 1995-nji ýylyň 15-nji iýunynda kabul edilen „Döwlet ekologik ekspertizasy hakyndaky“ kanun bilen

düzgünleşdirilýär. Şunda ekspertizany guramak, degişli döwlet edaralarynyň ygtyýarlygyny anyk kesgitlemek möhüm ähmiýetlidir. Bu kanun döwlet ekologik ekspertizasy babatdaky gatnaşyklary kadalaşdyryp, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we beýleki degişli edaralaryň ygtyýarlygyny kesgitleýär.

Kodeks suwlardan peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmagyň esasy meselelerini berkidýär. Bu gözegçiligiň esasy wezipesi kesgitlenilýär, ýagny suwlardan peýdalanmagyň bellenen tertibiniň berjaý edilmegini üpjün etmek, suwlary goramak boýuça borçlaryň ýerine ýetirilmegi. Bu gözegçilik suwlardan peýdalanmagy we olary goramagy kadalaşdyrýan döwlet edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Suw gatnaşyklary babatda pudaklaýyn, önümçilik, jemgyýetçilik, sanitariýa gözegçiligi, şeýle hem döwletara ekoogik gözegçiligi amala aşyrylýar.

Käbir döwletara suw obýektlerinden peýdalanmak we olary goramak babatda döwletara ekologik gözegçiligi amala aşyrylýar. Merkezi Aziýa döwletleriniň 1992-nji ýylda baglaşan şertnamasyna hem-de Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň 1996-njy ýylda baglaşan şertnamasyna laýyklykda Amyderýadan suw almak amala aşyrylýar (Türkmenistan – 22 km$^3$, Özbegistan - 22 km$^3$, Täjigistan – 9,5 km$^3$, Gyrgyzystan – 0,4 km$^3$) suw almagyň bellenilen çäkleriniň berjaý edilişine derhal gözegçiligi Orta Aziýa we Gazagystan respublikalarynyň Döwletara utgaşdyryjy suw hojalyk toparynyň „Amyderýa“ basseýn suw hojalyk birleşigi amala aşyrýar. Suw kanunçylygynyň

bozulmagy we jogapkärçilik bilen baglanyşykly meseleler kadalaşdyrylanda suwlara döwlet eýeçilik hukugyny bozýan geleşikler hakyky däl hasaplanylýar.

Suw gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kanunçylyk namalar Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynda ösdürilýär. Suw kodeksiniň kabul edilmegi beýleki hukuk namalary täze talaplara laýyk getirmek baradaky işiň amala aşyrylmagyny aňladýar.

## 5. Ýer jümmüşi hakyndaky kanunçylyk

Türkmanistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda kabul edilen „Ýer jümmüşi hakyndaky" kanun (1992-nji ýylyň 14-nji dekabry) we bu baradaky beýleki hukuk namalar ýer jümmüşi hakyndaky kanunçylyk ulgamyny düzýär[1]. Ýer jümmüşi möhüm tebigy baýlyk bolup, ol tutuşlygyna döwlet eýeçiliginde durýar. Türkmenistanda baý mineral çig-mal serişdeleri – nebitgaz uglewodorodlary we beýleki ýerasty baýlyklary bar. Görkezilen ýagdaý ýurtda ýer jümmüşinden rejeli peýdalanmagy we ony goramagyň ähmiýeti we möhümligi barada şaýatlyk edýär. „Ýer jümmüşi hakyndaky kanun" bu wezipäni çözmeklige gönükdirilýär.

Kanun ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak babatdaky syýasaty durmuşa geçirmegiň hukuk esaslaryny kesgitleýär. Onda döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamy bellenilýär. Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň ygtyýarlygyna degişli edilen tebigaty goraýyş meselelerine ýer jümmüşinden

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1992, 115-nji madda.

peýdalanmagyň strategiýasy, ýer jümmüşinden rejeli peýdalanylyşyna we omuň goralyşyna gözegçilik, şu babatda halkara hyzmatdaşlygy. Kanunda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna hususan möhüm mesele – umumy ýaýran ýerasty baýlyklar işlenip çykarylanda ýer jümmüşinden peýdaanylyşyna we onuň goralyşyna gözegçiligi amala aşyrmak degişli edilýär.

Kanunçylykda ýer jümmüşinden peýdalanmagyň görnüşleri tapawutlandyrylýar. Olar: geologik taýdan öwrenmek üçin; ýerasty baýlyklary işläp çykarmak bilen baglanyşygy bolmadyk ýerasty desgalaryny gurmak hem-de ulanmak üçin, nebit, gaz we beýleki maddalary we materiallary saklamak we beýleki hajatlar üçin. Göz öňünde tutulyşy ýaly, howpsuzlyk maksady bilen we daşky tebigy gurşawy goramak üçin ýer jümmüşiniň aýry-aýry bölekleriniň peýdalanylmagy çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner.

Ýer jümmüşiniň bölekleri edara görnüşindäki taraplara we raýatlara peýdalanmak üçin ygtyýarnama esasynda berlip bilner. Ygtyýarnmada görkezilmäge degişli: ýer jümüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň haýsy maksat üçin geçiriljekdigi baradaky maglumatlar; peýdalanmaga berilýän ýer jümmüşiniň böleginiň giňişlik çäklerini kesgitli bellemek; ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleri geçirmek üçin zerur bolan meýdany bölüp bermegiň çäklerini kesgitli bellemek; ygtyýarnamanyň hereket ediş möhletleri; ýerasty baýlyklary işläp çykarmagyň ylalaşylan derejesi; ýer jümmüşinden peýdalanylandygy üçin tölenmeli tölegiň möçberleri.

Kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly ýer jümmüşini umumy ýaýran ýerasty baýlyklary işläp çykarmak üçin bermegiň tertibi, edara görnüşindäki taraplar we raýatlar tarapyndan olara berlen ýer bölekleriniň çäklerinde ýer jümmüşinden umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmak üçin peýdalanmagyň tertibi ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan bellenilýär.

Nebit işleri barada monitoringi amala aşyrmak Türkmenistanyň „Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ kanunynda (2008-nji ýylyň 20-nji awgusty) göz öňünde tutulýar. Bu Kanunyň 45-nji maddasyna laýyklykda nebit işleri geçirilip başlanýança we olary geçirmegiň ähli döwründe tebigy gurşawda bolup geçýän üýtgeşmeler we oňa nebit işlerini geçirmegiň täsiri barada gündelik toplumlaýyn maglumatlary almagyň ulgamy döredilmelidir.

Görkezilen kanunda nebit işlerini geçirmek üçin ekologik esas (43-nji madda), nebit işleri geçirilende edilýän talaplar (44-nji madda) bellenilýär.

„Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanun ýerasty baýlyklaryň we ýüze çykmalarynyň ýataklarynyň döwlet kadastryny alyp barmagy göz öňünde tutýar. Ol ýerasty baýlyklaryň her bir ýatagy boýunça olaryň mukdaryny we hilini häsiýetlendirýär. Kanun (9-njy madda) ýer jümmüşini ygtyýarnamalar esasynda peýdalanmaga bermegi belleýär. Ygtyýarnama onuň eýesiniň ýer jümmüşini peýdalanmagyň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini amala aşyrmaga bolan hukugyna güwä geçýär. Zerur bolanda ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugyna ygtyýarnama bermek şol bir wagtda ýer bölegini bermek bilen amala aşyrylýar. Beýleki şertler bilen bir hatarda ygtyýarnamada ýer jümmüşini we

daşky tebigy gurşawy goramak baradaky talaplary amala aşyrmagyň şertleri hem görkezilýär.

„Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ kanunda nebit işlerini ygtyýarlandyrmak bilen baglanyşykly meseleler anyk kadalaşdyrylýar. Onda ygtyýarnamanyň şu aşakdaky görnüşleri bellenilýär: gözlege bolan ygtyýarnama, çykarmaga bolan ygtyýarnama, gözlege we çykarmaga bolan ýeke-täk ygtyýarnama. Daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryň ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek we ýerasty baýlyklary işläp çykarmak işine has işjeň gatnaşýan şertlerinde „Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanunda ýer jümmşinden peýdalanmak we goramak babatda ygtyýarlylandyrmak ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen degişli düzgünleri berkitmek zerurlygy ýüze çykýar.

Kanun ýerasty baýlyklarynyň ätiýaçlyklarynyň mukdary we hili, olaryň gymmatyny kesgitleýän maglumatlaryň döwlet ekspertzasyny göz öňünde tutýar. Bu wezipe Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň üstüne ýüklenilýär. Döwlet ekologik ekspertizasy we ýerasty baýlyklaryň ätoýaçlyklarynyň, şeýle hem ýer jümmüşinden ýerasty baýlyklary işläp çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlar üçin peýdalanylýan ýer jümmüşiniň bölekleriniň döwlet hasaby ýer jümmüşinden rejeli peýdalanmak we ony goramak babatdaky esasy talaplardyr. Ýerasty baýlyklaryň döwlet ekspertizasyna çenli ýer jümmüşini ýerasty baýlyklary işläp çykarmak üçin bermek gadagandyr. Döwlet ekspertizasynyň karary ýerasty baýlyklaryň ätiýaçlyklaryny döwlet hasabyna goýmak üçin esasdyr. Döwlet ekspertizasynyň amala aşyrylmagy we ýerasty baýlyklaryň ätiýaçlyklarynyň

tassyklanylmagy, ýer jümmüşiniň bölekleriniň peýdalanmaga berilmegi baradaky geologik maglumat ýerasty baýlyklary baradaky Türkmenistanyň döwlet toparynyň üstüne ýüklenilýär.

Kanunda ýer jümmüşinden peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna, şeýle hem ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň howpsuz alnyp barylyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak meselelerini kadalaşdyrýan kadalar bardyr. Şu babatda döwlet gözegçiliginiň esasy wezipesi ýer jümmüşinden peýdalanyjylaryň kanunçylykda bellenen tertibiniň, standartlarynyň berjaý edilemgini üpjün etmekdir. Döwlet gözegçiligini amala aşyrmak ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

Görkezilen gatnaşyklar babatda Tebigaty goramak ministrligi, „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy, „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy, Döwlet Sanitariýa – epidemiologiýa gullugy tarapyndan amala aşyrylýan döwlet gözegçiligi pudagara häsiýetde bolýar (eýeçiligiň görnüşlerine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan).

Kanun ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly hukuk bozulmalar üçin jogapkärçilik meselelerini kadalaşdyryp, şular ýaly hukuk bozulmalaryň sanawyny berýär. Hukuk bozulmalar hasaplanylýar ýer jümmüşine eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek hukuklaryny bozýan geleşikler olar hakyky däldir. Ýer jümmüşi babatda kanunçylygyň bozulmagy üçin dolandyryş tertibinde jerime salynýar. Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk bozulamlary hakyndaky kodeksi ýer jümmüşine döwlet eýeçilik hukugynyň bozulmagy, ýer jümmüşini geologiýa taýdan

öwrenmek boýunça işleri geçirmegiň talaplarynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik barada kadalary belleýär. Ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak meselesi hem kadalaşdyrylýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi kontinental şelf baradaky kanunçylygyň ýer jümmüşini goramak we ondan peýdalanmak baradaky kadalaryň bozulmagy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýar (136-njy we 319-njy maddalar).

## 6. Tokaýlary we ösümlik dünýäsini goramak hakyndaky kanunçylyk.

Garaşsyzlyk şertlerinde Türkmenistanyň kanunçylygynyň ösmeginde Tokaý kodeksiniň (1993-nji ýylyň 12-nji apreli) ähmiýeti uludyr.[1] Tokaýlar milli baýlyk bolup, tebigy gurşawy ekologik taýdan bir kadaly ýagdaýda saklamagyň möhüm çeşmesidir. Tokaýlar döwletiň aýratyn eýeçilik hukugynda durýar. Tokaý kanunçylygy tokaý baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar hem-de tokaýlary netijeli peýdalanmak, olary üznüksiz köpeldip durmak, abat saklamak we goramak, ekologik ýagdaýy gowulandyrmak hem-de ýurduň ykdysady kuwwatyny artdyrmak üçin şertler döretmäge gönükdirilýär.

Kodeksde göz öňünde tutulyşy ýaly, ähli tokaýlar döwletiň tokaý gaznasyny emele getirýär. Bu gazna döwlet tokaý hojalyk edaralarynyň ygtyýaryna berlen döwlet ähmiýetli tokaýlar, şäher tokaýlary, daýhan birleşikleriniň tokaýlary, ýagny olara hemişelik peýdalanmaga berlen

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary 1993., № 3-4, 28-nji madda.

ýerlerdäki tokaýlar, şeýle hem ätiýaçlyk ýerlerdäki tokaýlar girýär.

Tokaý bilen örtülen ýerler (aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň ýerleri muňa girmeýär) hem-de tokaý bilen örtülmedik, emma tokaý hojalygynyň hajatlary üçin niýetlenen ýerler döwlet tokaý gaznasynyň ýerleri hasaplanylýar.

Tokaýlar toparlara bölünende olaryň halk hojalyk ähmiýeti, ekologik, sosial we çig mal taýdan orny göz öňünde tutulýar. Olaryň birinji toparyna gorag ähmiýetli tokaýlar degişli edilýär: suw gorag tokaýlary (derýalaryň, kölleriň, kanallaryň, suw howdanlarynyň kenarýaka zolaklary); meýdan gorag zolaklary (suwarymly ýerlerdäki agro-tehniki tokaý melioratiw zolaklar, eroziýa garşy göreş tokaýalary, demir ýollaryň we awtomobil ýollaryň gyrasyndaky gorag zolaklary, çöl we dag tokaýlary); sanitariýa-gigiena we sagaldyş tokaýlary (tokaý baglary, sanitorilari, şypahanalaryň we dynç alyş zolaklarynyň töweregindäki tokaýlar). Bu topara aýratyn goralýan tebigy territoriýalar hem girýär. Tokaýlaryň ikinji toparyna ilaty gür etraplardaky gorag hem-de çäkli ulanyş ähmiýeti bolan tokaýlar girýär. Tokaýlaryň üçünji toparyna bolsa ulanyş ähmiýeti bolan tokaýlar degişli edilýär.

Kodeksde tokaý gaznasyna eýelik etmek, ony peýdalanmaga bermek, tokaý hojalygyny ýöretmek hem-de tokaýdan peýdalanmak bilen baglanyşygy bolmadyk işleri geçirmek, tokaýlaryň ýagdaýyna we üznüksiz köpeldilmegine täsir edýän kärhanalary, desgalary we beýleki obýektleri taslamak we gurmak hem-de ulanmak bilen baglanyşykly meseleler kadalaşdyrylýar.

Tokaý gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlygy kesgitlenilýär. Ministrler Kabinetiniň tebigaty goraýyş wezipelerine degişli edilen meseleler: döwleti goramak we howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen edara görnüşindäki taraplara döwlet tokaý gaznasynyň böleklerini bermek; tokaýlary belli bir toparlara degişli etmek, tokaý gaznasynyň döwlet hasabyny, döwlet tokaý kadastryny we tokaýlaryň monitoringini ýöretmegiň ýeke-täk tertibini bellemek; tokaýlaryň ýagdaýyna, peýdalanylyşyna, üznüksiz köpeldilişine, abat sakalanylyşyna we goralyşyna döwlet dolandyryşyny we döwlet gözegçiligini guramak.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarty hem tokaýlar babatda tebigaty goraýyş wezipelerini ýerine ýetirýär. Olar: döwlet tokaý gaznasyna degişli tokaýlara we meýdanlara eýelik etmek hukugy baradaky döwlet namalaryny resmileşdirmek hem-de bellige almak; daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryna we raýatlaryna tokaý serişdelerinden peýdalanmak hukugyna ygtyýar bermek; tokaý kadastry we tokaý hasaba alyş resminamalarynyň ýöredilmegini guramak; tokaýlaryň peýdalanylyşyna, üznüksiz köpeldilişine, abat saklanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligini guramak; edara görnüşindäki taraplar ekologik taraplary bozan halatynda olaryň hojalyk işini 10 güne çenli togtatmak.

Tokaý kodeksinde berkidilen möhüm meseleleriň biri-de tokaýlar babatda döwlet dolandyryşy we döwlet gözegçiligidir. Tokaý gatnaşyklary babatda döwlet dolandyryşyny Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary, Tebigaty goramak

ministrligi hem-de ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary amala aşyrýar.

Tokaýlaryň ýagdaýyna, peýdalanylyşyna, üznüksiz köpeldilişine, abat saklanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiliginiň wezipesi ähli edara görnüşindäki taraplar we raýatlar tarapyndan tokaý kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmekdir. Şu babatda döwlet gözegçiligini amala aşyrmak ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň we Tebigaty goramak ministrliginiň üstüne ýüklenilýär. Gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibi bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabinety tarapyndan bellenilýär.

Kanunçylykda tokaý monitoringini, ýagny tokaýlary netijeli dolandyrmak, üznüksiz köpeltmek, abat saklamak we goramak maksady bilen tokaý gaznasynyň ýagdaýyna hem-de ondaky özgerişlere syn etmek, baha bermek we öňüden çaklamak ulgamyny göz öňünde tutýar. Monitoringiň düzümi we mazmuny bolsa Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan bellenilýär.

Tokaý kanunçylygynda tokaý böleklerine eýelik edijileriň we olaradan peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär, şeýle hem bu hukuklaryň bes edilmeginiň esaslary bellenilýär. Tokaýdan peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleler kadalaşdyrylanda ondan peýdalanmagyň görnüşleri hem-de çäkleri kesgitlenilýär. Tokaý gurluşygy, tokaý gaznasynyň döwlet hasaby we döwlet kadastryny ýöretmek meseleleri hem möhümdir. Görkezilenleri amala aşyrmak kodekse laýyklykda Tebigaty goramak ministrliginiň üstüne ýüklenilýär. Tokaý gatnaşyklary babatda tebigaty goraýyş ähmiýetli meselelere tokaýlary üznüksiz köpeltmek we olaryň

önümliligini artdyrmak, olary abat saklamak we goramak, görkezilen işi ykdysady taýdan höweslendirmek hem degişlidir. Tokaý kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik bilen baglanyşykly meseleler kadalaşdyrylanda bu jogapkärçiligiň esaslary, ýagny tokaý-hukuk bozulmalarynyň sanawy kesgitlenilýär.

Tebigaty goramak kanunçylyk ulgamynda „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanun[1] möhüm orun tutýar. Bu kanun ekologik ulgamlaryň we biosferanyň durnuklylygyny hem-de bir kadalylygyny üpjün etmegiň esasy hökmünde floranyň biologik taýdan köpdürlüligini saklamak üçin, şeýle hem ösümlik örtügini talaba laýyk goramak, rejeli peýdalanmak hem-de geljekki nesilleriň hatyrasyna tebigy gurşawy saklamak hem-de gowulandyrmak üçin şert döretmek maksadyny göz öňünde tutýar.

Ösümlik dünýäsi tebigy ýagdaýynda döwlet eýeçiliginde durýar. Onuň obýektleri eýelik etmek hukugyna we peýdalanmak hukugyna berilýär. Şunda ýer eýeleri we ýerden peýdalanyjylar bir wagtyň özünde özlerine berkidilen ýerlerdäki ösümlik dünýäsine eýelik edijiler we olardan peýdalanyjylar hasaplanylýar. Görkezilen kanunda ösümlik düýäsiniň obýektlerinden peýdalanmagyň görnüşleri we tertibi kesgitlenilýär, şeýle hem şol obýektlere eýelik etmek we olardan peýdalanmak hukuklarynyň bes edilmeginiň hem-de obýektleriň yzyna alynmagynyň esaslary bellenilýär.

Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatdaky gatnaşyklary kadalaşdyrmak

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1993. № 11-12, 110-njy madda.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna degişli edilýär. Şu babatda Ministrler Kabinetiniň çözýän meseleleri: döwlet we döwletara toplumlaýyn ylmy-barlag maksatnamalary tassyklamak; döwlet dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň işini utgaşdyrmak; ösümlik dünýäsine ýaramaz täsir edýän obýektleriň işini togtatmagyň, bes etmegiň tertibini bellemek; Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakynda Düzgünnamany tassyklamak; ösümlik dünýäsiniň monitoringini alyp barmagyň ýeke-täk tertibini bellemek. Ösümlik dünýäsi babatda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklary hem kesgitlenilýär. Ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik edijileriň we olardan peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilende olaryň hukuklaryny goramagyň kepilleri hem bellenilýär.

Görkezilen kanun ösümlik dünýäsiniň obýektlerini yzygiderli dikeltmek, olaryň önümliligini we durnuklylygyny ýokarlandyrmak, olary goramak, şu babatdaky çäreleri ykdysady taýdan höweslendirmek, ösümlikleriň karantini bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirilýär. „Ösümlikleriň karantini hakyndaky“ kanunyň (2009-njy ýylyň 15-nji awgusty) Türkmenistanda ösümlik dünýäsini goramagyň möhüm ähmiýete eýedigine şaýatlyk edýär. Kanunda berkdilen möhüm meselelere ösümlik dünýäsiniň goralyşyna we ondan peýdalanylyşyna döwlet gözegçiligini, şeýle hem monitoringi amala aşyrmakdyr.

Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärçilik baradaky meseleler düzgünleşdirilende şu

babatdaky hukuk bozulmalaryň sanawy kesgitlenilýär hem-de kanunçylygyň bozulmagy bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak göz öňünde tutlýar.

## 7. Haýwanat dünýäsi hakyndaky kanunçylyk.

Häzirki zaman şertlerinde tebigatdan peýdalanmak bilen baglanyşykly haýwanat dünýäsini abat saklamagyň wajyp meseleleri ýüze çykýar. Biziň ýurdumyzda haýwanlaryň 12 683 görnüşi bar. Haýwanat dünýäsine antropogen täsiriň güýçlenýän şertlerinde ony goramak boýunça gaýragoýulmasyz çäreleri görmek zerur bolýar. Haýwanat dünýäsini abat saklamak,ondan rejeli peýdalanmak we tutuşlygyna biologik herdürlüligi,hususan seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlary gorap saklamagy üpjün etmekde Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň ähmiýeti uludyr.Onuň 2-nji neşiri 1999-njy ýylda amala aşyryldy.

Haýwanat dünýäsini goramagy üpjün etmek döwletiň esasy wezipesi hasaplanylýar. Biologik herdürlüligi abat saklamagyň kanuny esasy bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynda tebigy gurşawyň abat saklanmagy üçin döwletiň jogapkärdigi berkidilendir. “Tebigaty goramak hakyndaky” kanunda tebigaty goramak babatda döwletiň syýasatynyň esasy ugurlary kesgitlenilýär. Beýleki hukuk namalarda bolsa, Türkmenistanyň syýasatynyň aýry-aýry ugurlary anyklanylýar, hususan biologik herdürlüligi üpjün etmek boýunça. Şular ýaly hukuk namalara ilkinji nobatda “Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli

peýdalanmak hakyndaky” kanun[1] (1997-nji ýylyň 12-iýuny)degişlidir.Ol genetiki gaznany we haýwanat dünýasiniň herdürlüligini abat saklamaga gönükdirilýär.Haýwanat dünýäsi döwletiň aýratyn eýeçiliginde durýar.Onuň ýagdaýyna täsir edip biljek çäreler amala aşyrylanda esasy talaplar üpjün edilmelidir:haýwanlaryň tebigy bileleşikleriniň bitewiligini saklamak, olaryň biologik herdürlüligini saklamak, ýaşaýyş gurşawyny, köpeliş şertlerini, rejeli peýdalanmak we üznüksiz köpeltmek, haýwanlaryň sanyny kadalaşdyrmak.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda dolandyryş edaralaryna Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Tebigaty goramak ministrligi, Döwlet balyk hojalyk komiteti, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we beýleki ýörite ygtyýarly edaralar degişlidir. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tebigaty goraýyş wezipeleri: haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda ýeke-täk döwlet döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek, döwlet maksatlaryny tassyklamak, dolandyryş edaralarynyň we ýerli ýetiriji häkimiýet edaralarynyň işine utgaşdyrmak we oňa gözegçilik etmek, eýeçilik hukugyny amala aşyrmak, umumydöwlet we döwletara çörelerini üpjün etmek, döwlet kadastryny we monitoringi alyp barmagyň ýeke-täk tertibini kesgitlemek, döwlet standartlaryny kadalary, çäkleri bellemek, Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak, halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak.

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1997., № 2, 17-nji madda.

Tebigaty goramak ministrliginiň möhüm tebigaty goraýyş wezipelerine şu aşakdakylar degişli:haýwanat dünýäsinin goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek, degişli döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek, pudaklaýyn hukuk namalary tassyklamak, döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmek, döwlet monitoringini amala aşyrmak we döwlet kadastryny alyp barmak, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen bilelikde Türkmenistanyň Gyzyl kitabyny ýöretmek, haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň çäklerini kesgitlemek, ygtyýarnamalary bermek we beýlekiler.Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda ýerine ýetirji ýerli häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklary hem kesgitlenilýär.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak işini jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýatlaryň gatnaşmagy bilen baglanyşykly meseleler hrm görkezilen kanunda kadalaşdyrylýar. Olar degişli döwlet dolandyryş edaralaryna görkezilen gatnaşyklar babatda çäreleri amala aşyrmakda ýardam etmelidirler. Raýatlaryň hukuklary we borçlary hem kesgitlenilýär, hususan, olar haýwanat dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak boýunça jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge haklydyrlar, olar haýwanat dünýäsini aýamaga we goramaga borçludyrlar. Kanunyň bu düzgünlerleri beýleki hukuk namalaryň talaplaryna laýyk gelýär.

Kanun edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň haýwanat dünýäsinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işini ygtyýarlylandyrmagy göz öňünde tutýar. Şunda kanunçylykda bellenilen talaplaryň berjaý edilmegi

hökmany şert hasaplanylýar.Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylaryň üstüne ýüklenilýän borçlar:bellenilen kadalary, çäkleri, möhletleri berjeý etmek, tebigy bileleşikleriň bitewiliginiň bozulmagyna ýol bermeýän we ilatyň, daşky tebigy gurşawyň howpsuzlygyny, peýdalanmaga berilmedik haýwanlaryň goralmagyny üpjün edýän usullar bilen peýdalanmak; haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawynyň bozulmagyna ýol bermezlik;haýwanat dünýäsini köpelmäge gönükdirilen toplumlaýyn çäreleri geçirmek; haýwanat dünýäsiniň goralyşyna we rejeli peýdalanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýan edaralara hemme taraplaýyn kömek bermek.

Haýwanat dünýäsini goramak meseleleri kanunda has doly kadalaşdyrylýar.Ony goramagy üpjün etmegiň çäreleri hasaplanylýar: goramak,rejeli peýdalanmak we üznüksiz köpeltmek baradaky düzgünlerine kadalary bellemek; gadagan etmeleri we çäklendirmeleri bellemek; özbaşdak peýdalanmakdan we beýleki hukuk bozulmalardan goramak; goraghanalary we çäkleri goraghanalary döretmek hem-de aýratyn goralýan

Döwlet tebigy territoriýalaryň beýlekilerini bellemek haýwanlaryň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşlerini gabawda saklamak arkaly köpeltmek, ekologik kolleksiýalara üçin alynmagyny we özbaşdak alnyp gidilmegini çäklendirme. Kanunçylyga laýyklykda haýwanat dünýäsiniň goralmagyny we rejeli peýdalanylmagyny üpjin etmek maksady bilen döwlet kadastry alnyp barylýar. Onda haýwanlaryn görnüşleriniň geografik taýdan ýaýraýyşlary, olaryn sany, bolýan ýerleriniň häsiýetnamasyny we hojalyk taýdan peýdalanylşy hem beýleki maglumatlar jemlenilýär.

Haýwanat dünýäsiniň döwlet monitoring hem alnyp barylýar. Ol degişli görkezijileri öz wagtynda ýüze çykarma, olaryň özgerişine baha bermek, ýaramaz ýagdaýlaryň we hadysalaryň netijelerini aradan aýyrmak barada duýdurma, ýaşaýyş gurşawyny amatly şertler bilen üpjin etmek we olary ylmy esaslarda peýdalanmak maksady bilen geçirilýär.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak babatda gözegçilik baradaky meseleler kadalaşdyrylanda onuň görnüşleri tapawutlandyrylýar:

Döwlet gözegçiligi, pudaklaýyn gözegçilik, jemgyýetçilik gözegçiligi. Döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralar: Türkmenistanyň Ministrler kabineti, Tebigaty goramak Ministrligi, Balyk hojalyk döwlet kamiteti we beýleki ýörite ygtyýarly edaralar. Pudaklaýyn gözegçilik ygtyýarynda haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanýan kärhanalar, guramalar we edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Jemgyýetçilik gözegçiligini jemgyýetçilik birleşikleri amala aşyrýar. Kanunda haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda kanunçylygyň bozulmagy we onuň üçin jogapkärçilik bilen baglanşykly meseleler hem kadalaşdylýar. Hususan, hukuk bozulmalar hasaplanylýar: ondan peýdalanmagyň teribini bozmak; haýwanat dünýäsiniň obýektlerine zyýan ýetirýän diýilip hasaplanylan haýwanlary we ösümlikleri ýurda getirmek; bikanun haýwanlaryň ýaşaýyş obýektlerine zyýan ýetirýän diýilip hasaplanylan haýwanlary we ösümlikleri ýurda getirmek; bikanun haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny goramak kadalaryny bozmak; seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanat dünýäsiniň obýektlerini

ýok etmek, döwlet goraghanalarynda, döwlet çäkli goraghanalarynda we beýleki aýratyn goralýan tebigy territoriýalarda ( akwatoriýarlarda) haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramagyň hukuk düzgünini bozmak: haýwanat dünýäsinden peýdalanmaga ygtyýarnamalary bermegiň bellenen tertibini bozmak; wezipeli adamlaryň we ýörite ygtyýarly edaralaryň kanuny talaplaryny ýerine ýetirmezlik. Edara görnüşindäki taraplara we raýatlara kanunçylygyň bozulmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak göz öňünde tutulýar.

Aw awlamagyň obýektlerine degişli edilen haýwanat düňýäsini goramagy we ondan rejeli peýdalanmagy üpjin etmäge gönükdirilen ″Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakyndaky″ kanunyň (1998-nji ýylyň 15-nji sentýabry),″[1] Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky″ kanunyň düzgünlerine laýyk gelýär.

Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda hem döwlet dolandyryş edaralary hasaplanylýar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Tebigaty goramak ministrligi, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we beýleki ýörite ygtyýarly döwlet edaralary. Döwlet aw gaznasyny goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça döwlet dolandyryş edaralaryna jemgyýetçilik birleşikleriniň ýardam etmegi göz öňünde tutulýar. Şunda awçylar we balykçylar işini utgaşdyrmak üçin awlaglardan esasy peýdalanyjy bolup durýan jemgyýetleriniň Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşigi döredilýär.

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary 1998, № 9, 53-nji madda.

## 8. Atmosfera howasyny goramak we aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky kanunçylyk.

Atmosfera howasy möhüm tebigy obýekt bolup duýar. Garaşsyzlyk şertlerinde raýatlaryň zähmetiniň, durmuşynyň, dynç almagynyň we saglygynyň goralmagy üçin degişli şertleri üpjin etmek Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemişelik aladasy bolup durýar. Ýurtda daşky tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmagy, atmosfera howasynyň goralmagyny üpjin etmek maksady bilen şu baradaky kanunçylyk kämilleşdirilýär. 1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda kabul edilen ˝Atmosfera howasyny goramak hakyndaky˝ kanun görkezilen wezipeleriň durmuşa geçirilmeginde ýardam edýär. Bu kanun atmosfera howasynyň arassalygyny we onda rejeli peýdalanylmagyny üpjin etmek, atmosfera ýetirilýän zyýanly himiki, fiziki, biologik we beýleki täsrileriň öňüni almak, şeýle hem atrmosfera howasyny goramak işinde kanunçylygy pugtalandyrak baradaky gatnaşyklary düzgünleşdirýar.

Görkezilen kanunda atmosfera howasyny goramak bilen baglanyşykly berkidilen esasy meseleler: atmosfera howasyny goramak babatda döwlet işiniň esasy ugurlary hem-de döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklary; atmosfera howasyny goramak işine jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýatlaryň gatnaşmagy; atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň toplanmagynyň we goýberilmeginiň ýol berilýän çäkleriniň we ona ýetýän zyýanly fiziki täsirleriň derejeleriniň ýol berilýän çäkleriniň görkezijileri; gozgalmaýan we göçme hapalaýjy çeşmeleriň atmosfera hapalaýjy maddalary goýbermegini we oňa ýetýän zyýanly fiziki täsirleri kadalaşdyrmak; atmosfera

howasynyň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalary, desgalary we beýleki obýektleri ýerleşdirmegiň, taslamagyň, gurmagyň we ulanmaga bermegiň şertleri; şäherler we beýleki ilatly ýerler ýerleşdirilende we ösdürilende atmosfera howasyny goramak baradaky talaplar; himiki maddalar öndürilende, saklananda, ulanylanda, daşalanda we ýok edilende atmofera howasyny goramak baradaky talaplar; senagat we durmuş galyndylary ýerleşdirilende, gaýtadan işlenende, gömülende we zyýansyzlandyrylanda atmosfera howasyny goramak baradaky talaplar; ozon gatlagyna we klimata zyýanly täsir edilmeginiň öňüni almak baradaky çäreler; atmosfera howasyna döwlet gözegçiligi we onuň goralmagy; atmosfera howasyny goramak hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärçilik.

Atmosfera howasyny goramak babatdaky döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamynda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary aýratyn orun tutýar. Şunda bu edaralaryň wezipeleri atmosfera howasyny goramak batatda döwlet işiniň esasy ugurlaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

Bu işiň esasy ugurlary: atmosfera howasyna himiki, biologik, radiasion, fiziki we beýleki zyýanly täsir edilmeginiň öňüni almak, azaltmak we bes etmek, şeýle hem atmosfera howasyna parnik gazlarynyň täsiriniň öňüni almak; önümçilik hajatlary üçin atmosfera howasyny rejeli peýdalanmak we onuň tebigy düzümini dikeltmek boýunça çäreleri amala aşyrymak; atmosfera howasyny goramak boýunça çäreler amala aşyrylanda topragyň, suwlaryň we beýleki tebigy obýektleriň hapalanmagyna ýol bermezlik; jemgyýetiň howany goramak hem-de ykdysady we durmuş

bähbitlerini utgaşdyrmagyň ylmy taýdan esaslandyrylmagy; ykdysady bähbitleriň öňünde atmosfera howasyny goramagyň ileri tutulmagyny üpjün etmek; atmosfera goýberilýän zyýanly zyňyndylaryň we hojalyk işini ýöredýänleriň atmosfera howasyny peýdalanmaklarynyň daşky tebigy gurşawa edýän täsirine toplumlaýyn baha bermek; atmosfera howasyny goramagy we ondan rejeli peýdalanmagy höweslendirmek.

Atmosfera howasyny goramak bilen aýrylmaz baglanyşykly meseleler ozon gatlagyny goramak, şeýle hem radiasion howpsuzlygy üpjin etmekdir. 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda ″Ozon gatlagyny goramak hakyndaky″, ″Radiasion howpsuzlyk hakyndaky″ Türkmenistanyň kanunlarynyň kabul edilmegi bu meseleleriň örän wajypdygyna aýdyn şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşky tebigy gurşawyň käbir territoriýalary we obýektleri aýratyn goralmaga degişlidir. Bu baradaky düzgünler ″ Tebigaty goramak hakyndaky″, ″Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky″ kanunlarda we beýleki hukuk namalarda kadalaşdyrylýar. Kanunçylykda aýratyn goralmaga degişli territoriýalar we obýektler kesgitlenilýär.[1] Olar: döwlet tebigy goraghanalary, döwlet tebigy çäkli goraghanalar, milli, taryhy-tebigy we memorial baglar, tebigy ýadigärlikler, geologiýa, botanika we zoologiýa baglary, dendrariler, şeýle hem haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleri. Şypahana we dynç alyş zolaklary, kenarýaka

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary 1992, № 5, 41-nji madda.

zolaklary, balyk hojalyk gorag zolaklary, tokaýlaryň gorag zolaklary hem aýratyn goralmaga degişlidir.

Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri hakyndaky kanunçylygyň ösmeginde Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 25-nji martyndaky ″ Türkmenistanyň Gyzyl kitaby″ hakyndaky karary we şu karar bilen tassyklanan Düzgünnama, şeýle hem Tükmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky buýrugy bilen tassyklanan döwlet goraghanalary, döwlet çäkli goraghanalary, döwlet goraghanalarynyň gorag zolaklary, döwlet tebigy ýadygärlikleri, haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň döwlet malhanalary we nahalhanalary hakyndaky Mysaly düzgünnamalar möhüm orun tutýar. Bu Mysaly düzgünnamalara laýyklykda bolsa Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan her bir döwlet tebigy goraghanasy we döwlet tebigy çäkli goraghanasy hakynda düzgünnamalar tassyklanyldy (1996ý.).

Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri hakyndaky kanunçylyk ýerleri, suwlary, ýer jümmüşini, tokaýlary, ösümlik dünýäsini, haýwanat dünýäsini, atmosfera howasyny goramak we olardan rejeli peýdalanmak baradaky hukuk namalarda, şeýle hem tebigy gurşawy goramak we onuň serişdelerinden peýdalanmak baradaky beýleki kanunçylykda ösdürilýär.

Türkmenistanda tebigatyň aýry-aýry böleklerini we obýektlerini döwletiň aýratyn goragy astyna almak ylymyň we tehnikanyň gazananlarynyň esasynda ykdysadyýetiň ösmeginden, jemgyýetiň ekologik we ykdysady bähbitlerini utgaşdyrmagyň, adamlaryň saglygy we dynç almagy üçin

degişli şertleri döretmegiň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köpgörnüşliligini gorap saklamagyň zerurlygyndan gelip çykýar. Tebigy gurşawyň aýry-aýry bölekleri aýratyn gorag astyna alnanda tebigatyň seýrekk duş gelýän we ajaýyp böleklerini häzirki we geljekki nesiller üçin gorap saklamak, tebigy gurşawda bolup geçýän hadysalary öwrenmek, bu gurşawy goramak we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak meseleleri boýunça ylmy-barlaglary geçirmek maksatlary hem göz öňünde tutulýar.

Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar – munuň özi ýerleriň, suwlaryň (akwatoriýalaryň) bölekleridir, ýagny tebigy toplumlary ýa-da aýry-aýry tebigy zatlary öz içine alýan hem-de özleri üçin aýratyn goramak we peýdalanmak düzgüni bellenilen tebigy gurşawyň bölekleridir. Şular ýaly aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryna ozal dörän ýa-da emeli usul bilen döredilen hem-de ekologiýa, tebigaty goraýyş, ylmy, geologiýa, taryhy-medeni, estetiki, sagaldyş taýdan aýratyn ähmiýeti bolan tebigy toplumlary we tebigy obýektleri degişli edilýär.

Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary halkara, döwlet we ýerli ähmiýetli bolup bilerler. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryny halkara, döwlet we ýerli ähmiýetli obýektlere degişli etmek Türkmenistanyň kanunçylygyna we halkara şertnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalara döwlet tebigy goraghanalary (şol sanda biosfera goraghanalary), döwlet tebigy çäkli goraghanalary, döwlet tebigy ýadygärlikleri, sagaldyş maksatlary üçin

niýetlenen tebigy meýdanlary diýen hukuk ýagdaýy bellenilýär.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň tebigaty goraýyş düzgündiniň degerli derejede bolmagyny üpjün etmek maksady bilen olaryň gorag zolaklary döredilip bilner. Gorag zolaklaryny bellemek, olaryň möçberleri we düzgüni baradaky meseleler aýratyn goralýan döwlet tebigy goraghanalarynyň döredilmegi bilen bir wagtda çözülýär. Biologiýa taýdan köpgörnüşliligi saklamak, ekologiýa taýdan deňagramlylygy saklamak we tebigy gurşawyň ýagdaýyna syn etmegi amala aşyrmak üçin niýetlenilen aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary Türkmenistanda aýratyn goralýan tebigy meýdanlaryň gaznasyny emele getirýär.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň we obýektleriň hukuk düzgüni üçin häsiýetli ýagdaý olaryň hojalyk işinden doly ýa-da bölekleýin aýrylmagydyr.

## Tema: 3. Ekologiýa hukugynyň obýektleri

### 1. Tebigy gurşaw goramagyň we peýdalanmagyň obýekti hökmünde

Daşky tebigy gurşaw diýilýän düşünje tebigat hem-de adam tebigy gurşaw baradaky düşünjelerden ybarat bolup durýar. Tebigat diýlende, milli we halkara kanunçylygyndan gelip çykyşy ýaly, tebigy gurşawa adam aňyna bagly bolmadyk hakykylyk, maddy dünýäniň öz akymyna ösüşiniň netijesi, tebigy ekologik ulgamlaryň jemi hökmünde düşünilýär. Adam töweregindäki gurşaw diýlende bolsa tebigy gurşawyň adamyň hojalyk we beýleki işiniň netijesinden özgerdilen bölegine düşünilýär.

Döwlet tarapyndan goralýan daşky tebigy gurşawyň daşarky we içerki çäkleri üçin häsiýetli alamatlar: daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna we adamyň saglygyna hojalyk we beýleki işiň täsir etmek mümkinçiligi, tebigaty goraýyş işine hukuk taýdan goşulmaga bolan hakyky mümkinçilik. Kanun tarapyndan goralýan daşky tebigy gurşawyň daşky çäkleri atmosfera we ýeriň golaýyndaky giňişlik bilen çäklendirilýär. Kosmos giňişligi hem goralmaga degişlidir. Kosmos giňişligini goramak diýlende ýeriň golaýyndaky ozon gatlagyny zyýanly kosmiki şäherlerden goramak, kosmos giňişligini hapalanmakdan goramak hem-de bu giňişligi diňe parahatçylyk maksatlary üçin peýdalanmagy üpjün etmek düşünilýär. Ýeriň golaýyndaky giňişlik Ýer bilen Kosmosyň arasynda ýylylyk alşygyny (gaty gyzan jisimlerden çala gyzan jisimlere ýylylygyň ýaýraýşyny) üpjün edýär. Şu ýylylyk alşygynyň bozulmagy Ýerden amatsyz ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirip biler.

2009-njy ýylyň 15-nji awgustyndaky kabul edilen „Ozon gatlagyny goramak hakyndaky“ kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, ozon gatlagyny goramak babatdaky işi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň esasy wezipeleri we ugurlary şu aşakdakylardyr:

1) Wena konwensiýasynyň, Monreal teswirnamasynyň we Türkmenistanyň ozon gatlagyny goramak hakyndaky beýleki halkara şertnamalarynyň hem-de ylalaşyklarynyň ýerine ýetirilmeginiň hukuk, ykdysady, guramaçylyk we tehniki taýdan üpjün edilmegi;

2) Ozon dargadyşy maddalaryň we ozon dargadyşy maddalary saklaýan önümleriň sanawlarynyň Monreal teswirnamasynyň taraplary tarapyndan kabuk edilýän we Türkmenistan tarapyndan tassyklanan üýtgetmelere laýyklykda takyklanylmagy;

3) ozon dargadyjy maddalar we olary saklaýan önümler bilen iş alyp barmaga bolan çäklendirmeleriň we gadaganlyklaryň girizilmegi;

4) Türkmenistanda ozon dargadyjy maddalar bilen iş alyp barmagyň tertibiniň bellenilmegi;

5) ozon dargadyjy maddalaryň we (ýa-da) düzüminde ozon dargadyjy maddalary bolan önümleriň eksporty, importy we öndürilişi bilen baglanyşykly işiň ygtyýarlandyrylmagy;

6) ozon gatlagyny goramak boýunça çäreleriň meliýeleşdirilmeginiň we maddy-tehniki üpjünçiliginiň guralmagy;

7) ozon gatlagyny goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň döwlet edaralary, ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan berjaý edilişine gözegçiligiň üpjün edilmegi;

8) ozon gatlagyny goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagy;

9) maglumatlary alyşmak, ozon gatlagyny goramaga gönükdirilen, ylalaşylan çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek maksady bilen halkara hyzmatdaşlygynyň amala aşyrylmagy;

10) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ozon dargadyjy maddalar bilen iş alyp barmak babatdaky maglumatyň erkin elýeterliliginiň üpjün edilmegi.

Ozon gatlagyny goramak babatdaky işiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ozon gatlagyny goramak boýunça ygtyýarly döwlet edarasy, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrýarlar.

Daşky tebigy gurşawy goramagyň içerki çäkleri kanun tarapyndan goralýan tebigy obýektleriň ýa-da olaryň toplumlaryň alamatlaryndan ugur alnyp häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin hem kanun tarapyndan goralýan ýaşaýyş tebigy gurşawyna şu aşakdakylar girmeýär: adam tarapyndan döredilen durmuş gymmatlyklary, haryt-maddy zatlar; tebigat bilen ekologik arabaglanyşykdan çykan tebigy gurşawyň bölekleri; tebigy gurşawyň jemgyýet we tebigat üçin durmuş gymmatlygy bolup durmaýan bölekleri; ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň häzirki döwründe goralmagy mümkin bolmadyk ýa-da maksada laýyk bolmadyk tebigy hadysalar we şertler. Häzirlikçe jemgyýet gün energiýasyny ynamly dolandyrmak, ýer jümmüşindäki ýagdaýlary kadalaşdyrmak, klimat serişdelerini özi üçin peýdaly ugrukdyrmak ýaly meseleleri doly çözüp bilmeýär. Emma

ylmyň we tehnikanyň mundan beýläk-de ösmegi bilen tebigy gurşawyň goralmagy degişli bölekleriniň toparlary giňeldiler.

Daşky tebigy gurşaw barada gürrüň edilende ekologik ulgamlaryň şu aşakdaky görnüşleri göz öňünde tutulýar: 1) jemgyýetiň işiniň täsirinden bellibir derejede saklanyp üýtgemedik görnüşinde galan tebigy ulgamlar; 2) jemgyýetiň ykdysady we beýleki özgerdiş işiniň netijesinde ütgedilen ekologik ulgamlar; 3) jemgyýetiň özüniň hojalyk we medeni-sagaldyş isleglerini kanagatlandyrmak üçin özgerdilen ekologik ulgamlar.

Tebigy gurşawdan önümçilik gurşawynyň tapawutlanýandygyny bellemek gerek. Olaryň ikisi üçin hem umumy ýagdaý adamyň saglygyny goramakdyr. Emma önümçilik gurşawy adamyň özi tarapyndan döredilýär, tebigy gurşaw bolsa jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygynyň netijesidir. Önümçilik gurşawynyň goralmagy zähmeti goramak hem-de tehniki howpsuzlygy we önümçilik sanitariýasyny üpjün etmek arkaly amala aşyrylýar. Şol bir wagtyň özünde tebigy gurşaw we önümçilik gurşawy özara baglanyşyklydyr hem-de käbir halatlarda biri-birine täsir edýändir.

## 2. Tebigy obýektler we olaryň görnüşleri

Adamyň ýaşaýan gurşawy durmuş we tebigy gymmatlyklardan ybarat bolup durýar. Durmuş gymmatlyklary adam zähmetiniň netijesidir, tebigy gymmatlyklar bolsa tebigatyň öz akymyna ösüşiniň önümidir. Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygynyň netijesinde döredilýän gymmatlyklar (Garagumderýa, Türkmenderýa, suw howdanlary, milli seýilgähler, tokaý zolaklary) tebigy gymmatlyklara (obýektlere) degişlidir.

Tebigy obýektler (ýer, ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy) durmuş obýektlerinde (haryt-maddy gymmatlyklardan) şu aşakdaky alamatlar bilen tapawutlanýar: tebigy gelip çykyşy, tebigatyň ekologik ulgamlary bilen özara baglanyşygy, ýaşaýyşy üpjün edýän wezipäniň ýerine ýetirilmegi.

Tebigy obýektler diýlende hereket edýän kanunçylyk tarapyndan goralýan, tebiy gelip çykyşy bolan ýa-da jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygy netijesinde döredilen, ekologik ulgamlary bilen ýakyn arabaglanyşykda durýan, ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş wezipelerini ýerine ýetirýän hem-de adamyň ýaşaýyş gurşawynyň hilini üpjün etmäge ukyby bolan daşky tebigy gurşawyň düzüm böleklerine düşünilýär. Tebigy obýektleriň alamatlary olaryň ýerine ýetirýän ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş wezipelerinde ýüze çykýar. Şunda tebigy obýketleriň tebigat bilen ýakyn arabaglanyşykda durmagyna mükinçilik berýän ýagdaý olaryň esasy wezipäni-ekologik wezipäni ýerine ýetirmegidir. Şu arabaglanyşygyň ýitirilmegi tebigy obýektleriň durmuş obýektleri toparyna geçirilmegine getirýär. Tebigy obýektleriň ekologik wezipäni ýerine ýetirmegi olaryň ykdysady we medeni-sagaldyş wezipeleriniň hem bolmagyny kesgitleýär.

Türkmenistanyň „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunynda (2-nji madda) tebigy obýektleriň sanawy berilýär. Ýer, ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi (özleriniň bütin köpdürli görnüşleri bilen), atmosfera howasy tebigy ekologik

ulgamlarynyň we biosferanyň düzümine girýän tebigy obýektler hökmünde bu sanawa girizilendir.

Ýer diýlende hukuk ähmiýeti boýunça tebigy gurşawyň hasylly toprak gatlagyny öz içine alýan üstki bölegine düşünilýär. Ýeriň ekologik wezipesi tebigy gurşawyň beýleki bölekleri bilen arabaglanyşykda durup, onuň ýagdaýyna täsir etmeginden ybaratdyr. Onuň ykdysady wezipesi – oba we tokaý hojalygynda esasy önümçilik serişdesi hökmünde, şeýle hem jaýlary we desgalary gurmak üçin orun hökmünde çykyş etmegindedir. Ýeriň medeni-sagaldyş wezipesi onda medeni-sagaldyş edaralarynyň ýerleşdirilmegi hem-de onuň kesel bejeriş, sagaldyş sypatlarynyň ulanylmagydyr. Türkmenistanda oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin niýetlenilen ýerli, aýaratyn hem suwarymly ýerler ekologik-ykdysady taýdan has gymmatly ýerler hasaplanylýar.

Türkmenistanda ýer türkmen halkynyň baýlygydyr, döwlet gorag astynda durýar, ol rejeli we netijeli peýdalanylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň territoriýasynaky ähli ýerler onuň ýer gaznasyny düzýär. Türkmenistanyň ýer gaznasy maksatly niýetlenilişine laýyklykda şu aşakdaky toparlara bölünýär:

1) oba hojalyk maksatly ýerler;
2) tokaý gaznasynyň ýerleri;
3) suw gaznasynyň ýerleri;
4) döwlet ätiýaçlyk ýerleri;
5) ilatly ýerleriň (şäherleriň, şäherçeleriň we oba ilatly ýerleriň) ýerleri;

6) senagat, ulag, aragatnaşyk, energetika, goranmak we gaýry maksatly ýerler;

7) tebigaty goraýyş, sagaldyş, dynç alyş we taryhy-medeni maksatly ýerler.

Ýerleri Türkmenistanyň ýer gaznasynyň görkezilen toparlaryna degişli etmek we olary bir topardan beýleki topara geçirmek olaryň maksatly niýetlenilişine laýyklykda Ýer kodeksine we beýleki hukuk namalarynda kesgitlenilýän tertipde geçirilýär.

Oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy, şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin hususy eýeçilige ýer bermek maksady bilen ýörite ýer gaznalary ýöredilýär. Ol gaznalary döretmek meselesine etraplaryň (şäherleriň), welaýatlaryň (Aşgabat şäheriniň) ýer meseleleri baradaky toparlarynda, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasynda we ýer meseleleri baradaky Döwlet toparynda seredilýär.

Ýörite ýer gaznalary döwletiň ätiýaçlyk ýerlerinden, daýhan birleşikleriniň, beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň, şäherleriň we şäherçeleriň ýerlerinden, şeýle hem beýleki ýerlerden peýdalanyjylaryň peýdalanýan ýerlerinden döredilýär. Ýörite ýer gaznalary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

Kanunçylyga laýyklykda suwlar diýlende Türkmenistanyň suw gaznasynyň düzümine girýän ýerüsti we ýerasty suw çeşmelerine düşünilýär. Ähli suw desgalarynyň, olaryň eýeleýän ýerlerine şol sanda suw goraýyş sebitlerine we zolaklaryna berlen ýerleriň jemi döwlet suw gaznasyny düzýär. Türkmenistanyň suw gaznasy: derýalary, suw howdanlaryny, hojalygara kanallary we zeýkeş ulgamlaryny, şeýle hem beýleki

ýerüsti howdanlary we suw akymlaryna, ýerasty suwlary Türkmenistanyň Döwlet serhediniň çäklerinde Hazar deňzini öz içine alýar. Suwlar ýerde ýaşaýyş üçin esasy şertdir, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýyş gurşawydyr, senagat we oba hojalyk önümçiliginde şert we serişde hökmünde çykyş edýär. Dynç alyş we kesel bejeriş üçin zerur şert bolup durýar.

Ähli suw serişdeleri (suw desgalary) hapalanmakdan, zibillenmekden we egsilmekden goramaga degişlidir, sebäbi şeýle edilmese suwyň fiziki, himiki, biologik aýratynlyklarynyň ütgemegi, olaryň öz-özüni arassalamak ukybynyň peselmegi suw serişdeleriniň gidrologik düzgüniniň bozulmagy netijesinde ilatyň saglygyna zyýan ýetirip biljek, şeýle hem balyk gorlarynyň azalmagy, suw üpjünçiliginiň şertleriniň ýaramazlaşmagy we daşky tebigy gurşaw üçin beýleki amatsyz hadysalar ýüze çykyp biler. Görkezilen maksatlar bilen  Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň belleýän tertibinde suw goraýyş sebitleri (zolaklary) döredilýär.

„Garagum kanalynyň ekologik we sanitariýa ýagdaýyna gowulandyrmak boýunça çäreler hakynda“ Türkmenistanyň  Hökümetiniň 1989-njy ýylyň 28-nji oktýabrynda çykaran karary bilen Garagum kanalynyň (häzir Garagumderýa) we ondaky suw howdanlarynyň suw gorag zolagy hakynda Düzgünnama tassyklanyldy. Bu zolak üç guşaklykdan durýar, onuň birinji  guşaklygynyň (berk düzgün guşaklygynyň) çägi kanalyň iki tarapynda suwuň erňeginden başlap 100 metr aralykda we suw howdanlarynda suwuň derejesi kadaly ýagdaýda bolan mahalynda suwuň ergeginden başlap 100 metr aralykda, ikinji guşaklygyň (çäklendirilen guşaklygynyň) çägi 500

metr aralykda we üçinji guşaklygyň çägi 5 km aralykda bellenildi.

Garagum kanalynyň – Garagumderýanyň we ondaky suw howdanlarynyň gorag zolagynyň birinji we ikinji guşaklyklarynyň territoriýasynyň çäklerinde guşaklyk we beýleki hojalyk işleri doly gadagan edilýär ýa-da çäklendirilýär. Üçünji guşaklygyň territoriýasynyň çäklerinde bolsa kanalyň-derýanyň we suw howdanlarynyň sanitariýa ýagdaýyna ýaramaz täsir edip bilmejek işleriň ähli görnüşleri (bellenilen tertipde hem-de döwlet sanitariýa gözegçilik edarasy, Tebigaty goramak ministrligi we Suw hojalyk ministrligi bilen ylalaşylan taslamanyň bar halatynda) geçirilip bilner.

Türkmenistanyň „Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanuna laýyklykda (1992-nji ýylyň 14-nji dekabry) laýyklykda ýer gabygynyň toprak gatlagyndan aşakda hem-de suwly ýerleriň düýbünden aşakda ýerleşip, geologiýa taýdan öwrenmek we özleşdirmek üçin elýeterli bölegi ýer jümmüşi hasaplanylýar. Ýer jümmüşiniň peýdaly bölegine bolsa ýerasty baýlyklary diýilýär.

Ýer jümmüşinden rejeli peýdalanma we goramak barada esasy talaplar bildirilýär. Olar: 1) ýer jümmüşini peýdalanmaga bermegiň bellenen tertibini berjaý etmek hem-de ýer jümmüşinden ygtyýarsyz peýdalanylmagyna ýol bermezlik; 2) ýer jümmüşini geologik taýdan öwrenmek, ulanmak we goramak baradaky kanunçylygyň talaplaryny belenen tertipde tassyklanan standartlary, kadalary berjaý etmek; 3) ýer jümmüşini geologik taýdan ozgunly öwrenmek işini geçirmek, şonuň esasynda hem ýer jümmüşinden alynýan ýerasty baýlyklaryň ätiýaçlyklaryna dogry baha berlişini, ýer jümmüşini ýerasty desgalary

wagtlaýyn ýapmak we ýatyrmak düzgünini berjaý etmek; 4) ýerasty baýlykly ýerlerde gurluşyk işleriniň alnyp barylmagynyň öňüni almak hem-de şol meýdanlary başga maksat üçin ulanylmagyň bellenen teribini berjaý etmek; 5) agyz suwy üçin ýa-da senagaty üpjün etmek üçin ulanylýan ýerasty suwyň ýataklarynda senagat we durmuş galyndylarynyň toplanmagyna ýol bermezlik.

Tokaýlar diýlende daşky tebigy guraşawyň ýagdaýyna täsir edýän, kanunda bellenen tertipde tokaý gaznasyna degişli edilen ýerlerdäki iri we gyrymsy agaçlaryň jemine düşünilýär. Ekologik ulgamlaryň toplumy hökmünde tokaýlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri: ekologik (gurşawy goraýyş, toprak goraýyş), ykdysady (agaç önümi, tehniki çig mal), medeni-sagaldyş (dynç alyş, kesel bejeriş, saglygy dikeldiş, estetik, bilim serişdesi).

Tokaýlaryň ähmiýeti göz öňünde tutulyp, olardan peýdalanýanlara tokaýlary abat saklamak we goramak boýunça degişli wezipeleri amala aşyrýarlar: ýangyna garşy göreş ulgamlaryny gurmak; ýangyn howpsuzlygy baradaky talaplaryň bozulmagynyň öňüni almak, ony ýüze çykarmak we oňa ýol bermezlik; tokaý gaznasynyň içinden ýangyn geçen territoriýasyny zerur bolan halatynda arassalamak. Tokaý gaznasynyň böleklerini ýangyndan goramak çärelerine döwlet tokaý hojalyk edaralarynyň mehanizirlenen gulluklary bellenen tertipde çekilip bilner. Kanunçylyga laýyklykda tokaý gaznasyna eýelik edýänler tokaýlaryň biologik taýdan durnuklylygyny ýokarlandyrmak, tokaýlara zyýan beriji mör-möjeklerden hem kesellerdeb goramak çärelerini geçirmelidirler. Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tebigaty goramak ministrligi, ýörite ygtyýarly edilen beýleki döwlet

edaralary tokaýlary abat saklamak we guramak çärelerini durmuşa geçirmelidirler.

„Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanuna (1993-nji ýylyň 28-nji dekabry) laýyklykda ösümlik dünýäsini şu aşakdaky obýektleri goralmaga hem netijeli peýdalanmaga degişlidirler: ýabany ösýän ösgün we gyrymsy ösümlikleriň hem-de kömelekleriň hemme görnüşi; görkezilen ýabany ösümlik organizimlerinden emele gelen tebigy ösümlik toplumlary; şol ösümlikleriň we kömelekleriň miweleri, tohumlary, olaryň aýry-aýry bölekleri hem-de beýleki öznümleri; döwlet goraghanalaryň (aw çäkli goraghanalaryndan başgasy) tebigy ýadygärlikleriniň, botanika baglarynyň territoriýasyndaky hem-de beýleki aýratyn goralýan tebigy territoriýalarda ösýän (özleriniň gelip çykyşyna nähilidigine garamazdan) ähli ösümlikler we ösümlik toplumlary.

Türkmenistanyň ösümlik dünýäsi özüniň niýetlenen maksadyna laýyklykda aşakdakylara bölünýär: oab hojalygy üçin nipetlenilen obýektleri; ösümlik dünýäsiniň suw obýektleri; ilatly ýerleriň ýerlerindäki obýektleri; tebigaty goraýyş, dynç alyş we taryhy-medeni hajatlary üçin niýetlenen obýektleri; ylmy-barlag medeni aň-bilim we terbiýeçilik hajatlary üçin niýetlenen obýektleri; ösümlik dünýäsiniň goranmak hajatlary üçin niýetlenen ýerlerdäki obýektleri; senagat, ulag, aragatnaşyk we gaýry kommunikasiýalar ýerleşýän ýerlerindäki obýektleri ätiýaçlyk ýerlerdäki obýektleri.

2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen „Ösümlikleriň karantini hakyndaky“ kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, şu babatdaky esasy wezipeler şu aşakdakylar:

1) Türkmenistanyň çäklerini onuň daşyndan halk hojalygyny uly ykdysady ýitgi getirip biljek karantin we beýleki howply zyýan berijileriň, ösümlikleriň keselleriniň we haşal otlaryň geçmeginden goramak; 2) Türkmenistanyň çäklerinde karantin we beýleki howply zyýan ýetirijileri, ösümlikleriň kesellerini we haşal otlary öz wagtynda ýüze çykarmak, olary çäklendirmek we ýok etmek; şonuň ýaly-da olaryň bolmadyk ýerlerine ýaýramagynyň öňüni almak; 3) ösümlikleriň karantini babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň hem-de bellenen düzgünleriň we kadalaryň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak; 4) oba hojalyk we ösümlikden alynýan beýleki önümler ödürilende, taýýarlanylanda, daşalanda, saklananda, gaýtadan işlenende, ýerlenende we ulanylanda ösümlikleriň karantini boýunça çäreleri görmek.

Haýwanat dünýäsi tebigy erkinlik ýagdaýynda bolan ýerüsti we suw haýwanlarynyň hemme görnüşlerini öz içine alýar. Onuň ekologik wezipesi ekologik ulgamlaryň düzüm bölegi hökmünde çykyş etmegindedir hem-de topragyň gurluşyna we hasyllylygyna, ösümlik dünýäsiniň degişli görnüşine gelmegine, suwuň biologik häsiýetine, tutuşlaýyn tebigy gurşawyň hiline düýpli täsir etmegindedir. Onuň ykdysady wezipesi tebigy serişde hökmünde senagat we dermanlyk çig-mal, azyk önümlerini hem-de ilatyň, ykdysadyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan beýleki maddy gymmatlyklary almagyň çeşmesi bolup hyzmat etmegindedir. Haýwanat dünýäsiniň medeni-sagaldyş wezipesi haýwanlaryň käbir görnüşleriniň ylmy, medeni, estetik, terbiýeçilik we kesel bejeriş maksatlary üçin ulanylmagyndan ybaratdyr.

Haýwanat dünýäsiniň ýaşaýyş gurşawyna we ýagdaýyna täsir edip biljek çäreleri amala aşyrylanda esasy talaplaryň berjaý edilmegi üpjün edilmelidir. Ol talaplar: haýwanlaryň tebigy bileleşikleriniň bitewiligini saklamak; tebigy erkinlik ýagdaýynda haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny, köpeliş şertlerini we migrasiýa ýollaryny goramak we saklamak, haýwanat dünýäsini ylmy taýdan barlamak, rejeli peýdalanmak we üznüksiz köpeltmek; ilatyň saglygyny goramak, oba hojalyk we öý haýwanlarynyň kesellerinden goranmak, halk hojalygyna zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen, haýwanlaryň sanyny düzgünleşdirmek.

Atmosfera howasy daşky tebigy gurşawyň ýaşaýyş üçin esasy möhüm şerti bolup durýar. Ol biologik, önümçilik, ulag wezipelerini ýerine ýetirýär hem-de adamlaryň saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýşa ukyplylygyna, klimat serişdelerine, şeýle hemm maddy gymmatlyklaryň ýagdaýyna aýgytly täsir edýär.

Atmosfera howasyny goramak hakyndaky kanunda (1996-njy ýylyň dekabr aýynyň 20-si) ony goramak babatdaky döwlet işiniň esasy ugurlary kesgitlenilýär. Ol ugurlar: atmosfera howasyna zyýanly himiki, biologik, radiasion, fiziki we beýleki zyýanly täsir edilmeginiň öňüni almak, azaltmak we togtatmak, şeýle hem atmosfera howasyna parnik gazlarynyň täsiriniň öňüni almak; önümçilik zerurlyklary üçin atmosfera howasyny rejeli peýdalanmak we onuň tebigy düzümini dikeltmek üçin çäreleri amala aşyrmak; atmosfera howasyny goramak boýunça çäreler amala aşyrylanda topragyň, suwuň we beýleki tebigy obýektleriň hapalanmagyna ýol bermezlik; howany goramagyň, jemgyýetiň ykdysady we sosial

bähbitlerini utgaşdyrmagyň ylmy taýdan esaslandyrylmagy; ykdysady bähbitleriň öňünde atmosfera howasyny goramagyň ileri tutulýan ugur hökmünde üpjün edilmegi; atmosfera goýberilýän zyýanly zyňyndylaryň we hojalygy ýöredýän subýektleriň atmosfera howasyny peýdalanmaklarynyň daşky tebigy gurşawa täsirine hemmetaraplaýyn baha bermek; atmosfera howasyny goramagy we rejeli peýdalanmagy höweslendirmek.

Ilatyň we daşky tebigy gurşawyň radiasiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen „Radiasiýa howpsuzlygy hakyndaky“ kanunda (2009-njy ýylyň 15-nji awgusty) bu howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy ýörelgeleri kesgitlenedir. Olar: kadalaşdyryş ýörelgesi – adamlaryň ionlaşdyryjy şöhle saçmanyň ähli çeşmelerinden şöhlelenmesiniň bir adama düşýän mukdarynyň ýol berilýän çäklerinden ýokary geçirilmezligi; esaslandyryş ýörelge – ionlaşdyryjy şöhle saçmanyň çeşmeleriniň ulanylmagy boýunça adam we jemgyýet üçin getorýän peýdasy tebigy radiasiýa fonuna goşmaça şöhlelenmäniň ýetirip biljek zyýanynyň töwekgelçiliginden geçmeýän işleriň ähli görnüşleriniň gadagan edilmegi; gowulandyryş ýörelgesi - ionlaşdyryjy şöhle saçmanyň çeşmeleriniň islendigi ulanylan mahalynda şöhläniň bir adama düşýän mukdarynyň ykdysady we sosial sebäpleriniň hem-de şöhelelenmä sezewar bolýan adamlaryň sanynyň göz öňünde tutulmagy bilen mümkin bolan iň pes we ýetip bolpan derejesinde saklanylmagy; heläkçilik bolanda gowulandyryş ýörelgesi – heläkçilige uçralan ýagdaýda zyýanyň deregine köp peýda getirer ýaly kabul edilýän gowulandyryş çäreleri.

## 3.Tebigy toplumlar we tebigy serişdeler

Tebigy toplum kanun tarapyndan goralýan tebigy gurşawyň düzüm bölegidir, ýagny ýer , suw, tokaý , ýer jümmüşi giňişliginiň bölegidir. Ol hojalyk işiniň we beýleki işiň zyýanly täsirinden goramak maksady bilen döwlet tarpyndan aýrybaşgalanan tebigy obýektleriň we ulagmalarynyň jemini öz içine alýar. Tebigy gurşawyň islendik bölegi belli bir tebigy toplum bolup durýar. Emma olaryň kanun tarapyndan özbaşdak goralýan toparlaryna diňe ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan ýörite kararyň kabul edilenleri girýär.

„Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda (1991-nji ýylyň 12-nji noýabry) hem-de „Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky“ kanun (1992-nji ýylyň 19-njy maýy) göz öňünde tutulyşy ýaly tebigatyň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky bölekleri häzirki we geljekki nesiller üçin gorap saklamak maksady bilen döwletiň aýratyn goragy astyna alynýar hem-de tebigy goraghanalary, tebigy çäkli goraghanalary, tebigy ýadygärlikleri, milli taryhy-tebigy we memorial sýilgähleri diýlip yglan edilýär.

Görkezilen tebigy toplumlar özleriniň hukuk düzgüni boýunça hojalyk işinden we beýleki işden doly ýa-da bölekleýin aýrylmaga degişlidir. Tebigy toplumlary goramak Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygyň tebigy gurşawy goramak meselelerine toplumlaýyn çemeleşmeginiň esasy ugurlarynyň biridir. Beýleki şular ýaly ugur goralýan tebigy obýektleriň öz arasyndaky hem-de degişli ýerlerde hojalyk ösüşi bilen özara baglanyşygynyň hasabynyň alnyp barylmagydyr.

Türkmenistanyň kanunçylygy tebigy toplumlary we obýektleri hojalyk işiniň we beýleki işiň zyýanly täsirinden goramak bilen bir hatarda tebigy gurşawyň beýleki obýektleriniň zyýanly täsirinden goramagy hem göz öňünde tutýar. Mysa üçin, ýerler suw we ýel eroziýasyndan, tokaýlar-ýabany haýwanlardan (eger-de olaryň sany bellenen çäklerden geçse), suwlar-kenarlary ýykylan halatlarda ýalpaklanmakdan goralýar. Şol bir wagtyň özünde bir tebigy obýekti goramak diňe beýleki bir tebigy obýekti goramak maksady bilen hem amala aşyrylyp bilner. Mysal üçin, tokaýlaryň tutýan ýerlerini goramak, suw ýataklaryny ýalpaklanmakdan we egsilemekden goramak maksady bilen derýalaryň (suw çeşmeleriniň) kenarlarynda ýerleşen tokaýlary goramak.

Tebigy baýlyklary goramak we olardan rejeli peýdalanmak bähbitlerinden ugur alnyp, tebigy guraşwyň we hojalyk ösüşiniň özara baglanyşygynyň hasabyny alyp barmak etrabyň, şäheriň, welaýatyň Türkmenistanyň tebigaty goramak baradaky toplumlaýyn ülňüleriniň easynda amala aşyrylýar.

Tebigy toplumlar bolan döwlet tebigy goraghanalarynyň, çäkli goraghanalarynyň beýleki aýratyn goralýan territoriýalaryň hukuk düzgüni „Tebigaty goramak hakyndaky“, „Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky“ kanunlara laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky **B**uýrugy bilen tassyklanan döwlet tebigy goraghanalary, döwlet tebigy çäkli goraghanalary, döwlet tebigy ýadygärlikleri hakyndaky mysaly düzgünnamalar hem-de Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan 1996-njy ýylda tassyklanan her bir döwlet

tebigy goraghanasy we her bir döwlet tebigy çäkli goraghanasy hakyndaky düzgünnamalar bilen kadalaşdyrylýar.

Tebigy obýektlerden peýdalanylanda jemgyýetiň aýry-aýry isleglerini kanagatlandyrmak üçin olardan belli bir jisimler alynýar ýa-da olaryň belli bir peýdaly sypatlary ulanylýar. Jemgyýetiň ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş isleglerini kanagatlandyrmak üçin tebigy obýektlerden alynýan jisimlere hem-de şol obýektleriň peýdaly sypatlaryna tebigy serişdeler diýilýär. Ýurtdaky ähli tebigy serişdeleriň jemi bolsa Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryny düzýär.

Kanagatlandyrýan isleglerine baglylykda tebigy serişdeleriň tapawutlandyrylýan görnüşleri: ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş. Türkmenistanyň tebigaty goraýyş we tebigy serişdeler kanunçylygy tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy kadalaşdyranda ilki bilen tebugy gurşawyň ykdysady serişdelerini göz öňünde tutýar. Bu serişdeler maddy önümçiligiň çeşmeleri hem-de jemgyýetiň ykdysady bähbitlerini kanagatlandyrmagyň serişdesi hökmünde çykyş edýärler. Şular ýaly serişdeler: ýer serişdeleri, ýer jümmüşiniň serişdeleri (şol sanda uglewodorod serişdeleri), suw serişdeleri, tokaý we ösümlik dünýäsiniň serişdeleri, haýwanat dünýäsiniň serişdeleri (şol sanda aw we balyk hojalyk serişdeleri).

Hukuk nuktaý nazaryndan tebigy serişdeleri şu aşakdaky toparalar bölmegiň ähmiýeti bardyr: tükenýän we tükenmeýän, dikeldilip bilinýän we dikeldilip bilinmeýän tükenýän tebigy serişdelere tokaýlar, ösümlik dünýäsiniň serişdeleri, ýer, suw, mineral, haýwanat dünýäsiniň serişdeleri degişlidir. Bu serişdeler ulanyldygyça azalmaga

hem-de ýok bolup gitmäge ukyplydyr. Şonuň üçin hem tebigatdan peýdalanyjylaryň esasy borjy görkezilen tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmakdyr. Tükenmeýän tebigy serişdelere gün, klimat, energetik, geotermal serişdelerini degişli etmek bolar. Olar hakykatda tükenmeýän serişdelerdir.

Tebigatdan peýdalanyjylaryň tebigy serişdeleri yzygiderli dikeltmek borjuny kadalaşdyrmakda bu serişdeleri dikeldilýän we dikeldilip bilinmeýän toparlara bölmegiň ähmiýeti bardyr. Dikeldilmegi mümkin bolan tebigy serişdelere tokaýlaryň we ösümlik dünýäsiniň, haýwanat dünýäsiniň (şol sanda balyk ätiýaçlyklary) serişdeleri degişlidir. Dikeldilmegi mümkin bolmadyk tebigy serişdelere mineral we suw serişdelerini degişli etmek bolar. Tebigy serişdeleriň ýene-de bir toparyny tapawutlandyrmak bolar, ýagny her-hili hem bolsa dikeldilmegi mümkin bolan serişdeler. Olara toprak we süýji suw serişdelerini degişli etmek bolar. Mysal üçin, deňiz suwuny arassalamak ýoly bilen süýji suw ätiýaçlyklaryny almak mümkin. Şu babatda Türkmenistanda degişli işler eýýäm geçirilýär. Toprak hem her-hili bolsa-da, dikeldilip bilinýän tebigy serişdedir.

Tebigy obýektler bilen tebigy serişdeleriň özara gatnaşygynyň hem ähmiýeti bardyr. Käbir tebigy obýektde iki ýa-da ondan hem köp tebigy serişdeler bolup biler. Mysal üçin, tokaý we ösümlik dünýäsi tebigy obýektler hökmünde tebigy serişdeleriň aýry-aýry görnüşlerini (agaç, tokaý materiallary, ot-iým meýdanlary, kömelekler, miweler, ir-iýmişler, derman otlary, tehniki çig mal, haýwanat dünýäsi, kislorod) jemlerini düzýärler. Tokaý we ösümlik dünýäsiniň görkezilen görnüşleriniň her biri

peýdalanylanda (sarp edilende) şol tebigy obýektleriň ýagdaýyna täsir edýär. Mysal üçin, agaçlary çapmak tokaýlaryň we ösümlik düňýäsiniň tebigy gurşawy goraýyş sypatlaryny azaldýar. Tokaý we ösümlik dünýäsiniň serişdelerinden rejeli peýdalanmak tebigy obýektler hökmünde tokaýlary we ösümlik düňýäsini goramaga ýardam edýär.

Türkmenistanda tebigy serişdeleriň hukuk düzgüni, umumy kada hökmünde, tebigy obýektleriň hukuk düzgünini kadalaşdyrýan kanunçylyk namalarynda düzgünleşdirilýär. Şular ýaly namalara Ýer kodeksi, Suw kodeksi, Tokaý kodeksi, Ýer jümmüşi hakyndaky kanun, Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun, Haywanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun degişlidir. Şol bir wagtyň özünde käbir tebigy serişdeler bilen baglanyşykly gatnaşyklar ýörite hukuk namalarynda kadalaşdyrylýar. Şular ýaly kanunçylyk namalara „Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ kanuny (2008-nji ýylyň 20-nji awgusty), „Aw awlamak we aw hojalygy ýöretmek hakyndaky“ kanuny (1998-nji ýylyň 15-nji sentýabry) degişli etmek bolar.

### 4. Raýatlaryň amatly tebigy gurşawa bolan hukugy

Tebigy gurşawyň düzüm bölegi bolan adam, onuň hukuklary we bähbitleri, ýagny ekologik hukuklary we bähbitleri, goralmaga degişlidir. Türkmenistanyň raýatlarynyň ekologik hukuklary diýlende, olaryň ýaşaýyş üçin arassa, sagdyn, amatly tebigy gurşawa bolan hukugy hem-de özleriniň ykdysady, estetik, ruhy islegleri üçin ony peýdalanmaga bolan hukugy düşünilýär. Raýatlaryň tebigy hukuklarynyň şol sanda ekologik hukuklarynyň döwlet

tarapyndan goralýandygy Türkmenistanyň Konstitusiýasynda göz öňünde tutulýar (3-nji madda).

Raýatlaryň ýaşaýşa we saglyga bolan hukugy eldegrilmesiz tebigy hukukdyr. Raýatlaryň ekologik hukuklaryna ýaşaýyş üçin arassa, sagdyn we amatly daşky tebigy gurşawa bolan hukuk bilen bir hatarda hojalyk işiniň netijesinde daşky gurşawyň amatsyz täsirinden olaryň saglygyny goramak hukugy hem degişlidir.

Görkezilen ekologik hukuklar Adam hukuklary hakyndaky ähliumumy Jarnamada (1948 ý.), Birleşen Milletler Guramasynyň töwerekdäki gurşaw we durnukly ösüş baradaky halkara konferensiýasynda (1992 ý.) göz öňünde tutulan hem-de Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen mizemez hukuklardyr.

Raýatlaryň ekologik hukuklary bilen baglanyşykly esasy meseleleri düzgünleşdirýän kadalar Türkmenistanyň „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunynda (1991 ý.). Sanitariýa kodeksinde (2009 ý.), Raýat kodeksinde (1998 ý.) hem jemlenendir. Kanunçylyga laýyklykda hukuk bozulma netijesinde raýatyň saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidir.

Ekologik hukuklary üpjün etmegiň kepilleri „ Tebigaty goramak hakyndaky“ Kanunda (27-nji madda) göz öňünde tutulandyr. Şeýle hem bu hukuklar daşky gurşawyň hilini kada salmagyň ulgamy (tebigy gurşawa we adama edilýän täsiriň aňryçäginiň görkezijilerini bellemek), şu babatda bellenilýän kadalaryň çäkleriň ýerine ýetirilişine döwlet ekologik ekspertizasy we döwlet ekologik gözegçiligi, tebigaty goramagy ykdysady taýdan höweslendirmek ekologik hukuk bozulmalary üçin dolandyryş we beýleki hukuk jogapkärçilik çäreleri bilen kepillendirilýär.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, raýatlara tebigaty goramak babatda giň hukuklar berilýär, hususan: tebigaty goramak baradaky jemgyýetçilik guramalaryna birleşmek; kanunçykaryjylyk we beýleki namalaryň ähli halkyň ara alyp maslahatlaşmagyna hödürlenen taslamalaryny ara alyp masalahatlaşmaga gatnaşmak, tebigaty goramak meseleleri boýunça hatlar, şikaýatlar we arzalar bilen ýüzlenmek; tebigy gurşawyň ýagdaýy we ony goramak boýunça çäreler hakynda gereke wagtynda we dogruçyl habar berilmegini talap etmek we almak; amala aşyrylmagy tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmaga gönükdirilen kararlary işläp taýyarlamaga we jemgyýetçilik ekologik ekspertiza geçirmäge gatnaşmak; ekologiýa taýdan zyýanly desgalary ýerleşdirmek, taslamak, gurmak, durkuny täzelemek, ulanmak barada, tebigy gurşawa we adamyň saglygyna zyýanly täsir edýän edara görnüşindäki taraplaryň işini çäklendirmek, wagtlaýyn duruzmak, bes etmek barada tekliplerini girizmek; tebigy gurşawa amatly täsir etmek netijesinde öz saglygyna we emlägine ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmak barada edara görnüşindäki taraplara we raýatlara kazyýetde hak islegini bildirmek we beýlekiler.

Türkmenistanyň kanunçylygyndan gelip çykyşy ýaly, raýatlaryň ekologik hukuklarynyň amala aşyrylmagy olaryň daşky tebigy gurşawy goramak baradaky borçlarynyň, ekologik hukuk namalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen utgaşdyrylmalydyr.

Hojalyk işiniň we beýleki işiň daşky tebigy gurşawa edýän täsiriniň ýol berilýän aňryçäginiň görkezijileriniň ulgamyny bellemek işine bu gurşawyň hilini kada salmak diýilýär. Tebigatyň hilini kada salmagyň ulgamy tebigy

gurşawy hapalaýjy maddalary taşlamagyň we onda olaryň jemlenmeginiň aňryçäk ýol berilýän görkezijilerini hem-de tebigy gurşawa zyýanly fiziki täsirleriň we radiasion täsiriň aňryçäk ýol berilýän derejeerini kesgitleýän görkezijileri öz içine alýar. Bu ulgamyň düzümine döwlet, ýerli, pudaklaýyn talaplar, şeýle hem kärhanalar tarapyndan bellenilýän talaplar girýär. Tebigaty goramak babatdaky görkezilen talaplar Türkmenistanyň gatnaşýan halkara konwensiýalaryna we ylalalşyklaryna, degişli ölçeglere, ylmyň we tahnikanyň gazananlaryna laýyk gelmelidir.

Daşky tebigy gurşawyň hilini kada salmagyň görkezijileriniň görnüşleri: sanitariýa-gigiýena, önümçilik-hojalyk, toplumlaýyn görkezijiler. Sanitariýa-gigiýena görkezijilere şu aşakdakylar degişlidir: hapalaýjy maddalaryň (himiki, biologik, fiziki täsir ediş we beýlekiler) tebigy gurşawda jemlenmeginiň ýol berilýän aňryçägini kesgitleýän görkezijiler; sanitariýa, gorag zolaklarynyň görkezijileri; radasion täsir etmegiň ýol berilýän aňryçägini kesgitleýän görkezijiler. Bu görkezijileri bellemekde maksat adamyň saglygyny goramak üçin tebigy gurşawyň hil görkezijilerini kesgitlemekdir.

Tewbigy gurşawy goramak babatda bellenilýän önümçilik-hojalyk görkezijilerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar: hapalaýjy maddalary tebigy gurşawa taşlamagyň (dökmegiň) ýol berilýän aňryçägini kesgitleýän görkezijiler. Bu görkezijiler hapalaýjy maddalaryň çeşmeleri, ýagny gozgalmaýan (kärhanalar we desgalar) hem-de göçme (ulag serişdeleri) çeşmeler babatda bellenilýär. Şunda maksat tebigy gurşawy we adamyň saglygyny goramakdyr. Tebigaty goramak babatda

toplumlaýyn görkezijiler üçin tebigy gurşawa taşlanylýan we onda jemlenýän hapalaýjy maddalaryň ýol berilýän aňryçägini kesgitleýän görkezijileriň hem-de sanitariýa we gorag zolaklary babatdaky görkezijileriň alamatlary mahsusdyr.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşky tebigy gurşawyň hilini kada salmak, şu babatda degişli görkezijileri kesgitlemek Tebigaty goramak ministrliginiň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gullugynyň hem-de beýleki ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlygyna degişlidir.

Tebigy gurşawy goramak baradaky görkezilen talaplar ýerine ýetirilmese, hapalaýjy maddalar taşlansa (dökülse) ýa-da tebigata zyýanly täsirleriň beýleki görnüşleri edilse, tebigaty goraýyş döwlet edaralarynyň, sanitariýa gözegçiligi we ýer jümmüşi bilen baglanyşykly işleriň howpsuz alnyp barlyşyna gözegçilik edýän edaralaryň hem-de beýleki ýörite ygtyýarly edaralarynyň çözgütleri bilen ýa-da olaryň teklibi boýunça ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kararlary bilen kanunçylykda bellenilen tertipde kärhanalaryň, edaralarynyň we guramalaryň işi çäklendirilip, duruzylyp ýa-da bes edilip bilner. Şunda bozulmalar aradan aýrylýança gadagan edilen işleri maliýeleşdirmek hem bes edilýär.

# Tema: 4. Tebigy obýektlere we serişdelere eýeçilik hukugy.

## 1. Tebigy obýektlere we serişdelere eýeçilik hukugy barada düşünje.

Tebigy obýektlere (ýerlere, ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine) eýeçilik hukugy diýlende olara eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek boýunça şol serişdeleriň eýeleriniň kanunçylykda göz öňünde tutulan hukuklarynyň jemine düşünilýär.

Öňki SSSR-iň dowam eden hem-de onuň düzümine Türkmenistanyň Respublika hökmünde giren ýyllarynda görkezilen tebigy baýlyklara soýuz döwletiniň aýratyn eýeçilik hukugy bellenilipdi. Ilkinji gezek "Türkmenistan SSR-inde eýeçilik hakyndaky" kanunda (1990-njy ýylyň 12-nji oktýabry), "Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlygy hakyndaky" Jarnamada (1990-njy ýylyň 22-nji awgusty), Konstitusion kanunda (1991-nji ýylyň 27-nji oktýabry) bu tebigy baýlyklaryň Türkmenistanyň halkynyň, ýagny döwletiň eýeçiliginde durýandygy göz öňünde tutuldy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda (9-njy madda) möhüm tebigy baýlyk bolan ýere eýeçiligiň köpdürlüligi bellenildi. Soňra bu düzgünler "Eýeçilik hakyndaky" kanunda (1993-nji ýylyň 1-nji oktýabry), Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 2-nji fewralyndaky "Türkmenisanda ýere eýelik etmek we ondan peýdalanmak

hukugy hakyndaky” permanynda we beýleki hukuk namalarda ösdürildi. Häzirki wagtda ýere eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly meseleler 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen we şol ýylyň 1-nji noýabryndan güýje giren Ýer kodeksinde kadalaşdyrlýar.

Türkmenistan Garaşsyz bolmagy bilen beýleki tebigy baýlyklara (ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine) diňe döwlet eýeçiliginiň berilýändigi “Eýeçilik hakyndaky” kanundan (1993-nji ýyl.), “Ýer jümmüşi hakyndaky” kanundan (1992-nji ýylyň 14-nji dekabry), Tokaý kodeksinden (1993-nji ýylyň 12-nji apreli), “Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky” kanundan (1993-nji ýylyň 28-nji dekabry), “Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky” kanundan (1997-nji ýylyň 12-nji iýuny) gelip çykýar. “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” kanun (2008-nji ýylyň 20-nji awgusty) bu serişdelere döwletiň aýratyn eýeçiligini belleýär. Atmosfera howasy üçin bolsa fiziki we beýleki özboluşlyklar mahsusdyr. Ol eýeçilik hukugynda bolup bilmeýän tebigy obýektdir. Atmosfera howasyna eýelik etmek, ygtyýar etmek mümkin däl, ol diňe goralmaga we peýdalanmaga degişli tebigy baýlykdyr.

Tebigy obýektlere eýeçilik hukugynyň mazmuny şu baýlyklar babatdaky hukuklaryň üçüsiniň (eýelik etmek, peýdalanmak, ygtyýar etmek) jemidir. Şunda eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde eýelik etmek hukugy diýlende tebigy serişdä eýelik etmäge bolan kanunçylykda göz öňünde tutulan mümkinçilige düşünilýär. Peýdalanmak hukugy (eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde) tebigy baýlykdan peýdalanmaga bolan kanunda göz öňünde

tutulan mümkinçilikdir. Şu manyda ygtyýar etmek hukugy tebigy serişdäniň hukuk taýdan ykbalyny çözmäge bolan mümkinçilik bolup durýar. Görkezilen hukuklaryň (eýelik etmek, peýdalanmak, ygtyýar etmek) jemi tebigy baýlyklara eýeçilik hukugynyň mazmunyny düzýär.

Tebigy obýektlere eýeçilik hukugynyň eýeleri hökmünde ýer babatda Türkmenistanyň raýatlary we döwlet, beýleki tebigy baýlyklar babatda bolsa diňe Türkmenistan döwleti çykyş edýär. Bu hukugyň obýekti hökmünde bolsa ýer gaznasynyň aýry-aýry bölekleri, suw gaznasy, tokaý gaznasy we beýleki tebigy baýlyklaryň gaznasy çykyş edýär. Tebigy serişdelere eýeçilik hukugy amala aşyrylanda daşky tebigy gurşawa zyýan ýetirilmeli däldir. Bu hukuk döwlet tarapyndan kanunçylykda bellenen tertipde goralýar, bozulan hukuk bolsa dikeldilmäge degişlidir.

Tebigy obýektlere eýeçilik hukugynyň özboluşly aýratynlyklary bar. Türkmenistan öz çäklerinde ýere we beýleki tebigy obýektlere eýelik etmegi, peýdalanmagy we ygtyýar etmegi amala aşyrýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda göz öňünde tutulyşy ýaly (9-njy madda), Türkmenistanyň raýatlaryna, raýatlaryň birleşiklerine we döwlete ýer eýeçilik hukugyna berlip bilner. Ýeri bermegiň tertibi we şertleri Ýer kodeksinde we Türkmenistanyň beýleki kanunçylygynda kesgitlenilýär. Suwlar, ýer jümmüşi, tokaýlar, ösümlik dünýäsi bolsa peýdalanmak hukugyna berilýär. Türkmenistanyň we onuň bilen çäkdeş döwletleriň çäklerinde ýerleşýän suw obýektlerinden peýdalanmak we olara ygtyýar etmek Türkmenistan bilen şol döwletleriň arasynda baglaşylýan şertnamalar boýunça amala aşyrylýar. 1990-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda kabul

edilen "Türkmenistan SSR-nde eýeçilik hakyndaky" kanunda ýeriň we ýer jümmüşiniň, suwlaryň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň Türkmenistanyň halkynyň bölünmez baýlygydygy barada düzgünler berkidildi, ýagny onuň görkezilen tebigy serişdelere eýelik edýändigi, ondan peýdalanýandygy we oňa erk edýändigi göz öňünde tutuldy. Türkmenistan respublikasynyň we beýleki respublikalaryň territoriýasyndaky suwlardan we beýleki tebigy serişdelerden peýdalanmak hem-de şolara erk etmek işi olaryň biri-biri bilen ylalaşmagy esasynda, zerur bolan halatlarda bolsa SSSR-iň gatnaşmagynda amala aşyrylýar diýlip bellenildi. Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlygy hakyndaky Jarnama (1990-njy ýylyň 22-nji awgusty) Türkmenistanyň territoriýasynyň we deňizdäki ykdysady zolagynyň çäklerindäki ýer, ýer jümmüşi, suwlar we beýleki tebigy baýlyklar türkmen halkynyň eýeçiligindäki milli genji hazynadyr we olar Respublikanyň özygtyýarlylygynyň maddy esasy bolup hyzmat edýär diýlip bellenildi. Bu hazyna-baýlyga eýelik etmäge, olardan peýdalanmaga we olara ygtyýar etmäge diňe Türkmenistanyň hukugynyň bardygy göz öňünde tutuldy.

Respublikanyň terrritoriýasynda beýleki respublikalaryň, daşary ýurt döwletleriniň we olaryň raýatlarynyň eýeçiligine degişli obýektleriň döredilmegi, ýerleşdirilmegi we işlemeginiň tertibi Türkmenistanyň kanunlary arkaly düzgünleşdirilýär, dilip bellenildi.

"Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky" konstitusion kanuna (1991-nji ýylyň 27-nji oktýabry) laýyklykda Türkmenistanyň territoriýasyndaky ýer, ýerasty baýlyklar hem-de beýleki tebigy serişdeler we deňiz ykdysady zolagy halkyň milli

baýlygy we eýeçiligi bolup, Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň maddy esasy bolup hyzmat edýär.

Türkmenistan ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmegi amala aşyrýar. Döwlet eýeçiligine bolan hukugyň her hili görnüşlerini ykrar edýär we olary deň derejede goraýar.

Döwletiň aýratyn ýagdaýy oňa diňe bir anyk hukuk gatnaşyklaryna girmäge däl, eýsem oňa emläk (şol sanda tebigy baýlyklaryň) eýesi hökmünde özi üçin degişli kadalary bellemäge mümkinçilik berýär. Türkmenistan döwletiniň eýeçilik hukugynyň subýekti hökmünde 1-nji aýratynlyk alamaty şundan ybaratdyr.

Türkmenistan döwletiniň beýleki aýratynlyk alamaty onuň jemagat häsiýetde bolmagydyr. Bu alamatlaryň mazmuny şundan ybarat, ýagny döwletiň emlägi (şol sanda tebigy baýlyklar) bir şahsa, hatda birnäçe şahsa hem degişli däl. Ol emläk döwletiň çäklerinde ýaşaýan halka degişlidir. Eýeçilik hukuk gatnaşyklarynda (şol sanda tebigy obýektler babatdaky gatnaşyklarda) döwlet diňe halkyň adyndan çykyş edýär. Şonuň üçin hem döwlet emlägi tutuşlygyna halkyň bähbitleri üçin peýdalanylmalydyr.

Döwlet eýeçilik hukugynyň obýektleri babatda kanunçylyga laýyklykda islendik emlägiň eýesi bolup biler. Bu hukugyň has möhüm obýektlerine ýer we beýleki tebigy obýektler degişlidir. Konstitusiýanyň 9-njy maddasynda bellenilişi ýaly eýeçilik eldegrilmesizdir. Türkmenistanda önümçilik serişdelerine, ýere, ebýleki maddy hem ruhy gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugy ýöreýär. Olar raýatlaryň birleşiklerine we döwlete hem degişli bolup biler. Diňe döwletiň eýeçiligi bolup durýan zatlar kanun esasynda bellenilýär. Döwlet eýeçiligiň ähli görnüşlerini

ösdürmek üçin olary deň derejede goraýar, olar üçin deň şertler döredýär.

## 2. Ýere eýeçilik hukugy we onuň görnüşleri.

Hususy eýeçiligiň gelip çykyşyny filosofiýa hukuk taýdan esaslandyran ilkinji klassik iňlis filosofy we ykdysadyýetçisi Džon Lokk bolupdyr. Ol özüniň “döwlet dolandyryjjysy” diýen işinde (1690 ý.) şeýle diýip görkezýär, ýagny hususy eýeçilik adamyň öz boluşyna esaslanýar. Lokkyň pikiri boýunça döwlet hususy eýeçilik hukugyny döretmeýär, emele getirmeýär. Döwlet diňe bir bu hukugy kadalaşdyrýar hem-de ony her hili hyýanatçylyklardan goraýar. Bu teoriýa tebigy hukuklar teoriýasy hökmünde dünýäde hasap edildi. Bu teoriýa möhüm syýasy-hukuk resmi namalaryň esasyny tutdy.

Adamyň we raýatyň tebigy hukugy hökmünde eýeçilik hukugy teoriýasy Türkmenistanyň hereket edýän Kosntitusiýasyna öz beýanyny tapýar. Konstitusiýanyň 18-nji maddasyna laýyklykda adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz. Her bir adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary kepillendirilýär. Adamyň we raýatyň hususy eýeçilik hukugy esasy hukuklara degişli edilýär. Ýer eýeleriniň ýere eýelik etmek, ondan peýdalanmak hem-de oňa ygtyýar etmek baradaky hukuklarynyň jemine ýere eýeçilik hukugy diýilýär. Adamyň ýaşaýşynyň we işiniň esasy hökmünde çykyş edýän ýer eýeçilik hukugynda bolup bilýän tebigy obýektdir. Bu eýeçilik bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, “Eýeçilik hakyndaky”

kanunda, Ýer hakyndaky kodeksde we beýleki hukuk namalarda bellenilýär. Ýere eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan goralýar. Eýeçilik hukugy eldegrilmesizdir (Konstitusiýanyň 9-njy maddasy). Bu hukugy bozujylar barada döwlet mejbur ediş çäreleri ulanylýar.

Türkmenistanda ýere eýeçilik hukugy çäklendirilmedik däldir. Döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerinden ugur alnyp, ol çäklendirilip bilner. Bu hukuk babatda çäklendirmeleriň bellenilmegi ýerleriň çäkliligi hem-de olaryň hojalyk işinde we beýleki işde başga obýekt bilen çalşyrylyp bilinmeýänligi bilen baglanyşyklydyr. Kanunçylyga laýyklykda ýeri satmak-satyn almak, peşgeş bermek, çalyşmak, girew goýmak, eýeçiliksiz peýdalanmak we beýleki käbir hereketler gadagan edilýär.

Ýere eýeçiligiň köpdürlüligi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilýär (raýatlaryň eýeçiligi, döwlet eýeçiligi). Raýatlaryň hususy eýeçiligine berilmeli ýerleriň görnüşleri hem-de olary bermegiň tertibi we şertleri Ýer kodeksinde (2004ý.) kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň hususy eýeçiligine berilýän ýerler: oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin (mellek ýerleri), şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin; oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin (Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň öň uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanylýan ýerlerinden). Raýatlaryň eýeçiligine berlen ýerlerden başga ähli ýerler döwletiň eýeçiliginde durýar.

Raýatlaryň hususy eýeçiligine şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak, özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa

hyzmat etmek üçin berlen ýer böleklerini satmak-satyn almak, çalyşmak, peşgeş bermek, girewe goýmak gadagandyr. Emma olar mirasa geçirilip bilner.

Daýhan birleşikleriniň agzalarynyň, beýleki oba hojalyk we tokaý hojalyk kärhanalarynyň işgärleriniň maşgalalaryna, mugallymlaryň, lukmanlaryň we işi oba ilatyna hyzmat etmek bilen balanyşykly beýleki hünärmenleriň maşgalalaryna, şol hojalyklarda işläp, soň gös-göni pensiýa çykan pensionerleriň maşgalalaryna we oba ýerinde ýaşaýan maýyplara ýaşaýyş jaýynyň we hojalyk desgalarynyň meýdanyny goşmak bilen 0,16 gektara çenli möçberde ýer we suw serişdelerini hasaba almak bilen şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin mellek ýeri hususy eýeçilige berilýär.

Gür ilatly, ýer we suw serişdeleriniň ýetmezçilik edýän etraplarynda (şäherlerinde) degişli etraplaryň (şäherleriň) we welaýatyň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň teklipleri boýunça, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bilen ylalaşyp, soň Türkmenistanyň Ministler Kabineti tarapyndan tassyklanylyp, şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin kesgitlenilen möçberde kem, ýöne her maşgala 0,12 gektardan az bolmazlyk şerti bilen ýer bölekleri berlip bilner.

Şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalaryna hususy eýeçilige özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin 0,10 gektara çenli ýer bölekleri ýörite ýer gaznasyndan berilýär. Öz tehnikalary we serişdeleri bilen 10 ýylyň dowamynda kärendä alan ýerlerinden netijeli peýdalanyp, ýokary hasyly almagy üpjün eden kärendeçilere öň olar tarapyndan uzak

möhletli kärende şertlerinde peýdalanýan ýerlerinden Türkmenistanyň Prezidentiniň kararynyň esasynda 3 gektara çenli ýer bölekleri oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin hususy eýeçilige berlip bilner.

SSSR-iň dowam eden ýyllarynda hereket eden raýatyň şahsy eýeçilik hukugyndan hususy eýeçilik hukugy birnäçe alamatlar bilen tapawutlanýar: 1) bu hukuk haýsydyr bir başga hukukdan gelip çykmaýar. Şahsy eýeçilik hukugy bolsa hemişe sosialistik eýeçilik hukugyna bagly diýlip hasap edilýärdi. 2) raýatlaryň hususy eýeçilik hukugy özüniň diňe sarp ediş häsiýetini ýitirdi. Bu hukugyň obýektleri islendik maksatlar üçin, şol sanda telekeçilik işi üçin hem ulanylyp bilner. Ýene-de bir ýagdaý raýatlaryň hususy eýeçiliginiň obýektleriniň has giňelmegidir.

Mellek ýeri, Türkmenistanyň hukuk namalarynda bellenilen tertipde, şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak, ýaşaýyş jaýyna we hojalyk desgalaryny gurmak üçin peýdalanylýar.

Şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalaryna, miras goýmak hukugy bilen hususy eýeçilige özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin 0,10 gektara çenli möçberde, ýer serişdelerini hasaba almak, satmak, çalyşmak, peşgeş bermek, girewe goýmak hukugyny bermezden, ýer bölekleri ýörite ýer gaznasyndan berilýär.

Öz hususy tehnikalary we serişdeleri bilen 10 ýylyň dowamynda kärendä alan ýerlerinden netijeli peýdalanyp, oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasylyny almagy üpjün eden kärendeçilere – Türkmenistanyň raýatlaryna, öň olar tarapyndan uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanýan daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk

kärhanalarynyň ýerlerinden Türkmenistanyň Prezidentiniň kararynyň esasynda 3 gektara çenli ýer bölekleri oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin hususy eýeçilige berilip bilner.

Türkmenistanyň raýatlarynyň ýer bölekleriniň eýeleriniň şu aşakdaky hukuklary bardyr:

- ýer böleginde hojalygy onuň maksatlaýyn niýetlenilişine laýyklykda özbaşdak alyp barmaga;
- oba hojalyk ekinlerine we agaçlara, öndüren oba hojalyk önümine we ony ýerlemekden alnan girdejilere bolan eýeçilige;
- ýer bölegindäki umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde hojalygyň hajatlary üçin peýdalanmaga;
- suwaryş, agrotehniki we melioratiw işleri geçirmäge;
- oba hojalyk ekinlerini, baglary suwarmak we beýleki maksatlar üçin suwaryş çeşmelerinden bellenilen çäklere laýyklykda suw almaga;
- ýer bölekleriniň maksatly niýetlenilişine laýyklykda ýaşaýyş jaýlaryny, önümçilik, durmuş we gaýry desgalary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bina etmäge, şeýle hem olaryň durkunyň täzelenmegini we ýykylyp aýrylmagyny amala aşyrmaga;
- ýerler döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnan halatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýetirilen zyýanyň öwezini almaga;
- kanunçylygyna laýyklykda beýleki hukuklar.

Türkmenistanyň raýatlary – ýer bölekleriniň eýeleri şu aşakdakylara borçludyrlar:

- maksatly niýetlenilişine laýyklykda ýerden rejeli peýdalanmaga, topragyň mesligini ýokarlandyrmaga,

tebigaty goraýyş çärelerini amala aşyrmaga, öz hojalyk işi netijesinde ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna we tebigy serişdeleriniň azalmagyna ýol bermezlige;

- ýerleri goramak boýunça Ýer kodeksinde Türkmenistanyň beýleki hukuk namalarynda göz öňünde tutulan çäreleriň toplumyny amala aşyrmaga;
- ýer üçin tölegi öz wagtynda tölemäge;
- beýleki ýer bölekleriniň eýeleriniň, şeýle hem ýerden peýdalanyjylaryň we ýer kärendeçileriniň hukuklaryny bozmazlyga;
- degişli döwlet edaralaryna, olaryň bellän görnüşinde, ýerleriň ýagdaýy we peýdalanylyşy baradaky maglumatlary öz wagtynda bermäge;
- beýleki ýer bölekleriniň eýelerine, şeýle hem ýerden peýdalanyjylara we ýer kärendeçilerine ýetirilen zyýanyň öwezini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde dolmaga;
- ýer böleklerini abadanlaşdyrmak we gür baglyga öwürmek, bar bolan agaçlary abat saklamak hem-de idetmek boýunça bellenilen kadalara laýyklykda zerur işleri geçirmäge;

Türkmenistanyň raýatlarynyň ýer böleklerine hususy eýeçilik hukugy şu aşakdaky halatlarda bes edilýär:

- ýer böleginden meýletin ýüz dönderilende;
- ýerler öz maksatly niýetlenilişinden başga maksat üçin peýdalanylanda;
- ýer böleginden rejesiz peýdalanylanda;
- ýer bölegi topragyň mesliginiň peselemegine, onuň hapalanmagyna we tebigy serişdeleriniň ýaramazlaşmagyna we azalmagyna getirýän usullar bilen peýdalanylanda;

- eýeçilikde durýan ýerlerden oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin iki ýylyň dowamynda, şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak - mellek ýer bölegi we özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin bäş ýylyň dowamynda peýdalanylmadyk halatynda;

- eýeçilikde durýan ýer babatda kanuna garşy gelýän geleşikler baglaşylanda;

- hojalyk işiniň netijesinde ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagynda;

- kanunçylykda bellenilen halatlarda we tertipde ýer bölekleri döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnanda;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki halatlarda;

Ýer bölegine eýeçilik hukugy mirasa geçende mirasdüşerleriň hiç biri hojalygy alyp barmak islemese, onda olar bu ýer bölegine eýeçilik hukugyny ýitirýärler.

Türkmenistanyň raýatlarynyň hususy eýeçiligindäki ýer bölegi döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin şu aşakdakylar bilen baglanyşykly aýratyn halatlarda yzyna alnyp bilner:

- halkara borçnamalary ýerine ýetirilende;

- ýerler goranmak we döwlet howpsuzlygy, aýratyn goralýan tebigy meýdanlar, sagaldyş, dynç alyş we taryhy-medeni hajatlar üçin berlen de;

- ýer böleginde ýerasty baýlyklaryň ýataklary (umumy ýaýranlaryndan başga) ýüze çykarylanda;

- awtomobil we demir ýollar, tok geçiriji, aragatnaşyk we uly turba geçiriji ulgamlar, şeýle hem döwlet ähmiýetli beýleki desgalaryň gurluşugynda, şol desgalary ýerleşdirmegiň başga mümkinçiligi bolmadyk halatynda;

- heläkçilige getirjek howply we köne ýaşaýyş jaýlary ýykylyp aýrylanda;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanan şäher gurluşyk we ýer gurluşyk resminamalary şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň baş meýilnamlary, çäklerini zolaklaşdyryş taslamalary we beýleki resminamalar amala aşyrylanda;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki ýagdaýlarda.

Ýere hususy eýeçilik hukugynda bes edilmegi Ýer kodeksinde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenilýän tertipde geçirilýär. Ýere hususy eýeçilik hukugynyň bes edilmegi baradaky çözgüt kazyýete şikaýat edilip bilner.

Ýere hususy eýeçilik hukugynyň ýatyrylmagy, Türkmenistanyň raýatlaryny hasyly ýygnamak hukugyndan mahrum etmeýär we ýeriň hilini abat saklamak borçlaryndan olary boşatmaýar.

Raýatlaryň ýeri hususy eýeçilige almaga bolan hukugyny hem-de olara ýeri bermegiň tertibini we şertlerini göz öňünde tutýan hukuk kadalary bu hukugyň ýüze çykmagynyň umumy esaslarydyr. Şol hukuk kadalara laýyklykda ýeri raýatlaryň hususy eýeçilige bermek barada kabul edilýän dolandyryş namalary bolsa görkezilen hukugyň ýüze çykmagynyň ýörite esaslary bolup durýar. Raýatlaryň ýere hususy eýeçilik hukugyna güwä geçýän resminama döwlet namasydyr.

## 3. Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugy

Ýer bilen bir hatarda ýer jümmişi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy tebigy obýektler bolup durýar. Olaryň durmuş obýektleriden tapawudy: tebigy gelip çykyşy, tebigy gurşawyň ekologik ulgamlary bilen özara baglanyşygy, ýaşaýşy üpjün edýän wezipäni ýerine ýetirmegi.

Görkezilen tebigy obýektleriň alamatlary olaryň ýerine ýetirýän ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş wezipelerinde ýüze çykýar. Şunda olaryň tebigy gurşaw bilen ýakyn arabaglanyşykda durmagyna mümkinçilik berýän ýagdaý esasy wezipäniň – ekologik wezipäniň ýerine ýetirilmegidir. Şular ýaly arabaglanyşygyň ýitirilmegi tebigy obýektleriň durmuş obýektleri toparyna geçirilmegine getirýär. Olaryň ekologik wezipäni ýerine ýetirmegi ykdysady we medeni-sagaldyş wezipeleriniň hem bolamgyny şertlendirýär.

Tebigy obýektleriň sanawy Tebigaty goramak hakyndaky kanunda berlendir. Ýer bilen bir hatarda bu sanaw ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy tebigy ekologik ulgamlarynyň we biosferanyň düzümine girýän obýektler hökmünde girizilýär.

Türkmenistanyň „Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanunynda (1992ý.) göz öňünde tutulyşy ýaly, ýer gabygynyň toprak gatlagyndan aşakda hem-de suwly ýerleriň düýbünden aşakda ýerleşip, geologiýa taýdan öwrenmek we özleşdirmek üçin elýeterli bölegi ýer jümmüşi hasaplanylýar. Ýer jümmüşiniň peýdaly bölegine

(mysal üçin, tebigy gaz, nebit we beýlekiler) bolsa ýerasty baýlyklary diýilýär.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, suwlar diýlende Türkmenistanyň suw gaznasynyň düzümine girýän ýerüsti we ýerasty suw çeşmeleri, ýagny derýalar, köller, kanallar, suw howdanlary we beýleki suwly ýerler düşünilýär. Hazar deňziniň türkmen bölegi hem şu gazna girizilýär. Suwlar ýaşaýyş üçin esasy şertdir. Olar ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýyş gurşawydyr, senagat we oba hojalyk önümçiliginde serişde we şert bolup durýar, dynç alyş we kesel bejeriş üçin zerur şert bolup çykyş edýär.

Tokaýlar bolsa daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna täsir edýän, kanunda bellenen tertipde tokaý gaznasyna degişli edilen ýerlerdäki iri we gyrymsy agaçlaryň jemidir. Tokaýlar ekologiki toplumlaryň ulgamy bolup durýar. Olaryň ýerine ýetirýän wezipeleri: 1) ekoligik (gurşawy goraýyş, klimaty kadalaşdyryş, suw goraýyş, toprak goraýyş); 2) ykdysady (agaç önümi, aw önümi, miwe we iýmişler, derman otlary, tehniki çig mal); 3) medeni-sagaldyş (dynç alyş, kesel bejeriş, saglygy dikeldiş, estetik, bilim serişdesi).

Tokaý gaznasyna degişli edilmedik ýerlerdäki ösümlikler ösümlik dünýäsine girýär. „Ösümlik düýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ Kanunda Türkmenistanyň ösümlik dünýäsine degişli obýektler kesgitlenilýär. Olar şu aşakdakylardyr: ýabany ösýän ösümlikleriň we kömelekleriň hemme görnüşi; görkezilen ösümlik organizimlerinden emele gelýän tebigy ösümlik toplumlary; ýabany ösýän ösümlikleriň we kömelekleriň miweleri, tohumlary, olaryň aýry-aýry bölekleri hem-de beýleki görnüşleri; döwlet

goraghanalarynyň we çäkli goraghanalaryň (aw çäkli goraghanalaryndan başga), tebigy ýadygärlikleriň, botaniki baglarynyň çäklerinde hem-de aýratyn goralýan beýleki tebigy territoriýalarda ösýän ösümlikler we ösümlik toplumlary.

Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistany bagy-bossanlyga öwürmek hakyndaky“ kararynyň (1992ý.) durmuşa geçirilimegi, ekologik ýagdaýy mundan beýläk-de sagdynlaşdyrmakda ösümlik dünýäsiniň ähmiýetiniň artmagyna getirýär. Ýurdumyzyň ösümlik dünýäsi örän baýdyr. Olaryň 7051 görnüşi bardyr.

Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi tebigy erkinlik ýagdaýynda bolan ýerüsti we suw haýwanlarynyň hemme görnüşlerini öz içine alýar. Olaryň 13 müňe golaý görnüşleri bardyr. Haýwanat dünýäsiniň ekologik wezipesi ekologik ulgamlaryň düzüm bölegi hökmünde çykyş etmegindedir. Bu wezipä onuň topragynyň gurluşyna we hasyllygyna, ösümlik dünýäsiniň degişli görnüşe emele gelmegine, suwuň biologik häsiýetine, tutuşlaýyn tebigy gurşawuň hiline düýpli täsir etmegi hem degişlidir. Haýwanat dünýäsiniň ykdysady wezipesi: tebigy serişde hökmünde senagat we dermanlyk çig-mal, azyk önümlerini hem-de ilatyň, ykdysadyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan beýleki maddy gymmatlyklaryň çeşmesi bolup hyzmat etmegidir. Haýwanat dünýäsiniň medeni-sagaldyş wezipesi haýwanlaryň käbir görnüşleriniň ylmy, medeni, estetik, terbiýeçilik we kesel bejeriş maksatlary üçin ulanylmagyndan ybarat bolup durýar.

Atmosfera howasy daşky tebigy gurşawyň ýaşaýyş üçin esasy möhüm şerti hasaplanylýar. Atmosfera howasy biologik, önümçilik, ulag wezipelerini ýerine ýetirýär hem-

de adamlaryň saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýşa ukyplylygyna, klimat serişdelerine, şeýle hem maddy gymmatlyklaryň ýagadýyna täsir edýändir.

Ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi (ýer bilen bir hatarda) eýeçilik hukugynda bolup bilýän tebigy obýektlerdir. Bu hukuk olara eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek boýunça şol serişdeleriň eýesiniň kanunçylykda göz öňünde tutulan hukuklarynyň jemidir.

Ýurdumyzyň garaşsyz bolmagy bilen ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine, uglewodorod serişdelerine diňe Türkmenistan döwletiniň eýeçilik hukugynyň bellenilýändigi göz öňünde tutuldy. Bu möhüm düzgünler kanunçylyk namalarynda berkidilendir. „Eýeçilik hakyndaky“ kanunda (1993ý.), „Ýer jümüşi hakyndaky“ kanunda, (1992ý.), Tokaý kodeksinde (1993ý), „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanunda (1993ý), „Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanunda (1997ý.) „Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ Kanunda (2008ý.) bu serişde Türkmenistan döwletiniň aýratyn eýeçilik hukugy bellenildi.

Atmosfera howasyna möhüm tebigy baýlyk hökmünde fiziki we beýleki özboluşlylyk mahsusdyr. Ol eýeçilik hukugynda bolup bilmeýär. Atmosfera howasyna eýelik etmek, ygtyýar etmek mümkin däl. Ol diňe goralmaga we peýdalanylmaa degişli tebigy baýlykdyr.

Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugynyň

mazmuny olar babatdaky hukuklaryň (eýelik etmek, peýdalanmak, ygtyýar etmek) jemidir. Şunda eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde eýelik etmek hukugy tebigy serişdä eýelik etmäge bolan kanunçylykda göz öňünde tutulan mümkinçilikdir. Peýdalanmak hukugy (eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde) tebigy baýlyklardan peýdalanmaga bolan kanunda göz öňünde tutulan mümkinçilik hasaplanylýar. Şu manyda ygtyýar etmek hukugy tebigy serişdäniň hukuk taýdan ykbalyny çözmäge bolan mümkinçilik bolup durýar. Görkezilen hukuklaryň (eýelik etmek, peýdalanmak, ygtyýar etmek) jemi bolsa tebigy baýlyklara eýeçilik hukugynyň mazmunyny düzýär.

Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugy amala aşyrylanda tebigy gurşawa zyýan ýetirilmeli däldir. Bu hukuk döwlet tarapyndn kanunçylykda bellenilen tertipde goralýar, bozulan hukuk bolsa dikeldilmelidir.

Döwlet görkezilen tebigy baýlyklaryň eýesi hökmünde olardan peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň aýry-aýry meseleleri boýunça döwlet edaralaryna degişli hukuklary berýär. Bu hukuklar kanunçylykda göz öňünde tutulandyr.

Şular ýaly hukuklar ýer jümmüşi babatda hem berlendir. Ýer jümmüşine döwlet eýeçiligine bellenilmegi ondan rejeli we toplumlaýyn peýdalanmak üçin zerur şertleri döredýär. Bu ýagdaý Garaşsyz ýurdumyzyň öndüriji güýçleriniň dogry ýerleşdirilmegini we ykdysadyýeti ösdürmegiň ýokary depginlerini üpjün etmäge ýardam edýär.

Türkmenistanda tebigy gazyň, nebitiň we beýleki ýerasty baýlyklaryň uly ätiýaçlyklary bar. Ykdysadyýetde mineral serişdeleri ulanmagyň yzygiderli artýan şertlerinde ýer jümmüşinden we ondaky ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmagy üpjün etmek örän möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Şu babatda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow uly çäreleri durmuşa geçirýär. Şunda bu işe daşary ýur edara görnüşindäki taraplar hem giňden çekilýär.

## Tema: 5. Tebigatdan peýdalanmak hukugy

**1. Tebigatdan peýdalanmak hukugy barada düşünje.**

Tebigatdan peýdalanmak daşky tebigy gurşawyň peýdaly maddalaryny we sypatlaryny jemgyýetiň ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş bähbitlerini kanagatlandyrmak üçin peýdalanmakdyr. Tebigatdan peýdalanmak hukugy diýlende tebigy gurşawdan peýdaly maddalary almak we onuň peýdaly sypatlaryny ulanmak boýunça kanunçylykda göz öňünde tutulan hem-de onuň bilen üpjün edilen mümkinçilige düşünilýär.

Daşky tebigy gurşawdan jemgyýetiň peýdalanyşynyň hukuk taýdan kadalaşdyryş derejesine hem-de ondan peýdalanmagyň kadalaşdyryş usullaryna baglylykda şu aşakdakylary tapawutlandyrmak bolar: adamyň ýaşaýşynyň tebigy şertleri (kislorody ulanmak we beýlekiler), tebigy serişdelerden elýeterli peýdalanmak; tebigatdan hukuk taýdan kadalaşdyrylan halatda peýdalanmak.

Adamyň ýaşaýşynyň tebigy şertleri hem-de tebigy serişdelerden elýeterli peýdalanmak üçin umumy ýagdaý tebigy gurşawdan hakykatda peýdalanmak işiniň hukuk taýdan kadalaşdyrylmaýanlygyndan ybaratdyr. Görkezilenler tebigatdan umumy peýdalanmak hukugydyr, ýagny hemme raýatlar üçin arassa, sagdyn tebigy gurşawdan hem-de ähli tebigy nygmatlardan peýdalanmak babatda kanunçylykda göz öňünde tutulyp, onuň bilen kepillendirilen mümkinçilikdir. Şol bir wagtyň özünde raýatlaryň görkezilen bähbitleri hukuk taýdan goralmaga degişlidir. Olaryň arasyndaky tapawut diňe şu

aşakdakylardyr: ýaşaýyş üçin tebigy şertleri goramak diňe bir raýatlaryň talaby boýunça däl-de, eýsem köplenç halatda döwletiň (degişli döwlet edaralarynyň) wezipesi bolup durýar. Tebigy serişdelerden elýeterli peýdalanylanda bolsa hukuklary goramak raýatlaryň özleriniň degişli talaby boýunça amala aşyrylyp bilner.

Tebigatdan elýeterli peýdalanmak hukugynyň obýektleri hökmünde özbaşdaklaşdyrylmagy mümkin bolmadyk ýa-da maksada laýyk däl bolan tebigy güýçler we hadysalar, şeýle hem eýeçilik hukugyna degişli serişdeler, ýagny ösümlik we haýwanat dünýäsiniň, tokaýlaryň, suwlaryň we beýleki tebigy obýektleriň käbir sypatlary çykyş edýär. Şunda tebigy obýektlere bolan eýeçilik hukugyna ýa-da ondan gelip çykýan eýelik etmek hukugyna we peýdalanmak hukugyna täsir edilmeýär.

Tebigatdan ýörite peýdalanmak tebigy gurşawyň ýagdaýyna täsir etmek bilen baglanyşyklydyr. Şoňa görä-de peýdalanmagyň bu görnüşini hukuk taýdan kadalaşdyrmak zerur bolýar. Tebigatdan ýörite peýdalanmak hukugy daşky tebigy gurşawdan maddy nygmatlary öndürmegiň serişdesi, ykdysady we medeni-sagaldyş bähbitleri kanagatlandyrmagyň çeşmesi hökmünde peýdalanmak bilen şertlendirilýär. Bu hukuk ykdysadyýetiň we raýatlaryň hajatlary üçin tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy üpjün etmek maksady bilen hukuk taýdan kadalaşdyrylýar.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň gurluşyna laýyklykda tebigatdan peýdalanmak hukugynyň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: ýer serişdelerinden peýdalanmak hukugy, suwdan peýdalanmak hukugy, ýer jümmüşinden peýdalanmak

hukugy, uglewodorod serişdelerinden peýdalanmak hukugy, tokaýdan peýdalanmak hukugy, ösümlik dünýäsinden peýdalanmak hukugy, haýwanat dünýäsinden peýdalanmak hukugy, atmosfera howasyndan peýdalanmak hukugy, aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalardan we obýektlerden peýdalanmak hukugy. Görkezilen tebigy obýektlerden we toplumlardan peýdalanmak hukugynyň jemi bolsa tutuşlygyna tebigatdan peýdalanmak hukugyny düzýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda tebigatdan ýörite peýdalanamak hukugynyň ýüze çykmagynyň esaslary we tertibi kesgitlenendir. Bu esaslaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: umumy esaslary we ýörite esaslar. Umumy esaslar diýlende tebigy serişdelerden peýdalanmaga bolan hukugy göz öňünde tutýan hukuk kadalaryna düşünmek bolar. Şular ýaly hukuk kadalary tebigy obýektleriň görnüşlerine baglylykda kanunlarda we beýleki hukuk namalarda göz öňünde tutulandyr.

Tebigatdan peýdalanmak hukugynyň ýüze çykmagynyň ýörite esaslary diýlende tebigy serişdelerden peýdalanmaga bolan hukugy belleýän kadalara laýyklykda kabul edilýän kararlara we beýleki resminamalara düşünilýär.

Tebigy serişdeleri tebigatdan peýdalanyjylara eýeçilik hukugyna (ýerleri raýatlaryň eýeçiligine), peýdalanmak hukugyna, kärendesine bermek baradaky resminamany ygtyýarly edilen döwlet edaralary kabul edýär. Käbir halatlarda – tebigatdan ikilenji peýdalanmak hukugynyň ýüze çykmagy üçin degişli döwlet edarasynyň karary bilen bir hatarda tebigatdan ilkinji peýdalanyjynyň hem karary (resminamasy) talap edilýär.

Käbir tebigy serişdelerden peýdalanmak hukugynyň ýüze çykmagy üçin görkezilenlerden başga berilýän tebigy serişdäniň çägini ýerinde bellemek hem-de peýdalanmaga bolan hukuga şaýatlyk edýän resminamany gowşurmak we ony degişli döwlet edarasynda bellige almak göz öňünde tutulýar. Tebigy serişde kärendesine berlende degişli döwlet edarasynyň şu mesele boýunça kabul eden kararynda görkezilen tebigatdan peýdalanmagyň maksat bellenmesine we esasy şertlerine laýyklykda kärende şertnamasy baglaşylýar we bellenilen tertipde bellige alynýar.

Tebigy serişdelerden peýdalanmaga bolan hukugyň bes edilmegi ýa-da üýtgedilmegi diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda gös-göni göz öňünde tutulan halatlarda bolup biler. Tebigy obýektler baradaky kodekslerde we kanunlarda tebigatdan peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň esaslarynyň sanawlary berilýär. Bu esaslaryň iki topary, ýagny tebigatdan peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň şertsiz we şertli esaslary tapawutlandyrylýar. Şertsiz esaslar bu hukugyň hökmany tertipde bes edilmegine getirýär. Şertli esaslaryň bar halatynda tebigatdan peýdalanmak hukugyny bes etmek ýa-da bes etmezlik ygtyýarly edaralaryň garamagyna baglydyr.

Tebigatdan peýdalanmak hukugynyň ähli görnüşleri üçin şu aşakdakylar onuň bes edilmeginiň umumy esaslary bolup biler: tebigy serişdelerden peýdalanmaga bolan zerurlygyň aradan aýrylmagy (gutarmagy) ýa-da ony peýdalanmakdan boýun gaçyrmak. Şunda, umumy kada hökmünde, birinji halatda kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň hukugy barada, ikinji halatda bolsa raýatlaryň hukugy barada gürrüň gidýär. Şu halatlaryň ikisinde hem

tebigatdan peýdalanýanlaryň erkin erk-isleginden ugur alynýar. Bu ýagdaýy bolsa tebigatdan peýdalanyjynyň özi ýa-da ýokarda duran edara kesgitläp biler.

Tebigy serişdeden doly boýun gaçyrmak ondan peýdalanmaga bolan hukugyň şertsiz bes edilmeginiň esasydyr. Tebigy serişde peýdalanmaga belli bir möhlete berlende göz öňünde tutulan möhletiň gutarmagy hem şular ýaly esasdyr. Şunda hukugyň bes edilmegi üçin goşmaça esaslar ýa-da karar talap edilmeýär. Tebigy obýektleriň döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alynmagy hem olardan peýdalanmaga bolan hukugyň bes edilmeginiň şertsiz esasydyr. Mysal üçin, ýerleriň, ýer jümmüşiniň bölekleriniň yzyna alynmagy. Döwlet tokaý gaznasynyň ýerleriniň yzyna alynmagy bolsa tokaýdan peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň esasy hökmünde çykyş edýär. Kärhananyň, guramanyň we edaranyň ýatyrylmagy (işiniň bes edilmegi) hem tebigatdan peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň umumy şertsiz esasy bolup durýar. Tebigatdan peýdalanmak babatdaky kadalaryň, talaplaryň bozulmagy şertsiz esas hökmünde hukugyň bes edilmegine getirýär.

Ýerlerden, ýer jümmüşinden, suwlardan, tokaýlardan maksat bellenmesine görä peýdalanmazlyk kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň we raýatlaryň şol tebigy obýektlerden peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň şertli esasydyr. Hukugy bes etmek ýa-da bes etmezlik meselesini çözmek degişli döwlet edarasy tarapyndan çözülýär. Berlen tebigy serişdeden kanunda göz öňünde tutulan möhletiň dowamynda peýdalanmazlyk, ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşdyrylmagy, tebigy serişdä düýpli zyýanyň ýetirilmegi, tebigy goraýyş tehnologiýalaryň

ulanylmazlygy hem hukugy bes etmek üçin esas bolup biler.

Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygyndan gelip çykyşy ýaly, tebigatdan peýdalanmak hukugyna şu aşakdaky alamatlar mahsusdyr: 1) jemgyýetiň bähbitleri üçin biosferany abat saklamak we ösdürmek maksady bilen daşky tebigy gurşawdan peýdalanmagy aňly-düşünjeli dolandyrmak ; 2) jemgyýetçilik we şahsy bähbitleri dogry utgaşdyrmak esasynda tebigy serişdelerden peýdalanmakda raýatlaryň hukuklarynyň deň bolmagy; 3) tebigy serişdelerden peýdalanmagyň, umumy kada hökmünde, mugt bolmagy (diňe kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda tebigatdan ýörite peýdalanmak tölegli bolup biler); 4) tebigatdan peýdalanmagyň ylmy taýdan eslandyrylan bolmagy, ýagny tebigy serişdelerden peýdalanmagy tebigatyň ösüş kanunlarynyň, onuň jemgyýet bilen özara baglanyşygynyň kanunylygynyň esasynda, tebigy gurşawyň serişde mümkinçiligini göz öňünde tutup amala aşyrmak; 5) tebigatdan peýdalanmagyň bellenilen maksada (ykdysady, medeni-sagaldyş, dynç alyş we beýlekiler) laýyklykda amala aşyrylmagy; 6) tebigatdan peýdalanmagy toplumlaýyn, ýagny tebigy obýektleriň bir görnüşinden peýdalanmagyň olaryň beýleki görnüşlerine hem-de tutuşlygyna daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna edýän täsirini göz öňünde tutup amala aşyrmak; 7) tebigatdan rejeli, ekologik we ykdysady bähbitleri dogry utgaşdyryp peýdalanmak (giň manyda bu alamat tebigy serişdelerden ylmy taýdan esaslandyrylan, toplumlaýyn, maksat bellenmesine görä peýdalanmagy we beýlekileri hem öz içine alýar); 8) Türkmenistan döwletiniň eýeçilik hukugyndan gelip çykmagy we oňa

baglylygy (ýerden peýdalanmak raýatlaryň hususy eýeçilik hukugynyň, döwlet eýeçilik hukugynyň esasynda ýüze çykýar); 9) tebigatdan peýdalanmak hukugynyň daşky tebigy gurşawy goramak bilen utgaşdyrylyp amala aşyrylmagy, ýagny bir serişdeden peýdalanmak tebigy serişdeleriň beýlekilerine hem-de tutuşlygyna daşky tebigy gurşawa zyýan ýetirmeklige getirmeli däldir; 10) tebigatdan peýdalanmagyň üýtgewsiz bolmagy; 11) tebigatdan peýdalanmagyň durnukly bolmagy (tebigatdan peýdalanmak wagtlaýyn bolan halatynda hem görkezilen wagtyň dowamynda bu hukuk durnukly bolmalydyr); 12) tebigatdan peýdalanyjylaryň hukuklarynyň kepillendirilmegi we kanunçylyga laýyklykda özbaşdak goralmagy.

## 2. Tebigatdan peýdalanýanlaryň hukuklary we borçlary

Türkmenistanyň kanunçylygynda tebigatdan peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary bellenilýär. Tebigy serişde berlenden soňra tebigatdan peýdalanyjy hukuk gatnaşygyna girýär hem-de onuň hukuklary we borçlary ýüze çykýar. Tebigatdan peýdalanyjylaryň hukuklaryny we borçlaryny üç topara bölmek bolar: umumy hukuklar we borçlar, esasy hukuklar we borçlar, beýleki hukuklar we borçlar.

Tebigatdan peýdalanyjylaryň umumy hukuklaryna tebigy obýektlerden gös-göni peýdalanmak (ulanmak) hukugy degişlidir. Köplenç halatda bu hukuk tebigy obýekte eýelik edilen halatynda amala aşyrylyp bilner. Emma tebigatdan umumy peýdalanylanda käbir tebigatdan peýdalanyjylar üçin tebigy serişdä eýelik etmek mahsus däldir, mysal üçin, daýhan birleşigi tarapyndan

onuň agzalaryna (ikilenji peýdalanyjylar) mal bakmak üçin öri meýdanlary berlende.

Kärhanalar, guramalar we edaralar köplenç halatda degişli tebigy serişde babatda dolandyrmak hukugyny, şeýle hem kanunda göz öňünde tutulan çäklerde ygtyýar etmek hukugyny amala aşyrýarlar. Bu hukuklar, mysal üçin, daýhan birleşiklerine we tokaý hojalyklaryna berlendir. Peýdalanylýan tebigy obýekti dolandymak tebigatdan peýdalanyjynyň diňe bir hukugy däl-de eýsem onuň borjy hasaplanýar.

Tebigatdan peýdalanyjylaryň esasy hukuklary we borçlary peýdalanylýan tebigy serişdä, ondan peýdalanýana hem-de peýdalanmagyň maksadyna baglydyr. Emma käbir esasy hukuklar we borçlar ähli tebigatdan peýdalanyjylar üçin mahsusdyr. Her bir tebigatdan peýdalanyjynyň esasy hukugy we borjy berlen tebigy obýektden diňe bellenilen maksat üçin peýdalanmakdyr. Tebigatdan peýdalanyjy tebigy obýekt babatda eýelik etmek, peýdalanmak, dolandyrmak we ygtyýar etmek hukuklarynyň amala aşyrylmagyndaky päsgelçilikleriň aradan aýrylmagyny talap etmäge haklydyr. Onuň bozulan hukuklary kanunda bellenen tertipde dikeldilmäge degişlidir.

Tebigy obýekti gös-göni ulanmakdan alynýan nygmatlar tebigatdan peýdalanmak hukugynyň mazmunyny düzýär. Şonuň üçin hem tebigatdan peýdalanyjylar öz bähbitlerini goramaga haklydyrlar. Olara ýetirilen zyýanyň öwezi bolsa dolunmaga degişlidir. Tebigatdan peýdalanyjylaryň hukuklary bozulan halatynda kanunda göz öňünde tutulan jogapkärçilik ýüze çykýar. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda tebigatdan peýdalanyjylaryň hukuklary döwletiň, jemgyýetiň ýa-da

tebigatdan beýleki peýdalanyjjylaryň bähbitleri üçin çäklendirilip bilner.

Tebigatdan peýdalanyjjylaryň esasy borçlarynyň biri tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmakdyr. Olar tebigy obýektleri aýawly peýdalanyp, abat saklamak boýunça bellenen kadalary berjaý etmelidirler. Rejeli peýdalanylanda ýerleriň, haýwanat dünýäsiniň we beýleki tebigy obýektleriň gowulanmagy üpjün edilýär. Tebigatdan rejeli peýdalanmak Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugry“ Milli maksatnamasynda öňe sürlen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň esasy şertleriniň biridir.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, tebigatdan peýdalanyjjylaryň ählisi üçin mahsus bolan esasy hukuklar we borçlar bilen bir hatarda tebigatdan peýdalanmagyň her bir görnüşi üçin onuň maksat bellenmesine laýyklykda beýleki hukuklar we borçlar hem bardyr. Tebigatdan peýdalanyjjylara degişli ähli hukuklar diňe tebigy serişdeler kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylmalydyr.

Bellenen borçlaryň ýerine ýetirilmezligi tebigatdan peýdalanyjjylaryň kanunda göz öňünde tutulan jogapkärçilige (jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk, düzgün-nyzam we ýörite-hukuk) çekilmegine getirip biler. Olar barada jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri hem ulanylyp bilner. Tebigatdan peýdalanyjjylaryň üstüne ýüklenen borçlaryň ýerine ýetirilmedik halatynda tebigatdan peýdalanmak hukugy çäklendirilip, durzulyp ýa-da bes edilip bilner.

Tebigy serişdäni almaga, sarp etmäge, peýdalanmaga, tebigy gurşawa zyýanly maddalary taşlamaga, dökmäge,

ýerleşdirmäge tebigatdan peýdalanyjylara tebigy gurşawy goramagy amala aşyrýan döwlet edaralarynyň berýän ýörite rugsadyna tebigatdan peýdalanmaga ygtyýarnama diýilýär. Başgaça aýdylanda daşky tebigy gurşawy goramak we ondan peýdalanmak babatdaky ygtyýarnama tebigy serişdeden peýdalanmak boýunça belli bir işi amala aşyrmak üçin berilýän rugsatdyr. Bu wezipe umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň üstüne ýüklenýär. Ygtyýarnamany bermegiň tertibi we şertli Türkmenistanyň kanunçylygynda, şol sanda „Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakyndaky“ kanunda (2008-nji ýylyň 25-nji iýuny) göz öňünde tutulýar.

Ygtyýarnama bermek ekologik gatnaşyklary dolandyryş-hukuk usuly bilen kadalaşdyrmagyň bir görnüşidir. Mazmuny boýunça tebigatdan peýdalanmaga berilýän ygtyýarnama şu aşakdaky alamatlary öz içine alýar: 1) ol tebigy serişdäniň eýesiniň ýa-da oňa eýelik edijiniň resminamasydyr.; 2) ol tebigy serişdeden rejeli peýdalanylyşyna döwlet gözegçiliginiň görnüşleriniň biridir. 3)ol tebigatdan rejeli peýdalanmagy kadalaşdyrmagyň serişdesidir.

Tebigatdan peýdalanmak babatdaky ygtyýarnamanyň obýekti hökmünde peýdalanmak üçin niýetlenilen tebigy serişde çykyş edýär. Ygtyýarnama berlip bilner şu aşakdaky serişdeler: 1) ykdysady (ýerasty baýlyklary çykarmak); 2) ekologik, ýagny tebigy gurşawy we adamy goramak üçin niýetlenilen (zyýanly maddalary taşlamaga, dökmäge, ýerleşdirmäge rugsat bermek); 3) tebigatyň sagaldyş serişdelerine (tebigy gurşawyň kesel bejeriş

sypatlaryny peýdalanmaga rugsat bermek); 4) medeni (arheologik işleri geçirmäge rugsat bermek).

Ygtyýarnamalar aşakdaky tebigy obýektlerden peýdalanmak babatda berilýär: ýer jümmüşinden peýdalanmaga (ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek, ýerasty baýlyklary çykarmak, ýerasty desgalary gurmak we ulanmak, aýratyn goralýan tebigy territoriýalary döretmek, zyýanly maddalary ýerleşdirmek we hapalanan suwlary akdyrmak üçin); suwlardan peýdalanmaga (suwdan ýörite peýdalanmak, suwdan aýry peýdalanmak, hapa suwlary akdyrmak, suw almak, aýratyn goralýan suwlar üçin); tokaýlardan peýdalanmaga; haýwanat dünýäsinden peýdalanmaga (aw awlamak, balyk tutmak we beýlekiler üçin).

Türkmenistanyň kanunçylygynda tebigatdan peýdalanmaga ygtyýarnama bermegi amala aşyrýan edaralar kesgitlenendir. Olara umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary (Tebigaty goramak ministrligi, Suw hojalyk ministrligi, „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy, Balyk hojalyk döwlet komitetiniň Döwlet balyk gorag müdirligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak bardaky döwlet agentligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça döwlet kärhanasy we beýlekiler) degişlidir.

Tebigy gurşawdan alynmaly, sarp edilmeli, peýdalanylmaly tebigy serişdäniň we gurşawa taşlanmaly zyýanly maddalaryň mukdar çägini kesgitlemeklige tebigatdan peýdalanmagyň çägini bellemek diýilýär. Bu çäk tebigaty goramagy we onuň serişdelerinden rejeli

peýdalanmagy üpjün etmek, oňa edilýän zyýanly täsiriň öňüni almak maksady bilen bellenilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda tebigatdan peýdalanyjylar üçin görkezilen çägi bellemäge ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň ulgamy, olaryň ygtyýarlygy we çäk bellemegiň tertibi göz öňünde tutulýar.

Tebigatdan peýdalanmak üçin bellenilýän çäkler tebigy gurşawdan peýdalanmaga berilýän ygtyýarnama bilen bilelikde tebigaty goramagyň netijeli serişdesi bolup çykyş edýär. Bu çäkleri bellemek tebigy serişdeleriň ätiýaçlyklarynyň çäkliligi hem-de olary rejeli peýdalanmagyň we yzygiderli dikeltmegiň zerurlygy bilen şertledirilýär.

Tebigatdan peýdalanmagyň çäklerini bellemegiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: tebigy serişdäni (maddy) tebigy gurşawdan almagyň ýol berilýän aňryçägi hem-de tebigy gurşawa hapalaýjy maddalary taşlamagyň (dökmegiň) we galyndylary ýerleşdirmegiň ýol berilýän aňryçägi.

Tebigatdan peýdalanmak babatda çäkleri bellemek tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy üpjün etmäge gönükdirilýär. Bu çäkler tebigy obýektleriň görnüşleri boýunça tapawutlandyrylýar.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, ýer serişdeleri boýunça aýry-aýry hajatlar üçin (demir ýollary, awtomobil ýollary, melioratiw ulgamlary, nebit we gaz guýylary, balyk hojalyk kärhanalary, magistral turbageçirijiler, aragatnaşyk, energetika we beýlekiler) ýeri bölüp bermegiň çäkleri göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň raýatlarynyň eýeçiligine şahsy kömekçi hojalygy ýöretmek, özbaşdak ýaşaýyş jaý gurmak, oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin ýeri bermegiň çäkleri hem kesgitlenendir.

Suw serişdelerinden peýdalanmagyň çäkleri suwarymly ekerançylyk, senagat kärhanalary, maldarçylyk toplumlary, kommunal suw üpjünçiligi we beýleki hajatlar üçin bellenilýär. Haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak babatda haýwanlary awlamagyň, balyk tutmagyň çäkleri tassyklanylýar. Tokaýlar babatda olardan rejeli peýdalanmak we olary yzygiderli dikeltmek maksady bilen degişli çäkler bellenilýär.

Tebigatdan peýdalanmagyň çäklerini bellemek arkaly tebigy gurşawy goramak maksady bilen bir hatarda ykdysady wezipe hem çözülýär, ýagny kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda tebigy serişdelerden bellenilen çäklerde hem-de artykmaç peýdalanylandygy üçin töleg alynýar. Bu tölegden alynýan serişdeler bolsa tebigy gurşawdan rejeli peýdalanmak we ony yzygiderli dikeltmek hajatlary üçin ulanylýar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tebigatdan peýdalanmagyň bir görnüşi hökmünde daşky tebigy gurşawa hapalaýjy maddalary taşlamak (dökmek) hem-de ýerleşdirmek babatda hem ýol berilýän aňryçäkler bellenilýär. Bu çäkleri bellemek arkaly tebigaty goraýyş wezipeleri çözülýär.

### 3. Ýerden peýdalanmak hukugy

Ýerden peýdalanmak hukugy ýer serişdelerinden peýdalanmagyň hukuk görnüşleriniň biridir. Bu hukuk bilen baglanyşykly meseleler Ýer kodeksinde (2004ý.) we beýleki hukuk namalarda düzgünleşdirilýär.

Ýerden peýdalanmak hukugy hemişelik we wagtlaýyn bolup biler. „Daýhan birleşikleri hakyndaky“ kanuna (2007ý.) laýyklykda bu birleşiklere ýer hemişelik peýdalanmaga berilýär. Şunda ýeri bermek döwlet namasy

bilen resmileşdirilýär. Daýhan birleşikleri özlerine berkidilen ýerlerden bellenen maksada laýyklykda, ýagny oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin peýdalanýarlar. Olar ýerden we beýleki tebigy baýlyklardan rejesiz peýdalanylanlygy, tebigy gurşawyň hapalanylanlygy hem-de beýleki düzgünleriň bozulanlygy üçin jogapkärdirler.

Daýhan birleşiginiň ýerleriniň aýry-aýry bölekleri kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnyp bilner. Şunda oňa ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidir. Ýer oba hojalyk däl maksatlar üçin yzyna alnanda bolsa oba hojalyk önümçiliginiň ýitgileri döwlete tölenilýär.

Kanunçylyga laýyklykda ýerden peýdalanmak hukugy bellenilen tertipde şu aşakdaky halatlarda ýüze çykýar: ýerler peýdalanmaga berlende, ýerden peýdalanmak hukugy başga birine geçirilende, ýerden peýdalanmak hukugy mirasdüşerlik tertibinde geçende, raýat-hukuk geleşikleri baglaşylanda.

Türkmenistanyň raýatlaryna ýer bölekleri peýdalanmak hukugyna şu aşakdaky maksatlar üçin berilýär: gulluk ýer paýy, mal bakmak, ot ýatyrmak. Gulluk ýer paýy ulag, aragatnaşyk, radio-telewideniýe, goraghana, tokaý, suw, balykçylyk hojalyklarynyň, şeýle hem beýleki käbir pudaklaryň aýry-aýry işgärleriniň toparlarynyň maşgalalaryna raýatlaryň işleýän ýerlerindäki ýerlerden 0,10 gektara çenli möçberde berilýär. Gulluk ýer paýyna hukugy bolan işgärleriň toparlarynyň sanawy we ony peýdalanmaga bermegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Ýer kodeksine laýyklykda ýerden peýdalanyjylara şu aşakdaky hukuklar berilýär: ýerden niýetlenilişine görä

peýdalanyp, hojalygy özbaşdak alyp barmak; oba hojalyk ekinlerine we agaçlaryna, ödürilen oba hojalyk önümlerine hem-de olary ýerlemekden alnan girdejilere eýeçilik; ýer bölegindäki umumy ýaýran ýerasty baýlyklardan öz hojalygynyň hajatlary üçin peýdalanmak; ýer döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnanda ýetirilen ýitgileriň öwezini almak; ýer böleginiň niýetlenilişine laýyk gelýän ýaşaýyş jaýlary, önümçilik, durmuş we beýleki desgalary bellenilen tertipde gurmak; ýörite talaplara laýyklykda suwaryş we beýleki melioratiw işleri geçirmek.

Ýerden peýdalanyjylaryň üstüne ýüklenilýän borçlar: ýerden niýetlenilişine we berliş şertlerine laýyklykda peýdalanmak; ýerden rejeli we netijeli peýdalanmagy üpjün etmek; ýer üçin tölegi öz wagtynda tölemek; önümçilikde ekologik, sanitariýa we beýleki talaplary berjaý etmek; ýerleri goramak babatda bellenilen çäreler toplumyny amala aşyrmak; ýerleriň ýagdaýy we olardan peýdalanylyşy barada maglumatlary degişli edaralara öz wagtynda bermek; ýerden beýleki peýdalanyjylaryň, ýer eýeleriniň we ýer kärendeçileriniň hukuklaryny bozmazlyk.

Ýerden peýdalanyjylaryň hukuklaryny çäklendirmek diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolup biler. Ýerden peýdalanyjylaryň hukuklarynyň bozulmagy netijesinde olara ýetirilen zyýanyň öwezi doly tölenilmelidir.

Ýerden peýdalanmagyň hukuk görnüşleriniň biri-de ýer kärendesidir. Kärende-şertnama esasynda muzdy bilen belli bir möhlete ýere eýelik etmekden we ondan peýdalanmakdan ybaratdyr. Ýeri kärendesine bermegiň şertleri taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenilýär we ol

şertnamada berkidilýär. Kärende şertnamasy kärendä berijiniň kärendeçi bilen gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy resmi nama hasaplanýar.

Ýer kärendesi bilen baglanyşykly gatnaşyklar Ýer kodeksinde (2004ý.) kadalaşdyrylýar. Bu kärendäniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: uzak möhletli, ýagny 40 ýyla çenli we gysga möhletli, ýagny 10 ýyla çenli. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýar berlen döwlet dolandyryş edarasy (daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň suwarymly ýerlerinden başga) Türkmenistanyň raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna ýerleri kärendä beriji bolup durýar. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýa-da ol tarapyndan ygtyýarly edilen edara ýerleri daşary ýurt raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna, şeýle hem daşary ýurt döwletlerine we halkara guramalaryna kärendä beriji bolup durýar.

Şahsy adamlar, Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplary, şeýle hem daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary ýerleriň kärendeçileri bolup bilerler.

Gurluşyk we beýleki oba hojalyk däl hajatlar üçin ýer bölekleri kärendesine 40 ýyla çenli möhlet bilen berilýär. Wagtlaýyn söwda we durmuş nokatlary, ammarlary, awtoduralgalary we beýleki desgalary ýerleşdirmek üçin ýer kärendesine 5 ýyla çenli möhlet bilen berlip bilner. Oba hojalyk däl maksatlar üçin ýerleriň kärende şertnamasyny bellige almak we ýer böleginiň araçägini ýerinde bellemek ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

Uzak möhletli kärendä 10 ýyl we ondan köp möhlet bilen daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň suwarymly ýerleri şol hojalyklaryň agzalaryna, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, kärendeçileriň birleşiklerine we daýhan hojalyklaryna berilýär. Şunda göz öňünde tutulýar: ýer we suw serişdeleriniň möçberi, zähmete ukyply bir adama düşýän paý böleginiň ortaça meýdany, ýer bölekleriniň ýerleşýän ýeri we beýlekiler.

Suwarymly ýerleri uzak möhletli kärendesine almak barada daýhan birleşigine we beýleki oba hojalyk kärhanasyna ýüz tutulýar. Uzak möhletli kärendesine berilýän ýerler maksatly niýetlenilişi boýunça peýdalanylmalydyr. Bellenilişi ýaly, kärendesine berlip, bir ýylyň dowamynda kärendeçiniň günäsi bilen peýdalanylmadyk ýer bölekleri yzyna alynmaga degişlidir.

Her bir daýhan birleşigi we beýleki oba hojalyk kärhanasy boýunça uzak möhletli kärendä berilýän ýer bölekleriniň möçberleri ýer we suw serişdeleriniň möçberlerine, ýerleriň ýerleşýän ýerine we oba hojalyk önümçiligine gatnaşmaga isleg bildirýän kärendeçileriň sanyna baglylykda kesgitlenilmäge degişlidir. Suwarymly ýerleri uzak möhletli kärendä bermek daýhan birleşiginiň we beýleki oba hojalyk kärhanasynyň toparynyň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

Wagtlaýyn dükançalary, ulag duralgalaryny, ulag jaýlaryny, ammarlary, ussahanalary we beýleki wagtlaýyn desgalary ýerleşdirmek üçin ýer bölekleri Türkmenistanyň raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna etrabyň (çäheriň), welaýatyň we Aşgabat şäheriniň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň çözgüdi boýunça geçirilýär.

Kärendä berlen ýer böleklerini resmileşdirmek, olaryň çäklerini bellemek, kärende şertnamalaryny bellige almak ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

## 4. Suwlardan, ýer jümmüşinden, tokaýlardan, ösümlik we haýwanat dünýüsinden peýdalanmak hukugy

Türkmenistanyň ähli suwlary onuň suw gaznasyny düzýär. Onuň düzüminde Garagum derýasy we beýleki içerki derýalar, suw howdanlary möhüm orun tutýar. Suw baýlyklary babatda Türkmenistanyň Prezidenti möhüm çäreleri durmuşa geçirýär. Turkmen kölüniň we beýleki gidrotehniki desgalaryň gurluşygy muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Maksat bellenmesi göz öňünde tutulyp, ilatyň agyz suw üpjünçiligi we beýleki hajatlar üçin peýdalanylýan suwlary tapawutlandyrmak bolar. Ilatyň agyz suwy we durmuş, hajatlary üçin suwdan peýdalanmagy ileri tutulýar. Özleriniň hili bellenilen sanitariýa talaplaryna laýyk gelýän suwlar görkezilen maksat üçin berilmäge degislidir.

„Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky" kanuna laýyklykda bu tebigy baýlykdan peýdalanmagyň hukuk görnüşleri olara eýelik etmek we peýdalanmak hukuklarydyr. Türkmenistanyň her bir edara görnüsindäki tarapy ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik ediji we peýdalanyjy bolup biler. Ýer eýeleri, ýerden peýdalanyjylar şol bir wagtyň özünde özlerine berlen ýerleriň çäklerinde ösümlik dünýäsiniň

obýektlerine eýelik edijiler we peýdalanyjjylar hasaplanýar. Eýelik edilip ýa-da peýdalanylyp ýörlen ösümlik dünýäsiniň obýektleri beýleki edara görnüşindäki tarapa ýa-da raýata diňe şol obýektleriň gögerip oturan ýeri bellenen tertipde yzyna alnandan soň berlip bilner.

Kanunçylykda haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak amala aşyrylanda berjaý edilmeli esasy talaplar berkidilendir. Olar: 1) haýwanlaryň tebigy birleşikleriniň bitewiligini abat saklamak; 2) tebigy erkinlik ýagdaýyndaky haýwanlaryň biologik köpdürlüligini saklamak; 3) haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny, köpeliş şertlerini we göçüş ýollaryny goramak we abat saklamak ; 4) haýwanat dünýäsi babatda ylmy barlaglary geçirmek, ondan rejeli peýdalanmak we ony yzygiderli köpeltmek ilatyň saglygyny goramak, oba hojalyk we öý haýwanlarynyň kesellemegine ýol bermezlik, ykdysadyýete zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen haýwanlaryň sanyny kadalaşdyrmak.

Görkezilen talaplary berjaý etmek şerti bilen haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleriň amala aşyrylyp bilner: 1) aw awlamak; 2) balyk tutmak; 3) aw awlamak we balyk tutmak obýektlerine degişli edilmedik haýwanlary tutmak; 4) haýwanat dünýäsinden hojalyk, ylmy, medeni, aň-bilim, terbiýeçilik, dynç alys, estetiki maksatlar üçin peýdalanmak; 5) haýwanlaryň ýaşaýyş işjeňligi önümleri almak maksady bilen olardan peýdalanmak.

Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjjylaryň hukuklary we borçlary kanunçylykda kesgitlenendir. Olaryň hukuklary: haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak we ondan peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleleri

çözmäge gatnaşmak; haýwanat dünýäsinden alnan zatlara we önüme eýeçilik; kömekçi hojalygy alyp barmak; haýwanat dünýäsiniň zatlaryndan önümi öndürmek we ony ýerlemek we beýlekiler.

Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylaryň üstüne ýüklenilýän borçlar: haýwanat dünýäsinden paýdalanmagyň bellenilen kadalaryny we möhletlerini berjaý etmek, haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawynyň bozulmagyna ýol bermezlik, haýwanat dünýäsini yzygiderli köpeltmäge gönükdirilen zerur toplumlaýyn çäreleri durmuşa geçirmek we beýlekiler.

Ýer jümmüşinden, suwlardan, tokaýlardan, ösümlik we haýwanat dünýäsinden peýdalanmak hukugy bu tebigy baýlyklara döwletiň aýratyn eýeçilik hukugyndan gelip çykýar.

Görkezilen tebigy serişdelerden peýdalanyjylar hökmünde Türkmenistanyň raýatlary we edara görnüşindäki taraplary, şeýle hem kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda daşary ýurt döwletleri, olaryň raýatlary, edara görnüşindäki taraplary çykyş edýärler.

Tebigy serişdelerden peýdalanmagyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar- umumy we ýörite. Tebigatdan umumy peýdalanmak elýeterlidir, onuň üçin ýörite rugsat talap edilmeýär. Ol tebigy gurşawyň ýagdaýyna täsir etmeýär (ir-iýmişleri ýygnamak, suwa düşmek, maly suwa ýakmak we beýlekiler). Tebigatdan ýörite peýdalanmak (aw awlamak, aw hojalygyny ýöretmek, ýer suwarmak, geologik-gözleg işlerini geçirmek, umumy ýaýramadyk ýerasty baýlyklary çykarmak we beýlekiler) ygtyýarnama boýunça amala aşyrylyp bilner. Bu ygtyýarnama tebigy serişdäni almaga, sarp etmäge, peýdalanmaga, tebigy gurşawa zyýanly

maddalary taşlamaga (dökmäge) degişli döwlet edarasy tarapyndan berilýän rugsatdyr. Şunda tebigaty goramagy we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmagy üpjün etmek, oňa edilýän zyýanly täsiriň öňüni almak maksady bilen belli bir çäk bellenilýär.

Ýer jümmüşi hakyndaky kanuna laýyklykda ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugynyň görnüşleri: 1)geologiýa taýdan öwrenmek üçin peýdalanmak; 2)ýerasty baýlyklary çykarmak üçin peýdalanmak; 3)ýerasty baýlyklary çykarmak bilen baglanyşykly bomadyk ýerasty desgalary gurmak üçin,nebit,gaz we beýleki maddalary we materiallary saklamak üçin peýdalanmak; 4) ylmy, medeni, estetiki, sanitariýa-sagaldyş we beýleki ähmiýeti bolan aýratyn goralýan geologik obýektleri döretmek üçin peýdalanmak; 5) kolleksiýa edilýän materiýallary toplamak üçin peýdalanmak.Kanunçylykda bellenilen halatlarda howpsuzlyk hem-de tebigy gurşawy goramak maksady bilen ýer jümmüşiniň aýry-aýry böleklerinden peýdalanmak hukugy çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner.

Kanunçylyga laýyklykda suwlardan peýdalanylandaol rejeli toplumlaýyn we tygşytly bolmalydyr, olaryň goralmagy,hil ýagdaýynyň gowlandyrylmagy we zyýanly täsiriniň öňüniň alynmagy üpjin edilmelidir.Suwdan umumy we ýörite bile we aýry, ilkinji we ikilenji peýdalanmak hukugy tapawutlandyrylýar. Türkmenistanda suwlar köplenç halatda (Garagum derýasy, Türkmen derýasy we beýlekiler) peýdalanyjylara bile peýdalanmak üçin berilýär.Suwdan aýry peýdalanylanda suwlar ýa-da olaryň bölekleri ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň karary bilen aýry-aýry peýdalanyjylara berkidilýär.

Türkmenistanyň ähli suwlary onuň suw gaznasyny düzýär. Onuň düzüminde Garagum derýasy we beýleki içerki derýalar, suw howdanlary möhüm orun tutýar. Suw baýlyklary babatda Türkmenistanyň Prezidenti möhüm çäreleri durmuşa geçirýär. Türmen kölüniň we beýleki gidrotehniki desgalaryň gurluşgy muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Döwletleriň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň çäklerinde durýan suw baýlyklary, ýagny araçäk suwlary(Amyderýa we beýlekiler) bilen baglanyşykly meseleler şol döwletleriň aralarynda baglanyşylýan ylalaşyklarda kadalaşdyrylýar. Suwlaryň görnüşlerine baglylykda olaryň hukuk düzgüni kesgitlenilýär. Tebigy özboluşlylygyna baglylykda ýerüsti we ýerasty suwlary tapawutlandyrylýar. Maksat bellenmesi göz öňünde tutulyp,ilatyň agyz suw üpjünçiligi we beýleki hajatlar üçin peýdalanylýan suwlary tapawutlandyrmak bolar.

# Tema 6. Tebigy gurşawy goramagyň we ondan peýdalanmagyň dolandyrylyşy.

## 1. Tebigy gurşawy goramagy we ondan peýdalanmagy dolandyrmak barada düşünje.

Garaşsyz Türkmenistanda jemgyýeti demokratiýalaşdyrmak işinde tutuşlygyna döwlet dolandyryşyny, şol sanda ekologiýa babatda döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek demokratik we hukuk döwletiniň emele gelmegini we ösmegini üpjün etmäge gönükdirilen işiň aýrylmaz bölegidir. Döwlet dolandyrylyşyny kämilleşdirmek Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemişe üns merkezinde durýar. Tebigatdan peýdalanmak we daşky tebigy gurşawy goramak babatda döwlet dolandyryşy kanunçylykda göz öňünde tutulan döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Ekologiýa babatda döwlet dolandyryş wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir: san we hil görkezijeleri boýunça tebigy serişdeleri hasaba almak; tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy we olary goramagy hem-de tebigy gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmagy üpjün etmek boýunça wezipeleri we çäreleri kesgitlemek; tebigy serişdeleri tebigatdan peýdalanyjylara eýeçilige (ýerleri), eýelik etmäge, peýdalanmaga we kärendesine bermek hem-de döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna almak; tebigy gurşawyň ýagdaýy we ondaky özgerişler barada ylmy taýdan esaslandyrylan çaklamalary düzmek; tebigy serişdeleriň we daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna we

olarda bolup geçýän özgerişlere syn etmegi guramak; tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak boýunça degişli ekologik gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň işini ugrukdyrmak, tebigatdan peýdalanmagyň hukuk görnüşlerini (eýeçilik hukugy, peýdalanmak hukugy, kärende hukugy) bellenilen tertipde resmileşdirmek; ekologiýa kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak; tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak babatda ýüze çykýan jedelleri çözmek we beýlekiler .

Ekologik dolandyryşyň wezipeleri tebigy gurşawy goramak babatdaky işi guramagy we ugrukdyrmagy, maddy-tehniki üpjünçiligi, hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy, gözegçiligi we ekologik bähbitlerini dogry utgaşdyrmagy kadalaşdyrmak arkaly çözülýär. Şunda ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň esasynda ykdysadyýetiň ösüşi hem-de tebigy gurşawyň zerur derejedäki hili üpjün edilýär.

Ekologiýa babatda döwlet dolandyryşyna özboluşly ýörelgeler mahsusdyr. Olar: tebigy gurşawda düzedip bolmajak ýagdaýlaryň bolmagynyň mümkindigini göz öňünde tutup, dolandyryşy ylmy taýdan esaslandyrmak; häzirki we geljekki nesilleriň bähbitlerinden ugur alyp, tebigy serişdelerden peýdalanmagyň we tebigy gurşawy goramagyň uzak möhletli maksatnamalaryny işläp düzmek; ekologiýa babatda tebigatdan peýdalanyjylaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen degişli döwlet çäreleriniň işlenip düzülmegini birleşikleriň, kärhanalaryň we guramalaryň hojalyk özbaşdaklygynyň giňeldilmegi bilen utgaşdyrmak; ekologik ulgamynyň aýry-aýry bölekleriniň ýakyn arabaglanyşykda

durýandyklaryny göz öňünde tutup, tebigy serişdelerden peýdalanmak we olary goramak meseleleri çözülende toplumlaýyn çemeleşmek; hojalyk-guramaçylyk we gözegçilik işiniň netijeliligini gazanmak maksady bilen bu wezipeleri aýrybaglamak (aýyl-saýyl etmek); tebigy serişdelerden rejeli peýdalanylmagyny hem-de olaryň hojalyk dolanyşygyna girizilmegini ykdysady taýdan höweslendirmek; tebigy serişdelerden peýdalanylanda olaryň dikeldilip bolýanlaryny yzygiderli dikeltmek hem-de şol serişdeleri gowulandyrmak boýunça çäreleri durmuşa geçirmek; daşky tebigy gurşawy goramagy we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy üpjün etmek işine ilat köpçüligini giňden çekmek.

Ekologik dolandyryşyň anyk wezipeleri Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulýar hem-de daşky tebigy gurşawy goramak babatda işi guramagy we ugrukdyrmagy, maddy-tehniki üpjünçiligi, hukuk taýdan kadalaşdyrmagy, gözegçiligi amala aşyrmagy üpjün etmäge gönükdirilýär. Dolandyryş wezipeleri jemgyýetçilik ösüşini ykdysady we ekologik bähbitlerini dogry utgaşdyrmagy kadalaşdyrmak arkaly çözülýär. Şunda ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň esasynda ykdysadyýetiň ösüşi hem-de daşky tebigy gurşawyň ýeterlik derjedäki hili üpjün edilýär.

Ekologiýa babatda dolandyryşyň ykdysady, durmuş we ekologik netijeliligi tapawutlandyrylýar. Şunda ykdysady netijelilik jemgyýetçilik zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy bilen kesgitlenýär. Durmuş netijeliligi tebigy gurşawyň hiliniň gowulanmagynda, şol sanda ilatyň saglygynyň berkemeginde we onuň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagynda aňladylýar. Ekologik netijelilik bolsa

tebigatyň tebigy aýlawly hereketini hem-de onuň öz-özüni kadalaşdyrmak ukybyny saklamakdan, häzirki we geljekki nesiller üçin ekologik ulgamlary abat saklamakdan hem-de jemgýetiň ösüşinde tebigy serişdeleriň ähmiýetiniň artmagyndan ybaratdyr.

## 2. Ekologik dolandyryş babatda umumy ygtyýarly döwlet edaralarynyň wezipeleri

Garaşsyz Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet dolandyryşyň beýleki meseleleri bilen bir hatarda tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy we daşky tebigy gurşawy goramagy guramak wezipelerini umumy ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary ýerine ýetirýärler.

Bu edaralara Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary degişlidir. Belli bir dolandyryş wezipelerini ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary hem amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda (53-nji madda) döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany bolan Türkmenistanyň Prezidenti Konstitusiýany we kanunlary (şol sanda ekologiýa babatdaky kanunlary) durmuşa geçirýär. Döwlet dolandyryşyny Türkmenistanyň Prezidenti permanlary, kararlary we buýruklary çykarmak ýoly bilen amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk namalary: “Türkmenistanda ýere eýelik etmek we ondan peýdalanmak hukugy hakyndaky” perman (1993-nji ýylyň 2-nji fewraly), “Türkmen kölini döretmek hakyndaky” perman (2000-nji ýylyň 31-nji awgusty), “Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky”

karar (1997-nji ýylyň 25-nji marty), “Tebigy gurşawy gowulandyrmak baradaky çäreler hakyndaky ” karar (1999-njy ýylyň 29-njy noýbry), 1995-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky buýruk bilen tassyklanan döwlet tebigy goraghanalary, döwlet tebigy çäkli goraghanalar, döwlet tebigy ýadigärlikleri, döwlet tebigy goraghanalaryň gorag zolaklary hakyndaky mysaly düzgünnamalar we beýlekiler. Ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk namalara tebigaty goraýyş ministrlikleri we beýleki döwlet dolandyryş edaralary baradaky düzgünnamalar (Türkmenisatanyň Prezidentiniň kararlary bilen tassyklanan)hem degişlidir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda (75-nji madda) Ministrler Kabineti kanunlaryň Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Mejlisiň (şol sanda ekologiýa meseleleri boýunça) ýerine ýetirilmegini guraýar; ykdysady we sosial taýdan ösüşiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagyny amala aşyrýar; döwlet kärhanalaryny, edaralaryny we guramalryny dolandyrmagy guraýar; tebigy baýlyklaryň netijeli peýdalanylmagyny üpjün edýär. Türkmenistanyň Hökümetiniň ekologik gatnaşyklary dolandyrmak babatdaky ygtyýarlygy “Ministrler Kabineti hakyndaky” kanunda (1995-nji ýylyň 24-nji noýabry) hem kesgitlenendir.

Konstitusiýada göz öňünde tutulyşy ýaly (82-nji madda), ýerine ýetiriji ýerli häkimiýeti amala aşyrýan häkimler ýerlerde dolandyryş edaralarynyň işine (şol sanda tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak meseleleri boýunça) ýolbaşçylyk edýärler hem-de Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Prezidentiň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Mejlisiň kararlarynyň ýerine

ýetirilmegini üpjün edýärler. Olar öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde özleriniň garamagyndaky ýerlerde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary çykarýarlar.

"Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet" hakyndaky kanuna (2010-njy ýylyň maý aýy) laýyklykda welaýatyň, etrabyň, şäheriň häkimi degişli çäkde ýerden, ýer jümmüşinden, suwdan, tokaýlardan, atmosfera howasyndan, ösümlik hem-de haýwanat dünýäsinden, beýleki tebigy baýlyklardan oýlanyşykly peýdalanmak, olary goramak boýunça çäreler görýär we bu ugurda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gözegçiligi amala aşyrýar.

Konstitusiýa laýyklykda (86-njy madda) ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça çäreleri kesgitleýärler.

Garaşsyzlyk şertlerinde Türkmenistanda tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak babatda ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamy kämilleşdirildi. Bu edaralara şu aşakdakylary degişli etmek bolar: Tebigaty goramak ministrligi, Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy, Suw hojalyk ministrligi, Balyk hojalyk döwlet komiteti we bu Komitetiň Döwlet balyk gorag müdirligi, „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy, „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa baradaky milli komitet we beýlekiler.

Daşky tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny we gözegçiligi amala aşyrýan, tebigaty goraýyş işini toplumlaýyn dolandyrýan, beýleki edaralaryň şu

ugurdaky işini ugrukdyrýan edara Tebigaty goramak ministrligidir. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnamada göz öňünde tutulyşy ýaly, bu Ministrlik öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda ekologiýa babatda möhüm amala aşyrylýar. Ol wezipeler şu aşakdakylardyr:

- döwletiň ekologik syýasatyny we tebigaty goramak baradaky döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmegi üpjün etmek;

- edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň, şol sanda daşary ýurtlularyň Türkmenistanyň tebigaty goramak baradaky kanunçylygynyň berjaý edişine, şeýle hem tokaýlaryň ýagdaýyna, peýdalanylyşyna, üznüksiz köpeldilişine, goralyşyna we aýawly saklanylşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

Türkmenistanyň halkara konwensiýalaryndan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça hem-de tebigaty goramak babatda, şeýle hem tebigaty goraýyş işiniň beýleki meseleleri boýunça Türkmenistanyň halkara we pudagara şertnamalaryny hem-de ylalaşyklalaryny taýýarlamak boýunça ministrlikleriň we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrmak;

- ekologik ulgamlaryň goralyşyna, ýerleriň hasylylygynyň peselmeginiň öňüniň alnyşyna, ýerleriň, gyzgyn suwlardan başga ýerüsti we ýerasty suwlaryň, howa gurşawynyň, ösümlik dünýäsiniň, şol sanda tokaýlaryň we haýwanat dünýäsiniň şeýle hem balyk gorlarynyň, deňizdäki ösümlikleriň we haýwanlaryň, şol sanda suwdaky süýt emdirijileriň we oňurgasyzlaryň hem-de Türkmenistanyň çäklerindäki suwlaryň tebigy

serişdeleriniň peýdalanylyşyna we goralyşyna gözegçilik etmek;

- Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen haýwanlaryň hem-de ösümlikleriň seýrek we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşlerini, şeýle hem söwdasy ýa-da goralmagy Türkmenistan gatnaşyjysy bolup durýan hallkara şertnamalary bilen düzgünleşdirilýän görnüşlerini goramak baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

- Tebigaty goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak hem-de tokaý hojalyklaryna ylmy-usulyýet we maslahat kömegini bermek.

Tebigaty goramak ministrliginiň wezipelerine şu aşakdakylar hem degişlidir:

- Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşyp, tebigy serişdeler hem-de daşky tebigy gurşawa hapalaýjy maddalaryň taşlanmagy üçin tölegleriň, şeýle hem tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy bilen ýetirilen zyýan üçin jerimeleriň möçberlerini hasaplamak boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan uzak wagtlaýyn degişli kadalary işläp taýýarlamak we tassyklamak;

- tebigatdan peýdalanmagy dolandyrmagy kämilleşdirmegi, ekologik kadalaşdyrmagy, tebigy serişdelerinden peýdalanylyşyny we daşky gurşawyň goralyşyny düzgünleşdirmek boýunça kadalary we standartlary „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy bilen bilelikde işläp taýýarlamagy üpjün etmek;

- daşky gurşawa we tebigy desgalara gözegçiligi amala aşyrmak;

- kärnahanalary we hojalyk desgalaryny gurmak, olaryň durkuny täzelemek üçin taslama we deslapky taslama maglumatlarynyň, taslamalaryň döwlet ekologik ekspertizasyny amala aşyrmak;

- Türkmenistanyň Gyzyl kitabyny ýöretmegi üpjün etmek;

- kanunçylyga laýyklykda ekologik işiň ähli görnüşlerini ygtyýarlandyrmagy geçirmek hem-de ösümlik we haýwanat dünýäsine degişli obýektleri, şol sanda olaryň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşlerini peýdalanmak üçin çäkli möçberleri kesgitlemek;

- tebigatdan peýdalanyjylaryň daşky tebigy gurşawa edilýän täsire baha bermek boýunça geçirýän işine döwlet gözegçiligini we usulyýet ýolbaşçylygyny amala aşyrmak;

- tebigaty goramak işi bilen baglanyşykly rugsatnamalar bellenilen tertipde bermek we ýatyrmak;

- haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşlerini, şeýle hem söwdasy ýa-da goralmagy degişli halkara şertnamasy bilen düzgünleşdirilýän görnüşlerini tutmagy, ýurdumyza getirmegi we ýurdumyzdan alyp gitmegi amala aşyrmak;

- goraghanalaryň we beýleki aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň işini, tebigy nygmatlaryň hasylyny ýygnamagy guramak, olary ösdürmek boýunça çäreleri görmek;

- tebigaty goramak babatdaky dolandyryş hukuk bozulmalary baradaky işlere bellenilen tertipde goramak.

Daşky tebigy gurşawy goramak boýunça Tebigaty goramak ministrliginiň hukuklary hem kesgitlenilýär. Ol hukuklar:

- tebigaty goramagyň, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagyň we tebigaty goraýyş çärelerini ýerine ýetirmegiň meseleleri boýunça eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ýolbaşçylarynyň habarlaryny diňlemek;

- ekologik ekspertizany geçirmek, tebigy gurşawyň ýagdaýyny kesgitlemek, ony sagdynlaşdyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak we daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly beýleki meseleleri çözmek üçin Ministrligiň ýanynda seljeriji we beýleki geňeşleri hem-de toparlary döretmek;

- ekologik syýahaty ösdürmek hem-de daşary ýurtly edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar üçin aw awlamagy guramak boýunça çäreleri geçirmek;

- tebigatyň ýygnalan nygmatlaryny ýerlemekden alnan serişdeleri peýdalanmak;

- jerimeleri we hak isleglerini töletdirmekden, şeýle hem bikanun aw awlamak üçin ulanylan gurallary komission söwda ulgamy arkaly ýerlemekden alnan serişdeleri Türkmenistanda aw awlamak we awçylyk hojalygyny ýöretmek baradaky Düzgünnama laýyklykda peýdalanmak.

Ekologik dolandyryş babatdaky möhüm wezipeleriň biri tebigy kadastrlaryň alnyp barylmagydyr. Bu kadstrlar tebigy serişdeleriň mukdary we hili baradaky ykdysady, ekologik, guramaçylyk we tehniki görkezijileriň, tebigatdan peýdalanyjylaryň düzümi we toparlary baradaky maglumatlaryň jemidir. Kadastrlar tebigy gurşawy goramagyň we ondan rejeli peýdalanmagyň, ony dikeltmegiň çäreleriniň ulgamyny kesgitlemegiň esasy bolup durýar. Tebigy serişdeleriniň görnüşleri boýunça şu

aşakdaky kadstrlar tapawutlandyrylýar: ýer, suw, ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň, haýwanat dünýäsiniň we tokaý kadastrlary.

Türkmenistanyň Ýer kodeksine laýyklykda ýer kadastry ýerleriň hukuk düzgüni, olaryň ýerden peýdalanýanlar we ýer toparlary boýunça paýlanyşy hakyndaky, ýerleriň hil we mukdar häsiýetnamasy hem-de halk hojalyk taýdan gymmatlylygy hakyndaky maglumatlaryň ulgamydyr. Kadastr maglumatlary ýerlerden peýdalanmagy we olary goramagy taslamak, maksat bellenmesi boýunça paýlamak, ýerleri bermek we yzyna almak, ýer üçin tölegleri kesgitlemek, ýerden rejeli peýdalanylyşyna baha bermek üçin ulanylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama laýyklykda ýere eýeçiligiň we ondan peýdalanmagyň ähli toparlary boýunça döwlet ýer kadastrynyň ýöredilmegini guramak Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugynyň üstüne ýüklenilýär.

Döwlet suw kadastry mukdar we hil görkezijileri boýunça suw hasabynyň, suwdan peýdalanylyşynyň resmileşdirilmeginiň hem-de suwdan peýdalanylyşynyň hasaby baradaky maglumatlaryň ulgamydyr. Bu maglumatlar suwlaryň ýagdaýyna we olardan peýdalanylyşyna baha bermek, suw serişdelerinden peýdalanmagy taslamak, suw çeşmeleriniň hapalanmagynyň we egsilmeginiň öňüni almak üçin ulanylýar. Suw kadastry ýerüsti suwlar, ýerasty suwlar, suwlardan peýdalanmak bölümleri boýunça ýöredilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 15-nji iýunyndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama

laýyklykda „Suwlardan peýdalanmak“ bölümi boýunça suw kadastryny ýöretmek Suw hojalyk ministrliginiň üstüne ýüklenilýär. „Ýerasty suwlar“ bölümi boýunça bolsa „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy ýöredýär.

Ýer jümmüşi hakyndaky kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, ýerasty baýlyklaryň ýataklarynyň we olaryň ýüze çykmalarynyň döwlet kadastryny şu ýataklaryň her biri baradaky maglumatlar girizilýär. Bu maglumatlarda esasy ýerasty baýlyklaryň we olar bilen bile ýatan baýlyklaryň mukdary, hili we beýlekiler häsiýetlendirilýär. Ýerasty baýlyklaryň ýataklarynyň we olaryň ýüze çykmalarynyň döwlet kadastry ýer jümmüşini geologik taýdan öwrenmek, ýerasty baýlyklaryň ýataklaryny toplumlaýyn peýdalanmak, olary çykarýan kärhanalary rejeli ýerleşdirmek baradaky maksatnamalary işläp taýýarlamagy üpjün etmek, şeýle hem ykdysadyýetiň beýleki maksatlary üçin alnyp barylýar. Bu kadastry „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy ýöredýär.

Haýwanat dünýäsiniň döwlet kadastry haýwanlaryň görnüşleriniň geografik taýdan ýaýraýşy, olaryň sany, ýaşaýyş gurşawynyň häsiýetnamasy hem-de hojalyk peýdalanylyşy baradaky we beýleki maglumatlary özünde jemleýär. Bu kadastry alyp barmakda maksat haýwanat dünýäsini goramagy we ondan rejeli peýdalanmagy üpjün etmekdir. Türkmenistanyň „Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak“ hakyndaky kanunyna laýyklykda haýwanat dünýäsiniň döwlet kadastryny ýöretmek Tebigaty goramak ministrliginiň üstüne ýüklenilýär.

Döwlet tokaý kadastryny ýöretmekde maksat döwlet tokaý gaznasyndan rejeli peýdalanmagy guramak, tokaýlary üznüksiz köpeltmek, olary abat saklamak we goramak, tokaýlaryň mukdar we hil taýdan üýtgeýşine yzygiderli gözegçilik etmekdir. Bu kadastr tokaý gaznasynyň hukuk düzgüni, ony eýelik edýänlere paýlamak, tokaýlary toparlara bölmek, olara ykdysady baha bermek baradaky we beýleki maglumatlary jemleýär. Türkmenistanyň Tokaý kodeksinde (1993-nji ýylyň 12-nji apreli) göz öňünde tutulyşy ýaly, döwlet kadastryny ýöretmek Tebigaty goramak ministrliginiň üstüne ýüklenilýär.

Ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky ýörite ygtyýarly edara Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama we Ýer kodeksine laýyklykda bu Gulluk şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- ýer gatnaşyklary babatda alnyp barylýan döwet syýasatyny durmuşa geçirýär;
- ýer serişdelerinden rejeli peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;
- ýerleri peýdalanmaga we kärendesine bermek barada arzalary we haýyştnamalary kabul edýär hem-de olar boýunça ýer meseleleri baradaky toparlarda seretmek üçin degişli resminamalary taýýarlaýar;
- döwlet ýer kadastryny ýöredýär we ýerleriň ýagdaýyna syn etmegi geçirýär;
- ýer serişdeleri we olaryň ýagdaýy baradaky maglumatlaryň kompýuterleşdirilen ýeke-täk ulgamyny döredýär we alyp barýar;

- döwlet ýer gurluşygy şeýle hem topografik-geodeziýa, toprak, geobotanik, kartografik we beýleki barlag we gözleg işlerini geçirýär;

- şahsy adamlara we edara görnüşindäki taraplara, halkara guramalaryna ýerleri bermek barada resminamalary resmileşdirýär;

- ýere eýeçilik, ýerden peýdalanmak we ýer kärendesi hukuklarynyň döwlet bellige alynmagyny, bu hukuklara güwä geçýän resminalary bermegi amala aşyrýar;

- ýerlerden rejeli peýdalanmak we olary goramak babatda maksatnamalaryň, ülňüleriň we taslamalaryň seljermesini geçirýär;

- eýeçilige, peýdalanmaga, kärendesine berlen ýerler barada maglumatlary ýygnamagy, ulgamlaşdyrmagy we seljermegi guraýar;

- peýdalanylmaýan ýerleri we ýer kanunçylygyny bozup peýdalanylýan ýerleri ýüz çykarmak boýunça işleri geçirýär;

- suwarymly ekerançylyk üçin ýaramly ýerler, öri maldarçylygy üçin öri meýdanlary barada çaklamalary we gelejekde peýdalanmak üçin teklipleri işläp düzýär;

- ýer serişdelerinden rejeli we netijeli peýdalanmaga gönükdirilen guramaçylyk, tehniki we beýleki çäreleri amala aşyrýar;

- gözleg işlerini geçirmek üçin ýer böleklerinden peýdalanmaga rugsatnama berýär;

- ýer eýeleri, ýerden peýdalanyjylar we ýer kärendeçiler tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany bolan ýer meseleleri boýunça hukuk namalary kabul edýär;

- ministrlikleriň we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, häkimlikleriň, arçynlaryň, Geňeşleriň ýer kanunçylygyna garşy gelýän namalarynyň herketini togtatmak ýa-da ýatyrmak barada teklipleri Ministrler Kabinetine berýär;

- senagat we beýleki magsatly desgalar gurlanda we durky täzelenilende, geologiýa-agtaryş, gözleg we beýleki işler geçirilende ýer kanunçylygynyň berjaý edilişine göaegçilik edýär;

- ýerleri eýeçilige, peýdalanmaga we kärendesine bermek boýunça resminamalary netijenama bilen ýer meseleleri baradaky Döwlet toparynyň garamagyna berýär;

- ýer gaznasynyň möçberi, bölünişi we peýdalanylyşy barada ýyllyk hasabaty düzýär;

- ýer jedellerine seredýär we çözýär;

Suw serişdeleri babatda ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň wezipeleri Suw kodeksinde (7-nji madda) kesgitlenilýär. Ol wezipeler:

- suwdan peýdalanmagyň içerki hojalyk, ulgamlaýyn, etraplar, welaýatlar we umumy ýurt boýunça meýilnamalaryny tassyklamak;

- suw serişdelerini toplumlaýyn peýdalanmagyň we goramagyň ülňülerini işläp düzmek we tassyklamak;

- suw serişdeleriniň peýdalanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

- suw serişdeleriniň ýagdaýyny synlamak işini guramak;

- suw kadastryny we suw hojalyk balanslaryny ýöretmek;

- suw serişdeleriniň we olaryň peýdalanylyşynyň döwlet hasabatyny ýöretmek;

- suw serişdelerine gözegçiligiň we olaryň hasabatyny ýöretmegiň metrologik üpjünçiligini amala aşyrmak;

- suw kanunçylygynyň bozulmalary netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy barada nägilelikleri we hak isleglerini bildirmek;

- suw serişdelerini peýdalanmak we goramak bilen baglanyşykly taslama düzüş, agtaryş, ylmy-barlag we konstruktorçylyk işlerini geçirmek;

- suwarymly ýerleriň meliorasiýasy boýunça çäreler toplumyny işläp düzmek;

- suw hojalyk desgalaryny we gurnamalaryny guramagyň hem-de olaryň durkuny täzelemegiň taslamalarynyň döwlet ekologik seljermesini geçirmek;

- suw serişdelerinden ýörite peýdalanmak üçin rugsatnamalary ylalaşmak we bermek;

- suw gatnaşyklary babatda halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak;

Şu aşakdaky edaralar hem tebigy serişdeleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça ýörite ygtyýary döwlet dolandyryş edaralarydyr: ýerasty suwlar (gidromineral serişdelerinden başga) hem-de ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek boýunça „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy (2006-njy ýylyň 20-nji fewraly), suw haýwanlary boýunça Balyk hojalyk döwlet komiteti (1991-nji ýylyň 8-nji oktýabry) we onuň Döwlet balyk gorag müdirligi (1998-nji ýylyň 6-njy iýuny), umumy ýaýramadyk ýerasty baýlyklar, şol sanda gidromineral serişdeleri boýunça “Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy (1999-njy ýylyň 5-nji oktýabry), gidrometeorologiýa babatda Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometerelogiýa baradaky milli komiteti

(1998-nji ýylyň 15-nji ýanwary). Käbir ýörite dolandyryş wezipelerini Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeleri ministrligi, „Türkmengaz“ döwlet konserni, „Türkmennebit“ döwlet konserni, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebit-gaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça döwlet kärhanasy we beýlekiler hem amala aşyrýarlar.

# Tema: 7. Ekologik gözegçiligi we onuň guramaçylyk - hukuk görnüşleri

1. **Ekologik gözegçiligi we onuň ýörelgeleri**
2.

Tebigatdan peýdalanmak we daşky tebigy gurşawy goramak barada amala aşyrylýan ekologik gözegçiligi jemgyýet tarapyndan onuň tebigat bilen özara gatnaşyklary babatda alnyp barylýar. Ekologik gözegçiligi tebigy gurşawyň we onuň aýry-aýry serişdeleriniň ýagdaýyna we olardaky bolup geçýän özgerişlere syn etmegi guramaga, tebigaty goramak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak baradaky meýilnamalaryň we çäreleriň ýerine ýetirilişini barlamaga, tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmaga we ekologiýa kanunçylygynyň berjaý edilmegine gönükdirilen çäreleriň ulgamydyr.

Ekologik gözegçiligi Türkmenistan döwletiniň ekologiýa babatdaky wezipesiniň ýüze çykyş görnüşidir, ýagny tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak boýunça döwlet dolandyryş wezipesi hökmünde çykyş edýär. Şeýle hem ol ekologik gatnaşyklarynyň dolandyryş tärleriniň aýrylmaz bölegi bolup, tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak baradaky çäreleri kadalaşdyrýan hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň kepili hem-de şu babatda kanunçylygyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmegiň möhüm serişdesi bolup durýar.

Ekologiýa babatda gözegçiligi amala aşyrmakda maksat häzirki we geljekki nesilleriň bähbitlerinden ugur alyp, tebigy gurşawyň hiliniň ilatyň saglygyny goramagy hem-de onuň ýaşaýşy üçin amatly tebigy şertleri üpjün edýän derejede bolmagyny gazanmakdyr. Ekologik

gözegçiligi şu aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barylýar: tebigy gurşawyň umumy ýagdaýy hem-de aýry-aýry tebigy baýlyklaryň, ýagny ýeriň (topragyň), ýer jümmüşiniň, suwlaryň, tokaýlaryň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň, atmosfera howasynyň, aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň we obýektleriň ýagdaýy; hojalyk desgalarynyň ýerleşdirilişi, taslanyşy, gurluşy, ulanmaga berlişi we ulanylyşy, tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak baradaky çäreleriň durmuşa geçirilişi; ekologiýa kanunçylygynyň berjaý edilişi.

Ekologik gözegçiligi belli bir ýörelgelerden ugur alýar. Jemgyýeti we döwleti dolandyrmagyň umumy ulgamynyň bir bölegi hökmünde bu gözegçilik iň ilki bilen dolandyryşyň şu aşakdaky umumy ýörelgelerine esaslanýar: raýatlaryň bähbitlerine täsir edýän kararlar (çözgütler) işlenilip taýýarlanylanda we şolaryň durmuşa geçirilişine gözegçilik edilende raýatlaryň gatnaşmagy; jemgyýetçilik pikiriniň göz öňünde tutulmagy; kanunylygyň berjaý edilmegi; dolandyryş işine gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we borçlarynyň, şeýle hem olaryň jogapkärçiliginiň anyk bolmagy we beýlekiler.

Ekologik gözegçiliginiň ýörite ýörelgeleri gözegçiligiň halkara ýörelgelerinden ugur alnyp hem-de ekologik işine gözegçiligiň özboluşly aýratynlyklary göz öňünde tutulyp kesgitlenilýär. Gözegçiligiň halkara ýörelgelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- gözegçilik edýän edaralaryň we olaryň wezipeli adamlarynyň özbaşdaklygy;
- gözegçiligi amala aşyrýan edaralaryň hojalyk işine bikanun gatyşmazlygy;

- gözegçilik we hojalyk wezipeleriniň aýrybaşgalanylmagy;
- öňüni alyş gözegçiligini ileri tutulmagy;
- gözegçiligiň ekologik işiň netijesi boýunça amala aşyrylmagy;
- kärhanalaryň we guramalaryň öz-özüne gözegçilik etmegi;
- gözegçiligiň maglumat, ylmy taýdan üpjün edilmegi we beýlekiler.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ekologik gözegçiligi umumy ygtyýarly ýerine ýetirji häkimiýet edaralary ýagny, Türkmenistanyň Prezidenti we Ministrler Kabineti, häkimler we arçynlar tarapyndan hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary ýagny, Tebigaty goramak ministrligi we beýleki degişli ministrlikler, döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda (63-nji madda) Türkmenistanyň Mejlisi kanunlaryň (şol sanda ekologiýa babatdaky kanunlaryň) ýerine ýetirilişini gözegçiligi amala aşyrylýar. Ekologik gözegçiliginiň hukuk tärleriniň netijeliligi iň ilki bilen şu babatda gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalarynyň hiline baglydyr. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň ekologik gözegçiligi baradaky kanunçylygy yzygiderli kämilleşdirilýär.

## 3. Ekologik gözegçiliginiň görnüşleri

Türkmenistanda ekologik gözegçiliginiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: döwlet ekologik gözegçiligi, pudagara we pudaklaýyn ekologik gözegçiligi, önümçilik, jemgyýetçilik we sanitariýa ekologik gözegçiligi.

Ekologiýa babatdaky gözegçiligiň esasy görnüşleriniň biri döwlet ekologik gözegçiligidir. Bu gözegçilik umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary (Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, häkimler we arçynlar) hem-de ýörite ygtyýarly edara bolan Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar. Şunda ýerine ýetiriji häkimýet edaralary öz ygtyýarlygynyň çäginde bellenen tertipde ekologik talaplara garşy gelýän namalary ýatyryp hem bilýärler. Kanunlaryň (şol sanda ekologiýa babatdaky kanunlaryň) ýerine ýetirilişine döwlet gözegçiligini Mejlis hem amala aşyrýar.

Tebigaty goramak ministrligi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama laýyklykda daşky tebigy gurşawyň peýdalanylyşyna we goralyşyna, tebigaty goraýyş kanunçylygynyň ähli edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň şol sanda daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň berjaý edişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar. Bu gözegçilik ekologik gözegçiligiň beýleki görnüşlerinden şu aşakdaky alamatlar bilen tapawutlanýar: 1) bu gözegçilik tebigatdan peýdalanmagyň we tebigy gurşawy goramagyň ähli görnüşlerini (tebigy serişdeleriň görnüşlerine, pudaklaýyn tabynlyga we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan) öz içine alýar; 2) döwlet gözegçiligini amala aşyrýan Tebigaty goramak ministrligi pudagara ekologik gözegçiligini amala aşyrýan ministrlikleriň we beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň işini ugrukdyrýar.

Pudagara ekologik gözegçiligi tutuşlygyna tebigy gurşaw babatda däl-de tebigy baýlyklaryň aýry-aýry görnüşleri barada degişli ministrlikler we beýleki döwlet

dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Ýer baýlyklary barada şular ýaly gözegçiligi edýän edara Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama laýyklykda Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugydyr. Bu Gulluk ýerlerden peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirip, ýer meseleleri boýunça ähli kärhanalar we guramalar (eýeçiligiň görnüşlerine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan) hem-de raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökman bolan çözgütleri kabul edýär.

## 4. Ýer we suw serişdeleri babatda gözegçilik

Ýerlerden peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmakda şu aşakdakylar esasy wezipeler hasaplanylýar:

- döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisi, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we öz-özüni dolandyryş edaralary, şahsy adamlar, Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplary daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary tarapyndan ýer kanunçylygynyň berjaý edilmegi;
- ýerden rejeli peýdalanmak we ony goramak babatda döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegi;
- ýer gatnaşyklary babatda kanunçylygyň bozulmalarynyň öňüni almak, bozulmalary ýüze çykarmak hem-de olary aradan aýyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmak;

- ýer eýeleri , ýerden peýdalanyjylar we ýer kärendeçileri tarapyndan tebigy gurşawy goramak babatda hem-de topragyň mesliginiň pese düşmegi we hapalanmagy, ösümlik we beýleki tebigy serişdeleriň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna ýol bermezlik babatda kanunçylykda bellenilen ölçegleriň we kadalaryň berjaý edilmegi.

Şahsy adamlara Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryna, daşary ýurt döwletlerine we halkara guramalaryna eýeçilige, peýdalanmaga we kärendesine berlen ähli ýerler, eýeçiligiň görnüşlerine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan, döwlet gözegçiliginde durýar.

Kanunçylykda ýerden peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmagyň esasy ugurlary kesgitlenildi. Olar:

- aýratyn döwlet goragynda durýan milli baýlyk bolan ýerlerden rejeli peýdalanmagy we olaryň goralmagyny üpjün etmek;

- ýerden peýdalanmak baradaky gatnaşyklarda ekologik howpsuzlyk talaplaryny ykdysady bähbitlerden ileri tutmak;

- kanunçylygyň bozulmagy netijesinde daşky tebigy gurşawa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;

- ýer serişdelerini goramak we olardan peýdalanmak babatda jogapkärçilik we höweslendiriş çärelerini utgaşdyrmak.

Ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan döwlet gözegçiligi amala aşyrylanda şu aşakdakylar üpjün edilýär:

- ýerden maksatly niýetlenilişi boýunça peýdalanylmagy;

- degişli edaralar, ýerden peýdalanýanlar tarapyndan ýerleri goramak we olardan peýdalanmak meseleleri boýunça ýer kanunçylygynyň berjaý edilmegi;

- ýer bölekleriniň birugsat eýelenilmegine ýol berilmezligi;

- ýerleri goramak we olardan peýdalanmak boýunça ýer gurluşyk taslamalarynyň we beýleki taslamalaryň ýerine ýetirilmegi;

- durky bozulan ýerleriň peýdalanmaga ýaramly ýagdaýa getirilmegi;

- wagtlaýyn eýelenen ýerleriň öz wagtynda yzyna gaýtarylmagy.

Ýer gatnaşyklary babatda döwlet gözegçiligi amala aşyrylanda şu aşakdakylar hem üpjün edilmäge degişlidir:

- ýer eýeleri, ýerden peýdalanyjylar we kärendeçiler tarapyndan guramaçylyk-hojalyk, agrotehniki, tokaý-melioratiw we topragyň mesligini dikeltmek we saklamak boýunça beýleki çäreleriň geçirilmegi;

- ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanyjylaryň we ýer kärendeçileriniň ýerleriň möçberi, peýdalanylyşy we ýagdaýy baradaky maglumatlary degişli döwlet edaralaryna öz wagtynda tabşyrmagy;

- ýer böleklerindäki araçäk belgileriň abat saklanmagy;

- ýerden peýdalanylanda tebigaty goraýyş talaplarynyň berjaý edilmegi;

- toprak eroziýasynyň, şorlaşmagyň, suw basmagyň, çölleşmegiň, hapalanmagyň we ýeriň ýaramazlaşmagyna getirýän beýleki täsirleriň öňüni almak we aradan aýyrmak

hem-de ýeri gowulandyrmak boýunça degişli çäreleriň amala aşyrylmagy;

- ýere eýeçilik, ýerden peýdalanmak we kärende hukuklaryny bozýan geleşiklere ýol bermezlik;
- ýerleriň ekologik ýagdaýy;
- ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň ýer kanunçylygy boýunça kabul edýän kararlarynyň kanuna laýyk gelmegi.

Kanunçylyga laýyklykda ýer gatnaşyklary babatda ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy gözegçiligi şu aşakdaky tertipde amala aşyrýar:

- ýer eýeleri, ýerden peýdalanyjylar we ýer kärendeçileri tarapyndan ýer serişdelerinden peýdalanmak we olary goramak boýunça barlaglary geçirmek;
- ýer kanunçylygynyň bozulmalary barada teswirnama düzmek;
- ýer hukuk bozulmalarynyň sebäplerini we şertlerini aradan aýyrmak barada ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri bermek;
- ýer hukuk bozulmalaryny eden günäkärleri dolandyryş jogapkärçiligine çekmek;
- ministrlikleriň, beýleki merkezi pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, häkimleriň ýer meseleleri boýunça kararlarynyň güýjüni duruzmak ýa-da ýatyrmak barada teklipleri Ministrler Kabinetine bermek;
- ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanyjylaryň we ýer kärendeçileriniň ýer böleklerine bökdençsiz, goranmak we beýleki ýörite hajatlar üçin berlen ýerlere bolsa olaryň hukuk düzgününi göz öňünde tutup, baryp görmek hem-de barlaglary geçirmek;

- ýer kanunçylygynyň bozulmagy bilen hem-de ýerden peýdalanmaga bolan hukuga güwä geçýän resminamalar bolmadyk halatynda, senagat, raýat we beýleki gurluşyklary, ýerasty baýlyklaryň çykarylmagyny, desgalaryň işe girizilmegini, agro-tehniki, tokaý-meloratiw, geologiýa-gözleg, agtaryş, giodeziýa we beýleki işleriň geçirilmegini duruzmak;

- ýerden peýdalanýanlardan ýerleri goramak we olardan peýdalanmak barada degişli maglumatlary almak hem-de ýer eýeleriniň, edara görnüşindäki taraplaryň ýolbaşçylarynyň ýer meseleleri boýunça habarlaryny we hasabatyny almak.

Türkmenistanyň Suw kodeksine (9-njy madda) laýyklykda suw serişdelerinden peýdalanyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiliginiň wezipesi suwdan peýdalanmagyň bellenen tertibini ähli edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň berjaý etmegini, suw serişdelerini goramak, olaryň zyýanly täsiriniň öňüni almak we ony aradan aýyrmak borçlarynyň, suw serişdeleriniň hasabyny ýöretmegiň kadalarynyň, suw kanunçylygynda bellenilen beýleki kadalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekdir.

Suw serişdelerinden peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini suw serişdelerini peýdalanmagy we goramagy düzgünleşdirýän döwlet edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly edilen edaralar amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi hakyndaky Düzgünnama laýyklykda (2000-nji ýylyň 15-nji iýunynda tassyklandy) bu Ministrligiň esasy wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- suwdan peýdalanmagyň tassyklanylan möçberlerine laýyklykda suwdan peýdalanyjylara suwuň öz wagtynda hem-de bökdençsiz berilmegini, şeýle hem suw serişdeleriniň rejeli peýdalanylyşyna we suwy aýaýan tehnologiýalaryň ulanylyşyna gözegçiligi üpjün etmek;

- abatlaýyş-ulanyş birlikleriniň suwdan ilkinji peýdalanyjylar bilen şertnamalaryny taýýarlamak hem-de şol şertnamalaryň baglaşylmagyna we olaryň ösdürilip ýetişdirilen hasylynyň bahasynyň 3 göterimi möçberinde geçirýän serişdeleriniň hasabyna olara hyzmat edilmegine gözegçilik etmek;

- suwdan peýdalanyjylara suwy sarp etmegiň çäklendirilen möçberlerini bellemek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, suw baradaky kanunçylygyň bozulan halatlarynda günäkärleri jogapkärçilige çekmek üçin resmileşdirmek we beýlekiler.

## 4. Ýer jümmüşi babatda gözegçilik

Ýer jümmüşi babatda käbir gözegçilik wezipelerini amala aşyrmak Türkmenistanyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň 20-nji fewralyndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama laýyklykda „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýanyň üstüne ýüklenýär. Ol geologiýa-gözleg pudagynyň ösüşini, ýer jümmüşiniň toplumlaýyn öwrenilmegini, nebit we gaz hem-de beýleki ýerastty baýlyklaryň ýataklaryny ýüze çykarmagy üpjün edýän edara bolup, ýer jümmüşiniň geologiýa taýdan öwrenilişine ýerasty baýlyklaryň ýataklary barada maglumatlaryň ýygnalyşyna we saklanyşyna geolgiýa-gözleg işleri babatda Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynyň berjaý edilişine gözegçilik edýär.

Türkmensitanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama laýyklykda „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy:

- ýer jümmüşinde rejeli peýdalanylyşyna we goralyşyna, onuň geologiýa taýdan öwrenmek baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine, ýer jümmüşinden peýdalanylanda işleriň howpsuz alnyp barlyşyna gözegçiligi amala aşyrýar;
- ýataklaryň (şol sanda gidromineral ýataklaryň) ýerasty baýlyklarynyň çykarylyşyna we toplumlaýyn peýdalanylyşy babatda işlenip geçirilişine, mineral hem-de beýleki serişdeleriň goralyşyna gözegçilik edýär;
- ýerasty baýlyklary (umumy ýaýranlaryndan başga) çykarmak üçin, şeýle hem ýerasty baýlyklary çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalary gurmak we ulanmak üçin işleri geçirmäge degişli namalary berýär we bellige alýar;
- ýerasty baýlyklary çykarýan kärhanalaryň garamagyndaky ýataklaryň hasapdan çykarylmagyny ýerasty baýlyklary çykarýan we gaýtadan işleýän kärhanalary taslamak üçin tabşyryklary hem-de olary gurmak we olaryň durkuny täzelemek üçin taslamalary, olary ýapmagy we wagtlaýyn duruzmagy (şol sanda nebit, gaz we gidromineral guýulary) ylalaşýar;
- ýerasty baýlyklaryň ýataklary bolan meýdanlary abadanlaşdrmak üçin rugsatnamalary berýär, ýerasty baýlyklar boýunça işleri ösdürmegiň ýyllyk tabşyryklaryny, mineral çig maly gaýtadan işlemek barada ähli kärhanalar üçin ýerasty baýlyklaryň we şolardaky düzümleri kadalaşdyrmaga we ýitgileriň kadalaşdyrylmagyny ylalaşýar we olara gözegçilik edýär.

„Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugynyň we onuň ýerlerdäki edaralarynyň işgärlerine berilýän hukuklar:

- kärhanalara we guramalara päsgelçiliksiz barmak, islendik wagtda önümçilikeriň we desgalaryň barlaglaryny geçirmek, ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan, kärhanalardan öz wezipelerini we işlerini amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlary mugt almak;
- kärhanalaryň wezipeli adamlaryna ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri bermek, kärhanalaryň, aýry-aýry önümçilikleriň, sehleriň, uçastoklaryň iş orunlarynyň we enjamlaryň ulanylyşyny çäklendirmek, duruzmak ýa-da gadagan etmek;
- barlaglara goýberilmedik, zerur resminamalar berilmedik (ýa-da bermekden boýun gaçyrylan) halatlarynda şeýle hem olaryň görkezmeleri ýerine ýetirilmedik halatynda maliýe-karz beriş edaralarynda hasaplaşyk boýunça kärhanalaryň geçirýän işlerini duruzmak barada Baş döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna teklipleri bermek;
- ýer jümmüşinde özbaşdak peýdalanmagy, ýerasty baýlyklary bolan meýdanlary abadanlaşdyrmagy bes etmek, ýer jümmüşine hapa suwlaryň akdyrylmagyny çäklendirmek ýa-da duruzmak, degişli kadalar bozulan halatynda zyýanly maddalary hem-de önümçiligiň galyndylaryny gömmegi gadagan etmek;
- standartlaşdyrmak we metrologiýa, önümlere we hyzmatlara güwanama bermek, ýer jümmüşini zähmeti goramak we sarp edijileriň hukuklaryny goramak baradaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jerimeleriň ulanmak;

### 5. Balyk we beýleki suw haýwanlary babatda gözegçilik

Balyk ätiýaçlyklaryny we suw haýwanlaryny goramak babatda gözegçiligi amala aşyrýan edara Balyk hojalyk döwlet komitetiniň Döwlet balyk gorag müdirligidir (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 4-nji iýunyndaky karar bilen tassyklandy). Ol balyk hojalyk suw howdanlarynda balyk serişdeleriniň ýagdaýyna, balyk tutmagyň we balyk ätiýaçlyklaryny goramagyň bellenen kadalarynyň berjaý edilişine, kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň (guramaçylyk-hukuk ýagdaýyna garamazdan) tebigaty goraýyş kanunçylygyny berjaý edişine gözegçiligi amala aşyrýar.

Balyk gorag işgärleriniň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplarynyň, Türkmenistanyň raýatlarynyň hem-de Türkmenistanyň territoriýasynda ýaşaýan ýa-da bolýan adamlaryň balyklary we beýleki suw haýwanlaryny tutmaga hem-de aýratyn goralýan territoriýada (akwotoriýada) bolmaga ygtyýar berýän resminamalaryny barlamak;

2) balyklary goramak we balyk tutmagy düzgünleşdirmek baradaky kanunçylygy bozanlygy sebäpli düşündiriş bermegi edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň, daýhan birleşikleriniň wezipeli adamlaryndan we raýatlardan talap etmek;

3) balyklary goramak we balyk tutmagy düzgünleşdirmek baradaky kanunçylygy bozujylary saklamak, şu babatda dolandyryş hukuk bozulmalary barada teswirnamalary düzmek hem-de işlere garamak,

günäkär adamlara jerimeleri we beýleki dolandyryş temmi çärelerini ulanmak, şol bozujylary hukuk goraýjy edaralara eltmek;

4) saklanylan adamlaryň şahsy goşlaryny we özlerini gözden geçirmek, gämileri, suwda ýüzýän beýleki serişdelerini saklamak we gözden geçirmek, balyklary we beýleki suw haýwanlaryny tutmagyň gurallaryny, şol balyklardan we haýwanlardan alnan önümleri, şol sanda olar daşalan mahaly, ammarlarda goýlan, gaýtadan işlenilen hem-de ýerlenilen ýerinde barlamak;

5) elinden alnandygy bellenilen tertipde resmileşdirmek bilen, bikanun alnan önümleri, tutmagyň gurallaryny, gämileri, suwda ýüzýän beýleki ulag serişdelerini, şeýle hem degişli resminamalary düzgün bozujylaryň elinden almak;

Bikanun tutulyp elinden alnan balyklar balyklary goramak we balyk tutmagy düzgünleşdirmek baradaky kanunçylygyň bozulmagynyň üstüni açan adamlarda her birine üç kilogram möçberinde sylag hökmünde galdyrylyp bilner. Balygyň galan mukdary bellenilen tertipde döwlet haýryna geçirilmäge degişlidir we söwda guramalaryna hem-de balyk zawodlaryna tabşyrylan döwründe ulanylan nyrhlar boýunça tabşyrylýar.

Elinden alnan balyk tutmak gurallary, suwda ýüzýän we beýleki ulag serişdeleri, bozujylaryň jogapkärçiligi baradaky mesele dolandyryş ýa-da kazyýet tertibinde çözülýänçä balyk goraýjy edaralar tarapyndan saklanylyp bilner.

Tutmagyň gadagan edilen gurallary 6 aý geçenden soň, tutmagyň ygtyýar berlen gurallaryny ýasamakda ulanmak üçin,balyk taýýarlaýjy guramalara berilýär.

Hukuk bozujylar tapylmadyk halatlarda ýerinde teswirnama düzülýär, olaryň tutan balyklary we beýleki suw haýwanlary hem-de ýygan deňiz ösümlikleri, galdyryp giden tutmak gurallary we suwda ýüzüş serişdeleri balyk goraýjy edaralar tarapyndan eýesiz hökmünde ýerlenilýär;

6) gulluk wezipelerini ýerine ýetiren mahaly balyk we beýleki suw haýwanlaryny tutmak bilen meşgullanýan kärhanalaryň we guramalaryň ugurdaş gämilerinden hem-de ulaglarynyň beýleki görnüşlerinden mugt peýdalanamak;

7) balyk hojalyk suw hanalaryndaky kärhanalara, gidrotehniki desgalara, goraghanalara we beýleki desgalara bökdençsiz barmak hem-de balyk gorlaryny goramak we balyk tutmagy düzgünleşdirmek baradaky kanunçylygyň üsti açylan bozulmalaryny düzetmek barada ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri bermek;

8) balyk tutmak, beýleki suw haýwanlaryny tutmak bilen meşgullanýan kärhanalarda we guramalarda görnüşleri we tutulýan sebitleri boýunça görkezilenleri tutmak baradaky maglumatlar bilen tanyşmak;

9) balyk we beýleki suw haýwanlaryny tutmak bilen meşgullanýan kärhanalaryň we guramalaryň wezipeli adamlarynyň balyk gorlarynyň goramak hem-de balyk tutmagy düzgünleşdirmek baradaky kanunçylyga ters gelýän hereketlerini we olaryň görkezmelerini duruzmak we ýatyrmak;

10) balyk gorlaryny we beýleki suw haýwanlaryny, olaryň mesgen tutan ýerlerini, köpelýän şertlerini hem-de göçýän ýollaryny goramak baradaky kadalar we beýleki talaplar bozulyp alnyp barylýan işleri duruzmak;

11) balyk gorlaryny goramak we balyk tutmagy düzgünleşdirmek baradaky kanunçylygyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde, balyk hojalygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin serişde töletdirmek barada guramaçylyk-hukuk görnüşlerine garamazdan kärhanalara, guramalara, edaralara we raýatlara hak isleglerini bellenilen tertipde bildirmek.

Tebigaty goramak ministrligi ähli ekologik ulgamlaryň goralyşyna gözegçilik bilen bir hatarda atmosfera howasynyň, ösümlik dünýäsiniň (şol sanda tokaýlaryň), haýwanat dünýäsiniň (şol sanda balyk ätiýaçlyklarynyň), deňizdäki haýwanlaryň we ösümlikleriň, Türkmenistanyň çäk suwlarynyň tebigy serişdeleriniň peýdalanylyşyna we goralyşyna gözegçilik edýär.

Pudaklaýyn ekologik gözegçiligi minstrlikler we beýleki döwlet dolandyryş edaralary tarpyndan amala aşyrylýar hem-de olaryň tabynlygyndaky kärhanalarda, guramalarda we edaralarda tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak baradaky çäreleriň, kadalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge gönükdirilýär.

Önümçilik ekologik gözegçiligi gös-göni kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň özleri tarapyndan guralýar. Jemgyýetçilik ekologik gözegçiligi bolsa ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, Tebigaty goramak jemgyýeti we beýleki jemgyýetçilik guramalary hem-de ilat tarapyndan amala aşyrylýar. Şunda esasy maksat tebigy gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak baradaky çäreleri durmuşa geçirmekde degişli döwlet edaralaryna ýardam etmekdir we olara ýol bermezlikden ybaratdyr.

Sanitariýa ekologik gözegçiligi Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 27-nji fewralyndaky karary

bilen döredilen Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gullugynyň üstüne ýüklenilýär. Beýleki wezipeler bilen bir hatarda onuň ekologiýa babatdaky wezipeleri Sanitariýa kodeksinde (2009-njy noýabry) hem-de görkezilen karar bilen tassyklanan Düzgünnamada kesgitlenilýär. Bu gullugyň esasy wezipeleri adamyň saglygyny goramak we pugtalandyrmak, sagdyn ýaşaýyş düzgününi emele getirmek hem-de kesellerden ägä bolmak maksady bilen töwerekdäki tebigy gurşawyň zyýanly hadysalarynyň ilatyň saglygyna täsir etmeginiň öňüni almakdan, ýüze çykarmakdan we olara ýol bermezlikden ybaratdyr.

Sanitariýa kodeksine laýyklykda sanitariýa gözegçiliginiň görnüşleri we ony amala aşyrýan edaralar göz öňünde tutulýar. Sanitariýa kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligi Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Ministrlikleriň we beýleki pudaklaryň degişli gulluklary pudaklaýyn sanitariýa gözegçiligini amala aşyrýarlar. Şunda şu aşakdakylar ylalaşylmaga degişlidir:

1) pudaklara degişli obýektleri gurmak üçin niýetlenen ýer böleklerini bölüp bermegi;

2) suwy sarp etmegiň we suwy sowmagyň şertlerini, şol sanda akdyrylýan hapa suwy arassalamagyň usullaryny;

3) atmosfera howasyny hapalanmakdan goramak boýunça çäreleri;

4) senagatyň hem-de hojalygyň zäherli taşlandylaryny zyýansyzlandyrmak we gömmek işi geçirilýän poligonlar üçin ýer böleklerini bölüp bermegi, şeýle hem galyndylary gaýtadan işlemegiň, gaýtadan işlap ulanmagyň usullaryny;

5) tomusky çagalar sagaldyş edaralaryny ýerleşdirmegi.

Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary sanitariýa kanunçylygynyň berjaý edilişine we olaryň ilatyň sanitariýa-epidemiologiýa taýdan abadançylygyny üpjün etmek boýunça çäreleriň geçirilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýarlar. Kanunçylykda önümçilik we jemgyýetçilik sanitariýa gözegçiligi hem-de ony amala aşyrmagyň tertibi hem göz öňünde tutulýar.

Prokuratura edaralary kanunçylyga laýyklykda döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, edara görnüşndäki taraplar we fiziki şahslar tarapyndan ilatyň sanitariýa-epidemiologiýa taýdan abadançylygyny üpjün etmek babatynda kanunçylygyň dürs we birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär.

## 6. Döwlet ekologik ekspertizasy

Hojalyk taslamalarynyň, beýleki resminamalaryň, maksatnamalaryň, önümleriň, çig malyň, gaýry maddalaryň, kadalaryň ekologik howpsuzlyk we tebigy gurşawy goraýyş talaplaryna laýyk gelýändiginiň barlagyna döwlet ekologik ekspertizasy diýilýär. Ekologik ekspertizasy bilen baglanyşykly meseleler „Tebigaty goramak hakyndaky“ Türkmenistanyň kanuny (1991-nji ýylyň 12-nji noýabry), „Döwlet ekologik ekspertizasy

hakyndaky“ Türkmenistanyň kanuny (1995-nji ýylyň 15-nji iýuny), Döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnama (Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň 13-nji noýabryndaky karary bilen tassyklanyldy) bilen kadalaşdyrylýar.

Döwlet ekologik ekspertizasynyň esasy maksatlary we wezipeleri: seljerme geçirilýän desganyň, beýleki zadyň daşky gurşawyň ýagdaýyna, ilatyň ýaşaýyş şertlerine we saglygyna ýetirip biljek ýaramaz täsiriniň öňüni almak; göz öňünde tutulýan we amala aşyrylýan hojalyk işiniň hem-de häzirki wagtda ýa-da geljekde daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna, ilatyň ýaşaýyş şertlerine we saglygyna gös-göni ýa-da keseden täsir edip biljek başga işiň ekologiýa taýdan howpsuzlyk derejesini kesgitlemek; meýilleşdirilýän, taslanylýan hojalyk işiniň we başga işiň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelşine baha bermek; taslamada tebigaty goramak barada göz öňünde tutulýan çäreleriň ýeterlikdigini we esaslydygyny kesgitlemek we beýlekiler.

Döwlet ekologik ekspertizasy şu aşakdaky ýörelgelere esaslanýar: tebigy gurşawyň hiliniň abat saklanmagyny üpjün etmek; ekologik, ykdysady we durmuş bähbitlerini utgaşdyrmak; ekspertiza geçirilýän desgany we beýleki obýekti durmuşa geçirmegiň çäk-pudak we ekologiýa taýdan maksada laýyklygy; ekspertizanyň netijesi taýýarlanylanda jemgyýetçilik pikirini hemme taraplaýyn göz öňünde tutmak; ekspertizanyň dogruçyl, toplumlaýyn we ylmy taýdan esaslandyrylan bolmagyny üpjün etmek; ekspertiza geçirilende kanunylygyň, demokratiýanyň we aýanlygyň üpjün edilmegi; döwlet ekologik ekspertizasy barada halkara şertnamalarynyň kadalaryny berjaý etmek.

Döwlet ekologik ekspertizasy şu aşakdaky obýektler boýunça geçirilýär: öndüriji güýçler we ykdysadyýetiň pudaklaryny ýerleşdirmek baradaky maksatnamalaryň, esasy ugurlaryň we ülňüleriň taslamalary; hojalyk işini we beýleki işi ösdürmek baradaky taslamanyň öň ýanynda taýýarlanylan hem-de taslama resminamalary, hojalyk işini düzgünleşdirýän usul öwrediş we kada salyş – tehniki resminamalar; täze tehnikany, biotehnologik işläp taýýarlamalary, materiallary we maddalary öndürmek tehnologiýasyny döretmek (şol sanda daşary ýurtlardan satyn alynýanlar) baradaky resminamalar; Türkmenistanda we ýerlerde ekologik ýagdaý; işleýän kärhanalar we beýleki hojalyk desgalary. Döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmegiň möhletleri: çylşyrymly we ekologiýa taýdan howply seljerilýän obýektler boýunça üç aýa çenli, beýleki seljerilýän obýektler boýunça bir aýa çenli.

Döwlet ekologik ekspertizasynyň gelen netijesi hojalyk ähmiýetli karar kabul edýän edara tarapyndan garalmalydyr. Ekologik seljermeden geçirilmeli taslamany döwlet ekologik ekspertizasynyň makullaýjy netijesi berilmedik halatda durmuşa geçirmek gadagandyr we ol maliýeleşdirilmeli däldir. Döwlet ekologik ekspertizasynyň netijenamasynyň berlen gününden başlap üç ýylyň dowamynda güýji bardyr.

Döwlet ekologik ekspertizasy babatda kadalaşdyryş we dolandyryş Türkmenistanyn Ministrler Kabineti, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary hem-de Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Ekologik ekspertiza babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler: döwlet ekologik ekspertizasyny dolandyrmak;

döwlet ekologik ekspertizasy barada kanunçylyk namalaryň taslamalaryny işläp taýýarlamak, şeýle hem kada salyş – hukuk namalary kabul etmek; ekologik ekspertizany geçirmegiň kanunylygyna gözegçiliugi guramak; işleýän kärhanalaryň we beýleki hojalyk desgalaryň döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmek barada kararlary kabul etmek; döwlet we döwletara ähmiýetli aýratyn uly we çylşyrymly kärhanalaryň hem-de beýleki obýektleriň ekologik ekspertizasyny amala aşyrmak üçin seljerme toparlaryny döretmek; döwlet ekologik ekspertizasynyň makullaýjy netijesiniň bolmadyk halatynda işi duruzmak, bes etmek ýa-da işiň ugruny üýtgetmek barada kararlary kabul etmek.

„Döwlet ekologik ekspertizasy hakyndaky“ Türkmenistanyň kanunynda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň hem-de Tebigaty goramak ministrliginiň ekologik ekspertizasy babatda ygtyýarlygy hem kesgitlenendir.

Döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmek babatda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna şu aşakdaky meseleler degişlidir:

- ekspertizany geçirmek boýunça çäreleri üpjün etmek;
- ekspertiza baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;
- ekspertiza geçirmek barada kararlary kabul etmek;
- ekspertizanyň oňyn netijenamasy bolmasa obýektiň işini 10 güne çenli duruzmak.

Döwlet ekologik ekspertizasy boýunça Tebigaty goramak ministrliginiň ygtyýarlygy:

- Ministrlikde, welaýatlarda, Aşgabat şäherinde ekspertleri bellemek;

- ekspertleriň we ekspert toparlarynyň işine gözegçiligi amala aşyrmak;

- ekspert toparlarynyň işine hünärmenleri, alymlary, jemgyýetçilik wekillerini çekmek;

- buýrujylardan goşmaça materiallary talap etmek;

- obýektiň tebigy gurşawa täsiri barada resminamanyň bolmagyny talap etmek;

- ekologik kadalara laýyk gelmeýän materiallary yzyna gaýtarmak barada karar kabul etmek;

- ekspertizanyň obýektiw we toplumlaýyn geçirilmegini üpjün etmek;

- oňyn netijenama ýok obýekt boýunça maliýeleşdirmegi bes etmek ýa-da tertibini üýtgetmek barada bank edaralaryna ýüz tutmak;

- hereket edýän kärhanalaryň, obýektleriň işini duruzmak barada karar kabul etmek, eger tebigaty goraýyş kadalary bozulsa, ekspertizanyň oňyn netijenamasy ýok bolsa.

Ekologik ekspertiza boýunça buýrujynyň hukuklary we borçlary kanunçylykda bellenilýär. Olaryň hukuklary: zerur maslahatlary almak, obýektler we beýleki meseleler boýunça düşündirişler bermek, ekspertiza boýunça netijenamalaryň netijeleri bilen tanyşmak, goşmaça ekspertiza geçirmek barada ýüz tutmak. Buýrujynyň borçlary: tebigy gurşawa täsir etmäge obýektiw, esaslandyrylan baha bermek, materiallary öz wagtynda düzetmek, zerur bolan halatynda goşmaça materiallary bermek, ekspert edaralarynyň görkezmelerini ýerine ýetirmek.

Döwlet ekologik ekspertizasy babatda şu aşakdakylar hukuk bozulmalar hasaplanylýar: ekspertiza geçirilende bellenilen tertibiň bozulmagy, ekspertiza boýunça nädogry maglumatlary bermek, oňyn netijenamasyz tebigatdan ýörite peýdalanmaga rugsat

bermek, ekspertiza işine bikanun goşulmak, ekspertiza boýunça ýalan netijenama taýýarlamak.

Kanunçylykda hojalyk işiniň ekologiýa taýdan howply görnüşleri kesgitlenilýär. Olar: himiýa, nebithimiýa we nebiti gaýtadan işleýän senagat; gurluşyk materiallary senagaty; tebigy gazy çykarmak, gaýtadan işlemek; howply senagat galyndylaryny işlemek, daşamak, saklamak we gömmek; ýangyç, otalmak howply maddalar.

Kanunçylykda ekspertiň hukuk ýagdaýy (statusy) hem kesgitleýär. Oňa laýyklykda ekspert bolup biler ýokary bilimli hünärmen, azyndan ekolog ekspert işinden 3 ýyl tejribesi bar bolsa.

# Tema: 8. Ekologik hukuk jogapkärçiligi

## 1. Ekologik hukuk jogapkärçiligi barada düşünje

Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy ekologik-hukuk jogapkärçiligine getirýär. Şular ýaly bozulmalara ekologik hukuk bozulmalary diýilýär. Tutuşlygyna tebigy gurşaw babatda hukuk bozulmalaryň sanawy „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda berilýär. Sanitariýa ekologik-hukuk bozulmalarynyň sanawy Sanitariýa kodeksinde göz öňünde tutulýar. Tebigy baýlyklaryň görnüşleri boýunça bolsa hukuk bozulmalaryň sanawlary Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde, Ýer jümmüşi, Haýwanat dünýäsi, Ösümlik dünýäsi hakyndaky, Atmosfera howasyny goramak hakyndaky kanunlarda kesgitlenilýär.

Kanunçylyga laýyklykda ekologik-hukuk bozulmalary edenler barada olar üçin amatsyz netijeleri göz öňünde tutýan çäreler ulanylýar. Şular ýaly çärelere ekologik-hukuk jogapkärçilik çäreleri diýilýär. Hukuk

jogapkärçiliginiň çäreleri jenaýat, dolandyryş, raýat, zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulýar. Ekologik hukuk jogapkärçiliginiň görnüşleri: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk (maddy), düzgün-nyzam we ýörite-hukuk. Bu jogapkärçilik tebigy gurşawyň hapalanmagy, zaýalanmagy, bozulmagy, egsilmegi we şular bilen baglanyşykly adamyň saglygyna hem-de maddy gymmatlyklaryna ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilikdir.

Ekologik jenaýatlaryň düzümleri Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulýar. Oňa laýyklykda işler geçirilende ekologik howpsuzlygyň düzgünleriniň bozulmagy jenaýat hasaplanýar, ýagny senagat we beýleki desgalar taslananda, ýerleşdirilende, gurlanda, ulanmaga berlende daşky gurşawy goramagyň düzgünleri bozulyp, eger şol hereket radioaktiw ýagdaýyň düýpli üýtgemegine, adamlaryň saglygyna zyýan ýetiren, haýwanlaryň köpçülikleýin gyrylmagyna ýa-da beýleki agyr netijelere getiren bolsa.

Ekologiýa taýdan howply maddalary we galyndylary daşamagyň, saklamagyň hem-de gaýtadan peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy hem jenaýatdyr, ýagny: 1) adamyň jany ýa-da saglygy üçin zyýanly maddalaryň we galyndylaryň bellenilen düzgünleri bozup daşalmagy, saklanylmagy, gömülmegi ýa-da gaýtadan peýdalanylmagy adamlaryň saglygyna ýa-da daşky gurşawa düýpli zyýan etmegine howp döretse; 2) daşky gurşawyň hapalanmagyna, zäherlenmegine ýa-da zaýalanmagyna, haýwanlaryň köpçülikleýin gyrylmagyna getiren ýa-da adamyň saglygyna zeper ýetiren şonuň ýaly hereketler; 3) ýokarda göz öňünde tutulan seresapsyzlyk sebäpli adamlaryň köpçülikleýin kesellemegine ýa-da adamyň ölmegine getiren hereketler.

Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan halatlarda şu aşakdaky hereketler hem jenaýat jogapkärçiligine getirýär: suwlaryň hapalanmagy, atmosferanyň hapalanmagy, deňiz gurşawynyň hapalanmagy, Türkmenistanyň çäk suwlary we onuň aýratyn ykdysady zolagy hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy, ýeriň zaýalanmagy, suwdaky haýwanlaryň we ösümlikleriň bikanun alynmagy, ýer jümmüşini goramagyň we ondan peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy, balyk ätiýaçlyklaryny goramagyň düzgünleriniň bozulmagy, bikanun aw, agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bikanun çapylmagy, tokaý toplumlarynyň ýok edilmegini ýa-da zaýalanmagy, aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň we obýektleriň düzgüniniň bozulmagy.

Ekologik-hukuk bozulmalary üçin dolandyryş jogapkärçiligi Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde bellenilýär. Bu jogapkärçilik dolandyryş etmişi üçin kazyýet tertibinde däl-de dolandyryş edaralary tarapyndan ulanylýar.

Dolandyryş-hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde tebigy gurşawy goramak we ondan peýdalanmak babatdaky hukuk bozulmalar üçin jogapkärçilik çäreleri göz öňünde tutulýar. Olar: duýduryş, jerime, hukuk bozulma edilende ulanylan gurallary tölegli yzyna almak, bikanun ele salnan önümi yzyna almak, tebigy gurşawdan peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly işe bolan hukukdan mahrum etmek, işi duruzmak ýa-da hojalyk-tehniki desgalaryň we enjamlaryň işini wagtlaýyn gadagan etmek, hukuk bozulmanyň edilmeginde gural bolan zady döwletiň haýryna geçirmek.

Şu aşakdakylar dolandyryş jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirýär: suwlara, ýerasty baýlyklaryna, tokaýlara, haýwanat dünýäsine döwlet eýeçilik hukugynyň bozulmagy; ýerleriň zaýalanmagy, olardan eýelik gözi bilen peýdalanmazlyk, ýerden peýdalanmagyň tebigaty goraýyş düzgününiň talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi, ýerleriň ýagdaýyna amatsyz täsir edýän desgalaryň ulanmaga berilmegi; ýer jümmüşini goramak baradaky talaplaryň bozulmagy; suw baýlyklaryny goramak kadalarynyň bozulmagy; döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerinden bikanun peýdalanmak; birugsat ot ýatyrmak we mal bakmak; tokaýlarda ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny bozmak; atmosfera howsyna hapalaýjy maddalaryň çäkden artyk ýa-da ygtyýar alynman goýberilmegi; haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň tertibini bozmak; aw awlamak we balyk tutmak kadalaryny bozmak we beýlekiler.

Ekologik-hukuk bozulma netijesinde tebigy gurşawa zyýan ýetirilende raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi ýüze çykýar. Hukuk jogapkärçiliginiň bu görnüşi hukuk bozujynyň üstüne ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borjunyň ýüklenilmegini aňladýar. Zyýanyň öwezini dolmak tebigy gurşawyň bozulan bölegini öňki kaddyna getirmek ýoly bilen ýa-da pul görnüşinde geçirilýär. Şunda Türkmenistanyň Raýat kodeksinden hem-de ýörite kanunçylykdan ugur alynýar.

Haýwanat dünýäsine, tokaýlara we ösümlik dünýäsine ýetirilen zyýany hasaplamak üçin jogapkärçiligiň taksa usuly ulanylýar. Taksa ýetirilen zyýany hasaplamagyň şertli birligidir. Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan haýwanlaryň görnüşlerini, ýabany

ösýän ösümlikleri bikanun tutmak (almak) bilen ýetirilen zyýany töledip almagyň möçberlerini hasaplamak üçin Taksalar Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan 2000-nji ýylda tassyklandy.

Tebigy gurşawa ýetirilen zyýany tölemegiň taksa usuly maddy jogapkärçilik hökmünde bikanun aw awlananda, bikanun balyk tutulanda, tokaýda bikanun agaç çapylanda we beýleki halatlarda ulanylýar. Taksalaryň möçberleri bolsa tebigy obýektiň görnüşine, onuň ykdysady ähmiýetine, durmuş-ekologik gymmatyna, ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda bellenilýär. Maddy jogapkärçilikde taksalar boýunça ýetirilen zyýany töledip almak dolandyryş jerimäniň salynýandygyna garamazdan geçirilýär.

Bellenilen taksalar ýa-da raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligini kesgitleýän beýleki ýörite hukuk kadalary bolmasa, onda tebigy gurşawa ýetirilen zyýan Raýat kodeksine laýyklykda töledilýär. Hukuk bozujynyň tebigy gurşawa ýetiren zyýany üçin maddy jogapkärçilige çekilmegi onuň hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerine (jenaýat ýa-da dolandyryş jogapkärçiligine) çekilýändigine garamazdan geçirilýär.

Düzgün-nyzam ekologik-hukuk jogapkärçiligi wezipeli adam, beýleki işgär tarapyndan düzgün-nyzam etmişi görnüşinde edilen ekologik-hukuk bozulma üçin ulanylýar. Bu jogapkärçilik zähmet düzgün-nyzamyny berkitmäge gönükdirilýär we ekologiýa kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilmegine ýardam edýär. Düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleri işgärleriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly eden ekologik hukuk bozulmalary üçin ulanylyp bilner.

Ekologiýa kanunçylygy tebigatdan peýdalanýanlaryň tebigy serişdeler babatdaky bähbitlerine täsir edýän jogapkärçilik çärelerini hem göz öňünde tutýar. Bu çäreler tebigy gurşawyň böleklerini şolaryň eýelerinden (ýerleri), peýdalanyjylardan yzyna almak we beýlekilerdir.

Görkezilen ýörite-hukuk jogapkärçilik çäreleri Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde hem-de beýleki tebigaty goraýyş we tebigy serişdeler kanunçylygynda göz öňünde tutulýar. Jogapkärçiligiň bu görnüşi tebigatdan peýdalanmagyň aýry-aýry görnüşleri we olary goramak bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

Ekologiýa babatda ýörite-hukuk jogapkärçilik çärelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar: tebigatdan peýdalanmak hukugyny bes etmek; berlen tebigy gurşawyň böleklerini yzyna almak; tebigatdan peýdalanmak boýunça hukukdan mahrum etmek; tebigatdan rugsatsyz peýdalanylan döwürde edilen çykdajylary tölemezlik; tebigy serişdäniň bölegi bozulanda şony dikeltmek boýunça hukuk bozujynyň üstüne borç ýüklemek; tebigatdan peýdalanmak bilen baglanyşykly geçirilýän çäreleri duruzmak. Ýörite-hukuk jogapkärçilik çärelerini umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet edaralary bellenilen tertipde ulanmaga haklydyrlar.

## 2. Ekologik-hukuk bozulmalary we olaryň görnüşleri

Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygyny bozýan, bellenen ekologik-hukuk tertibine kast edýän, tebigy gurşawa we adamyň saglygyna zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýän

hereketlere (hereketsizlige) ekologik-hukuk bozulmalary diýilýär. Ekologik-hukuk bozulmalary tebigatdan peýdalanmak we daşky tebigy gurşawy goramak baradaky kadalary özünde jemleýän hukuk namalaryň berjaý edilmezligi, ýerine ýetirilmezligi, ulanylmazlygy bilen hem-de tebigy serişdeleri abat saklamak, gowulandyrmak we tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmak boýunça bellenen çäreleriň amala aşyrylmazlygy bilen baglanşyklydyr.

Tutuşlygyna tebigy gurşaw babatda ekologik-hukuk bozulmalaryň sanawy Tebigaty goramak hakyndaky kanunda, sanitariýa ekologik hukuk bozulmalarynyň sanawy Sanitariýa kodeksinde, tebigy baýlyklaryň görnüşleri boýunça hukuk bozulmalaryň sanawlary Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde „Ýer jümmüşi hakyndaky“, „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“, „Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“, „Atmosfera howasyny goramak hakyndaky“ kanunlarda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda (34-nji madda) ekologik hukuk bozulmalaryň şu aşakdaky toparlary tapawutlandyrylýar:

1)tebigy gurşawy goramak baradaky ölçegleriň, kadalaryň we beýleki kada salyş-tehniki talaplaryň bozulmagy, döwlet ekologik ekspertizasynyň talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi;

2)tebigy serişdelerden peýdalanmak üçin bellenen tölegi tölemekden boýun gaçyrmak, daşky tebigy gurşawyň hapalanmagy we oňa zyýanly täsir etmegiň beýleki görnüşleri üçin tölegden boýun gaçyrmak;

3)döwlet ekologik ekspertizasynyň ozaldan belli ýalan netijesiniň berilmegi, kärhananyň (desganyň) daşky tebigy

gurşawa edýän täsiri barada ozaldan belli ýalan baha bermek;

4)kärhanalar, desgalar, göçme serişdeler we beýleki obýektler meýilleşdirilende, taslananda, ýerleşdirilende, gurlanda, durky täzelenende, ulanmaga berlende, ulanylanda we ýapylanda ekologik talaplaryň bozulmagy, şol sanda belli bir çäkde (ýerlerde) bellenen ekologik göwrümiň bozulmagy, ekologiýa taýdan howply önümiň ýurtdan daşary çykarylmagy we ýurda getirilmegi;

5)daşky tebigy gurşawy hapalamagyň aňryçägini belleýän görkezijilerden geçip ony hapalamak, oňa bellenen çäklerden geçip, biologik, fiziki we beýleki görnüşde zyýanly täsir etmek;

6)daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri yzygiderli dikeltmek barada çäreleriň görülmezligi, tebigatyň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralaryň görkezmeleriniň ýerine ýetirilmezligi;

7)önümçilik we sarp ediş galyndylary saklananda, daşalanda, peýdalanylanda, zyýansyzlandyrylanda ýa-da gömülende talaplaryň bozulmagy, radioaktiw we himiki maddalar bilen iş salşylanda ekologik talaplaryň bozulmagy;

8)daşky tebigy gurşawy goramak babatda döwlet gözegçiligini amala aşyrýan wezipeli adamlaryň kärhanalara (desgalara) barmagyna ýäsgel bermek;

9)tebigy gurşawyň ýagdaýy we tebigy obýektleriň peýdalanylyşy barada, hapalanmagyň çeşmeleri barada wagtynda doly we dogruçyl habar bermekden boýun gaçyramak, bellenen çäkden artyk hapalaýjy maddalaryň taşlanmagy we heläkçilikler sebäpli beýleki zyýanly täsirleriň bolanlygy barada habar bermezlik.

Belli bolşy ýaly, arassalygy we saglygy goramagy üpjün edýän iş hökmünde sanitariýa ekologiýa has ýakyndyr. Diýmek, ekologik we sanitariýa – hukuk bozulmalary ýakyn arabaglanyşykdadyr. Sanitariýa kodeksinde göz öňünde tutulan saitariýa – hukuk bozulmalaryň köpüsi bir wagtyň özünde ekologik hukuk bozulmalary hem hasaplanýar. Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksine[1] (93-nji madda) şu aşakdakylar hukuk bozulmalary hasaplanýar:

1) iýmit önümlerini, suw üpjünçiliginiň açyk we ýerasty çeşmelerini, suw howdanlaryny hem-de ilatyň medeni-durmuş maksatklary üçin peýdalanýan deňizýaka kenar zolagyny, topragy, atmosfera howasyny, iş zolagyndaky howany himiki, biologik, fiziki we başga usul bilen hapalamak;

2) sanitariýa kadalaryny, düzgünlerini we gigiena normatiwlerini berjaý etmezden we döwlet sanitariýa gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaraalar bilen ylalaşmazdan binalary we desgalary, ýaşaýyş jaýlaryny we beýleki obýektleri taslamak, gurmak, durkuny täzelemek, döwrebaplaşdyrmak, tehnika bilen täzeden enjamlaşdyrmak;

3) döwlet sanitariýa gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaralar bilen ylalaşylman täze gurluşyk üçin ýer bölekleriniň peýdalanylmagy, obýektleriň durkunyň täzelenilmegi ýa-da giňeldilmegi;

4) obýektleriň döwlet sanitariýa gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaralardan ygtyýarsyz kabul edilmegi hem-de ulanmaga berilmegi;

---

[1] Türkmnistanyň Mejlisiniň maglumatlary. 2009, № 4

5) merkezleşdirilmedik tertipde berilýän suwuň, suw howdanlaryndaky, deňiz kenarýaka zolagyndaky, ilatyň medeni-durmuş hajatlary üçin ulanylýan ýerlerdäki suwuň hiliniň sanitariýa kadalaryna we talaplaryna laýyk derejede üpjün edilmezligi;

6) ilatly nokatlaryň çäklerini saklamak, senagat galyndylaryny, şol sanda radiaktiw galyndylaryny, oba hojalygyna we hojalyk-durmuş hajatlaryna degişli zäherli galyndylary toplamak, saklanak, daşamak we gaýtadan işläp ulanmak boýunça sanitariýa kadalarynyň, düzgünleriniň bozulmagy;

7) atmosfera howasyny goramak baradaky sanitariýa kadalarynyň, düzgünleriniň we gigiena normatiwleriniň bozulmagy;

8) radioaktiw maddalar bilen we ionlaşdyrylan şöhle saçmanyň başga çeşmeleri bilen iş salşylanda, şeýle hem radioaktiw galyndylar gömülende sanitariýa kadalarynyň, düzgünleriniň we normatiwleriniň bozulmagy;

9) obýektdäki sanitariýa-gigiena, epidemiýa we radiasiýa ýagdaýyny ýüze çykarmak üçin zerur bolan materiallary hem-de maglumatlary bermekden boýun gaçyrylmagy.

Sanitariýa-hukuk bozulmalary baradaky materiallar kanunçylygy bozan adamlary jogapkärçilige çekmek üçin şu aşakdakylara iberilýär: jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin – deslapky derňew edaralaryna, düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek üçin – ýokarda durýan döwlet dolandyryş edarasyna ýa-da ýokarda durýan wezipeli adama, jemgyýetçilik täsir ediş çärelerini görmek üçin jemgyýetçilik birleşikleriniň edaralaryna

Tebigaty goramak hakyndaky kanundan ugur alyp, Türkmenistanyň tebigy serişdeler kanunçylygynda (degişli kodekslerde we kanunlarda), ýer, suw, ýer jümmüşi, tokaý, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy babatdaky hukuk bozulmalaryň sanawlary kesgitlenilýär.

Kanunçylyga laýyklykda ekologik-hukuk bozulmalaryň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: ekologik jenaýat, ekologik dolandyryş etmişi, ekologik raýat-hukuk bozulma, ekologik düzgün-nyzam bozulma.

Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygy bozulan halatynda hukuk bozulmany eden günäkär barada kanunda bellenen amatsyz netijeleri göz öňünde tutýan çäreleriň ulanylmagyna ekologik-hukuk jogapkärçiligi diýilýär. Belli bolşy ýaly, daşky tebigy gurşawy goramagy hukuk taýdan kadalaşdyrmak ýörite ulgam bolup, ol ekologik talaplary kesgitleýän hukuk kadalaryndan, şol kadalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän kepillerden hem-de ekologik-hukuk talaplaryň bozulmagy üçin hukuk jogapkärçiliginden ybarat bolup durýar.

Ekologik-hukuk jogapkärçiligi Türkmenistanyň hukuk ulgamynda hereklet edýän hukuk jogapkärçiliginiň bir görnüşidir. Hukuk jogapkärçiliginiň ähli alamatlary ekologik-hukuk jogapkärçiligi üçin hem mahsusdyr. Şol bir wagtyň özünde ekologik-hukuk jogapkärçiliginiň käbir aýratynlyklary bardyr. Ol aýratynlyklar ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň özboluşlylygy bilen kesgitlenilýär. Ekologik-hukuk jogapkärçiligi daşky tebigy gurşawy goramagyň talaplarynyň bozulmagy bilen baglanyşykly tebigaty goraýyş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýar.

Ekologik-hukuk jogapkärçiliginiň esaslary hökmünde çykyş edýän ekologik-hukuk bozulmalaryň sanawlary

tebigaty goraýyş kanunçylygynda (Tebigaty goramak hakyndaky kanunda we beýleki kanunlarda) hem-de tebigy serişdeler kanunçylygynda (Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde we tebigy baýlyklar baradaky beýleki kanunlarda) kesgitlenilýär. Hukuk jogapkärçiliginiň çäreleri bolsa Türkmenistanyň jenaýat dolandyryş, raýat, zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulýar. Ekologik-hukuk jogapkärçiliginiň görnüşleri: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk, düzgün-nyzam we ýörite-hukuk.

Ekologik-hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilige kärhanalar, birleşikler, edaralar, guramalar (raýat-hukuk we ýörite-hukuk jogapkärçiligine) şeýle hem wezipeli adamlar we raýatlar çekilip bilner. Bu jogapkärçilik tebigy gurşawyň hapalanmagy, zaýalanmagy, egsilmegi, bozulmagy we şular bilen baglanyşykly adamyň saglygyna hem-de maddy gymmatlyklara ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilikdir.

Ekologik-hukuk bozulma üçin hukuk jogapkärçiligine çekmegiň hökmany şerti hukuk bozujynyň günäsidir. Tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmalarynda günäniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: niýetlilik (bilkastdan) we seresapsyzlyk. Tebigaty goramak hakyndaky kanunçylyk bilkastdan bozulanda günäkär öz hereketleri bilen kanun bozýandygyna we tebigy gurşawa zyýan ýetirýändigine düşünýär, şony isleýär ýa-da şoňa düşünip ýol berýär. Mysal üçin, bikanun aw awlamak, bikanun balyk tutmak, tokaýda bikanun agaç çapmak we beýleki käbir hukuk bozulmalar diňe belli bir niýet bilen, ýagny bilkastdan edilýär. Hukuk bozulma seresapsyzlyk netijesinde edilen günäkär tebigaty goramak baradaky kanunçylygy bozýandygyna, tebigy gurşawa zyýan

ýetirýändigine düşünmeli, emma ol muňa parhsyz garaýar ýa-da ýeterlik esaslar bolmasa-da zyýanly netijelerden gutularyn diýip ynanýar. Mysal üçin, arassalaýyş desgalaryny ulanmakda hökmany talaplaryň ýerine ýetirilmezligi, topragy eroziýadan goramak baradaky talaplaryň bozulmagy, tokaýlarda ýangyn howpsuzlygy kadalarynyň berjaý edilmezligi, ýerlerden eýeçiliksiz peýdalanylmagy we beýlekiler. Käbir halatlarda günäniň iki görnüşi hem bolup biler. Mysal üçin, daşky tebigy gurşawy hapalamak, arassalaýyş desgalary bolmadyk kärhanalary ulanmaga bermek, zyýanly himiki maddalary saklamagyň, daşamagyň we ulanmagyň kadalaryny bozmak we beýlekiler.

Günäkär ekologik-hukuk jogapkärçiligine çekmegiň hökmany şertlerine onuň hereketiniň (hereketsizliginiň) hukuga garşy gelmegi we tebigy gurşawa ýetirilen zyýanyň bolmagy hem degişlidir. Şunda hukuga garşy gelmeklik tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagynda, onuň talaplarynyň berjaý edilmezliginde we ýerine ýetirilmezliginde ýüze çykyp biler. Tebigy gurşawa zyýan ýetirmek bolsa günäkäriň hukuga garşy gelýän hereketiniň (hereketsizliginiň) netijesidir.

### 3. Ekologik-hukuk bozulmalary üçin jenaýat we dolandyryş jogapkärçiligi

Daşky tebigy gurşawa we adamyň saglygyna zyýan ýetirýän, ekologik-hukuk tertibine we jemgyýetiň ekologik howpsuzlygyna hyýanat edýän, jenaýat kanunçylygynda jogapkärçilik göz öňünde tutulan, jemgyýete howply hereket (hereketsizlige) ekologik jenaýat diýilýär. Ekologik-hukuk tertibi diýlende Türkmenistanyň tebigaty

goraýyş kanunçylygynyň ekologik talaplaryny durmuşa geçirmek baradaky ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň ulgamyna düşünilýär. Ekologik-hukuk tertibine, ekologik howpsuzlyga edilýän hyýanat netijesinde tebigy gurşawa zyýan ýetirilýär ýa-da zyýan ýetirmek howpy ýüze çykýar.

Ekologik jenaýatlaryň düzümleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde (2010ý.) göz öňünde tutulýar. Bu kodeksiň 311-nji maddasyna laýyklykda işler geçirilende ekologik howpsuzlygyň düzgünleriniň bozulmagy jenaýat hasaplanýar, ýagny senagat, oba hojalyk, ylmy we beýleki desgalar taslananda, ýerleşdirilende, gurlanda, ulanmaga berlende tebigy gurşawy goramagyň düzgünleri olary berjaý etmäge jogapkär adamlar tarapyndan bozulandygy üçin, eger şol hereket radioaktiw ýagdaýyň düýpli üýtgemegine, adamlaryň saglygyna zyýan ýetiren, haýwanlaryň köpçülikleýin gyrylmagyna ýa-da beýleki agyr netijelere getiren bolsa. Şunda üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Ekologiýa taýdan howply maddalar we galyndylary daşamagyň, saklamagyň hem-de gaýtadan peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy hem jenaýat hasaplanýar (312-nji madda), ýagny:

1) adamyň jany ýa-da saglygy üçin zyýanly maddalaryň we galyndylaryň bellenilen düzgünleri bozup daşalmagy, saklanylmagy, gömülmegi ýa-da gaýtadan peýdalanylmagy adamlaryň saglygyna ýa-da daşky gurşawa düýpli zyýan etmegine howp döretse (zähmet hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 10-syndan 30-syna

çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär);

2) tebigy gurşawyň hapalanmagyna, zäherlenmegine ýa-da zaýalanmagyna, haýwanlaryň köpçülikleýin gyrylmagyna getiren ýa-da adamyň saglygyna zeper ýetiren şonuň ýaly hereketler (üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär);

3) ýokarda göz öňünde tutulan seresapsyzlyk sebäpli adamlaryň köpçülikleýin kesellemegine ýa-da adamyň ölmegine getiren hereketler (üç ýyldan 8 ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär).

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine laýyklykda şu aşakdaky hereketler (hereketsizlik) hem jenaýat hasaplanylýar: suwlaryň hapalanmagy (313-nji madda); atmosferanyň hapalanmagy (314-nji madda), deňiz gurşawynyň hapalanmagy (315-nji madda), Türkmenistanyň çäk suwlary we onuň aýratyn ykdysady zolagy hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy (316-njy madda), ýeriň zaýalanmagy (317-nji madda), ýerleri bikanun eýelemek (317-1-nji madda), suwdaky haýwanlaryň we ösümlikleriň bikanun alynmagy (318-nji madda), ýer jümmüşini goramagyň we ondan peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy (320-nji madda), bikanun aw (321-nji madda), agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bikanun çapylmagy (322-nji madda), tokaý toplumlarynyň ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy (323-nji madda), aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň we tebigy obýektleriň düzgüniniň bozulmagy (324-nji madda). Görkezilenlerden başga ekologik ähmiýetli jenaýatlaryň düzümlerine şu aşakdakylar hem degişli etmek bolar: dag-magdan işleri geçirilýän mahalynda howpsuzlyk

düzgünleriniň bozulmagy (280-nji madda), düzümi narkotiki maddaly gadagan edilen ösümlikleriň ösdürilip ýetişdirilmegi (295-nji madda), ýylan zäheriniň bikanun alynmagy (306-njy madda), zyýanly ekologik netijeleri bolan heläkçilikler baradaky, daşky tebigy gurşawyň hapalanyş derejeleri baradaky maglumatlaryň ýaşyrylmagy ýa-da ýoýulmagy (309-njy madda).

Raýatlaryň we wezipeli adamlaryň eden jemgyýete howply ekologik-hukuk bozulmalary üçin Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksinde göz öňünde tutulan jogapkärçilik dolandyryş hukuk jogapkärçiligidir. Bu jogapkärçilik dolandyryş etmişi üçin kazyýet tertibinde däl-de dolandyryş edaralary tarapyndan ulanylýar.

Daşky tebigy gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde göz öňünde tutulan çärelere şu aşakdakylar degişlidir: duýduryş, jerime, hukuk bozulma edilende ulanylan gurallary tölegli yzyna almak, bikanun ele salnan önümi yzyna almak, tebigy gurşawdan peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly işe bolan hukukdan mahrum etmek, işi duruzmak ýa-da hojalyk-tehniki desgalaryň we enjamlaryň işini wagtlaýyn gadagan etmek, dolandyryş hukuk bozulmanyň edilmeginde gural bolan zady döwletiň haýryna geçirmek.

Dolandyryş jogapkärçilik çäresi hökmünde duýduryş ýazuw görnüşinde ulanylýar hem-de tebigaty goraýyş edaralary tarapyndan ýörite resminamalarda resmileşdirilýär. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jerime görnüşinde dolandyryş jogapkärçiligine çekilýänler hökmünde wezipeli adamlar we raýatlar çykyş

edýär. Jerime jogapkärçiligiň has köp ulanylýan we netijeli görnüşidir.

Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda jerime salmak üçin esaslar hökmünde şu aşakdaky dolandyryş etmişleri çykyş edip bilerler: ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, haýwanat dünýäsine döwlet eýeçilik hukugynyň bozulmagy; ýerden eýelik gözi bilen peýdalanylmazlygy; ýerleriň zaýalanmagy; ýerden peýdalanmagyň tebigaty goraýyş düzgüniniň talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi, kärende alnan ýerleriň bikanun berilmegi we ulanylmagy, wagtlaýyn eýelenen ýerleri gaýtaryp bermek şertleriniň bozulmagy; ýerleriň ýagdaýyna amatsyz täsir edýän desgalaryň ulanmaga berilmegi; hojalyk içindäki ýer gurluşyk taslamalaryndan birugsat çykylmagy; döwlet resmileşdiriş maglumatlarynyň, ýeriň hasaba alynmagynyň we baha berilmeginiň ýoýulmagy; çäk belgileriniň ýok edilmegi; ýer jümmüşini goramak baradaky talaplaryň bozulmagy; ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek baradaky işleri geçirmek kadalarynyň we talaplarynyň bozulmagy; suw baýlyklaryny goramak kadalarynyň bozulmagy; suwdan peýdalanmak kadalarynyň bozulmagy; suw hojalyk desgalaryna we enjamlaryna zyýan ýetirilmegi, olary ulanmak kadalarynyň bozulmagy; döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerinden bikanun peýdalanmak; tokaý agaçlaryny çapmak gaznasyny peýdalanmagyň bellenilen tertibini bozmak; uly we gyrymsy agaçlary bikanun çapmak hem-de olara şikes ýetirmek; seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky ýabany ösümlikleriň birugsat goparylyp alynmagy; döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerindäki ot ýatyrylan ýerleri we öri meýdanlaryny zaýalamak; tebigy

öri meýdanlaryny zaýalamak; birugsat ot ýatyrmak we mal bakmak, ýabany miweleri, hozlary, kömelekleri we ir-iýmişleri birugsat ýygmak; tokaýlarda ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny bozmak, atmosfera howasyny hapalaýjy maddalaryň çäkden artyk ýa-da ygtyýar alynman goýberilmegi we zyýanly fiziki täsiriň ýetirilmegi; kärhanalary atmosfera howasyny goramak baradaky talaplary berjaý etmezden ulanmaga bermek; atmosfera goýberilýän hapalaýjy maddalary arassalamak üçin oturdylan desgalary we enjamlary ulanmak kadalaryny bozmak, şeýle hem olary ulanmazlyk; goýberýän hapalaýjy maddalary bellenen çäklerden artyk bolan ulag serişdelerini we beýleki göçme serişdeleri ulanmaga goýbermek we ulanmak; atmosfera howasynyň goralyşyna gözegçiligi amala aşyrýan edaralaryň görkezmelerini ýerine ýetirmezlik; tebigy gurşawyň hapalanmagy baradaky maglumatlary ýaşyrmak ýa-da ýoýmak; haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň tertibiniň bozulmagy; seýrek duş gelän we ýitip gitmek howpy astyndaky ýabany haýwanlary ýok etmek; aw awlamak we balyk tutmak kadalaryny bozmak; aýratyn goralýan tebigy obýektleri we territoriýalary ýok etmek, zaýalamak, şikes ýetirmek.

Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda (231-232-nji maddalar) tebigy gurşawy goramak we ondan peýdalanmak bilen baglanyşykly dolandyryş hukuk bozulmalary baradaky işlere garamaga we degişli jogapkärçilik çärelerini ulanmaga Tebigaty goramak ministrligi, Suw hojalyk ministrligi, “Türkmengeologiýa” döwlet korporasiýasy we olaryň ygtyýarly edaralary, Balyk hojalyk döwlet komitetiniň balyk goraýyş edaralary we beýlekiler haklydyrlar.

## 4. Ekologik-hukuk bozulmalary üçin raýat-hukuk, düzgün-nyzam we ýörite-hukuk jogapkärçiligi

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ekologik hukuk bozulma netijesinde tebigy gurşawa zyýan ýetirilende raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi ýüze çykýar. Hukuk jogapkärçiliginiň bu görnüşi hukuk bozujynyň üstüne zyýan çeken tarapa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borjunyň ýüklenilmegini aňladýar. Tebigy gurşawa ýetirilen zyýan bu gurşawdaky san we hil ýitgileri öz içine alýar. Zyýanyň öwezini dolmak tebigy gurşawyň bozulan bölegini öňki kaddyna getirmek ýoly bilen ýa-da pul görnüşinde geçirilýär. Şunda Türkmenistanyň Raýat kodeksinden (1027-nji madda) hem-de ýörite kanunçylykdan ugur alynýar.

Ekologik gatnaşyklarynyň käbir görnüşleri babatda ekologik hukuk bozulma netijesinde ýetirilen zyýany hasaplamak üçin maddy jogapkärçiligiň özboluşly usuly-taksa usuly ulanylýar. Taksa tebigy gurşawa ýetirilen zyýany hasaplamagyň şertli birligidir. Taksanyň esasy maksat bellenmesi ýetirilen zyýanyň öwezini doldurtmakdan ybaratdyr. Taksa jogapkärçiligi tebigy obýektleriň ýok edilen ýa-da olara zyýan ýetirilen halatlarynda ýüze çykýar. Şu usuly ulanmagyň zerurlygy tebigy obýektleriň adam zähmetiniň netijesinde däl-de tebigy gelip çykyşy bilen şertlendirilýär.

Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan haýwanlaryň görnüşlerini bikanun tutmak, ýok etmek bilen ýetirilen zyýany töledip almagyň möçberlerini hasaplamak üçin Taksalar, Türkmenistanyň çäklerinde ýabany ösýän ösümlikleriň, şol sanda derman, tehniki, azyk we çig malyň

beýleki görnüşleri hökmünde ulanylýan görnüşleriniň bikanun alynmagy, ýok edilmegi bilen ýetirilen zyýany töledip almagyň möçberlerini hasaplamak üçin Taksalar Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşyp 2000-nji ýylyň 28-nji fewralynda tassyklandy.

Bu Taksalara laýyklykda, mysal üçin, türkmen dag goçyny bikanun tutmak, ýok etmek bilen ýetirilen zyýan 600 manat, keýigi (jereni) – 500 manat gulany – 400 manat, saýgagy – 200 manat degişlidir. Taksalar ösümlikleriň görnüşleri mysal üçin, arça, adaty hoz, injir, adaty arnap, adaty nar, tut, alma, armyt, gündogar çinary, dag kerkawy, igde, turanga, söwüt, ýylgyn, garagaç, derek, erik, ülje, sosna, sazak, pisse, gandym, çogan, bägül, çigildem, çomuç we beýlekiler babatda hem bellenendir. Haýwanat we ösümlik dünýäsi babatda hukuk bozulma aýratyn goralýan tebigy territoriýalarda edilen halatynda bolsa ýetirilen zyýan üçin tölenilmeli tölegiň möçberi üç esse köpeldilýär.

Tebigy gurşawa ýetirilen zyýany töletmegiň taksa usuly maddy jogapkärçilik hökmünde bikanun aw awlananda, bikanun balyk tutulanda, tokaýda bikanun agaç çapylanda we beýleki halatlarda ulanylýar. Şunda taksalaryň möçberleri tebigy obýektiň görnüşine, onuň halk hojalyk ähmiýetine, durmuş-ekologik gymmatyna, ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda bellenilýär. Maddy jogapkärçilikde taksalar boýunça ýetirilen zyýany töledip almak dolandyryş jerimäniň salynýandygyna garamazdan tebigaty goraýyş edaralarynyň talaplary boýunça kazyýet tertibinde geçirilýär. Şunda yzyna alnan önümiň (tebigy gurşawdan bikanun alnan önümiň) hem-de yzyna alnan

ekologik hukuk bozulmanyň serişdeleriniň gymmaty ýetirilen zyýanyň tölenilmeginiň hasabyna girmeýär.

Bellenilen taksalar ýa-da raýat-hukuk jogapkärçiligini kesgitleýän beýleki ýörite-hukuk kadalary bolmasa, onda daşky tebigy gurşawa ýetirilen zyýan Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1027-nji maddasyna laýyklykda töledilýär. Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, hukuk bozujynyň tebigy gurşawa ýetiren zyýany üçin maddy jogapkärçiligine çekilmegi onuň hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerine (mysal üçin, jenaýat ýa-da dolandyryş jogapkärçiligine) çekilýändigine garamazdan geçirilýär.

Düzgün-nyzam ekologik hukuk jogapkärçiligi wezipeli adam, işçi, gullukçy, beýleki işgär tarapyndan düzgün-nyzam etmiş görnüşinde edilen ekologik-hukuk bozulma üçin ulanylýar.

Düzgün-nyzam ekologik-hukuk jogapkärçiliginiň hereketiniň çäkleri giňdir. Häzirki zaman şertlerinde zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy, önümçilik, tehnologik hojalyk düzgüniniň bozulmagy köplenç halatda ekologik talaplaryň bozulmagy bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem düzgün-nyzam jogapkärçiligi zähmet düzgün-nyzamyny berkitmäge gönükdirilýär we ekologiýa kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilmegine ýardam edýär.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde (2009ý.) göz öňünde tutulan düzgün-nyzam çäreleri tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak babatda ulanylanda hukuk bozujy wezipeli adamlara we raýatlara güýçli täsir edýär. Mysal üçin Zähmet kodeksiniň 164-nji maddasyna laýyklykda şu aşakdaky düzgün-nyzam

temmileri ulanylýar: duýduryş, käýinç, berk käýinç, işden çykarmak. Düzgü-nyzam jogapkärçilik çäreleri işgärleriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly eden ekologik hukuk bozulmalary üçin ulanylyp bilner. Görkezilen çäreleri ulanmak hukugy kärhanalaryň, guramalaryň edaralaryň müdiriýetligine berlendir.

Ekologik-hukuk jogapkärçiliginiň adaty görnüşleri (jenaýat, dolandyryş, raýar-hukuk, düzgün-nyzam) üçin umumy ýagdaýy jogapkärçilik çärelerini ulanmagyň hukuk bozujylaryň şahsy we emläk bähbitlerine ýaramaz täsir etmegindedir. Başgaça aýdylanda ekologik-hukuk bozulmalary tebigatdan peýdalanyjylar tarapyndan edilen hukuk bozujylaryň tebigy gurşaw babatdaky bähbitleri degilmän galýar. Şundan ugur alyp, Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygy tebigatdan peýdalanyjylaryň tebigy serişdeler babatdaky bähbitlerine täsir edýän jogapkärçilik çärelerini hem göz öňünde tutýar. Bu çäreler belli bir derejede ekologik-hukuk bozulmada obýekt bolup çykyş edýän tebigy gurşawyň bölegine hem täsir edýär. Mysal üçin, ekologik-hukuk bozulmalary bilen baglanyşykly tebigy gurşawyň böleklerini şolaryň eýelerinden, eýelik edijilerden, peýdalanyjylardan yzyna almak we beýlekiler.

Görkezilen halatlarda ekologiýa babatda ýer-hukuk, suw-hukuk we ýörite-hukuk jogapkärçiligiň beýleki görnüşleri babatda gürrüň etmek bolar. Ekologiýa babatdaky ýörite-hukuk çäreleri Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde däl-de, Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde, ýer jümmüşi, Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak, Haýwanat dünýäsini goramak we onadan rejeli peýdalanmak, Atmosfera howasyny goramak, ýagny tebigy serişdeler

kanunçylygynda, şeýle hem Tebigaty goramak hakyndaky kanunda we tebigaty goraýyş hukuk namalarynyň beýlekilerinde göz öňünde tutulýar. Bu ýörite-hukuk jogapkärçilik çäreleri hukuk bozujylar üçin amatsyz hukuk netijeleri döredýär. Jogapkärçiligiň bu görnüşi tebigatdan peýdalanmagyň aýry-aýry görnüşleri we olary goramak bilen gös-göni baglanyşyklydyr hem-de şu babatda ýüze çykýan gatnaşyklara amatly täsir edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyndan ugur alyp, ekologiýa babatda ýörite-hukuk çärelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar: tebigatdan peýdalanmak hukugyny bes etmek; berlen tebigy gurşawyň böleklerini yzyna almak; tebigatdan peýdalanmak babatda hukugy çäklendirmek; tebigatdan peýdalanmak boýunça hukukdan mahrum etmek; tebigy gurşawyň böleklerinden rugsatsyz peýdalanylan döwürde edilen çykdajylary tölemezlik; tebigy serişdäniň bölegi bozulanda şony dikeltmek boýunça hukuk bozujynyň üstüne borç ýüklemek; tebigatdan peýdalanmak bilen baglanyşykly geçirilýän çäreleri duruzmak; daşky gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak baradaky talaplaryň ýerine ýetirilmedik halatlarynda eýeçilige, eýelik etmäge ýa-da peýdalanmaga tebigy baýlyklaryň täze böleklerini bermekden boýun gaçyrmak; tebigy serişdelerden peýdalanmagyň aýratyn düzgünine geçirmek; tebigatdan peýdalanylyşyna gözegçiligiň aýratyn düzgünine geçirmek.

Kanunçylyga laýyklykda ekologiýa babatda ýörite-hukuk jogapkärçilik çäreleri umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary (Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, häkimler) tarapyndan hem-de ýörite ygtyýarly döwlet edaralary (Tebigaty goramak ministrligi, ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrmaga ygtyýarly edilen beýleki ministrlikler we döwlet dolandyryş edaralary) tarapyndan ulanylyp bilner.

# Tema 9: Daşky tebigy gurşawy halkara hukuk taýdan goramak

## 1. Halkara ekologiýa hukugy barada düşünje.

Daşky gurşawy halkara-hukuk taýdan goramak halkara hyzmatdaşlygy babatdaky wezipeleriň bir görnüşi bolup durýar. Ol dünýä bileleşiginiň agzalarynyň, şol sanda 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-nyň agzasy bolan garaşsyz Türkmenistanyň, Ýer tebigatyny goramak, onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak, tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmak boýunça amala aşyrýan guramaçylyk-hukuk çäreleriniň ulgamyna girýär.

Tebigaty goraýyş babatda halkara-hukuk namalarynyň köpelip başlamagy halkara kanunçylygynyň çäklerinde ekologiýa kanunçylygynyň ýüze çykmagyna getirýär. Özbaşdak pudak hökmünde bu kanunçylyk daşky tebigy gurşawy goramak, ondan peýdalanmak hem-de ony sagdynlaşdyrmak baradaky ähli halkara-hukuk resimnamalary öz içine alýar.

Häzirki zaman şertlerinde halkara ähmiýetli ekologik wezipeleri çözmek üçin ähli dtinýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar. Başgaça aýdylanda dünýä bileleşiginiň aýry-aýry agzalarynyň (şol sanda Türkmenistanyň)Ýer tebigatyny goramak boýunça amala aşyrýan işi daşky tebigy gurşawy goramak babatdaky halkara çareleri bilen utgaşdyrylan halatynda amatly netijelere getirip biler. Şundan ugur alnyp, halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň bin hökmünde

daşky tebigy gurşawy halkara-hukuk taýdan goramak ýüze çykdy we giň ösüşe eýe bolýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda göz öňünde tutulyşy ýaly (6-njy madda), Turkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly döwleti bolup, halkara hukugynyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Konstitusiýa laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbaguly Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän daşary syýasaty Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk, harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine esaslanýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy özüniň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" Rezolýusiýasynda Türkmenistanyň bitaraplygyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bitewiligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar. Dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň içerki we daşary syýasatynyň esasy bolup duýar.

Halkara ekologiýa hukugynyň esasyny halkara ekologiýa kanunçylygy düzýär. Halkara ekologiýa hukugy diýlende halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň we kadalarynyň esasynda halkara ekologik serişdelerini abat saklamak, olardan rejeli peýdalanmak we adamyň amatly töwerekdäki gurşawa bolan hukuklaryny

goramak baradaky döwletara jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk kadalarynyň jemine düşünilýär.

Halkara ekologiýa hukugy halkara hyzmatdaşlygynyň ähli görnüşlerini kadalaşdyrýan halkara jemagat hukugynuň düzüm bölegi bolup, hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň ýörelgeleriniň we usullarynyň häsiýetlendirilmegine täsir edýär. Şol bir wagtyň özünde halkara ekologiýa hukugy Içerki ekologiýa hukugynyň dowamy bolup durýar hem-de halkara hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň mazmunyna täsir edýär.

Halkara ekologiýa hukugy halkara ekologik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Bu gatnaşyklar öz mazmuny boýunça halkara hyzmatdaşlygy babatdaky beýleki gatnaşyklardan hem-de Içerki (milli) ekologiýa hukugynyň degişli gatnaşyklaryndan tapawutlanýar. Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleri we kadalary bilen bir hatarda bu hukugyň ekologik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda özboluşly ýörelgeleri bardyr. Halkara ekologiýa hukugynyň hukuk taýdan kadalaşdyrmak babatda özbaşdak çeşmeleri hem bar. Ol çeşmeleriň gömüşleri: halkara guramalarynyň konwensiýalary, şertnamalary, ylalaşyklary, kararlary. Şunda ähli dünýä bileleşiginiň ekologik gatnaşyklaryny özbaşdak kadalaşdyrmaga bolan gyzyklanmagy örän ähmiýetlidir.

Halkara ekologiýa hukugynyň içerki (milli) ekologiýa hukugy bilen özara baglanyşygy çylşyrymly ulgam bolup durýar, ýagny içerki ekologiýa hukugy degişli döwletiň ýeke-täk erkini aňladýan bolsa, halkara ekologiýa hukugy iki ýa-da ondan köp döwletleriň ýa-da halkara guramalarynyň ylalaşylan erkini aňladýandyr. Şol bir wagtyň özünde bu erkli ekologik-hukuk kadalarynyň

galtaşýan halatlarynda artykmaçlyk halkara hukuk kadalaryna degişlidir.

## 2. Daşky tebigy gurşawy halkara hukuk taýdan goramagyň ýörelgeleri we çeşmeleri.

Daşky gurşawy goramak halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeierme we kadalaryna esaslanýar. Şol bir wagtyň özünde ol halkara hukugynyň kadalaryndan we halkara ekologik gatnaşyklarynyň mazmunyndan gelip çykýan käbir özboluşly düzgünleri hem goldanýar.

Daşky gurşawy goramagyň halkara-hukuk ýörelgeleri halkara bileleşiginiň agzalarynyň (döwletleriň, halkara guramalarynyň we konferensiýalaryň) bilelikdäki tagallalary bilen işlenip düzülendir. Bu ýörelgeler BMG-nyň Baş Assambleýasynyň kararlarynda, BMG-nyň daşky gurşaw baradaky Stokgolm konferensiýasynyň kararlarynda, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk baradaky Maslahatyň Jemleýji namasynda (Helsinki, 1975ý), Tebigatyň bütindünýä hartiýasynda, BMG-nyň daşky gurşaw we ösüş baradaky Halkara konferensiýasynyň kararlarynda (Rio-de-Janeýro, 1992 ý.) beýan edilendir.

Daşky gurşawy goramagyň halkara-hukuk ýörelgeleri şu aşakdakylardyr:

1) adamyň ekologik hukuklarynyň ileri tutulmagy;

2) öz çäklerindäki tebigy serişdelere döwletiň özygtyýarlylygy;

3) bir döwletiň ekologiýa taýdan abadançylygynyň beýleki döwlete ekologik zyýanyň ýetirilmeginiň hasabyna bolmagyna ýol bermezlik;

4) ähli derejelerde ekologik gözegçilik;

5) halkara ekologik maglumatyň erkin alşylmagy;
6) adatdan daşary ýagdaýlarda döwletleriň birek-birege kömek bermegi;
7) ekologik-hukuk jedelleriň parahatçylyk ýoly bilen çözülmegi.

Halkara resminamalarynda berkidilen kadalar-ýörelgeler ekologik gatnaşyklaryna gatnaşýanlara gönükdirilip, olaryň maslahat beriji ähmiýeti bardyr.

Döwletlere kämilleşdirilen ekologiýa kanunçylygyny, daşky gurşawyň hil kadalaryny we ölçeglerini işläp taýýarlamak hem-de olaryň berjaý edilmegini üpjün etmek maslahat berilýär. Görkezilen ýörelgeler döwletleri öz hojalyk işini alyp baranlarynda töwerekdäki tebigy gurşawa zyýan ýetirmezlige hem-de tebigaty goraýyş kanunçylygyny bozmazlyga çagyrýar. Hojalyk işi tebigy gurşawa zyýan ýetirjek bolsa, öňünden zyýanly netijelere baha berilmelidir. Şunda şular ýaly işden alynjak peýdanyň tebigy gurşawa ýetiriljek zyýandan ep-esli köp boljakdygyny subut etmek zerurdyr.

Döwletler tebigy gurşawyn hapalaimiagy bilen ýetirilýan zyýanyň öwezini dolmaklyga hem-de ekologik zyýanyň ýaramaz netijeleri üçin halkara jogapkärçilik çärelerini işläp düzmek niaksady bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge borçlanýarlar.

Daşky gurşawy goramagyň halkara-hukuk ýörelgeleri Türknienistanyň GDA döwletleri bilen gatnaşyklaryna hem ýaýraýar. 1992-nji ýylyň fewralynda bu döwletleriň wekilleri tarapyndan Moskwada ekologiýa we daşky gurşawy goramak babatda özara gatnaşyk hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

Görkezilen döwletleriň özara ekologik gatnaşyklarynyň ýörelgeleri daşky tebigy gurşawyň bitewiligi we bölünmeýänligi, şeýle hem GDA-nyň düzümine girýän döwletleriň tebigy serişdelere ygtyýar etmäge özygtyýarlylyk hukugynyň barlygyndan ugur alnyp, işlenip düzülendir.

GDA döwletleri (şol sanda Turkmenistan) umumy ykdysady giňişligiň hukuk taýdan üpjün edilmeginiň, hukuk garşylyklarynyň öňüni almagyň we aradan aýyrmagyň zerurlygyny ykrar edýärler. Şu babatda hukuk taýdan üpjün etmegiň şertleri şu aşakdakylardyr: 1) milli kanunçylyklary, şol sanda tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak we ekologik howpsuzlygy babatdaky kanunçylyklaryň ýakynlaşdyrylmagy; 2) ekologik-ykdysady giňişlikde kanunçykaryjylyk we hukukulanyş işiniň ugrukdyrylmagy; 3) kanuntaslama işleriniň hem-de geçirilýän tebigaty goraýyş işleriniň ylalaşylmagy; ylmy we tejribe maglumatlarynyň özara alşylmagy.

GDA döwletleriniň ekologik işini ugrukdyrmak üçin Halkara ekologik geňeş hem-de hemişelik hereket edýän edara hökmünde sekretariat döredildi. Halkara ekologik gazna hem döredildi (Minsk ş.)

Garaşsyz Türkmenistanyň kanunçylygynda daşky tebigy gurşawy goramak we onuň serişdelerinden peýdalanmak babatda halkara hukugynyň (içerki hukuk bilen deňeşdirilende) artykmaçlyk ýörelgesi berkidilendir. Türkmenistanyn 1991-nji ýylyň 12-nji noýabryndaky "Tebigaty goramak hakyndaky" kanunyna (42-nji madda) laýyklykda, eger Türkmenistayň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň tebigaty goramak hakyndaky kanunçylygyndakydan başga kadalar bellenilen bolsa, onda

Türkmenistanda has pugta talaplar hereket edýän halatlardan başga ýagdaýlarda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar, Şular ýaly kadalar Türkmenlstanyň Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky kanunynda, Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde Ýer jümmüşi hakyndaky, Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak, haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunlarynda hem berkidilendir.

Daşky tebigy gurşawy halkara-hukuk taýdan goramagyň çeşmeleri diýlende özünde ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrmaga gönükdirilen halkara hukuk kadalaryny jemleýän şertnamalara, ylalaşyklara, konwensiýalara, halkara guramalarynyň we konferensiýalaryň kararlaryna düşünilýär.

Daşky tebigy gurşawy halkara-hukuk taýdan goramagyň çeşmeleriniň düzüminde BMG-nyň Baş Assambleýasynyň kararlary we Tebigaty goramagyň bütindünýä hartiýasy aýratyn orun tutýar. Olar ekologiýa babatda halkara-hukuk hyzmatdaşlygynyň ýörelgelerini we düzgünlerini durmuşa geçirmekde niöhüm ähmiýete eýedir.

BMG-nyň Baş Assambleýasynyň gurşawy goramak we dünýä tebigy serişdelerinden rejeli peýdalanmak babatdaky gatnaşyklary kadalaşdyrmaga gönükdirilen şu aşakdaky kararlaryny aýratyn bellemek gerek:

1) BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1962-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky "Ykdysady ösüş we tebigaty goramak" hakyndaky karary. Bu kararda görkezilen meseleler boýunça ÝuNESKO-nyň teklipleri we maslahatlary makullandy hem-de daşky

gurşaw, tebigy serişdeler, ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen baglynyşykly meselelere tutuşlygyna garamagyň zerurlygy bellenildi;

2) BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1968-nji ýylyň 3-nji dekabryndaky karary. Bu kararda adamyň esasy hukuklarynyň berjaý edilmegi hem-de degerli ykdysady we durmuş ösüşi üçin amatly daşky gurşawyň möhürn ähmiýeti bellenilýär;

3) BMG-nyň 1980-nji ýylyň sentýabrynda kabul eden "Häzirki we geljekki nesiller üçin Ýer tebigatyny abat saklamakda döwletleriň taryhy jogapkärçiligi" hakyndaky karary. Bu kararda ähli döwletler we halklar ýaraglary azaltmak hem-de daşky gurşawy goramak boýunça anyk çäreleri işläp taýýarlamaklyga çagyrylýar;

4) BMG-nyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1982-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda makullanan we tassyklanan Tebigaty goramagyň Bütindünýä hartiýasy. Hartiýada ekologik bilime umumy bilimiň düzüm bölegi hökrnünde garalýar hem-de tebigat baradaky öz bilimimizi hemmetaraplaýyn giňeltmegimiziň zerurlygy ykrar edilýär. Hartiýa özüniň hukuk güýji boýunça maslahat beriş häsiýetdäki halkara-hukuk resminamadyr. Diýmek, onuň kadalary we ýörelgeleri döwletler we halkara gurarnalary üçin hökmany däldir. Emma dünýä bileleşiginiň agzalary öz işlerinde daşky tebigy gurşawy goramagyň ähliumumy borçlugyndan ugur alyp, onuň düzgünlerini goldanýarlar.

Garaşsyz Watanyrnyzda ruhy dünýäniň çeşmesi bolan bilim babatda (şol sanda ekologik bilim babatda); Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän möhüm çäreleri muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Daşky tebigy gurşawy halkara-hukuk taýdan goramagyň çeşmeleriniň düzüminde şertnamalar esasy orun tutýar. Bu şertnamalaryň iki topary, ýagny syýasy mazmunly we ekologik mazmunly toparlary tapawutlandyrylýar.

Halkara-hukuk taýdan goramagyň çeşmeleri hökmünde syýasy mazmunly şertnamalarda daşky gurşawy goramak meseleleri parahatçylyk, howpsuzlyk, ýaraglary azaltmak meseleleri bilen baglanyşykly geçýär.

Ekologik mazmunly halkara şertnamalary ekologik-toplumlaýyn we ekologik-serişde ugurlary boýunça tapawutlanýarlar. Toplumlaýyn ekologik mazmunly halkara-hukuk namalaryna şu aşakdakylar degişlidir: Tebigy gurşawa täsir etmegiň harby ýa-da beýleki serişdelerini duşmançylykly ulanmagy gadagan etmek hakyndaky konwensiýa (1977 ý.), Howany uly aralyga serhetüsti hapalamak hakyndaky konwensiýa (1979 ý.), Kosmos giňişligini barlamak we peýdalanmak boýunça döwletlerin işiniň ýörelgeleri hakyndaky şertnama (1969 ý.) we beýlekiler.

Halkara-hukuk namalarynyň özbaşdak bir toparyny dünýä okeanyny hapalanmakda we egsilmekden goramak hakyndaky konwensiýalar, ylalaşyklar we şertnamalar düzýär.

Ekologik serişde mazmunly halkara-hukuk resminamalary iki ýa-da birnäçe döwletler tarapyndan balyk tutmagy (mysal üçin, Hazar deňzinde balyk tutmagy) kadalaşdyrmaga, araçäk deňizleriň, derýalaryň, kölleriň we beýlekileriň halkara-hukuk düzgünini kadalaşdyrmaga degişlidir.

## 3. Daşky gurşawy halkara-hukuk taýdan goramagyň obýektleri.

Daşky tebigy gurşawy halkara-hukuk taýdan goramagyň obýekti diýlende döwletleriň we halkara guramalarynyu arasynda ekologik gatnaşyklaryň ýüze çykmagynda zat hökmünde çykyş edýän tebigy obýektlere düşünilýär.

Görkezilen tebigy obýektleriň iki topary tapawutlandyrylýar, ýagny döwletleriň

garamagyna girmeýän we olaryň garamagyna girýän halkara-hukuk tebigy obýektleri. Birinji topara howa basseýni, kosmos, Dünýä okeany, Antarktida, haýwanlaryň göçüp ýören görnüşleri degişlidir. Bu tebigy obýektleri goramak we olardan peýdalanmak halkara ekologiýa hukugynyň kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Döwletleriň garamagyna girýän halkara-hukuk tebigy zatlaryna düňýä tebigy mirasynyň sanyna girizilen obýektler, haýwanlaryň we ösümlikleriň Halkara Gyzyl kitabyna girizilen gömüşleri, halkara derýalary, deňizleri, kölleri degişlidir.

Halkara-hukuk kadalary bilen goralmaga degişli edilmedik, ýagny ýokarda görkezilen toparlara girizilmedik tebigy obýektler, tebigaty goramak, ondan rejeli peýdalanmak, ekologik howpsuzlygy babatda halkara hyzmatdaşlygyň zatlary hökmünde çykyş edip bilýärler.

Howa basseýni tebigy obýekt hökmünde ähli Ýer atmosferasyny öz içine alýar hem-de halkara hukugy taýdan goralýan obýekt bolup durýar. Ony goramak şu aşakdaky ugurlar boýunça ösdürilýär: howa we klimata

zyýanly täsir edilmegine ýol bermezlik; atmosferany hapalaýjyläryň serhetüsti geçirilmeginiň öňüni almak we aradan aýyrmak; ozon gatlagyny bozulmakdan goramak; arassalaýyş we gözegçilik serişdelerini kämilleşdirmek babatda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi.

Howa basseýnini, kosmos giňişligini, halkara hukugy taýdan goralýan beýleki tebigy obýektleri goramak hem-de olardan peýdalanmak babatda degişli konwensiýalar, şertnanialar hem-de gaýry halkara-hukuk resminamalary hereket edýär.

Häzirki wagtda ähli meseleler boýunça BMG-nyň halkara resminanialarynyň 70-den köprägi hereket edýär, olaryň 30-dan köprägine bolsa garaşsyz Turkmenistan hem gatnaşýar.

Daşky gurşawy goramak hem-de tebigy serişdelerden peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleler hem halkara resminamalarynda göz öňünde tutulýar.

BMG-nyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygy kabul edildi (1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklandy). Onda ähli halklaryň öz maksatlarynyň hasyl bolmagy üçin öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine birek-birege peýdalylyk ýörelgesine esaslanan halkara ykdysady hyzmatdaşlygyndan we halkara hukugyndan gelip çykýan haýsydyr bir borçlaryna zyýan ýetirmezden erkin ygtyýar edip bilýändigi bellenilýär.

1972-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak hakynda könwensiýa (Pariž ş.) kabul edildi. Turkmenistan tarapyndan bu Konwensiýa 1994-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda tassyklandy. 2000-nji

ýylyň başynda ÝuNESKO-nyň Bütindüňýä medeni we tebigy mirasynyň Spisogyna girizmek üçin Türkmenistanyň Bathyz goraghanasy hödürlendi.

1992-nji ýylda BMG-nyň daşky gurşaw we ösüş baradaky konferensiýasynda (Rio-de-Janeýro ş.) Biologik dürlülik hakynda konwensiýa kabul edildi. Türkmenistan tarapyndan bu Konwensiýa 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda tassyklandy. Konwensiýany durmuşa geçirmek maksady bilen Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň we BMG-nyň ösüş Maksatnamasynyň bilelikdäki taslamasy ýerine ýetirilýär.

1998-nji ýylyň 25-nji iýunynda Orhus şäherinde (Daniýa) töwerekdäki gurşawa degişli meseleler boýunça maglumatlaryň elýeter bolmagy, çözgütleri kabul etmek amallaryna jemgyýetçiligiň gatnaşmagy we adyl suduň elýeter bolmagy hakynda konwensiýa kabul edildi. Ol Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan 1999-njy ýylyň 30-njy aprelinde tassyklandy.

Türkmenistan tarapyndan tassyklanan gurşaw bilen baglanyşykly halkara resminamalaryna şu aşakdakylar hem degişlidir: Çölleşmäge garşy göreşmek baradaky konwensiýa (1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda tassyklandy). Howanyň üýtgemegi hakyndaky çarçuwaly konwensiýa (1998-nji ýylyň 10-njy dekabrynda tassyklandy), Howply galyndylaryň serhetüsti daşalmagyna we olaryň ýok edilişine gözegçilik hakyndaky Bazel konwensiýasy, Ozon gatlagyny goramak baradaky Wena konwensiýasy we Ozon gatlagyny weýran edýän maddalar hakyndaky Monreal Teswirnamasy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 1-nji martyndaky karary bilen BMG-nyň daş-töwerek baradaky

konwensiýalaryň we maksatnamalaryň düzgünlerini durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyn borçnamalaryny ýerine ýetirmek barada ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini ugrukdyramak, şeýle hem tebigy serişdeleri we daş-töweregi goramak hem-de rejeli peýdalanmak babatdaky syýasatyny ýöretmek maksady bilen döwlet topary döredildi we Düzgümama tassyklandy (Türkmenistanyn Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 18-nji aprelindaki karary bilen uýtgetmeler girizildi).

Tebigaty goramak ministrligi Türkmenistanyň halkara konwensiýalaryndan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça hem-de tebigaty goramak babatda, şeýle hem tebigaty goraýyş işiniň beýleki meseleleri boýunça Türkmenistanyň halkara we pudagara şertnamalaryny hem-de ylalaşyklaryny taýýarlamak boýunça ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş ederalarynyň işini ugrukdyrýar.

Halkara ähmiýetli obýektlere Tebigaty goramak we tebigy serişdelerden peýdalanmak baradaky Halkara bileleşigi tarapyndan ýöredilýän Halkara Gyzyl kitabyna girizilen seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleri degişlidir. Dünýä bileleşiginiň agzalary-döwletler görkezilen ösümlikleri we haýwanlary abat gorap saklamak we olaryň sanyny köpeltmek boýunça çäreleri amala aşyrmaga borçlanýarlar. Garaşsyz Türkmenistanda Halkara Gyzyl kitabyna haýwanlaryň 27 gömüşi (1996 ý.) we ösümlikleriň 12 görnüşi (1998 ý.) girizilendir.

Aýry-aýry deňizler, derýalar, köller, ýer bölekleri, suw hojalyk desgalary hem halkara (döwletara) resminamalaryna laýyklykda goralmaga we

peýdalanylmaga degişli tebigy zatlar hökmünde çykyş edip bilýärler. Muňa şu aşakdakylar şaýatlyk edýär:

1) Aral deňzi bilen baglanyşykly meseleleriň öz wagtynda we dogry çözülmegini üpjün etmek maksady bilen Turkmenistan we beýleki Merkezi Asiýa döwletleri tarapyndan Araly halas etmek boýunça Halkara gaznasynyň hem-de ýerine ýetiriji komitetiň döredilmegi;

2) Amyderýanyň suw serişdelerinden peýdalanmagy kadalaşdyrmak maksady bilen Turkmenistan we beýleki Merkezi Asiýa döwletleri tarapyndan "Amyderýa" Basseýn suw hojalyk birleşiginin döredilmegi (1992 ý.);

3) Suw-hojalyk meseleleri boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda Turkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda Ylalaşygyň baglaşylmagy (1996-njy ýylyň 16-njy ýanwary);

4) Türkmenistanyň Hökümetiniň we Özbegistan Respublikasynyn Hökümetiniň arasynda ýerden tölegli peýdalanmak barada Ylalaşygyň baglaşylmagy (1996-njy ýylyň 17-nji apreli);

5) Türkmenistanyň Hökümetiniň we Eýran Islam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda "Dostluk" Suw howdany desgasyny gurmak we ulanmak boýunça hyzmatdaşlyk barada Ylalaşygyň baglaşylmagy (1999-njy ýylyň 20-nji oktýabry);

6) önki SSSR-iň we Eýranyň arasynda Geri-Rud (Tejen) derýasyndan Kaspi (Hazar) deňzine çenli araçäk derýalardan we suwlardan bilelikde peýdalanmak hakynda Ylalaşygyň baglaşylmagy (1926-njy ýylyň 20-nji fewraly) hem-de 1957-nji ýylyn 11-nji awgustynda Araks we Etrek derýalary boýunça goşmaça Ylalaşygyň baglaşylmagy;

7) Türkmenistan we beýleki Hazarýaka döwletleri tarapyndan Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemäge hem-de şonuň bilen baglanyşykly aýry-aýry meseleleri kadalaşdyrmaga gönükdirilen ylalaşyklaryň taýýarlanylmagy.

## 4. Daşky tebigy gurşawy goramak baradaky konwensiýalar we guramalar.

Daşky tebigy gurşawy goramakda şu babatdaky halkara konferensiýalary aýratyn ähmiýete eýedir. Bu konferensiýalaryň ikisi, ýagny 1972-nji ýylda Stokgolm şäherinde hem-de 1992-nji ýylda Rio-de-Janeýro şaherinde geçirildi.

Daşky tebigy gurşaw baradaky Stokgolm konferensiýasy (1972-nji ýylyň 5-16-njy iýuny) döwletleriň we halkara bileleşiginiň ekologik syýasatynda örän möhüm waka boldy. Konferensiýada esasy resminamalaryň ikisi kabul edildi, ýagny ýörelgeleriň Jarnamasy we çäreleriň Meýilnamasy.

Ýörelgeleriň Jarnamasy ýörelgeleriň 26-syny öz içine alýar. Olar gurşawyň wajyp meselesine häzirki wagtda we gelejekde dünýä bileleşiginiň garaýşyny aňladýar. Bu ýörelgeleriň has esasylary şu aşakdakylardyr:

1) adamyň daşky tebigy gurşawda ýaşaýşyň amatly şertlerine bolan hukugy;

2) häzirki we geljekki nesilleriň bähbitleri üçin tebigy serişdeleri abat saklamak;

3) daşky tebigy gurşawy gowulandyrmak üçin möhüm ähmiýeti bolan ykdysady we durmuş ösüşi (gurşawyň hilini abat saklamak üçin ösüşi duruzmagy talap edýän, ösüşi çäklendiriş teoriýasyndan tapawutlylykda);

4) döwletlerin öz tebigy baýlyklaryny işläp çykarmaga bolan hukuklarynyn garaşsyzlygy hem-de döwletleriň daşky gurşawa ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligi;

5) daşky tebigy gurşawyň halkara meselelerini hyzmatdaşlyk ruhunda çözmegiň zerurlygy;

6) adamy we daşky tebigy gurşawy ýadro ýaragyny we köpçülikleýin gyrýan ýaragyň beýleki görnüşlerini ulanmagyň netijelerinden halas etmek.

Stokgolm konferensiýasynda kabul edilen çäreleriň Meýilnamasynda daşky gurşawy goramagyň guramaçylyk, ykdysady, syýasy meseleleri hem-de döwletleriň we halkara guramalarynyň özara gatnaşygy çözülýär.

Konferensiýanyň karary bilen BMG-nyň hemişelik hereket edýän edarasy - ÝUNEP (BMG-nyň daşky gurşaw baradaky Maksatnamasy) guraldy, Daşky gurşaw gaznasy döredildi, 5-nji iýun Bütindünýä daşky gurşaw güni diýlip yglan edildi.

1992-nji ýylyň 3-14-nji iýunynda BMG-nyň daşky gurşaw we ösüş baradaky konferensiýasy (Rio-de-Janeýro) geçirildi. Ol daşky gurşaw baradaky Stokgolm konferensiýasyndan (1972 ý.) soňky 20 ýylyň netijelerini jemlemek üçin guraldy. Konferensiýa dünýaniň 178 ýurdundan 15 müň delegat ýygnandy, 1992-nji ýyldaky görikezilen Konferensiýanyň esasy kararlary şu aşakdakylardyr daşky gurşaw we ösüş baradaky ýörelgeleri kesgitleýän Jamama; Gün tertibi - XXI asyr, ýagny daşky gurşaw we ösüş babatda ýüz ýyl üçin giň maksatnama; ähli klimat zolaklarynda tokaýlary goramagyň we olardan rejeli peýdalanmagyň ýörelgeleri hakynda beýannama; biologik dürlüligi goramak hakynda Konwensiýa.

Bu Konferensiýa çöller we gurak zolaklar boýunça Konwensiýanyň taslamasyny işläp taýýarlamak üçin BMG-nyň daşky gurşaw we ösüş boýunça Toparyny döretmek barada hem karar kabul etdi.

Daşky gurşawy goramak meseleleri bilen BMG-nyň ýöriteleşdirilen edaralary, hökümetara guramalary we beýleki halkara guramalary meşgul bolýarlar. Olaryň meşgul bolýan ekologik meseleleriniň mazmuny boýunça halkara guramalarynyň üç topary tapawutlandyrylýar: tebigaty goraýyş ugry, toplumlaýyn tebigaty goraýyş ugry, ýörite tebigaty goraýyş ugry.

Birleşen Milletler Güramasy, onun. ýöriteleşdirilen edaralary, halkara ekologik hyzmatlaşlygynda aýratyn oran tutýar. Adam daşky gurşawy goramak BMG-nyň Tertipnamasyndan gös-göni gelip çykýar. Şunda maksat we wezipe ykdysady, durmuş, saglygy goraýyş, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandymiak, adam hukuklaryny berjaý etmek babatdaky halkara meselelerini çözmekde ýardam etmekden ybaratdyr.

BMG-nyň Baş Assambleýasy halkara bileleşiginiň ekologik syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär, daşky gurşawy goramak boýunça döwletleriň özara gatnaşygynyň ýörelgelerini işläp düzýär, daşky gurşawyň möhüm meseleleri boýunça BMG-nyň halkara konferensiýalaryny geçirmek barada kararlary kabul edýär, daşky gurşawy goramak boýunça halkara konwensiýalaryny, teklipleri işläp taýýarlaýar, taze tebigaty goraýjy edaralary döredýär, daşky gurşawy goramak maksady bilen köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam edýär.

BMG-nyň tebigaty goraýyş işi gös-göni ýa-da onuň esasy we kömekçi edaralarynyň ýa-da ýöriteleşdirilen edaralarynyň ulgamy arkaly amala aşyrylýar. BMG-nyň esasy edaralarynyň biri Ykdysady we durmuş Geneşidir.

BMG-nyň daşky gurşaw baradaky Maksamamasy (ÝuNEP) 1972-nji ýylyň 15-nji dekabrynda döredildi. Onun işiniň esasy ugurlary: 1) ilatly ýerler, adam saglygy, daşky gurşawyň sanitariýasy; 2) ýerleri, suwlary goramak, çölleşmäge ýol bermezlik; 3) okeanlar; 4) tebigaty, ýabany haýwanlary, genetiki serişdeleri goramak; 5) energiýa; 6) bilim, hünär taýýarlygy; 7) söwda, ykdysadyýet, tehnoiogiýa.

Birleşen milletleriň medeniýet, ylym, bilim baradaky Guramasy 1948-nji ýylda döredildi. Onuň tebigaty goraýyş işiniň ugurlary: 1) ekologik maksatnamalara ýolbaşçylyk. Bu işe 100-den köprak döwlet, şol sanda Türkmenistan gatnaşýar; 2) bütindünýä mirasyna degişli edilen tebigy obýektleriň hasaby we olary goramagy guramak; 3) ösýän ýurtlara we beýleki ýurtlara ekologik bilimi ösdürmekde we hünärmenleri-ekologlary taýýarlamakda kömek etmek.

Tebigaty we tebigy serişdeleri goramak Halkara bileleşigi (1984-nji ýylda döredildi) hökümetdäl halkara guramasy bolup, oňa 100-den köpüräk döwlet (şol sanda Turkmenistan), hökümetdäl guramalary we halkara hökümet guramalary (jemi 500-den köpüräk agzalar) gatnaşýar. Onuň işinde esasy wezipeler: 1) tebigy ekologik ulgamlary, ösümlik we haýwanat dünýäsini abat saklamak; 2) ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky gömüşlerini, tebigy ýadygärlikleri abat saklamak; 3) goraghanalary, rezerwatlary, milli tebigy baglary guramak; 4) ekologik aň-bilim.

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy (1946-njy ýylda döredildi) adamyň daşky tebigy gurşaw bilen özara gatnaşygy jähtden onuň saglygyny goramak meseleleri bilen meşgullanýar.

Atom energiýasy baradaky halkara agentligi (1957-nji ýylda döredildi) ýadro howpsuzlygyny we daşky gurşawy radioaktiw hapalanmakdan goramagy üpjün etmegiň maksatnamasyny ýerine ýetirýär.

Birleşen milletleriň Oba hojalyk we azyk guramasy - FAO (1945-nji ýylda döredildi) oba hojalygy we dünýä azyk serişdeleri, hususan ýerleri, suw serişdelerini, tokaýlary, haýwanat dünýäsini, Dünýä okeanynyň biologik serişdelerini goramak we olardan peýdalanmak meseleleri bilen meşgul bolýar.

BMG-nyň Bütindünýä meteorologik guramasynyň (1947-nji ýylda döredildi) wezipesi howa we klimata edilýän täsiriň derejesini öwrenmekden we jemlemekden ybaratdyr. Türkmenistan bu Gurama 1993-nji ýylda kabul edildi.

Halkara tebigaty goraýjy guramalaryň ulgamyna görkezilenler bilen bir hatarda Halkara deňiz guramasy we beýlekiler hem girýär.

## Tema: 10. Ýerden peýdalanmagyň we ony goramagyň hukuk düzgüni. Ýer peýdalanmagyň we goramagyň obýekti hökmünde

Türkmenistanda ýer, beýleki tebigy serişdeler ýaly, halkyň milli baýlygydyr. Ol döwletiň goragy astynda durýar hem-de rejeli we netijeli peýdalanylmaga degişlidir. Ýer örän möhüm wezipeleri, ýagny adamyň ýaşaýan ýeri we ýaşaýşyň şerti hökmünde sosial wezipäni, tebigy gurşawyň obýekti hökmünde ekologik wezipäni, döwletiň territoriýasy we döwlet häkimiýetiniň çägi hökmünde syýasy wezipäni, hojalyk işiniň obýekti hökmünde ykdysady wezipäni ýerine ýetirýär.

Ýer oba hojalygynda we tokaý hojalygynda esasy önümçilik serişdesi, ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda bolsa obýektleri, desgalary ýerleşdirmek üçin orun hökmünde çykyş edýär.

Ilkibada Türkmenistanda ýer we suw gatnaşyklary bilelikde 1929-njy ýylyň 19-njy aprelinde tassyklanan ýer-suw kodeksi bilen kadalaşdyrylypdy. Soňra 1970-nji ýylyň 24-nji dekabrynda hem-de 1990-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda Ýer kodeksleri kabul edilipdi. Emma bu kodekslerde Türkmenistanyň tebigy we durmuş-ykdysady aýratynlyklary göz öňünde tutulmaýardy. 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabryndaky kabul edilen „Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky“ konstitusion kanun bilen Türkmenistanyň çägindäki ähli ýere döwlet eýeçiligi bellenildi. 1992-nji ýylyň 19-njy maýynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bolsa ýere eýeçiligiň köpdürliligi (Türkmenistanyň

raýatlarynyň hususy eýeçilik hukugy, döwlet eýeçilik hukugy) göz öňünde tutuldy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň ýere raýatlaryň eýeçiligi baradaky kadalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistanda ýere eýelik etmek we ondan peýdalanmak hukugy hakynda“ permany (1993-nji ýylyň 2-nji fewraly) kabul edildi hem-de raýatlaryň hususy eýeçiligine berilmäge degişli ýerleriň toparlary kesgitlenildi, şeýle hem ýerleri uzak möhletleýin kärendesine bermegiň tertibi bellenildi.

„Harytlyk oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin ýeri raýatlaryň eýeçiligine bermek hakyndaky“ kanun (1996-njy ýylyň 20-nji dekabry) bilen ýeri görkezilen maksat üçin bermegiň tertibi üýtgedildi, ýagny ýer harytlyk oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin hususy eýeçilige diňe daýhan birleşikleriniň agzalarynyň maşgalalaryna berilmeli edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistanda ýer gatnaşyklaryny tertipleşdirmek baradaky käbir çäreler hakyndaky“ karary (2000-nji ýylyň 31-nji awgusty) ýerleri raýatlaryň hususy eýeçiligine hem-de uzak möhletleýin kärendesine bermegiň tertibini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge gönükdirildi.

Ýerden peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly meseleleri kadalaşdyrmakda 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen we şol ýylyň 1-nji noýabryndan güýje girizilen Ýer kodeksi möhüm orun tutýar. Täze şertlerden ugur alnyp, Ýer kodeksine 2007-nji ýylyň 30-njy martyndaky kanun bilen degişli üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

Kodeksde ýer gatnaşyklary babatda döwlet kepilleri göz öňünde tutulýar:

- Türkmenistanyň çäginiň bitewiliginiň, eldegrilmesizliginiň we bölünmezliginiň üpjün edilmegi;

- ýer gatnaşyklary babatda döwlet syýasatynyň amala aşyrylmagy;

- ýer gatnaşyklary babatda hukuk hereketleriniň, guramaçylyk, ykdysady, tehniki we beýleki çäreleriň amala aşyrylmagy;

- ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanyjylaryň we ýer kärendeçileriniň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagy;

- ýerlerden rejeli peýdalanmaga we olary goramaga gönükdirilen teklipleri taýýarlamakda gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagynyň üpjün edilmegi;

- ýer gatnaşyklary babatda ekologik howpsuzlygynyň üpjün edilmegi;

- ýerleriň möçberi, ýagdaýy, peýdalanylyşy we goralyşy baradaky maglumatlar bilen gyzyklanýan taraplaryň kanunçylykda bellenilen tertipde üpjün edilmegi;

- döwlet ýer gurluşygyny, döwlet ýer kadastryny we ýerleriň ýagdaýyna syn etmegi alyp barmak boýunça işleriň geçirilmegi;

- ýer kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiliginiň amala aşyrylmagy;

- halkara hyzmatdaşlygy babatda ýer meseleleri boýunça döwletiň bähbitleriniň goralmagy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýer özgertmelerini hukuk taýdan üpjün etmäge gönükdirirlen hukuk namalaryna „Daýhan hojalygy hakyndaky“ we „Daýhan birleşikleri hakyndaky“ kanunlar (2007-nji ýylyň 30-njy marty) möhüm ähmiýete eýedir. 2007-nji ýylyň 21-nji aprelimde „Daýhan birleşikleri hakyndaky durmuşa

geçirmek boýunça çäreler hakyndaky“ Türkmenistanyň Prezidentiniň karary kabul edildi hem-de daýhan birleşikleriniň mysaly tertipnamasy tassyklandy.

Türkmenistanyň çägindäki ähli ýerler onuň ýer gaznasyny düzýär. Maksat bellenmesi boýunça ýer gaznasynyň düzüminde şu aşakdaky ýerler tapawutlandyrylýar: oba-hojalyk maksat bellenmesi bolan ýerler; şäherleriň, şäherçeleriň we oba ilatly ýerleriniň ýerleri; senagat, ulag, aragatnaşyk, goranyş, energetika we beýleki ýörite maksat bellenmesi bolan ýerler; tebigaty goraýyş, sagaldyş, dynç alyş, taryhy-medeni maksat bellenmesi bolan ýerler; tokaý gaznasynyň ýerleri; suw gazanasynyň ýerleri; ätiýaçlyk ýerleri.

Öz meýdany we ykdysady ähmiýeti boýunça oba hojalyk maksat bellenmesi bolan ýerler ýer gaznasynyň düzüminde esasy orun tutýar. Bu ýerlere oba hojalyk hajatlary üçin berlen ýerler hem-de şol maksatlar üçin niýetlenen ýerler degişlidir. Oba hojalyk maksat bellenmesi bolan ýerler suwaryş suwy bilen bilelikde ýurduň oba hojalygynda esasy önümçilik serişdeleri hökmünde çykyş edýärler.

Şäherleriň ýerlerine şäher çäkleriniň çygrynda ýerleşen ähli ýerler degişlidir. Şol ýerleriň düzümine girýän ýerler: şäheriň gurulmaly ýerleri, umumy peýdalanylýan ýerler, oba hojalygy üçin peýdalanylýan ýerler, şäher tokaýlarynyň tutýan ýerleri, demir ýol, suw, howa ulagynyň hem-de beýleki maksatlar üçin peýdalanylýan ýerler.

Senagat, ulag, aragatnaşyk, goranmak we beýleki maksatlar üçin niýetlenen ýerler üçin häsiýetli ýagdaý bu ýerleriň ýörite maksatlar üçin peýdalanylmagyndan

ybaratdyr. Tebigaty goraýyş, sagaldyş, dynç alyş we taryhy-medeni hajatlar üçin niýetlenen ýerler barada ýörite hukuk düzgüni bellenilýär hem-de olar hojalyk işinden doly ýa-da bölekleýin aýrylmaga degişlidir.

Tebigaty goramak hajatlary üçin niýetlenen ýerlere aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň, ýagny goraghanalaryň, çäkli goraghanalaryň (aw çäkli goraghanalaryndan başga), arheologiýa, tebigy ýadygärlikleriň, milli, dendrologiýa we botaniki baglaryň ýerleri degişlidir. Sagaldyş hajatlary üçin niýetlenen ýerlere keselleriň öňüni almak we kesel bejeriş işini guramak üçin amatly bolan tebigy bejeriş sypatlaryna eýe bolan ýerler degişlidir. Ilatyň guramaçylykly köpçülikleýin dynç almagy hem-de syýahat etmegi üçin niýetlenen we peýdalanylýan ýerler dynç almak maksady üçin niýetlenen ýerler hasap edilýär. Taryhy-medeni goraghanalaryň, memorial baglaryň, arheologik ýadygärlilkleriň ýerleri taryhy-medeni hajatlar üçin niýetlenen ýerlere degişlidir.

Tokaý gaznasynyň ýerlerine tokaýly ýerler (aýratyn goralýan ýerlerden başga), şeýle hem tokaýy bolmadyk, ýöne welin tokaý hojalygynyň hajatlary üçin niýetlenen ýerler degişli edilendir. Suwly ýerler, gidrotehniki desgalaryň we beýleki suw hojalyk desgalarynyň tutýan ýerleri, şeýle hem suwly ýerleriň kenarlarynda zolaklar üçin goýlan ýerler suw gaznasynyň ýerleri hasaplanýar. Ätiýaçlyk ýerlerine bolsa eýeçilige, ýa-da hemişelik peýdalanmaga berilmedik ýerleriň hemmesi girýär.

Türkmenistanyň ýer gaznasynyň görkezilen toparlarynyň her birine maksat bellenmesi we hukuk düzgüni boýunça özboluşly aýratynlyklar mahsusdyr. Şular

ýaly aýratynlyklar erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryna degişli edilen ýerler üçin hem häsiýetlidir.

„Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakynda“ 1993-nji ýylyň 30-njy aprelinde Türkmenistanyn Prezidentiniň karary, 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda bolsa ýörite kanun kabul edildi. Ilkibada şular ýaly zolaklaryň 7-si döredildi: Aşgabat-Abadan, Mary-Baýramaly, Hazar-Ekerem, Daşoguz-Aeroport, Türkmenabat-Seýdi, Baharly-Serdar, Aşgabat-Akbugdaý. Soňra Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 14-nji iýunyndaky karary bilen „Güneşli Türkmenistan“ erkin ykdysady zolagy döredildi hem-de bu zolak hakynda Düzgünnama tassyklanyldy. 1996-njy ýylyň 15-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň „Ahal welaýatynyň Saragt etrabynda erkin ykdysady zolak hakynda“ karary kabul edildi.

Ýer kodeksine sagaldyş we dynç alyş maksatly ýerleri bermegiň tertibini kämilkleşdirmek babatda hem üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Häzirki wagtda bu ýerler Türkmenistanyň edara görnüşindäki we şahsy taraplaryna peýdalanmak hukugyna we kärende hukugyna, daşary ýurtly edara görnüşindäki taraplara bolsa kärendä berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulyndaky karary bilen Hazar deňziniň gündogar kenar ýakasynda „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy döredildi hem-de bu zolak barada ýörite Düzgünnama tassyklanyldy.

Syýahatçylyk zolagyny döretmegiň maksady syýahatçylyk edara-kärhanalaryny ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak baradaky wezipeleri toplumlaýyn çözmäge, syýahatçylyk pudagynyň halkara standartlaryna

laýyk gelýän desgalaryny döretmäge we syýahatçylygy ösdürmäge gönükdirilen maýa goýum işini höweslendirmekdir.

Syýahatçylyk zolagynyň subýektlerine şol zolagyň çäklerinde Ýer kodeksinde bellenilen tertipde Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryna we şahsy adamlaryna ýer bölekleri peýdalanmaga ýa-da kärendä, daşary ýurtly edara görnüşindäki taraplara kärendä berilmäge degişlidir.

## 1. Ýer-hukuk gatnaşyklary. Ýer hukugynyň ýörelgeleri. Ýer-hukuk kadalary.

Hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylan ýer gatnaşyklaryna, ýagny ýerden peýdalanmak we ony goramak baradaky gatnaşyklara ýer-hukuk gatnaşyklary diýilýär. Bu gatnaşyklar öz mazmuny, olara gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary, şeýle hem ýer gaznasyny dolandyrmak, ýerden peýdalanmagyň hukuk görnüşleri, ýeri goramak boýunça tapawutlandyrylýar. Döwlet dolandyryşy babatda ýer-hukuk gatnaşyklary dolandyryş-hukuk hasaplanýar. Mysal üçin, ýer kadastryny ýöretmek, ýerden peýdalanmak we ony goramak boýunça çaklamalary düzmek, ýerleri döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin bermek we yzyna almak, döwlet ýer gurluşygy, ýeriň ýagdaýyna syn etmegi guramak we beýleki meseleler.

Ýerden peýdalanmak boýunça ýer-hukuk gatnaşyklaryna gös-göni peýdalanmak (ýere eýeçilik hukugy), gös-göni däl peýdalanmak (eýeçilik hukugyndan gelip çykýan peýdalanmak hukugy, kärende hukugy) tapawutlandyrylýar. Gelip çykyş derejesi boýunça ýerden

peýdalanmak baradaky hukuk gatnaşyklary ilkinji we ikilenji bolup bilerler. Gorag ýer-hukuk gatnaşyklarynda ýer kanunçylygynyň bozulmagy, ýerden rejeli peýdalanmak baradaky borçlaryň ýerine ýetirilmezligi, ýere ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklaryny tapawutlandyrmak bolar.

Ýer-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlar hökmünde degişli hukuklar berlen hem-de üstüne degişli borçlar ýüklenen edara görnüşindäki taraplar we raýatlar çykyş edýärler. Bu gatnaşyklara ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we öz-özüňi dolandyryş edaralary gatnaşýarlar.

Kanunçylyga laýyklykda edara görnüşindäki taraplaryň ýer-hukuk ukyplylygy ýörite hukuk ukyplylykdyr. Bu hukuk degişli düzgünnamanyň (tertipnamanyň) tassyklanan (bellige alnan) wagtyndan başlap ýüze çykýar. Raýatlaryň ýer-hukuk ukyplylygy dolan wagtyndan başlap, ýer kämillik ukyby bolsa, kada hökmünde 18 ýaşda ýüze çykýar. Raýatlar yerden peýdalanmak babatdaky hukuklaryny özbaşdak ýa-da bagçylyk şereketiniň, daýhan birleşiginiň, daýhan hojalygynyň düzüminde amala aşyryp bilýärler.

Ýer-hukuk gatnaşyklarynda obýekt hökmünde eýeçilik hukugynda, peýdalanmak hukugynda, kärende hukugynda durýan ýer çykyş edýär. Döwlet dolandyryşy babatda obýekt hökmünde Türkmenistanyň ýer gaznasy çykyş edýär. Edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň ýerden peýdalanmagy babatda bolsa, olara bölünip berlen ýerler çykyş edýär. Hukuk goraýyş ýer gatnaşyklarynda kanunçylykda bellenen ýer hukuk tertibi, şol gatnaşyklara gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary obýekt bolup durýar.

Kanunçylykda ýer hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny, ýagny bu gatnaşyklara gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär. Olar belli-bir hereketleri etmek ýa-da käbir hereketleri etmekden saklanmak ýoly bilen amala aşyrylýar. Edara görnüşindäki taraplaryň hukuklary we borçlary ýörite hasaplanylýar hem-de olaryň düzgünnamasynda (tertipnamasynda) kesgitlenilýär. Raýatlaryň hukuklary we borçlary bolsa, esasan raýatlyk bilen (Türkmenistanyň raýaty, daşary ýurt döwletiniň raýaty) kesgitlenilýär.

Ýer-hukuk gatnaşyklarynyň mazmunyna ýerden peýdalanmak hukugy babatda eýelik etmek, peýdalanmak hem-de içerki hojalyk dolandyryşy girýär. Ýere eýeçilik hukugy babatda bolsa görkezilenlerden başga ygtyýar etmek hukugy hem girýär, ýagny ýeri kärendä bermek, mirasa geçirmek we beýlekiler.

Ýer-hukuk gatnaşyklarynyn ýüze çykmagynyň we bes edilmeginiň esaslary hem kanunçylykda göz öňünde tutulandyr. Şunda hukuk ýagdaýlar barada gürrüň gidýär, ýagny şu ýagdaýlar bilen kanun belli bir hukuk netijeleri baglanyşdyrýar. Şular ýaly hukuk ýagdaýlaryň görnüşleri: hukugy belleýär, ýagny ýer-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy; hukugy üýtgedýän, ýagny hukuk gatnaşygyna gatnaşýanyň, şol gatnaşygyň obýektiniň we onuň mazmunynyň üýtgedilmegi; hukugy bes edýän, ýagny kärende şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy, edara görnüşindäki tarapyň ýatyrylmagy.

Käbir ýer-hukuk gatnaşyklary üçin diňe ýönekeý hukuk ýagdaýy ýeterlikdir (ýer-hukuk bozulmanyň edilmegi). Käbir ýer-hukuk gatnaşyklary üçin bolsa, iki ýa-da ondan köp hukuk ýagdaýlar gerek bolýar. Mysal üçin,

ýeri bermek barada degişli edaranyň karary, ýere bolan hukugy resmileşdirmek, ýeri onuň ýerleşýän ýerinden bölüp bermek.

Ýer-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň esaslary hökmünde özbaşdak ähmiýetli resminamalar çykyş edýär. Mysal üçin, ýeri bermek barada ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň karary, kärhananyň ýa-da guramanyň dolandyryş edarasynyň işgäre gulluk ýer paýyny bermek barada buýrugy.

Edara görnüşindäki taraplaryň ýeri bermek baradaky haýyşy, raýatlaryň ýeri bermek baradaky arzasy hem ýer-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna esas bolup biler. Dolandyryş namanyň esasynda baglaşylýan şertnama hem şular ýaly gatnaşyklaryň ýüze çykmagynyň esasy hökmünde çykyş edýär. Mysal üçin, ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň ýeri kärendä bermek baradaky kararynyň esasynda kärende şertnamasy baglaşylýar hem-de onda taraplaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär.

Ýer-hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmeginiň esaslary hukuga laýyk gelýän hem-de hukuga ters gelýän hereketler bolup biler. Hukuga laýyk gelýän hereketler: ýerden meýletin ýüz döndermek, ýeriň döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alynmagy. Hukuga ters gelýän hereketler: ýerden eýeçiliksiz peýdalanmak, ýerden bellenilen maksat üçin däl-de başga maksat üçin peýdalanmak. Hereketsizlik hem ýer-hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmegine esas bolup biler. Mysal üçin, ýer üçin bellenilen tölegiň (kärende töleginiň) yzygiderli tölenilmezligi.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýerden peýdalanmagyň we ony goramagyň esasy düzgünleri-ýörelgeleri göz öňünde tutulýar. Olar:

1) ýere eýeçilik hukugynyň köpdürlüligi hem-de onuň ähli görnüleriniň hukuk taýdan deňligi;

2) kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda ýeriň raýat dolanyşygynda bolup bilmegi. Şol wagtyň özünde ýeri satmak, peşgeş bermek, çalyşmak, girew goýmak gadagandyr;

3) ýerden peýdalanmagyň we ony goramagyň döwlet tarapyndan dolandyrylmagy. Bu dolandyryş ýeriň ählumumy zähmet şerti hem-de önümçiligiň we beýleki işiň serişdesi bolup durýandygy bilen kesgitlenilýär. Ýer baradaky dolandyryş Türkmenistan döwletiniň çäk hökmürowanlygyndan gelip çykýar. Bu hökmürowanlyk ýurtdaky ähli ýerlere ýaýraýar;

4) ýer gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň ýerde hojalygy özbaşdak alyp barmagy, olaryň deňhukuklylygy, edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň kazyýet tertibinde gorap bilmegi, ýere ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmaga degişli bolmagy;

5) tebigy baýlyk bolan ýerden rejeli peýdalanylmagy, ýagny ondan peýdalanylanda degişli gorag çäreleriniň geçirilmegi;

6) ýerden peýdalanmagyň maksat bellenmesine layklykda amala aşyrylmagy. Ondan peýdalanmagyň maksat bellenmesi ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň kararlarynda hem-de edara görnüşindäki taraplara we raýatlara gowşurylýan resminamalarda bellenilýär.

7) ýerden peýdalanýanlaryň hukugynyň durnukly bolmagy. Köplenç halatda ýerden peýdalanmak

hemişelikdir. Ýerler wagtlaýyn peýdalanmaga berlen halatlarynda hem bu hukuk görkezilen möhletiň dowamynda durnukly bolmalydyr;

8) diňe kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda ýerden peýdalanmagyň tölegli bolmagy. Bu töleg ýer salgydy we kärende tölegi görnüşinde tölenilýär. Kanunçylykda oba hojalyk önümçiligini alyp barýan edara görnüşindäki taraplar we raýatlar üçin olary degişli önümleri öndürmekde höweslendirmek maksady bilen ýer üçin töleg babatda ýeňillikler bermek hem-de tölegden boşatmak göz öňünde tutulýar;

9) ýerden peýdalanmak we ony goramak baradaky kanunçylygyň ekologiýalaşdyrylmagy, ýagny ýer-hukuk kadalarynda ekologik talaplaryň ornaşdyrylmagy. Bu talaplar tebigy gurşawy goraýyş çärelerini amala aşyrmaga gönükdirilýär.

Ýerden peýdalanmak we ony goramak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrmakda ulanylýan usullar kanunçylykda göz öňünde tutulandyr. Bu usullar ýer gatnaşyklarynyň aýratynlyklaryna laýyk gelýär hem-de şolaryň üsti bilen edara görnüşindäki taraplara we raýatlara täsir edilýär. Şu usullar arkaly ýer gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär hem-de ýer-hukuk kadalary bozulan halatlarda hukuk bozujylar barada degişli döwlet mejbur ediş çäreleri uylanylýar. Görkezilen usullaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: dolandyryş (guramaçylyk) we şertnama (ykdysady).

Ýer gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda dolandyryş (gurmaçylyk) täsir edişi ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri bermek, gadagan etmeleri bellemek ýoly bilen amala aşyrylýar. Ýer gatnaşyklaryny hukuk taýdan

kadalaşdyrmakda şertnama (ykdysady) täsir edişi ulanylanda şol gatnaşyklara gatnaşýanlar üçin özüňi alyp baryş kadalary bellenilýär. Şol çäklerde bolsa kadalaşdyrmak olar tarapyndan erkin we özbaşdak amala aşyrylýar.

Ýer-hukuk kadalarynyň bozulan halatlarynda kanunda göz öňünde tutulan mejbur ediş çärelerini ulanmaga ýer-hukuk gatnaşyklarynyň bir tarapynyň, ýagny ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň hukugy bardyr. Mysal üçin, kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary edilen hukuk bozulma üçin ýeri yzyna alyp bilýärler. Eger-de döwlet mejbur ediş çärelerini ulanmak hukugy kanunda taraplaryň hiç birine berilmedik bolsa, onda degişli çäreleri ygtyýarly edilen döwlet edarasy, kazyýet ulanyp bilýär.

Ýerden peýdalanmak we ony goramak baradaky gatnaşyklar kadalaşdyrylanda dolandyryş (guramaçylyk) usulynyň ulanylmagy häsiýetlidir (ýerleriň döwlet hasaby, ýer kadastryny ýöretmek, döwlet ýer gurluşygy, döwlet gözegçiligi we beýlekiler). Şu usul bilen kadalaşdyrylýan gatnaşyklarda bir tarap ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy, beýlekisi bolsa hökmany görkezmeleri ýerine ýetirýän tarapdyr. Diýmek, şular ýaly gatnaşyklarda taraplar deň hukukly däldirler.

Şertnama (ykdysady) usuly ulanylanda ýer-hukuk gatnaşyklarynyň iki tarapy hem deň hukuklydyr. Bu usul ýere Türkmenistanyň raýatlarynyň hususy eýeçilik hukugy, ýerde hojalygy özbaşdak alyp barmak bilen baglanyşykly gatnaşyklarda ulanylýar.

Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda ýer gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda dolandyryş

(guramaçylyk) hem-de şertnama (ykdysady) usullary bilelikde utgaşdyrylyp ulanylýar.

Ýerden peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan bellenilen kadalara ýer-hukuk kadalary diýilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda jemlenen bu kadalar ýer gatnaşyklaryny hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň serişdesi bolup durýar.

Ýer gatnaşyklaryna gatnaşýanlara, ýagny edara görnüşindäki taraplara we raýatlara täsir ediş usulynyň häsiýeti boýunça ýer-hukuk kadalarynyň iki topary tapawutlandyrylýar: maddy-hukuk we selejeriş kadalary. Birinji topara degişli hukuk kadalary: 1) kadalaşdyryjy, ýagny hukuklary we borçlary belleýän hukuk kadalary. Öz gezeginde bu kadalar gadagan ediji, ygtyýar beriji, ýetirilen zyýanyň öwezini dolduryjy bolup biler; 2) kadalar-kepiller, ýagny kadalaşdyryjy kadalaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge gönükdirilen hukuk kadalary. Kadalar-kepiller höweslendiriji we çäre görüji bolup bilerler; 3) ekologiýalaşdyrylan ýer-hukuk kadalary, ýagny tebigy baýlyk bolan ýeri goramak boýunça borçlary belleýän kadalar.

Seljeriş ýer-hukuk kadalary gulluk häsiýetde bolýar, ýagny maddy-hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary durmuşa geçirmek üçin nähili hereket etmelidigini görkezýän hukuk kadalary. Öz mazmuny boýunça seljeriş hukuk kadalary hukuk beriji, hukugy üpjün ediji, hukuk goraýjy, hukugy bes ediji bolup bilerler.

Ýer-hukuk kadalary ýere eýeçilik hukugy boýunça, ýer gaznasynyň döwlet dolandyryşy boýunça

tapawutlandyrylýar. Ýerleriň aýry-aýry toparlary boýunça oba hojalyk we beýleki maksat bellenmesi bolan ýerler baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalary bolup bilerler. Ýer-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlar boýunça daýhan birleşikleriniň, daýhan hojalyklarynyň, raýatlaryň we beýlekileriň ýere bolan hukugyny göz öňünde tutýan hukuk kadalary tapawutlandyrylýar.

Türkmenistanyň ýer kanunçylygynyň kadalaryny durmuşa geçirmegiň tärleri dolandyryş we ykdysady täsir ediş çärelerinden ybarat bolup durýar. Dolandyryryş hukuk täreleri buýruk bermek arkaly çemeleşmek, ýagny buýruk beriş häsiýetdäki kadalary ýerine ýetirmäge borçly edýän bolup biler. Kanunçylyga laýyklykda döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýerleri bermek hem-de yzyna almak, ýerden peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak ýaly meseleler kadalaşdyrylanda doladyryş hukuk tärleri ulanylýar.

Dolandyryş-hukuk täsir ediş çärelerini göz öňünde tutýan kadalar ýer kanunçylygynyň bozulmalarynyň öňüni almaklyga, olara ýol bermezlige hem-de edilen hukuk bozulmalar üçin dolandyryş jogapkärçilik çärelerini ulanmaklyga gönükdirilýär. Şular ýaly kadalara işi duruzmak barada teklipleri girizmek, ýeri yzyna almak, işi bes etmek barada teklipnamalary bermegi belleýän kadalar degişlidir. Dolandyryş-hukuk täsir ediş kadalaryna bozulan hukugy dikeltmegi göz öňünde tutýan kadalar hem girýär. Mysal üçin, zaýalanan ýerleri maksat bellenmesine laýyklykda peýdalanar ýaly ýaramly ýagdaýa getirmek, ýerde rugsatsyz gurulan jaýlary ýykyp aýyrmak we beýlekiler.

Ýer-hukuk kadalarynda göz öňünde tutulýan edara görnüşindäki taraplara we raýatlara täsir etmegiň ykdysady tärleri amatly we amatsyz häsiýetde bolup biler. Amatly häsiýetdäki tärler: maddy taýdan höweslendirmegi, kärende töleginden boşatmagy, karz bermegi göz öňünde tutmak we beýlekiler. Amatsyz häsiýetdäki ykdysady täsir ediş: ýer üçin töleg almagy, ýeriň zaýalananlygy we hapalananlygy üçin töleg almagy göz öňünde tutmak we beýlekiler.

## 2. Ýerden peýdalanmagyň hukuk görnüşleri

Türkmenistanyň ýer kanunçylygynda ýerden peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleri göz öňünde tutulýar: Türkmenistanyň raýatlarynyň hususy eýeçilik hukugy, ýerden peýdalanmak hukugy, ýer kärende hukugy.

Garaşsyzlyk şertlerinde ilkinji gezek Türkmenistanyň Konstitusiýasynda (9-njy madda) ýagny Türkmenistanyň raýatlarynyň hususy eýeçilik hukugy, döwlet eýeçilik hukugy bellenildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 2-nji fewralyndaky „Türkmenistanda ýere eýelik etmek we ondan peýdalanmak hukugy hakynda“ permanynda ýeri raýatlaryň eýeçiligine bermegiň tertibi we şertleri kesgitlenildi.

Raýatlaryň hususy eýeçiligine berilmeli edilen ýerler: oba ýerlerinde mellekdäki hojalygy ýöretmek üçin; şäherlerde, şäherçelerde we oba ilatly ýerlerinde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin; bagçylyk üçin; ýazlaglyk ýerlerini abadanlaşdyrmak üçin, harytlyk oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin.

Görkezilen perman bilen tassyklanan Türkmenistanyň raýatlaryna ýerleri hususy eýeçilige hem-de uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanmaga

bermek hakyndaky Düzgünnama laýyklykda ýer raýatlara mugt berilmeli edildi. Ýerden peýdalanmak üçin töleg her ýyl ýer salgydy görnüşinde alynmaly diýlip göz öňünde tutuldy, şol salgyt ýerleriň hiline, ýerleşýän ýerine hem-de suw bilen üpjün edilişine laýyklykda ýer-kadastr maglumatlaryna laýyklykda bellenilmeli edilipdi.

Türkmenistanda degişli ýerde ýaşaýan hem-de oba hojalygynda iş tejribesi we zerur hünäri bar bolan raýatlar harytlyk oba hojalyk önümçiligini ýöretmek, önümleri gaýtadan işlemek hem-de oba ýerinde hyzmatlary etmek üçin ýerleri hususy eýeçilige almakda artykmaç hukukdan peýdalanmaga degişli edildi. Şu maksatlar üçin ýerleri ätiýaçlyk ýerleriň, şeýle hem hojalyklaryň peýdalanmaýan ýerleriniň hasabyna we tarp ýerlerde bermek göz öňünde tutulypdy.

„Harytlyk oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin ýeri raýatlaryň eýeçiligine bermek hakyndaky“ kanun (1996-njy ýylyň 20-nji dekabry) bilen ýerleri görkezilen maksatlar üçin bermegiň tertibi we şertleri kesgitlenilipdi. Şu kanuna laýyklykda harytlyk oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin ýer daýhan birleşikleriniň agzalarynyň maşgalalaryna eýeçilige berilmeli edildi. Daýhan birleşikleriniň agzalary bolup durmaýan raýatlaryň maşgalalaryna bolsa ýer şu maksatlar üçin uzak möhletleýin kärendesine berilýärdi.

Ýerleri harytlyk oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin raýatlaryň hususy eýeçiligine bermek deslapdan iki ýylyň dowamynda şol ýerlerden kärende şertlerinde peýdalanmak bilen şertlendirilýärdi. Ýeri deslapdan kärendesine almazdan, oba hojalyk önüminiň ýokary öndürijiligini we hilini üpjün edýän aýry-aýry

raýatlara ýeri hususy eýeçilige bermäge Türkmenistanyň Ministrler Kabineti haklydy.

Ýeri raýatlaryň eýeçiligine bermegiň tertibi we şertleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 31-nji awgustyndaky „Türkmenistanda ýer gatnaşyklaryny tertipleşdirmek baradaky käbir çäreler hakyndaky“ karary bilen kämilleşdirilipdi. Bu karara laýyklykda welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň hem-de etraplaryň häkimlerine eýeçiligiň görnüşlerine we kime tabynlygyna garamazdan, ýer gatnaşyklaryna gatnaşýanlara ýerleri hususy eýeçilige, şol sanda mellekdäki hojalygy ýöretmek, özbaşdak ýaşaýyş jaý gurmak, bagçylyk hem-de ýazlaglyk ýerlerini abadanlaşdyrmak üçin bermek gadagan edildi.

Görkezilen maksatlar üçin ýerler Türkmenistanyň Ýer özgertmelerini geçirmek baradaky döwlet toparynyň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdine laýyklykda tertipde berilmeli edilipdi.

Häzirki wagtda, Ýer kodeksinde kesgitlenilişi ýaly, ýer bölekleri eýeçilik hukugyna, peýdalanmak hukugyna we kärende hukugyna berilýär. Hususy eýeçilige ýer diňe Türkmenistanyň raýatlaryna berlip bilner. Olara eýeçilige berlen ýerlerden beýleki ähli ýerler döwlet eýeçiliginde durýar. Mellek ýeri daýhan birleşikleriniň agzalarynyň, beýleki oba hojalyk we tokaý hojalyk kärhanalarynyň işgärleriniň maşgalalaryna, mugallymlaryň, lukmanlaryň we işi oba ilatyna hyzmat etmek bilen baglanyşykly beýleki hünärmenleriň maşgalalaryna, şol hojalyklarda işläp, soň gös-göni pensiýa çykan pensionerleriň maşgalalaryna we oba ýerinde ýaşaýan maýyplara 0,16 gektara çenli möçberde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin

hususy eýeçilige berilýär (ýaşaýyş jaýynyň we hojalyk desgalarynyň tutýan meýdanyny goşmak bilen).

Gür ilatly, ýer we suw serişdeleriniň ýetmezçilik edýän etraplarynda (şäherlerinde), degişli etraplaryň (şäherleriň) we welaýatyň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň teklipleri boýunça, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bilen ylalaşylyp, soň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylyp, şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak üçin kesgitlenilen möçberden kem, ýöne her maşgala 0,12 gektardan az bolmazlyk şerti bilen ýer bölekleri berlip bilner.

Özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan raýatlaryň maşgalalaryna 0,10 gektara çenli möçberde hususy eýeçilige ýer bölekleri berilýär (satmak-satyn almak, çalyşmak, peşgeş bermek, girewe goýmak hukugyny bermezden). Raýatlaryň hususy eýeçiligine berlen ýer bölekleri mirasa geçirilip bilner.

10 ýylyň dowamynda öz hususy tehnikalary we serişdeleri bilen kärendä alan ýerlerinden rejeli peýdalanyp, oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasylyny almagy üpjün eden kärendeçilere, öň olar tarapyndan uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanýan daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň ýerlerinden Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen 3 gektara çenli ýer bölekleri hususy eýeçilige oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin berilýär.

Ýer bölekleriniň eýeleri hususy eýeçilige berlen ýerde hojalygy onuň maksatlaýyn niýetlenilişine laýyklykda özbaşdak alyp barmaga haklydyr. Olar ýerden rejeli peýdalanmaga, topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga,

tebigaty goraýyş çärelerini amala aşyrmaga, öz hojalyk işi netijesinde ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna we tebigy serişdeleriň azalmagyna ýol bermezlige borçludyrlar. Hususy eýeçilikdäki ýerden niýetlenilişinden başga maksat üçin peýdalanmak, ondan rejesiz (gorag çäreleri geçirilmän) peýdalanmak, şeýle hem topragyň hasyllylygynyň peselmegine, onuň hapalanmagyna we tebigy serişdeleriň ýaramazlaşmagyna we azalmagyna getirýän usullar bilen peýdalanmak ýere hususy eýeçilik hukugynyň bes edilmegine getirip biler.

Ýer eýeleriniň hukuklaryna eýeçilikdäki ýerlere eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek hukuklary degişlidir. Ýere eýeçilik hukugyny amala aşyrýan Türkmenistan döwletiniň ýere eýelik etmek baradaky hukugy onuň eýeçiliginde durýan ýerlerden peýdalanmak boýunça borçlar bilen şertlendirilýär. Raýatlaryň hususy eýeçiligindäki ýerleri babatda bolsa olaryň şol ýerlerden peýdalanmak borjuny berjaý etmekleri bilen şertlendirilýär.

Döwletiň ýere eýeçilik hukugy (ýeriň eýesi hökmünde) aýry-aýry edara görnüşindäki taraplara we raýatlara peýdalanmak hukugyna we kärende hukugyna berlen ýerler babatda saklanylýar.

Ýerden peýdalanmak hukugy (eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde) diýlende ýeri ulanmak, ýagny onuň peýdaly sypatlaryny (hasyl bermek) ulanyp, ondan oba hojalyk önümlerini, girdejileri almaga bolan kanunda göz öňünde tutulan mümkinçilikdir. Raýatlar tarapyndan özleriniň eýeçiligindäki ýerlerden peýdalanmazlyk kanunda göz öňünde tutulan halatlarda (iki ýylyň dowamynda peýdalanmazlyk) hukuk bozulma hasaplanylýar.

Ýere eýeçilik hukugyny amala aşyrýan raýatlara, ýerden peýdalanmak boýunça berilýän hukuklar Ýer kodeksiniň 28-nji maddasynda göz öňünde tutulýar. Döwlet ýer eýesi hökmünde eýeçilik hukugyny amala aşyranda ýerden peýdalanmaga hukuklydyr, emma onuň üstüne peýdalanmak boýunça borç ýüklenilmeýär.

Ýere ygtyýar etmek hukugy (eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde) ýeriň hukuk taýdan ykbalyny çözmäge bolan kanunda göz öňünde tutulan mümkinçilikdir.

Türkmenistan döwletiniň eýeçiliginde durýan ýerler barada ygtyýar etmek hukugy kanunçylyga laýyklykda ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Görkezilen ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary öz ygtyýarlygynyň çäklerinde resminamalary kabul etmek ýoly bilen raýatlara, edara görnüşindäki taraplara döwlet eýeçiliginde duran ýerleri eýeçilik hukugyna, peýdalanmak hukugyna, kärende hukugyna bermek meselelerini çözýärler. Bu edaralar ýerleri görkezilen hukuk esaslarynda berenlerinde şol ýerleriň maksat bellenmesini kesgitleýärler. Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan ýerler bellenilen tertipde döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnyp bilner. Ýer eýeleriniň (raýatlaryň) üstüne ýüklenilýän borçlar: Ýer kodeksiniň 29-njy maddasynda göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň raýatlarynyň ýeri hususy eýeçilige almaga bolan hukugyny hem-de olara ýeri bermegiň tertibini we şertlerini göz öňünde tutýan hukuk kadalary raýatlaryň ýere eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň umumy esaslarydyr. Şol hukuk kadalara laýyklykda raýatlara ýeri hususy eýeçilige bermek barada kabul

edilýän dolandyryş hukuk namalary bolsa ýere raýatlaryň eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň ýörite esaslarydyr.

Kanunçylyga laýyklykda raýatlaryň ýere eýeçilik hukugynyň bes edilmeginiň esaslary şu aşakdakylardyr:

- ýer böleginden meýletin ýüz döndermek;
- ýeri öz maksatly niýetlenilenden başga maksat üçin peýdalanmak;
- ýer böleginden rejesiz peýdalanmak;
- ýer böleginden topragyň mesliginiň peselmegine, onuň hapalanmagyna we tebigy serişdeleriň ýaramazlaşmagyna we azalmagyna getirýän usullar bilen peýdalanmak;
- eýeçilikde durýan ýerlerden oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin iki ýylyň dowamynda, şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak mellek ýer bölegi we özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin bäş ýylyň dowamynda peýdalanmazlyk;
- eýeçilikde durýan ýer babatda kanuna garşy gelýän geleşikleri baglaşmak;
- hojalyk işiniň netijesinde ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşdyrylmagy;
- ýer bölekleriniň döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alynmagy.

Ýerden peýdalanmak hukugy ýer gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň ýerden peýdalanmaga bolan kanunçylykda göz öňünde tutulan mümkinçiligidir. Ýerden peýdalanmak hukugy bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanyň Ýer kodeksi we beýleki hukuk namalar bilen kadalaşdyrylýar.

Ýerden peýdalanmak hemişelik we wagtlaýyn bolup biler. „Daýhan birleşikleri hakyndaky“ kanuna (2007-nji ýylyň 30-njy marty) laýyklykda bu birleşiklere ýer oba

hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin hemişelik peýdalanmak hukugy esasynda berkidilýär. Bu hukuk döwlet namasy bilen resmileşdirilýär.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, daýhan birleşikleri özlerine berkidilen ýerlerden diňe bellenen maksada laýyklykda peýdalanmalydyrlar. Olar ýerden we beýleki tebigy baýlyklardan rejesiz peýdalanmagy, tebigy gurşawyň hapalanmagy, kanunçylykda bellenen beýleki düzgünleriň bozulanlygy üçin doly jogapkärçilik çekýärler.

Kanunda bellenilen halatlarda we tertipde daýhan birleşiginiň ýerleriniň aýry-aýry bölekleri döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnyp bilner. Şunda daýhan birleşigine ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidir. Ýeriň yzyna alynmagy bilen baglanyşykly oba hojalyk önümçiliginiň ýitgileriniň öwezi bolsa döwlete tölenilmeldir.

Türkmenistanyň Ýer kodeksine laýyklykda senagat, ulag, aragatnaşyk, goranyş, energetika we beýleki oba hojalyk däl kärhanalara, guramalara we edaralara ýerler peýdalanmak hukugy esasynda ýörite maksatlar üçin berilýär.

Oba ýerlerinde ýaşaýan we öz eýeçiliginde maly bolan raýatlara ätiýaçlyk ýerlerinden, tokaý gaznasynyň, şäherleriň we şäherçeleriň ýerlerinden hem-de oba hojalygy üçin niýetlenilmedik ýerlerden mal bakmak üçin ýerler peýdalanmak hukugy esasynda berilýär.

Ýer böleklerinden peýdalanmak hukugy edara görnüşindäki taraplara gözleg işleri üçin berlip bilner. Geologiýa-surata düşürmek, agtaryş, topografik-geodezik we beýleki gözleg işlerini amala aşyrmak üstüne ýüklenen edara görnüşindäki taraplar bu işleri ýer böleklerini yzyna

almazdan, kanunçylykda bellenen tertipde geçirip bilerler. Işleri geçirmegiň başlanýan möhletleri we ýeri, ýer bölekleriniň eýeleri, ýerden peýdalanyjylar we ýer kärendeçileri, şeýle hem ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bilen ylalaşylýar.

Görkezilen işleri amala aşyrmak üstüne ýüklenen edara görnüşindäki taraplar bu barada ýazmaça haýyşnama bilen ýüz tutýarlar. Ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bu meseläni çözýär we ýer böleginiň eýesiniň, ýerden peýdalanyjynyň ýa-da ýer kärendeçisiniň razylygy bilen bir ýyldan köp bolmadyk möhlete degişli rugsatnama berýär.

Ýörite maksatly, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy, sagaldyş we taryhy-medeni desgalaryň, ylmy-barlag edaralaryň we okuw mekdepleriniň tejribe meýdanlarynyň, tokaýlaryň birinji toparynyň ýerlerinde gözleg işleri diňe Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň rugsady bilen geçirilip bilner.

Ýerden peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary Ýer kodeksinde göz öňünde tutulýar (38-39-njy maddalar). Ýerden peýdalanyjylaryň kanunçylygy bozýan halatlaryndan başga halatlarda döwlet, hojalyk edaralarynyň we guramalarynyň hem-de beýleki edaralaryň we guramalaryň ýerden peýdalanyjylaryň işine goşulmagy gadagandyr. Bozulan hukuklar kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde dikeldilmäge degişlidir.

Ýerden peýdalanyjylaryň hukuklary diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda çäklendirilip bilner. Ýerden peýdalanyjylaryň hukuklarynyň bozulmagy netijesinde olara ýetirilen zyýanyň öwezi ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň

döredýän toparlary tarapyndan kesgitlenýän möçberde doly tölenmäge degişlidir.

Ýer kodeksine laýyklykda (37-nji madda) ilatly ýerlerden uzakda işleýän we ýaşaýan işgärleriň käbir toparlaryna peýdalanmak hukugy esasynda gulluk ýer paýlary berilýär. Gulluk ýer paýy ulag, aragatnaşyk, radio-telewidenie, goraghana, tokaý, suw, balykçylyk hojalyklarynyň, şeýle hem beýleki käbir pudaklaryň aýry-aýry işgärleriniň toparlarynyň maşgalalaryna kanunçylykda bellenen tertipde berilýär. Görkezilen gulluk ýer paýy edara görnüşindäki taraplaryň peýdalanmagynda durýan gulluk ýer paýyna hukugy bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň işleýän ýerindäki ýerlerden 0,10 gektara çenli möçberde berlip bilner. Gulluk ýer paýyna hukugy bolan işgärleriň toparlarynyň sanawy we ony peýdalanmaga bermegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Ýer kodeksine laýyklykda (40-njy madda) şu aşakdakylar ýerden peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň esaslarydyr:

- ýerden peýdalanyjynyň ýerden peýdalanmakdan ýüz döndermegi;
- ýer böleginiň berlen möhletiniň gutarmagy;
- ýerden maksatly niýetlenilişi däl-de, başga maksat üçin peýdalanylmagyl;
- edara görnüşindäki taraplaryň ýatyrylmagy, raýatlar ýa-da edara görnüşindäki taraplar batan halatynda;
- gulluk ýer paýyny bermek bilen baglanyşykly zähmet gatnaşyklarynyň bes edilmegi;
- ýerden peýdalanmak hukugy Türkmenistanyň başga taraplaryna berilmegi;

- hojalyk işiniň netijesinde ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşdyrylmagy;

- ýerden wagtlaýyn peýdalanmagyň möhletinden öň bes edilmegi;

- ýer böleginden topragyň mesliginiň peselmegine, tebigy serişdeleriniň hapalanmagyna we azalmagyna getirýän usullar bilen peýdalanylmagy;

- iki ýylyň dowamynda berlen ýer böleginde peýdalanmazlyk;

- ýer böleginiň döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alynmagy.

Ýerden peýdalanmagyň hukuk görnüşleriniň biri ýer kärendesidir. Kärendäniň özi şertnama esasynda ýerlere muzdy bilen belli bir möhlete eýelik etmekden we ondan peýdalanmakdan ybaratdyr. Ýeri kärendesine bermegiň şertleri taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenýär we ol şertnamada berkidilýär. Kärende şertnamasy kärendä berijiniň kärendeçi bilen gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy resminamadyr.

Ýerleri kärendä bermek mümkinçiligi Türkmenistanyň Ýer kodeksinde göz öňünde tutulýar. Ýer kärendesiniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: uzak möhletli 40 ýyla çenli we gysga möhletli 10 ýyla çenli.

Kärendeçiler hökmünde şahsy adamlar, Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplary, şeýle hem daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary çykyş edip bilýärler. Türkmenistanyň Ministler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edarasy (daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň suwarymly ýerlerinden başga) Türkmenistanyň raýatlaryna we edara

görnüşindäki taraplaryna ýerleri kärendä berijiler bolup durýarlar.

Gurluşyk we beýleki oba hojalyk däl hajatlary üçin ýer bölekleri 40 ýyla çenli möhlet bilen kärendesine berlip bilner. Wagtlaýyn söwda we durmuş nokatlary, ammarlary, awtoduralgalary we beýleki desgalary ýerleşdirmek üçin ýer bölekleri 5 ýyla çenli möhlet bilen berilýär. Oba hojalyk däl maksatlar üçin ýerleriň kärende şertnamasynyň bir ülňüdäki görnüşi we ony baglaşmagyň tertibi ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan işlenilip düzülýär we tassyklanylýar. Oba hojalyk däl maksatlar üçin ýerleriň kärende şertnamasyny bellige almak we kärende ýer böleginiň araçägini ýerinde bellemek ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan geçirilýär.

Ýer kodeksine laýyklykda (46-njy madda) daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň suwarymly ýerleri uzak möhletli kärendä 10 ýyl we ondan köp möhlet bilen şol hojalyklaryň agzalaryna, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, kärendeçileriň birleşiklerine we daýhan hojalyklaryna berilýär. Şunda şu aşakdakylar hasaba alynýar:

- ýer we suw serişdeleriniň möçberi;
- zähmete ukyply bir adama düşýän paý böleginiň ortaça meýdany;
- ýer bölekleriniň ýerleşýän ýeri;
- ekin meýdanlarynyň (atyzlarynyň) bitewiligini saklamak bilen suwarymly ýerleri 200 ga möçberde kärendesine bermegi;

- kärendeçileriň (hojalygyň agzalarynyň, kärendeçileriň birleşikleriniň, daýhan hojalyklarynyň) kärendä alan ýerleri işläp bejermäge bolan mümkinçilikleri;

- ekin dolanşyk ülňüleriniň berjaý edilmegi, topragyň abat saklanylmagy we onuň mesliginiň ýokarlandyrylmagy;

- kärende şertnamsyna laýyklykda oba hojalyk önümlerini öndürmegiň üpjün edilmegi.

Ýer kodeksinde bellenilişi ýaly, suwarymly ýerleri uzak möhletli kärendesine almaga isleg bildirýänler bu barada daýhan birleşigine we beýleki oba hojalyk kärhanasyna ýüz tutmaly. Şunda berilýän ýerler maksat bilen niýetlenilişi boýunça peýdalanylmaga degişlidir. Kärendä berlen ýer bölegi bir ýylyň dowamynda kärendeçiniň günäsi bilen peýdalanylmadyk halatynda ýer bölekleri dolulygyna ýa-da bölekleýin yzyna alnyp bilner. Uzak möhletli kärendä berilýän ýer bölekleriniň möçberleri ýer we suw serişdeleriniň möçberleriniň, ýerleriň ýerleşýän ýerine we oba hojalyk önümçiligine gatnaşmaga isleg bildirýän kärendeçileriň sanyna baglylykda bellenilýär. Ýeri uzak möhletli kärendä bermek meselesi daýhan birleşiginiň, beýleki oba hojalyk kärhanasynyň çözgüdi boýunça geçirilýär.

Ýer böleklerini wagtlaýyn dükançalary, ulag duralgalaryny, ulag jaýlaryny, ammarlary, ussahanalary we beýleki wagtlaýyn desgalary ýerleşdirmek üçin kärendä bermek etrabyň (şäheriň), welaýatyň we Aşgabat şäheriniň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň çözgüdi bilen amala aşyrylýar.

Ýer böleklerini daşary ýurt raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna, daşary ýurt döwletlerine we halkara guramalaryna gurluşyk we beýleki oba hojalyk däl

hajatlar üçin, söwda we durmuş nokatlaryny, ammarlary, ulag duralgalaryny we beýleki wagtlaýyn desgalary ýerleşdirmek üçin kärendesine bermek Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça geçirilýär.

Ýer kärende şertnamasy kärendä berijiniň ýa-da kärendeçiniň haýyşy boýunça kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda möhletinden öň ýatyrylyp bilner.

## 3. Ýer gatnaşyklary babatda döwlet gözegçiligi. Ýer-hukuk jogapkärçiligi

Ýerden peýdalanylyşyna hem-de onuň goralyşyna edilýän döwlet gözegçiliginiň wezipeleri ýerleri netijeli peýdalanmak we goramak maksady bilen ýer kanunçylygynyň talaplaryny ähli döwlet edaralarynyň, edara görnüşindäki taraplaryň, şeýle hem raýatlaryň berjaý etmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Ýerlerden peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligi umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary (Tebigaty goramak ministrligi, Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy) tarapyndan amala aşyrylýar.

Konstitusiýa (57-nji madda) laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti Konstitusiýany we kanunlary (şol sanda ýer gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kanunlary) durmuşa geçirýär. Ministrler Kabineti Konstitusiýanyň 78-nji maddasyna laýyklykda kanunlaryň berjaý edilmegini (şol sanda ýer baradaky kanunlaryň) ýerine ýetirilmegini guraýar, ýerleriň netijeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün edýär. Kanunçylykda ýerden rejeli peýdalanylmagy we onuň goralmagyny üpjün etmek

babatda degişli wezipeler ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň şeýle hem ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň üstüne hem ýüklenilýär.

Tebigaty goramak ministrligi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama laýyklykda edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň tebigaty (şol sanda ýer baýlyklaryny) goramak baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine, ýerleriň hasyllylygynyň egsilmeginiň öňüniň alnyşyna, ýerleriň peýdalanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklandy) ýerleriň peýdalanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan ýörite ygtyýarly edaradyr. Ýer serişdeleri gullugy öz ygtyýarlygynyň çäklerinde eýeçiliginiň görnüşlerine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan, ähli edara görnüşindäki taraplar (kärhanalar, guramalar we edaralar), şeýle hem raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany bolan ýer meseleleri boýunça çözgütleri kabul etmäge haklydyr. Bu gulluga senagat desgalary ýerleşdirilen, gurulan, olaryň durky täzelenen hem-de olar giňeldilen, geologik-gözleg we beýleki işler geçirilen halatynda ýer kanunçylygynyň bozulmalaryny düzetmek üçin bellenilen tertipde degişli çäreleri görmäge hem hukuk berlendir.

Türkmenistanyň ýer kanunçylygynyň ýerden peýdalanmak we ony goramak baradaky kadalarynyň bozulmalary ýer hukuk bozulmalary hasaplanylýar. Hukuga garşy gelmeklik hem-de jemgyýete howplulyk ýer

hukuk bozulmalarynyň alamatlarydyr. Olaryň howplulyk derejesi (jenaýa, dolandyryş etmişi) ygtyýarly edilen döwlet edarasy bolan Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan Jenaýat kodeks we Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeks kabul edilen-de hem-de bu kodekse üýtgetmeler we goşmaçalar girizilende kesgitlenilýär. Ýer hukuk bozulmanyň ýene-de bir alamaty hukuk bozujynyň günäli hereketiniň (hereketsizliginiň) netijesinde ýere zyýanyň ýetirilmegidir ýa-da oňa zyýan ýetirmek howpunyň ýüze çykmagydyr.

Ýer hukuk bozulmalarynyň düzümlerini birnäçe alamatlary boýunça tapawutlandyrmak bolar. Şol alamatlaryň biri edilen hukuk bozulma üçin ýüze çykýan jogapkärçiligiň görnüşidir. Şu esas boýunça tapawutlandyrylýan ýer hukuk bozulmalary: ýer gatnaşyklary barada jenaýat, dolandyryş hukuk bozulmalary, raýat-hukuk, düzgün-nyzam we ýörite hukuk bozulmalary.

Ýer gatnaşyklary babatda jenaýat jemgyýete howply,hukuga garşy gelýän hereket (hereketsizlik) bolup, onuň netijesinde ýer baýlyklaryndan rejeli peýdalanylmagyna, olaryň goralmagyna zyýan ýetirilýär ýa-da zyýan ýetirmek howpy ýüze çykýar hem-de günäkär barada Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan jogapkärçilik çäreleriniň ulanmagyna getirýär.

Ýer gatnaşyklary babatda dolandyryş hukuk bozulmasy Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde göz öňünde tutulan jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna eltýär. Ýer babatda raýat-hukuk bozulma netijesinde ýer baýlyklaryna zyýan ýetirilýär hem-de Raýat kodeksine laýyklykda hukuk bozujy barada degişli

jogapkärçilik çäreleri ulanylýar. Ýer kanunçylygynyň bozulmagynyň düzgün-nyzam bozulmagy bilen baglanyşykly bolmagy zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirýän hukuk bozulmadyr. Ýer kanunçylygynda göz öňünde tutulan talaplaryň bozulyp, ýörite hukuk jogapkärçiligine getirýän hukuk bozulmalar hem tapawutlandyrylýar.

Ýer hukuk bozulmalarynyň sanawy Türkmenistanyň Ýer kodeksinde göz öňünde tutulýar. Bu sanawa şu aşakdakylar girizilýär:

1) ýere eýeçilik hukugyny ýa-da ýerden peýdalanmak hukugyny bozýan geleşikler, ýagny ýeri satmak-satyn almak, peşgeş bermek, birugsat çalyşmak, girew goýmak;

2) ýerleri zaýalamak; olary himiki we radioaktiw maddalary, önümçilik galyndylary we hapa suwlary bilen hapalamak; ýerden peýdalanmagyň tebigaty goraýyş düzgünleriniň talaplaryny berjaý etmezlik; topragyň hasylly gatlagyny aýyrmak, saklamak hem-de ony öňki ýerine dökmek şertlerini ýerine ýetirmezlik; wagtlaýyn eýelenen ýerleri öz wagtynda gaýtaryp bermezlik ýa-da şol ýerleri niýetlenilişi ýaly peýdalanmak üçin ýaramly ýagdaýa getirmek baradaky borçlary ýerine ýetirmezlik; ýerleri eýeçiliksiz peýdalanmak; suwarymly ýerleri dargatmak; ýer gurluşyk taslamalaryny birugsat üýtgetmek; ýeri peýdalanyp taşlamak (göçme ekerançylyk ulgamyny ulanmak); tebigy öri meýdanlary zaýalamak;

3) ýerleriň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýän desgalary ýerleşdirmek, gurmak, taslamak, ulanmaga bermek; ýerleri maksat bellenmesinden başga maksatlar üçin peýdalanmak; eýelik edilýän we peýdalanylýan

ýerleriň çäklerindäki çäk belgilerini ýok etmek; ýerleriň döwlet bellige alynmagy, hasaba alynmagy we olara baha berilmegi baradaky maglumatlary ýoýmak.

Ýer hukuk bozulmalarynyň görkezilen sanawy ýerleriň eýeçilik etmek we peýdalanmak hukugyna berilýändiginden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Ýer gatnaşyklary babatdaky hukuk bozulmalar kanunçylykda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna getirýär. Bu hukuk jogapkärçiliginiň aýratynlyklary ýerden peýdalanmak hem-de ony goramak baradaky gatnaşyklaryň özboluşlylygyndan gelip çykýar. Ol ýer hukuk tertibiniň bozulmagy üçin jogapkärçilikdir. Onuň görnüşleri: jenaýat, dolandyryş, raýa hukuk, düzgün-nyzam we ýörite-hukuk jogapkärçiligi.

Jenaýat jogapkärçiligi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine laýyklykda ýer hukuk bozulmalary üçin diňe kazyýet tarapyndan ulanylýar. Kodeksde (317-nji madda) ýer hukuk bozulmalary babatda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň düzümleri şu aşakdakylardyr:

1) Zäherli himikatlary, dökünleri, ösümlikleriň ösüşini batlandyryjylary we beýleki howply himiki ýa-da biologik maddalary ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde zyýanly hojalyk önümleri ýa-da başga hili işler arkaly topragyň zäherlenmegi, peýdalanylanda we daşalanda töwerekdäki tebigy gurşawa ýa-da oba hojalygyna zyýanyň ýetirilmegi.

Görkezilen jenaýatlar üçin günäkärler barada göz öňünde tutulan jeza çäreleri: zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 10-syndan 30-syna çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek.

2) Seresapsyzlyk sebäpli adamyň saglygyna zyýan ýetiren, şonuň ýaly-da ekologiýa taýdan howply zolakda ýa-da adatdan daşary ekologik ýagdaýly zolakda şolar ýaly hereketleriň amala aşyrylmagy.

Bu jenaýatlar üçin günäkärler barada şu aşakdaky jeza çäreleri ulanylyp bilner: üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 25-sinden 75-sine çenli bolan möçberde jerime salmak ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek.

3) Jenaýat kodeksiniň 317-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde bellenen (ýokarda görkezilen) seresapsyzlyk zerarly adamyň ölmegine getiren hereket. Bu jenaýat üçin günäkär barada iki ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jeza çäresi bellenilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde ýer hukuk bozulmalary babatda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň her ýylda birnäçesiniň edilýändigini hem-de günäkärler barada jenaýat jeza çäreleriniň ulanylýandygyny bellemek gerek.

Ýer hukuk gatnaşyklary babatda dolandyryş jogapkärçiligi hukuga garşy gelýän hereketler (hereketsizlik) üçin (jenaýat bilen deňeşdirilende howplulyk derejesi pesräk bolsa) Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde göz öňünde tutulan jogapkärçilikdir. Bu jogapkärçiligiň esasy alamaty onuň kazyýet tertibinde däl-de dolandyryş tertibinde ulanylmagydyr. Dolandyryş jogapkärçiliginiň anyk çäreleri hem-de degişli hukuk bozulmalarynyň düzümleri görkezilen kodeksde kesgitlenilýär.

Kanunçylykda dolandyryş jogapkärçilik çäreleriniň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: duýduryş,

jerime, hukuk bozulma edilende ulanylan serişdeleri, gurallary tölegli yzyna almak, bikanun ele salnan önümi yzyna almak, ýerden peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly işe bolan hukukdan mahrum etmek, işi duruzmak ýa-da hojalyk tehniki desgalaryň işini gadagan etmek, dolandyryş hukuk bozulma edilende serişde bolan zady döwletiň haýryna geçirmek.

Duýduryş dolandyryş jogapkärçilik çäresi hökmünde ýazuw görnüşinde ulanylýar hem-de ýerleri goraýyş edaralarynyň resminamalarynda resmileşdirilýär. Ýer hukuk bozulmalary üçin wezipeli adamlar we raýatlar barada ulanylýan esasy jogapkärçilik çäresi jerimedir. Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda (52-56-njy maddalar) şu aşakdaky halatlarda dolandyryş jogapkärçilik çäreleri ulanylýar:

1) Ýerden eýelik gözi bilen peýdalanmazlyk, ýerleri gowylandyrmak we topragy ýel, suw eroziýasyndan hem-de topragyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan beýleki halatlarda goramak baradaky hökmany çäreleri ýerine ýetirmezlik, ýerleri öz niýtlenilen maksadyna laýyk peýdalanmazlyk. Bu hukuk bozulmalar raýatlara ortaça zähmet hakynyň bir möçberine çenli we wezipeli adamlara üç möçberine çenli jerime salynmaga eltýär.

2) Topragyň mes gatlagyny zaýalamak ýa-da ýok etmek, ýerleriň himiki we radioaktiw jisimleri, bakterial-kesel ýaýradyjy ýa-da karantin haýwan we ösümlik organizmleri, önümçilik hem-de durmuş galyndylary we hapa suw bilen hapalamak. Görkezilen hukuk bozulmalary raýatlara ortaça zähmet hakynyň bir möçberine çenli we wezipeli adamlara üç möçberine çenli jerime salynmagyna getirýär.

3) Ýerden peýdalanmagyň tebigaty goraýyş düzgünininiň talaplaryny ýerine ýetirmezlik, wagtlaýyn eýlenen ýerleri gaýtaryp bermek şertlerini bozmak ýa-da şol ýerleri niýetlenilişi ýaly peýdalanmak üçin ýaramly ýagdaýa getirmek baradaky borçlary ýerine ýetirmezlik. Bu hukuk bozulmalar üçin raýatlara ortaça zähmet hakynyň bir möçberine çenli we wezipeli adamlara üç möçberine çenli jerime çäresi ulanylýar.

4) Ýerleriň ýagdaýyna oňaýsyz täsir edýän desgalary ulanmaga bermek. Bu hukuk bozulma ortaça zähmet hakynyň dört möçberine çenli jerime salynmagyna eltýär.

5) Bellenilen tertipde tassyklanylan hojalyk içindäki ýer gurluşyk taslamalaryndan degişli ygtyýar alman çykmak. Bu hukuk bozulma üçin ortaça zähmet hakynyň bir möçberine çenli jerime salynýar.

6) Döwlet bellige alyş maglumatlaryny, ýeriň hasaba alynmagyny we oňa baha berilmegine ýoýmak. Bu hereket üçin wezipeli adamlara ortaça zähmet hakynyň üç möçberine çenli jerime salynýar.

7) Ýere eýeçilik etmegiň we ýerden peýdalanmagyň araçäklerindäki çäk belgileriniň ýok edilmegi. Bu hereket raýatlara ortaça zähmet hakynyň 0,5 möçberine çenli we wezipeli adamlara – bir möçberine çenli jerime salynmaga getirýär.

Ýer gatnaşyklary babatda raýat-hukuk (maddy-hukuk) jogapkärçiligi ýer kanunçylygynyň bozulmagy üçin hukuk bozujynyň üstüne zyýan çeken tarapa ýetirilen zyýany tölemek borjunyň ýüklenilmegini aňladýar. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak zyýan ýetirilen ýeri öňki kaddyna getirmek ýa-da pul görnüşinde geçirilýär.

Türkmenistanyň Raýat kodeksinde (1027-nji madda) göz öňünde tutulyşy ýaly, kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlykdan hereketleri bilen ýetirilen zyýanyň öwezi doldurylmaga degişlidir. Ýer baýlyklaryna zyýan ýetirilen halatlarda raýat-hukuk jogapkärçiligi jenaýat ýa-da dolandyryş jogapkärçiligi bilen bir hatarda (jenaýatlaryň ýa-da dolandyryş etmişiniň alamatlary bar bolsa) ýüze çykyp biler.

Ýer-hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligiň ýene-de bir görnüşi düzgün-nyzam jogapkärçiligidir. Bu jogapkärçilik ýer gatnaşyklary babatda wezipeli adam, beýleki işgär tarapyndan düzgün-nyzam etmişi görnüşinde edilen hukuk bozulma üçin ulanylýar. Bu jogapkärçiligiň hereketiniň çäkleri giňdir, ol düzgün-nyzamy berkitmäge gönükdirilýär hem-de ýer-hukuk düzgünleriniň talaplarynyň berjaý edilmegine ýardam edýär.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde göz öňünde tutulan düzgün-nyzam çäreleri hukuk bozujy raýatlara degişli täsir edýär. Bu Kodekse laýyklykda (164-nji madda) ulanylýan düzgün-nyzam çäreleri şular; käýinç, berk käýinç, işden çykarmak. Bu düzgün-nyzam çäreleri işgärleriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly ýer-hukuk bozulmalary üçin ulanylyp bilner.

Türkmenistanyň ýer kanunçylygy ýerden peýdalanýanlaryň bähbitlerine gös-göni täsir edýän jogapkärçilik çärelerini göz öňünde tutýar. Bu çärelere ýer-hukuk bozulmalary bilen baglanyşykly ýerleriň böleklerini şolardan peýdalanýanlardan yzyna almak, olary peýdalanmak hukugyndan mahrum etmek we beýlekiler degişlidir.

Görkezilen halatlarda ýer-hukuk, ýagny ýörite-hukuk jogapkärçiligi barada gürrüň etmek bolar. Bu hukuk çäreleri dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksde däl-de ýer kanunçylygynda hem-de Tebigaty goramak hakyndaky kanunda bellenilendir. Ýörite-hukuk jogapkärçilik çäreleri hukuk bozujylar üçin amatsyz hukuk netijeleri döredýär.

Ýörite-hukuk jogapkärçilik çärelerini göz öňünde tutýan hukuk kadalaryny kämilleşdirmek maksada laýykdyr. Bu jogapkärçilik ýerden peýdalanmak hem-de ony goramak bilen gös-göni baglanyşyklydyr we şu babatda ýüze çykýan gatnaşyklara amatly täsir edýär.

Ýer-hukuk jogapkärçilik çärelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar: ýer baýlyklaryndan peýdalanmak bilen baglanyşykly hukugy bes etmek, berlen ýerleriň böleklerini yzyna almak, ýerden peýdalanmak babatda hukugy çäklendirilen, ýerden rugsatsyz peýdalanylan döwürde edilen çykdajylary tölemezlik, tebigy gurşawyň bölegi bolan ýer bozulanda ony dikeltmek (öňki kaddyna getirmek) boýunça hukuk bozujynyň üstüne borç ýüklemek, ýerden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleri duruzmak, ýer baýlyklaryny goramak we olardan rejeli hem-de netijeli peýdalanmak baradaky talaplaryň ýerine ýetirilmedik halatlarynda täze ýer böleklerini bermekden boýun gaçyrmak, ýerlerden peýdalanmagyň aýratyn düzgünine geçirmek, olardan peýdalanylyşyna gözegçiligiň aýratyn düzgünine geçirmek we beýlekiler.

# Tema 11. Suwlardan peýdalanmagyň we olary goramagyň hukuk düzgüni

## 1. Suwlar peýdalanmagyň we goramagyň obýektleri hökmünde

Suwlar töwerekdäki tebigy gurşawyň düzüm bölegi bolup, ekologik, ykdysady we medeni sagaldyş wezipelerini ýerine ýetirýär. Suwlar: Ýerde ýaşaýşyň tebigy şertlerini üpjün edýär, ösümlik we haýwanat dünýäsi üçin gurşaw we ýaşaýyş şert bolup durýar; senagatda we oba hojalygynda peýdalanyş çeşmesi, gidroenergetikada we ulag ulgamynda möhüm serişde hökmünde çykyş edýär; dynç alyş, syýahat, kesel bejeriş we şypahana, balykçylyk sporty üçin, şeýle hem goraghanalary, çäkli goraghanalary we tebigy ýadygärlikleri guramak üçin peýdalanylýar.

Türkmenistanyň ähli suwlary onuň suw gaznasyny düzýär. Türkmenistanyň suw gaznasynyň düzümine şu aşakdakylar girýär: derýalar, suw howdanlary, hojalygara kanallary we zeýkeş ulgamlary, beýleki ýerüsti howdanlary we suw akymlary, Döwlet serhediniň çäklerinde Hazar deňzi.

Tükmenistanyň suw gaznasynyň düzüminde Garagumderýa, Türkmenderýa, beýleki içerki derýalar, suw howdanlary aýratyn möhüm orun tutýar.

Türkmenistanyň suw baýlyklary barada gürrüň gidende Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 31-nji awgustyndaky “Türkmen kölüni döretmek hakyndaky” permanynyň, 2000-nji ýylyň 22-nji dekabrynda kabul edilen “Dostluk” suw howdany bendiniň gidrotehmiki

desgalarynyň toplumyny gurmak hakyndak kararynyň möhüm ähmiýete eýedigini bellemek gerek.

Döwletleriň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň çäklerinde durýan suw baýlyklary, ýagny araçäk suwlary (Amyderýa we beýlekiler) bilen baglanyşykly meseleler şol döwletleriň aralarynda baglaşylýan ylalaşyklarda kesgitlenilýäir.

Kanunçylyk "suwlar" we "suw" diýilýän düşünjeleri tapawutlandyrýar. Şunda "suwlar" diýlende derýalar, köller, suw howdanlary we beýleki suwly ýerler düşünilýär. Beýleki tebigy baýlyklar bilen deňeşdirilende suwuň ähli ätiýaçlyklaryna ýokary hereketlilik hem-de özara baglanyşyklylyk aýratynlygy mahsusdyr.

Suwlaryň düzüminde olaryň tebigy özboluşlylygyna baglylykda ýer üstündäki we ýerasty suwlar tapawutlandyrylýar. Suwlaryň esasy maksat bellenmesi göz öňünde tutulyp, ilatyň agyz suw üpjünçiligini, kesel bejeriş we şypahana, balyk hojalygy, aýratyn goralýan tebigy territoriýalar üçin peýdalanylýan hem-de beýleki suwlary tapawutlandyrmak bolar. Döwlet-hukuk ýagdaýy boýunça suwlar içerki, araçak we Hazar deňziniň türkmen böleginiň suwlaryna bölünýär.

Suwlaryň görnüşlerine baglylykda olaryň hukuk düzgüni kesgitlenilýär. Mysal üçin, ýer üständäki we ýerasty suwlary peýdalanmaga bermegiň hem-de olar barada döwlet hasabyny alyp barmagyň tertibi birmeňzeş däldir. Sanitariýa gorag zolaklaryny bellenmegiň zerurlygy hem suwlaryň toparlaryna baglydyr.

Suw gaznasyna degişli edilen ýerleriň hukuk düzgüni Türkmenistanyň Ýer kodeksi bilen kadalaşdyrylýar. Bu gaznanyň ýerlerine suw howdanlarynyň (derýalaryň, kölleriň, suw saklanýan desgalaryň, hojalygara ähmiýetli

kanallaryň we kollektorlaryň, beýleki içerki suw howdanlarynyň), gidrotehniki we beýleki suw hojalyk desgalarynyň ýerleşýän ýerleri, şeýle hem suw howdanlarynyň kenarlarynda goýulýan zolaklar üçin berlen ýerler degişli edilendir.

Suw howdanlarynyň kenarlarynda ýörite bajatlar üçin berlen ýer zolaklaryna melioratiw gaznalary gurmak, durkuny täzelemek, olary saklamak we bejermek, oba hojalyk hajatlary hem-de balyk köpeltmek üçin niýetlenen ýerleri suwarmak, suwlulandyrmak we suw bilen üpjün etmek maksady bilen döredilen, gurulýan suw hojalyk ulgamlaryny hem-de gidrotehniki desgalary ösdürmek we gowulandyrmak üçin bellenilen tertipde berlen hem-de niýetlenilen ýerler degişli edilýär.

Türkmenistanyň suw gaznasynyň ýörite hajatlar üçin berilýän ýerleriniň düzümi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) hojalygara suwaryş, suwlulandyryş kanallary hem-de turbageçirijileri, döwletara (Türkmenistanyň çäklerinde) we hojalygara kollektorlary, köller we suwlar saklanýan desgalar, gozgalmaýan nasos stansiýalary, akdyrylýan zeý suwlaryny kabul ediji desgalar, derýadaky daşgyna garşy desgalar, goraýjy we düzgünleşdiriji desgalar ýerleşýän ýerler;

2) hojalygara suwaryş, suwlulandyryş kanallarynyň we turbageçirijileriň, döwletara (Türkmenistanyň çäklerinde) we hojalygara kollektorlarynyň kenarlarynda goýulýan zolaklaryň ýerleri;

3) derýalardaky goraýjy we düzgünleşdiriji desgalaryň hem-de akabanyň ugrundaky suw saklanýan desgalaryň gaçylarynyň we bentleriniň gyrasynda goýulýan zolak ýerler;

4) hojalygara hajatlara niýetlenen baş saka desgalarynyň, suwuň derejesini düzgünleşdiriji gatlalaryň, gozgalmaýan nasos stansiýalarynyň we beýleki suw düzgünleşdiriji gidrotehniki desgalaryň serhetleri boýunça goýulýan zolak ýerler;

5) suw howdanlaryny we suw hojalyk desgalaryny ulanmak hajatlary üçin ulanylýan jaýlary hem-de desgalary gurmak maksady bilen berlen ýerler;

6) suwdan peýdalanyş desgalarynyň gurulýan döwri üçin wagtlaýyn berilýän hem-de ýerden ozalky peýdalanýanlara mundan beýläk peýdalanniak üçin ýaramly ýagdaýda (bölekleýin ýa-da doly) gaýtaryp berilýän ýerler.

Kanunçylykda suw gaznasynyň ýerlerinde geçirilýän hojalyk işiniň görnüşleri kesgitlenilýär. Bu işiň esasy görnüşi suwdan peýdalanmakdyr. Şu gaznasynyň ýerlerinde suwlar kanunçylykda göz öňünde tutulan talaplaryň hem-de şertleriň berjaý edilmeginde ilatyň agyz suwy we durmuş, kesel bejeriş, şypahana sagaldyş we beýleki hajatlaryny, oba hojalyk, senagat, gidroenergetika, ulag, balyk hojalyk we beýleki döwlet hem-de jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin peýdalanylýar.

Suw gaznasynyň ýerlerinden hapalanan suwlary akdyrniak üçin peýdalanylmak diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz oňünde tutulan halatlarda we ýörite talaplar hem-de şertler berjaý edilen mahalynda amala aşyrylyp bilner. Suw gaznasynyň ýerleri özlerine berlen edaralaryň şol ýerlerde amala aşyrýan hojalyk işiniň ähli gömüşleri, goşmaça rugsat almazdan, şol edaralaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde geçirilip bilner.

Suw gaznasynyň ýerlerinde suwuň ýagdaýyna täsir edýän desgalary gurmak we durkuny täzelemek ýerden peýdalanyjy, suwy düzgünleşdirmek, peýdalanmak we goramak baradaky edaralar, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we beýleki edaralar bilen ylalaşylyp, Türknienistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilmelidir.

Garaşsyz ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň möhüm tebigy baýlyk bolan suwlardan rejeli we netijeli peýdalaninagy we olary goramagy üpjün etmäge gönükdirilen täze syýasaty amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň oba hojalygynda gazanylýan uly üstünlikler ýer we suw gatnaşyklaryny täze şertlerden ugur alyp, düýpli özgertmek barada durmuşa geçirilýän syýasatyň netijesidir. Bu syýasaty hukuk taýdan üpjün etmek bolsa suw kanunçylygynyň esasy wezipesidir.

Häzirki wagtda suwlardan peýdalanmak we olary goramak baradaky kanunçylyk kämilleşdirilýär. Suwdan peýdalanmak boýunça esasy wezipe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny we ilaty suw bilen üpjün etmek hem-de suw hojalygyny ösdürmek bolup durýar. Şunda Türkmenlstanyň Konstitusiýasyndan we "Tebigaty goramak hakyndaky" kanundan ugur alnyp, ilatyň agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suw bilen üpjün edilmegi ileri tutulýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 30-njy sentýabryndaky kararyna laýyklykda 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, suwdan peýdalanmagyň bu görnüşi ilat tarapyndan mugt amala aşyrylýar. 2006-njy ýylyň 25-nji oktýabrynda bolsa “Türkmenistanyň ilatyna 2030-njy ýyla çenli tebigy gazy, elektrik energiýany, suwy we nahar duzuny mugt bermek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň karary kabul edildi.

Kanunçylykda oba hojalyk hajatlary üçin suwdan peýdalanmagyň tertibi we şertleri hem kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň 5-nji maýyndaky kararynda ýer suwarmak üçin suwdan peýdalanmagyň degişli meýilnamalarynyň çäklerinde mugtdygy hem-de suwdan artykmaç peýdalanylandygy üçin tölegiň tölenilmelidigi barada düzgünler göz öňünde tutulýar.

Suw gatnaşyklary babatda döwlet dolandyryşy we gözegçlligi baradaky meseleler hem kanunçylykda täzeçe kadalaşdyrylýar. Bu kanunçylyga laýyklykda suwlardan peýdalanmak we olary goramak boýunça döwlet dolandyryşyny we gözegçiligini umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň täze ulgamlary amala aşyrýar. Görkezilen döwlet edaralarynyň ygtyýarlygy kanunçylykda bellenilýär. Suw gatnaşyklary babatda Suw hojalyk ministrliginiň esasy wezipeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 15-nji iýunyndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnamada, tebigaty goramak we tebigy serişdeleri (şol sanda suw baýlyklaryny) rejeli peýdalanmak boýunça Tebigaty goramak ministrliginiň esasy wezipeleri Türkmenistanyn Prezidentiniň 2000-nji ýylyn 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnamada kesgitlenendir.

Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry Milli maksatnamasynda suw hojalyk toplumyny ösdürmek boýunça täze wezipeler öňe sürülýär. Bu wezipeleriň üstünlikli çözülmegine suw kanunçylygynyn yzygiderli kämilleşdirilmegi ýardam etmelidir.

Ýurdumyzda suw üpjünçiligini gowulandyrmaga hem-de ekologik ýagdaýy mundan beýläk-de sagdynlaşdyrmaga gönükdirilen kanunçylygyň toplumynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmen kölüni döretmek hakyndaky permany (2000-nji ýylyň 31-nji awgusty), "Dostluk" suw howdany bendiniň gidrotehniki desgalarynyň toplumyny gunrmak hakyndaky karary (2000-nji ýylyň 22-nji dekabry) we beýleki hukuk namalary aýratyn möhüm ähmiýete eýedir.

Garaşsyzlyk şertlerinde suw gatnaşyklaryny täzeçe düzgünleşdirmegiň zerurdygyndan ugur alnyp, 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda täze Suw kodeksi kabul edildi. Bu kodeks Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň suw baýlyklaryndan rejeli we netijeli peýdalanmak hem-de olary goramak baradaky syýasatyny durmuşa geçirmäge gönükdirilen möhüm kanunçylyk namasydyr.

Suw gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk kadalaryny özünde jemleýän hukuk namalary Türkmenistanyň suw kanunçylygyny düzýär.

Suw kodeksi Türkmenistanyň suw kanunçylygynyň ulgamynda suw gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan esasy kanundyr. Şu babatda umumy düzgünler berkidilýär, ýagny suw kanunçylygynyň wezipeleri, suwlara eýeçilik, döwlet suw gaznasy, suw gatnaşyklary barada döwlet dolandyryşy we gözegçiligi, suwlardan rejeli peýdalanmak we olary goramak boýunça çäreleri durmuşa geçirmäge jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýatlaryň gatnaşmagy, suwlaryň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalary we desgalary ýerleşdirmek, taslamak, gurmak we ulanmaga bermek ýaly meseleler. Bu kodeksde suwdan peýdalanmak bilen

baglanyşykly meseleler esasy orun tutýar. Olar: suwdan peýdalanyjylar, suwdan peýdalanmagyň görnüşleri, suw serişdelerini peýdalanmaga bermegiň tertibi we şertleri, suwdan peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary, suwdan peýdalanmak hukugyny bes etmek, maksat bellenmesi boýunça suwdan peýdalanmak hukugynyň görnüşleri, ýagny ilatyň agyz suwy we durmuş hajatlary, kesel bejeriş, şypahana we sagaldyş, oba hojalyk senagat gidroenergetika we ulag hajatlary, balykçylyk we aw hojalygynyň hajatlary we beýleki maksatlar üçin peýdalanmak.

Suw kodeksinde şu aşakdaky möhüm meseleleri kadalaşdyrmaga gönükdirilen hukuk kadalary hem jemlenendir: suwlary goramak we olaryň zyýanly täsiriniň öňüni almak, suwdan peýdalanmagyň döwlet hasaby we suwlardan meýilnamalaýyn peýdalanniak, suw kanunçylygynyn bozulmagy üçin jogapkärçilik, halkara şertnamalary.

Türkmenistanda suwlardan peýdalanmak we olary goramak meselerini kadalaşdyrmakda Suw kodeksi bilen bir hatarda beýleki käbir kanunlar hem möhüm ähmiýete eýedir. Olara şu aşakdakylary degişli etmek bolar: “Tebigaty goramak hakyndaky” kanun (1991ý.), Sanitariýa kodeksi (2009ý.), “Eýeçilik hakyndaky” kanun (1993ý.) şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň “Sarp edijileriň aýry-aýry toparlarynyň suwdan peýdalanandyklary we ýer suwarmak üçin suwdan artykmaç peýdalanandygy üçin tölegleri girizmek hakyndaky” karary we beýlekiler (1994-nji ýylyň 5-nji maýy). Suw gatnaşyklary Türkmenistanyň kanunçylygyny kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aýratyn bir görnüşidir. Bu gatnaşyklar suwlara döwlet eýeçilik hukugy, suwlardan

peýdalanmak hukugy hem-de olary goramak bilen baglanyşykly gatnaşyklardyr. Döwlet tarapyndan bellenilen hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylýan suw gatnaşyklaryna suw-hukuk gatnaşyklary diýilýär. Suw-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlar hökmünde Türkmenistan döwleti, edara görnüşindäki taraplar we raýatlar, şeýle hem kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda daşary ýurt döwletleri, olaryň edara görnüşindäki taraplary we raýatlary çykyş edýärler.

Suw gatnaşyklary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen kadalar bilen düzgünleşdirilýär. Şunda dolandyryş we raýat-hukuk usullary ulanylýar. Türkmenistanda ilkibada suw gatnaşyklary ýer gatnaşyklary bilen bilelikde kadalaşdyrylypdy. 1929-njy ýylyň 19-njy aprelinde Turkmenistan SSR-niň Ýer-suw kodeksi kabul edilipdi. Bu Kodeks suwarymly ekerançylyk ýerlerinde suwdan peýdalanmagyň ýerden peýdalanmak bilen özara ýakyn baglanyşyklydygyny we şertleşiklidigini göz öňünde tutupdy. Onda suwuň peýdalanmak üçin ýersiz berlip bilinmeýändigi, şeýle hem suwarymly ekerançylyk ýerlerinde ýeriň suwsuz berlip bilinmeýändigi baradaky düzgünler berkidilipdi (22-nji madda).

Türkmenistanda suw gatnaşyklaryny özbaşdak kadalaşdyrmaga gönükdirilen ilkinji ulgamlaşdyrylan kanunçylyk nama 1972-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen Suw kodeksi bolupdy. Bu Kodeks Türkmenistanyň tebigy, durmuş-ykdysady özboluşlylygyny ýeterlik derejede göz öňünde tutmaýardy.

Täze Suw kodeksine (2004ý.) laýyklykda Türkmenistanyň ähli suw baýlyklaryna diňe döwlet

eýeçiligi bellenilýär. Suwdan peýdalanmak hukugy suwlara bellenilen eýeçilik hukugyndan gelip çykýar. Suwlara döwlet eýeçiliginiň bellenilmegi bilen ýurtda ykdysadyýetiň aýry-aýry hajatlary üçin meýilnamalaýyn, rejeli, toplumlaýyn we netijeli peýdalanmak üçin zerur şertler döredildi. Bu eýeçilik adamlaryň zähmetini, dynç alşyny, ýaşaýşyny we saglygyny goramak üçin hem degişli şertler döretmeklige ýardam edýär.

Suwlara eýeçilik hukugy diýlende eýeçilikde durýan suw baýlyklaryna eýelik etmek, peýdalaninak we ygtyýar etmek hukuklarynyň jemine düşünilýär. Bu hukuklaryň jemi suwlara döwlet eýeçilik hukugynyň mazmunyny düzýär. Şunda suwlara eýelik etmek hukugy döwletiň suw baýlyklaryna eýelik etmäge bolan kanunçylykda göz öňünde tutulan mümkinçiligidir. Peýdalanmak hukugy bolsa suwdan peýdalanmaga bolan mümkinçilikdir. Suwlara eýeçilik hukugynyň ýene-de bir düzüm bölegi bolup durýan suw baýlyklaryna ygtyýar etmek hukugy diýlende olaryň hukuk taýdan ykbalyny çözmäge bolan kanunçylykda bellenilen mümkinçilige düşünmek bolar.

Ýurdumyzyň suw baýlyklarynyň eýesi hökmünde çykyş edýän Türkmenistan döwleti özüne degişli eýeçilik hukugyny, ýagny suwlara eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek babatdaky hukuklaryny kanunçylyga laýyklykda umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň (Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň) hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň (Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrliginiň, Tebigaty goramak mlnistrliginiň we beýleki döwlet edaralarynyň üsti bilen amala aşyrýar. Döwlet-suwlaryň eýesi hökmünde

görkezilen döwlet edaralarynyň) üsti bilen kanunçylykda bellenen ygtyýarlyklaryň çäklerinde suw baýlyklarynyň maksat bellenmesini kesgitleýär, olary peýdalanyjylara bermek hem-de yzyna almak we beýleki meseleleri çözýär.

Türkmenistan döwletiniň suw baýlyklaryna eýeçilik hukugy kanunçylykda bellenilen tertipde goralýar. Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda suwlara döwlet eýeçilik hukugyny bozýan geleşikler, suwlaryň birugsat eýelenilmegi, suwdan birugsat peýdalanylmagy, suwdan peýdalanmak hukugynyň başga birine birugsat berilmegi dolandyryş hukuk bozulmalary hökmünde hukuk jogapkärçiligine getirýär. Suwlara döwlet eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly hukuklar bozulan halatynda olar kanunçylykda bellenilen tertipde dikeldilmäge degişlidir.

## 2. Suwdan peýdalanmagyň hukuk düzgüni.

Türkmenistanda suwdan peýdalanmagyň esasy maksady suwlardan rejeli, toplumlaýyn peýdalanmagy, olary tygşytly sarp etmegi, goramagy, hil ýagdaýynyň gowulandyrylmagyny, olaryň zyýanly täsiriniň öňüniň alynmagyny üpjün edip peýdalanmakdyr. Suwdan peýdalanmak hukugyny häsiýetlendirýän ýagdaýlar: bu hukugyň ähli suwlara Türkmenistan döwletiniň aýratyn eýeçilik hukugyndan gelip çykmagy; bu hukugyň ýere eýeçilik hukugy, peýdalanmak hukugy we ýer kärendesi bilen ýakyn arabaglanyşykda bolmagy; suwlardan peýdalanmagyň toplumlaýyn häsiýetde bolmagydyr.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda suwdan peýdalanyjylar hökmünde edara görnüşindäki taraplar hem-de raýatlar çykyş edip bilýärler. Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa daşary ýurt döwletlerinin edara gömüşindäki taraplary we raýatlary hem suwdan peýdalanyjylar bolup bilerler.

Suwlar suwdan peýdalanyjylara möhletsiz ýa-da wagtlaýyn peýdalanmak üçin berilýär. Suwdan peýdalanmagyň möhleti ozaldan bellenilmedik bolsa, suwlar möhletsiz, ýagny hemişelik peýdalanmak üçin berlen diýlip hasaplanylýar. Suwdan wagtlaýyn peýdalanmak gysga möhletli-üç ýyla çenli we uzak möhletli-üç ýyldan 20 ýyla çenli bolup biler. Bellenilişi ýaly, suwdan peýdalanmagyň möhletleri zerur bolan halatlarda suwdan gysga möhletli ýa-da uzak möhletli wagtlaýyn peýdalamnak möhletlerinden köp bolmadyk döwre çenli uzaldylyp bilner. Suwdan umumy peýdalanmak möhleti bilen çäklendirilmeýär. Suwlardan wagtlaýyn peýdalanmagyň möhletleri suwlary aýry peýdalanmak üçin bermek barada karar kabul eden ýa-da suwdan ýörite - peýdalanmaga ygtyýar beren döwlet edaralary tarapyndan uzaldylyp bilner.

Suwdan peýdalanmak hukugy suwdan peýdalanyjylar üçin peýdalanylýan suwlar barada Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen hukuklaryň we borçlaryň jemidir. Suwdan peýdalanyjylaryň umumy hukuklaryna olaryň suwlar baradaky eýelik etmek we peýdalanmak hukuklary, edara görnüşindäki taraplar üçin bolsa şeýle hem içerki hojalyk tertibinde dolandyrmak we kanunçylykda bellenilen çäklerde ygtyýar etmek hukuklary degişlidir.

Suwdan peýdalanmak hukugynyň mazmuny suwdan peýdalanyjylaryň şu aşakdaky hukuklaryny öz içine alýar: 1) suw desgalaryny diňe olar peýdalamaga berlende göz öňünde tutulan maksatlar üçin peýdalanmak; 2) suwdan peýdalanmak üçin desgalary we gurnamalary gurmagy, olaryň durkuny täzelemegi diňe degişli suw hojalyk guramalarynyň rugsady boýunça amala aşyrylýar; 3) berilýän suwuň mukdaryny we hilini barlamak; 4) şertnama boýunça kem alnan suwuň we soňraky ykdysady zyýanyň öweziniň dolunmagyna bolan hukuk; 5) suw desgalaryny peýdalanmak boýunça kanunçylykda gadagan edilmedik beýleki hereketleri amala aşyrmak;

Suwdan peýdalanyjylaryň hukuklary kanun arkaly goralýar. Olaryň bozulan hukuklary kanunçylykda bellenilen tertipde dikeldilmäge degişlidir.

Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda suwdan peýdalanyjylaryň hukuklary ilatyň saglygyny we döwletiň gaýry bähbtlerini, şeýle hem beýleki suwdan peýdalanyjylaryň bähbitlerini goramak maksady bilen çäklendirilip bilner. Şunda suw desgalaryny ilatyň agyz suwy babatda we durmuş hajatlary üçin peýdalanmagyň şertleri ýaramazlaşmaly däldir.

Suwdan peýdalanyjylaryň borçlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak, suwuň tygşytly peýdalanylmagy, suwuň hiliniň öňki kaddyna getirilmegi we gowulanmagy barada alada etmek;

- önümçiligiň tehnologiýasyny we suw üpjünçiliginiň ulgamlaryny kämilleşdirmek arkaly suwuň sarp edilmegini we ulanylan suwlaryň dökülmegini azaltmak boýunça çäreleri görmek;

- suw desgalaryny olar peýdalanmaga berlende göz öňünde tutulan maksatlara we şertlere laýyklykda peýdalanmak;

- hapalaýjy jisimleri bellenilen aňryçäk ýol berilýän ölçeglerini we suwy almagyň bellenilen çäkli möçberlerini hem-de arassaçylygy we beýleki talaplary berjaý etmek;

- öz ýerlerini bolmalysy ýaly ýagdaýda saklamak üçin netijeli häzirki zaman tehniki serişdeleri we tehnologiýalary peýdalanmak, suw desgalarynyň hapa suwlar bilen hapalanmagynyň öňüni almak boýunça çäreleri amala aşyrmak;

- agyz suwy we hojalyk-durmuş maksatly suw üpjünçiliginiň arassaçylyk goraýyş sebitlerini, kenarýaka gorag zolaklaryny, ýörite bölünip berlen zolaklary, suw ýollarynyň gorag zolaklaryny, arassalaýyş we beýleki suw hojalyk desgalaryny we tehniki gurnamalary oňat ýagdaýda saklamak;

- suwuň alynmagynyň we peýdalanylmagynyň hasabyny ýöretmek, suw desgalaryna dökülýän gaýtarylan suwlaryň we hapalaýjy jisimleriň hiline we möçberlerine gözegçilik etmek;

- suwlary egsilmekden goramak, olaryň ýagdaýyny gowulandyrmak, ulanylan hapa suwlaryň dökülmegini bes etmek boýunça bellenilen tertipde ylalaşylan tehnologik, tokaýmelioratiw, agrotehniki arassaçylyk we beýleki çäreleri amala aşyrmak;

- suwdan ýörite peýdalanmagy diňe rugsatnama bar halatynda amala aşyrmak;

- suwuň süzülmek we bugarmak arkaly ýitgilerini azaltmak boýunça çäreleri görmek;

- içerki hojalyk we hojalygara ulgamlarynda gidrotehniki desgalary ulanmagyň kadalaryny berjaý etmek;

- balyk hojalyk howdanlaryndan balygyň ulgama düşmegine ýol bermezlik üçin çäreleri görmek;

- suw serişdelerinden peýdalanmak üçin tölegleri wagtynda tölemek;

- suw desgalarynyň üstünden mallary sürüp geçirmegiň, traktorlary, oba hojalyk maşynlaryny we beýleki ulag serişdelerini geçirmegiň kadalaryny berjaý etmek;

- öz suw desgalaryna suw kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilişini barlaýan suwdan peýdalanmak we ony goramak baradaky ýörite ygtyýarly döwlet edaralarynyň, döwlet gözegçilerini bökdençsiz goýbermek hem-de olara zerur maglumatlary mugt bermek;

- bibatlyk sebäpli hapalanmalaryň ýüze çykmagy barada ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryna, daşky gurşawy goraýan we arassaçylyk gözegçiliginiň döwlet edaralaryna öz wagtynda habar bermek;

- suwuň hiliniň ýaramazlaşmagyna eltip biljek bibatlyklaryň zyýanly netijelerini ýok etmek bilen baglanyşykly gaýragoýulmasyz işleri geçirmek we beýleki suwdan peýdalanyjylaryň desgalarynda bibatlyklary aradan aýyrmak üçin zerur tehniki serişdeleri bermek;

- beýleki suwdan peýdalanyjylara berlen hukuklaryň bozulmagyna hem-de hojalyk we tebigy obýektlere zyýanyň ýetirilmegine ýol berilmezlik.

Suwdan peýdalanmak hukugy şu aşakdaky esaslarda bes edilmäge degişlidir:

1) suwdan peýdalanmak zerurlygynyň gutarmagy ýa-da ondan ýüz döndermek;

2) suwdan peýdalanmak möhletiniň gutarmagy;

3) edara görnüşindäki tarapyň ýatyrylamagy;

4) suw hojalyk desgalarynyň beýleki suwdan peýdalanyjylara berilmegi;

5) suw desgalaryny aýrybaşga peýdalanmakdan almak zerurlygynyň ýüze çykmagy;

6) suwdan peýdalanmagyň we ony goramagyň kadalarynyň bozulmagy;

7) suw desgasynyň ol peýdalanmaga berlende göz öňünde tutulandan başga maksat üçin peýdalanylmagy;

8) suw desgasynyň aýratyn döwlet ähmiýeti, ylmy, medeni ýa-da beriş gymmaty bar diýlip ykrar edilmegi;

9) ilatyň agyz suwy babatdaky we durmuş hajatlaryny ilkinji nobatda kanagatlandyrmak zerurlygynyň ýüze çykmagy.

## 3. Suwdan peýdalanmak hukugynyň görnüşleri

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda suwdan peýdalanmak hukugy şu aşakdaky alamatlar boýunça tapawutlandyrylýar: peýdalanmagyň hojalyk maksat bellenmesi, peýdalanmagyň usuly, peýdalamnagyň tehniki şertleri, peýdalanmaga bermegiň şerteri, peýdalanmak hukugynyň ýüze çykmagyayň esaslary. Ýurdumyzdaky suwlar ilatyň agyz suwy we durmuş hajatlaryny, kesel bejeriş, şypahana sagaldyş we beýleki hajatlaryny, oba hojalyk, senagat, gidroenergetika ulag, balykçylyk hojalygy hem-de beýleki döwlet we jemgyýetçilik hajatlaryny

kanagatlandyrmak üçin peýdalanmaga berilýär. Hapa suwlary akdyrmak üçin suwlary peýdalanmaga diňe kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda hem-de ýörite talaplar we şertler berjaý edilen mahalynda ýol berlip bilner.

Ilatyň agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suwdan peýdalanmagy kanunçylyga laýyklykda ileri tutulýar. Özleriniň hili bellenilen sanitariýa talaplaryna laýyk gelýän suwlar ilatyň agyz suwy we durmuş hajatlary üçin berilmäge degişlidir. Içmäge ýaramly ýerasty suwlaryny ilatyň agyz suwy we durmuş suw üpjünçiligi bilen baglanyşykly bolmadyk hajatlar üçin peýdalanmaga, kada hökmünde, ýol berilmeli däldir.

Kesel bejeriş suwlaryna bellenilen tertipde geçirilen suwlar ozaly bilen kesel bejeriş we şypahana maksatlary üçin peýdalanylmaga degişlidir. Bu suwlara hapalanan suwlary akdyrmak gadagandyr. Suwlary guramaçylykly köpçülikleýin dynç almak we sport üçin peýdalanmak suw gatnaşyklary babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary bilen ylalaşylyp, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan bellenilen tertipde we ýerlerde geçirilýär. Suwlardan höwesjeň we sport maksady bilen balyk tutmak üçin peýdalanmak bellenilen talaplaryň we şertleriň berjaý edilen halatynda bolup biler.

Suwdan peýdalanmak hukugynyň esasy görnüşleriniň biri suwlardan oba hojalyk hajatlary üçin peýdalanmakdyr. Türkmenistanda sarp edilýän suwuň ondan dokuz bölegi oba hojalyk hajatlaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilýär. Şunda suwdan esasy peýdalanyjylar daýhan birleşikleridir. Olar ýer suwarmakda bellenilen tertipde nasos desgalaryny

ulanmaga haklydyrlar. Türkmenistanyň Prezidentiniň "Daýhan birleşiklerinde nasos desgalaryny ulanmagy tertipleşdirmek baradaky çäreler hakyndaky" karary (1998-nji ýylyň 14-nji apreli) bilen öndürijiligi sekundda 500 litr we ondan ýokary bolan nasos desgalary Suw hojalyk ministrliginin balansyna berilmeli edildi. Suwlardan oba hojalyk hajatlary üçin peýdalanylanda suwdan peýdalanmak meýilnamalary pugta berjaý edilmelidir.

Suwlar senagat maksatlary üçin peýdalanylanda suwdan peýdalanyjylar suwdan peýdalanmak boýunça bellenilen meýilnamalary, tehnologiki kadalary berjaý etmelidirler, şeýle hem önümçilik tehnologiýasyny we suw üpjünçilik ülňülerini kämilleşdirmek arkaly suwuň sarp edilişini azaltmak we hapa suwlaryň akdyrylmagyny bes etmek barada degişli çäreleri görmelidirler. Suwlardan gidroenergetika hajatlary üçin peýdalanmak ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň bähbitlerini nazara almak bilen, şeýle hem suwdan toplumlaýyn peýdalanmak talaplaryny berjaý etmek bilen geçirilmelidir.Suwlary ulag ulgamlarynyň hajatlary üçin peýdalanmak hem suwdan peýdalanmak hukugynyň görnüşleriniň biridir.

Suwlardan balykçylyk hojalygynyň, aw hojalygynyň we aýratyn goralýan hajatlary üçin peýdalanmak suwdan peýdalanmagyň möhüm görnüşleri hasaplanylýar. Balykçylyk hojalygy üçin niýetlenilen suwlardan peýdalanmak bu hojalygy ýöretmek üçin zerur bolan işler bellenilen tertipde tassyklanylan önümçilik taslamalaryna laýyklykda geçirilýär, şeýle hem balyk we beýleki suw haýwanlaryny tutmak, suw ösümlklerini ýygnamak amala aşyrylýar. Suwlardan aw hojalygynyň hajatlary üçin

peýdalanmak hem kanunçylykda göz öňünde tutulýar. Goraghanalara degişli edilen suwlardan tebigaty goramak we degişli ylmy-barlaglary geçirmek maksady bilen peýdalanylýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda suwdan ýörite peýdalanmak hem mugt amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň 5-nji maýyndaky “Sarp edijileriň aýry-aýry toparlarynyň suwdan peýdalanandyklary we ýer suwarmak üçin artykmaç peýdalanylandygy üçin tölegleri girizmek hakyndaky” kararyndan gelip çykyşy ýaly, 1994-nji ýylyň 1-njy martyndan başlap, daýhan birleşikleri we Işi ýer suwarmak bilen baglanyşykly bolan suwdan beýleki peýdalanyjylar suwdan peýdalanmak meýilnamasynyň çäklerinde suwdan peýdalanmagy mugt amala aşyrylýarlar. Bu karar daýhan birleşiklerini we beýleki oba hojalyk önümlerini öndürijileri höweslendirmäge hem-de olar üçin zerar şertleri döretmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 24-nji maýyndaky "Türkmenistanyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän kärhanalary we guramalary suw üçin tölegden boşatmak hakyndaky” kararyna laýyklykda döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän, işi ýer suwarmak bilen baglanyşykly bolmadyk kärhanalar we guramalar Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrliginiň balansynda durýan suw ulgamlaryndan, guýulardan we beýleki çeşmelerden suwdan peýdalanmak meýilnamasynyň çäklerinde alýan suwy üçin tölegden boşadylýar, ýagny şol çäklerde suwdan mugt peýdalanýarlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň görkezilen kararyna laýyklykda 1994-nji ýylyň 1-nji martyndan başlap, senagat kärhanalary hem-de işi ýer suwarmak bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki suwdan peýdalanyjylar üçin töleg girizildi.

Kanunçylyk suwdan umumy we ýörite peýdalanmak hukugyny tapawutlandyrýar. Suwdan umumy peýdalanmak degişli döwlet edaralaryndan rugsat alynman we suwuň ýagdaýyna täsir edýän desgalar ýa-da tehniki abzallar ulanylman amala aşyrylýar. Bu hukuk raýatlar üçin elýeterlidir. Suwlardan suwa düşmek, gaýykly gezmek, agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suw almak, mallary suwa ýakmak we beýlekiler üçin peýdalanmak suwdan umumy peýdalanmak hasaplanylýar.

Suwdan ýörite peýdalanmak kanunçylykda kadalaşdyrylýar hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň rugsatlary boýunça we suwuň ýagdaýyna täsir edýän desgalar ýa-da tehniki abzallar ulanylyp amala aşyrylýar. Käbir halatlarda suwlardan şular ýaly desgalary we abzallary ulanman peýdalanmak hem suwdan ýörite peýdalanmaga degişli edilip bilner. Suwdan ýörite peýdalanmagyň görnüşleriniň sanawy suw gatnaşyklary babatda ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan kesgitlenilýär. Suwdan ýörite peýdalanmaklyga daýhan birleşiklerlniň suwdan ýer suwarmak üçin peýdalanmagy, raýatlaryň eýeçiligindäki ýerleri suwarmak we beýleki oba hojalyk hajatlary, senagat, ulag, gidroenergetika hajatlary we beýleki maksatlar üçin peýdalanmak degişlidir.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulyşy ýaly, suwlary peýdalanmaga bermegiň şertlerine baglylykda suwdan bile we aýry peýdalanmak tapawutlandyrylýar. Suwdan bile peýdalanylanda suwlar suwdan peýdalanyjylara berkidilmän, olar tarapyndan bilelikde peýdalanylýar. Şunda suwdan peýdalanyjylar degişli talaplary berjaý edip, suwlardan beýleki peýdalanyjylaryň razyçylygyny almazdan peýdalanyp bilerler. Türkmenistanda suwlar köplenç halatda (Garagum derýa, Türkmenderýa we beýlekiler) peýdalanyjylara bile peýdalanmak üçin berilýär.

Suwdan aýry peýdalanylanda suwlar ýa-da olaryň bölekleri ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň karary bilen aýry-aýry peýdalanyjylara berkidilýär. Suwlar aýry peýdalanmak üçin balykçylyk hojalyklaryna, suw-ulag kärhanalaryna, özlerine berkidilen ýerlerde kölleri ýa-da beýleki suwly ýerleri bolan daýhan birieşiklerine hem-de suwdan beýleki peýdalanyjylara berlip bilner.

Bellenilişi ýaly, suwdan ikilenji peýdalanmak hukugy hem tapawutlandyrylýar. Suwdan aýry peýdalanmak üçin suwlar berkidilen kärhanalar, guramalar we edaralar suwdan ilkinji peýdalanmak hukugyny amala aşyrýanlar hökmünde çykyş edýärler. Görkezilen edara görnüşlndäki taraplar, ýagny suwdan ilkinji peýdalanyjylar kanunçylykda göz önünde tutulan halatlarda suw gatnaşyklary babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edaralary bilen ylalaşyp, beýleki kärhanalara, guramalara, edaralara we raýatlara suwdan ikilenji bolup peýdalanmaga ygtyýar bermäge haklydyr. Suwdan ikilenji peýdalanyjylara suwdan peýdalanmak hukugy berlende ondan peýdalanmagyň maksady we şertleri kesgitlenilýär.

Suwdan ikilenji peýdalanmagyn şertleri, taraplaryň hukuklary we borçlary suwdan ilkinji peýdalanyjy bilen ikilenji peýdalanyjynyň arasynda zerur bolan halatynda degişli şertnama baglaşmak arkaly resmileşdirilip bilner.

Türkmenistanyn kanunçylygynda suw baýlyklaryny peýdalanmaga bermegiň tertibi we şertleri kesgitlenendir. Ilkinji nobatda suwlar ilatyň agyz suwy we durmuş hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin peýdalanmaga berilýär. Suwlar aýry peýdalanmak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da degişli ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň ýa-da suw gatnaşyklary babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edarasynyň kararyna laýyklykda berlip bilner. Şular ýaly kararlarda şol suwlaryň berilmeginiň maksady hem-de olardan peýdalanmagyň esasy şertleri göz öňünde tutulýar.

Suwlardan ýörite peýdalanmak suw gatnaşyklary babatda ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan berilýän ygtyýanamalar esasynda amala aşyrylýar. Şular ýaly ygtyýarnamalary bermek döwlet sanitariýa gözegçiligini, balyk ätiýaçlyklaryny goramagy amala aşyrýan edaralar hem-de beýleki gyzyklanýan edaralar bilen ylalaşylmalydyr. Aýry peýdalanmak üçin edara görnüşindäki taraplaryň suwdan ilkinji peýdalanyjylaryň ygtyýarlygyna berlen suwlarda suwdan ýörite peýdalanmaga şol edara görnüşindäki taraplar bilen ylalaşylmagy esasynda ýol berlip bilner. Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda görkezilen suwlarda suwdan ýörite peýdalanmaga suw gatnaşyklary babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edarasy bilen

ylalaşylyp, suwdan ilkinji peýdalanyjy tarapyndan ygtyýar berlip bilner.

Suwdan umumy peýdalanmagy amala aşyrmagyn tertibi hem kesgitlenendir. Suwdan umumy peýdalanylanda sanitariýa kadalaryny, balyk ätiýaçlyklaryny goramak we gämi gatnawy baradaky kadalary, şeýle hem suwda adamlaryň janyny goramak, suwdan rejeli peýdalanmak we ony goramak kadalary doly berjaý edilmelidir. Aýry peýdalanmaga berlen suwlarda suwdan umumy peýdalanmak suw gatnaşyklary babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edarasy bilen ylalaşylyp, suwdan ilkinji peýdalanyjy tarapyndan bellenilen şertlerde amala aşyrylyp bilner.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulyşy ýaly, suwlaryň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalar, desgalar ýerleşdirilende, taslananda, gurlanda, durky täzelenilende, giňeldilende we tehnika bilen täzeden enjamlaşdyrylanda, olar ulanmaga berlende, ulanylanda we ýatyrylanda ekologik talaplar ýerine ýetirilmelidir. Şu halatlarda ilkinji nobatda ilatyň saglygyny goramak, onuň agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suw bilen üpjün edilmegi baradaky talaplar berjaý edilmelidir. Şunda suwlardan alynýan we olara gaýtarylýan suwuň hasabynyň ýöredilniegini, suwlaryň hapalanmakdan we egsilmekden goralmagyny, suwuň zyýanly täsiriniň öňüniň alynmagyny üpjün edýän çäreler durmuşa geçirilmelidir.

Balykçylyk hojalyklary bolan suwly ýerlerde kärhanalar, desgalar ýerleşdirilende, taslananda, gurlanda, ulanmaga berlende ýokarda. görkezilen şertlerden başga-da, balyk ätiýaçlyklarynyň, suw ösümlikleriniň

goralmagyny we olaryň köpelmegi üçin şertleri üpjün edýän çäreler göz öňünde tutulmalydyr.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, suwuň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalaryň, desgalaryň gurulmaly ýerini kesgitlemek işi suw gataaşyklary babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary, ýerli ýerine ýetiriji häkimýet edaralary, tebigaty goraýyş we beýleki degişli döwlet edaralary bilen ylalaşylyp geçirilmelidir. Suwuň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalaryň, desgalaryň gurluşygynyň taslamalary hem suw gatnaşyklary babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary we beýleki degişli döwlet edaralary bilen kanunçylykda bellenilen tertipde ylalaşylmaga degişlidir.

Kanunçylykda şu aşakdaky kärhanalary we desgalary ulanmaga bermek gadagandyr:

1) suwuň hapalanmagynyň we zibillenmeginiň ýa-da onuň zyýanly täsiriniň öňüni alýan abzallar bilen üpjün edilmedik täze we durky täzelenilen kärhanalary, önümçilikleri, abzallary, jemagat desgalary;

2) akar suwly suw üpjünçilik ulgamly senagat kärhanalary (önümçiligiň tehnologiýasy boýunça dolanyşykly suw üpjünçiligine geçirilip bilinmeýän kärhanalar muňa girmeýär);

3) taslamalarda göz öňünde tutulyp, ýerleriň suwa basdyrylmagynyň, suwa aldyrylmagynyň, çalpawlyga öwrülmeginiň, şorlamagynyň we toprak eroziýasynyň öňüni alýan çäreler durmuşa geçirilýänçä, suwaryş we suwlulandyryş ulgamlaryny, suw howdanlaryny;

4) suw kabul ediji desgalar we beýleki desgalar tassyklanan taslama laýyklykda taýýar edilýänçä, ýerleriň zeýkeş ulgamlaryny;

5) tassyklanylan taslamalara laýyklykda balyk goraýjy abzallary bolmadyk suw alnyp akdyrylýan desgalary;

6) ýagyn suwlaryny we balyklary geçirmek üçin abzallar tassyklanylan taslamalara laýyklykda taýýar edilýänçä, gidrotehniki desgalary;

7) suw akymyny we suwy ölçeýji abzallar gurnalýança we degişli halatlarda arassaçylygy goraýyş sebitleri bellenilýänçä, suw alynýan buraw guýularyny;

8) arassaçylygy goraýyş sebitleri guralmasa, suw alyş we suw arassalaýyş desgalary.

Suw howdanlaryny taýýarlamak boýunça taslamalarda göz öňünde tutulan çäreler durmuşa geçirilýänçä, olary suwdan doldurmagyň gadagan edilýändigi hem kanunçylykda bellenilýär.

## 4. Suw serişdelerini goramak we olaryň zyýanly täsiriniň öňüni almak

Türkmenistanda ähli suw serişdeleri (suw desgalary) hapalanmakdan, zibillenmekden we egsilmekden goralmaga degişlidir, sebäbi şeýle edilmese suwuň fiziki, himiki, biologiki häsiýetleriniň üýtgemegi, suwuň tebigy arassalanmak ukybynyň peselmegi, suwuň gidrologiki we gidrogeologiki düzgüniniň bozulmagy netijesinde ilatyň saglygyna zyýan ýetirip biljek, şeýle hem balyk ätiýaçlygynyň azalmagyna hem-de suw üpjünçiliginiň şertleriniň ýaramazlaşmagyna we daşky gurşaw üçin beýleki amatsyz hadysalar ýüze çykyp biler. Görkezilen maksatlar bilen bellenilen tertipde suw goraýyş sebitleri (zolaklary) döredilýär.

Kanunçylykda suwlaryň goralmagyny hem-de olaryň ýagdaýynyň we düzgüniniň gowulandyrylmagyny üpjün edýän çäreleri durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar. Özleriniň işi suwuň ýagdaýyna zyýanly täsir edýän edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar ýörite ygtyýarly suw gorag edaralary, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, döwlet sanitariýa gözegçiligini, balyk ätiýaçlyklaryny goramagy amalaaşyrýan edaralar hem-de beýleki degişli döwlet dolandyryş edaralary bilen ylalaşyp, suwlary goramagy, şeýle hem suwlaryň ýagdaýyny we düzgünini gowulandyrmagy üpjün edýän tehnologiki, sanitariýa çärelerini we beýleki çäreleri geçirmäge borçludyrlar.

Kanunçylyga laýyklykda suw serişdelerini goramak maksady bilen şu aşakdakylar gadagan edilýär:

1) önümçilik, durmuş galyndylaryny hem-de beýleki galyndylaryň we taşlantgylaryň beýleki görnüşlerini suw desgalaryna dökmek;

2) ýaglaryň ýitgileri, himiki, radioaktiw, nebit önümlerini we beýleki önümleri dökmek sebäpli suw serişdelerini hapalamak we zibillendirmek;

3) suw alynýan ýerleriň örtügine, howdanlaryň buz örtügine suwuň içine düşmegi ýerüsti we ýerasty suwlaryň hiliniň ýaramazlaşmagyna eltjek önümçilik, durmuş galyndylary we beýleki galyndylary, taşlantgylary bilen hapalamak we zibillendirmek;

4) suw serişdelerini dökünler we zäherli himikatlar bilen hapalamak.

Gazyň, nebitiň we beýleki ýarasty baýlyklaryň ýataklaryny gözlemek, agtarmak we ulanmak bilen baglanyşykly buraw we beýleki magdan işleri geçirilende

ýerasty suwly gatlaklaryň üsti açylan bolsa bu işleri geçirýän edara görnüşindäki taraplar olary hapalanmagyň öňüni alýan derejede ygtybarly goraýjy örtük bilen üpjün etmelidir.

Guýularyň ähli görnüşleri düzgünleşdiriji abzallar bilen enjamlaşdyrylmaga degişlidir, işletmäge ýaramly däl ýa-da peýdalanylmagy bes edilen guýular petiklenip goýulmaga ýa-da ýok edilmäge degişlidir.

Türkmenistanyň ilatynyň agyz suwy we durmuş hajatlary üçin peýdalanylýan, şeýle hem kesel bejeriş şypahana we sagaldyş maksat bellenmesi bolan suw baýlyklary hapalanylmakdan goramagy üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda sanitariýa gorag okruglary we zolaklary bellenilýär.

Kanunçylykda suwlary egsilmekden goramak çäreleri göz öňünde tutulýar. Kanunçylyga laýyklykda derýalaryň, kölleriň, suw howdanlarynyň, ýerasty suwlarynyň we beýleki suwlaryň amatly suw düzgünini saklamak, olary egsilmekden goramak maksady bilen, topragyň eroziýasynyň, gyrmança baglamagynyň we ösümlikleriň basmagyna garşy göreş çäreleri geçirilýär.

Edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň garamagyndaky ýerasty suwlar alynýan ýerler suwuň derejesini yzygiderli synlap durmak üçin we ulanmagyň barşynda debiti bilen ölçemek üçin suw ölçeýji abzallar bilen enjamlaşdyrylmaga degişlidir.

Ýerasty suwlary goramak çärelerini öz işi ýerasty suwlaryň ýagdaýyna täsir edýän edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar amala aşyrmalydyrlar.

Bellenilişi ýaly suw serişdeleriniň zyýanly täsiriniň öňüni almak we olary aradan aýyrmak boýunça çäreler

ykdysadyýeti ösdürmegiň döwlet maksatnamalarynda göz öňnüde tutulýar.

Derýalaryň we beýleki suw akabalarynyň häli-şindi daşgyn suwlary basýan suw goraýyş zolaklarynda we kenarýaka zolaklarynda, sil gelmek howpy bolan jarlarda daşgyn suwlarynyň we sil akymlarynyň zyýanly täsiriniň öňüni almak maksady bilen, şol ýerlerde edara görnüşindäki taraplara we şahsy adamlara ýerleriň berilmegi, ýerleriň sürülmegi, önümçilik we önümçilik däl maksatly desgalaryň gurluşygy, ýazlak ýerleriniň, dynç alyş zolaklarynyň we şuňa meňzeşleriň guralmagy gadagan edilýär.

Derýalaryň hemişe suw basýan arnalary, sil howply jarlarda gyrymsy tokaý ösümlikleri ekilmäge degişlidir.

Kanunçylyk suw serişdeleriniň zyýanly täsiri sebäpli dörän tebigy apatlaryň öňüni almak we olaryň soňuna çykmak boýunça gaýragoýulmasyz çäreleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Daşgyn bolan we sil gelen halatlarynda bibatlyk ýagdaýlarynyň öňüni almak we olaryň soňuna çykmak işleriň ýerine ýetirilmegini guramak ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

Zerur bolanda suw serişdeleriniň zyýanly täsiri sebäpli dörän tebigy apatlaryň öňüni almak we olaryň soňuna çykmak boýunça işlere çalasyn ýolbaşçylyk etmek üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti taarpyndan daşgyn boýunça we beýleki toparlar döredilýär.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly hojalyk işi ýa-da başga bir iş, ýa bolmasa bibatlyklar we betbagtlyklar, uzak wagtlap suwuň az bolmagy ýa gurakçylyk netijesinde suw serişdeleriniň ýagdaýynyň ilatyň howpsuzlygyna we

saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň çüpremegine wehim salýan durnukly amatsyz ýagdaýlar ýüze çykýan suw desgalary adatdan daşary ekologik heläkçiligiň sebitleri diýlip yglan edilip bilner.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda suw serişdelerini goramak maksady bilen bellenilen tertipde suw gorag zolaklary döredilýär. Bu zolaklarda suwuň ýagdaýyna täsir edýän gurluşyk, çuňaldyş we partladyş işleri, ýerasty baýlyklaiyny çykarmak we suw ösümliklerini ýygnamak işi, kabel çekmek, turba geçirijileri we kommunikasiýalary çekmek, agaç çapmak, burawlaýyş, oba hojalyk işleri we beýleki işler suwdan peýdalanylyşyny düzgünleşdirmek we ony goramak baradaky edaralar bilen, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we beýleki ýörite ygtyýarly edaralar bilen ylalaşylyp geçirilýär.

Ýokarda göz öňünde tutulan işleri özlerinde geçirmek degişli döwlet edaralary bilen ylalaşylýan kenarýaka zolaklaryna şu aşakdakylar degişlidir: ýerüsti suwlaryny we ýerasty suwlaryny sanitariýa taýdan goraýyş zolaklary, gämi gatnawly içerki suw ýollarynyň kenar ýakasyndaky zolaklar, magistral kanallary we hojalygara kanallary geçirmek üçin bölünip berilýän zolaklar, kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki suw gorag zolaklary.

Suwlary goramak baradaky kanunçylykda suw gorag zolaklarynyň hukuk düzgüni baradaky meseleler hem kadalaşdyrylýar. Türkmenistanyň Hökümetiniň "Garagum kanalynyň ekologiýa we sanitariýa ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça çäreler hakyndaky" karary (1989-njy ýylyň 28-nji oktýabry) bilen Garagum kanalynyň (häzir Garagumderýa) we ondaky suw howdanlarynyň suw gorag zolagy hakynda Düzgünnama tassyklandy. Bu

Düzgünnama laýyklykda Garagum derýanyň we ondaky suw howdanlarynyň suw gorag zolagy üç guşaklykdan durýar. Onuň birinji guşaklygynyň (berk düzgün guşaklygynyň) çägi derýanyň iki tarapynda suwuň erňeginden başlap 100 metr aralykda we suw howdanlarynda suwuň derejesi kadaly ýagdaýda bolan mahaly suwuň erňeginden başlap 100 metr aralykda, ikinji guşaklygyň (çäklendiriş guşaklygynyň) çägi 500 metr aralykda we üçünji guşaklygyň çägi bäş kilometr aralykda bellenildi.

Garagumderýanyň we ondaky suw howdanlarynyň gorag zolagynyň birinji we ikinji guşaklyklarynyň çäklerinde gurluşyk we beýleki hojalyk işleri doly gadagan edilýär ýa-da çäklendirilýär. Gorag zolagynyň üçünji guşaklygynyň çäklerinde bolsa derýanyň we suw howdanlarynyň sanitariýa ýagdaýyna ýaramaz täsir edip bilmejek işleriň ähli gömüşleri bellenilen tertipde tassyklanan hem-de döwlet sanitariýa gözegçilik edarasy, Tebigaty goramak ministrligi, Suw hojalyk ministrligi bilen ylalaşylan taslamalaryň bar halatynda geçirilip bilner.

Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 15-nji iýunyndaky karary bilen tassyklandy) öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda töwerekdäki tebigy gurşawy goramak, suw joşmalaryny, suw basmalaryny we kenarlaryň, gorag gaçylarynyň hem-de beýleki desgalaryň weýran bolmagyny duýdurmak we öňüni almak baradaky çäreleri işläp taýýarlaýar hem-de amala aşyrýar, şu meseleler boýunça ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary bilen arkalaşykly hereket etmegi üpjün edýär.

## 5. Suw gatnaşyklary babatda döwlet dolandyryşy, suw-hukuk jogapkärçiligi we gözegçiligi

Bu dolandyryş degişli döwlet edaralarynyň suw baýlyklaryndan rejeli peýdalanmagy we olary goramagy üpjün etmäge gönükdirilen işidir. Şu babatda döwlet dolandyryşy kanunçylyga laýyklykda umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Suw hojalyk minisrtligi ýurdumyzyň suw hojalyk toplumynyň döwlet dolandyryş edarasy hökmünde şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär: “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry Milli maksatnamasynyň” ýerine ýetirilmegini üpjün etmek; Türkmenistanyň Altyn asyrynyň Türkmen kölüni we oňa barýan suw ulgamlaryny gurmak baradaky tabşyryklaryny ýerine ýetirmek; ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny we ýurdumyzyň ilatyny suwaryş suwy bilen üpjün etmek, suw hojalygyny ösdürmek; suwdan peýdalanmak boýunça döwletara meselelerini çözmäge gatnaşmak, döwletara ähmiýetli bolan suw desgalarynda çäreleri işläp taýýarlamak we amala aşyrmak; suw serişdelerini dolandyrmak, olaryň meýilnamasyny düzmek, olary paýlamak, hasaba almak we olaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik etmek; "Suwlary peýdalanmak" bölümi boýunça suw kadastryny ýöretmek; pudakda bir bitewi, suw, ykdysady, ylmy-tehniki we maýa goýum syýasatyny işläp taýýarlamak we ýöretmek; suw hojalygyny ösdürmegiň meselelerini çözmek we beýlekiler.

Suw hojalyk ministrligi öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda suw hojalyk ulgamlaryny, suw howdanlaryny, gidrotehnikl desgalary, nasos stansiýalaryny, guýulary we beýlekileri ulanýar, suw baýlyklaryny rejeli peýdalanmak baradaky çäreleri amala aşyrýar; suwdan peýdalanmagyň tassyklanylan möçberlerine laýyklykda suwdan peýdalanyjylara suwuň öz wagtynda hem-de bökdençsiz berilmegini üpjün edýär; abatlaýyş-ulanyş birlikleriniň suwdan ilkinji peýdalanyjylar bilen şertnamalaryny taýýarlaýar; suwdan peýdalanyjylara suwy sarp etmegiň çäklerini belleýär, suw kanunçylygyň bozulmalary baradaky maglumatlara laýyklykda hukuk bozujylary jogapkärçilige çekmek üçin resmileşdirýär; kärhanalaryň we guramalaryň ýerleşýän ýeri kesgitlenen mahaly suwdan ýörite peýdalanmaga rugsat bermegi we suw üpjünçiliginiň şertlerini ylalaşýar, suw baýlyklarynyň ykdysadyýetiň pudaklary boýunça paýlanylmagyny üpjün edýär, suwlaryň döwlet hasabyny amala aşyrýar we beýlekiler.

Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi (Düzgünnama 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda tassyklandy) tebigy baýlyklary (şol sanda suwlary) goramak we rejeli peýdalanmak babatda döwlet syýasatyny amala aşyrýan hem-de beýleki edaralaryň şu ugurdaky işini ugrukdyrýan edara bolup, tebigaty goraýyş işini toplumlaýyn dolandyrmagy amala aşyrýar.

Suw gatnaşyklary babatda pudaklaýyn dolandyryşy öz tabynlygynda suwdan peýdalanýan edara görnüşindäki taraplary bolan ministrlikler we beýleki döwlet dolandyryş edaralary amala aşyrýarlar. Suw barada içerki hojalyk dolandyryşyny suwdan ilkinji peýdalanyjylar hökmünde çykyş edaýan edara gömüşindäki taraplar ýerine ýetirýär.

Şunda pudaklaýyn we içerki hojalyk dolandyryşy döwlet dolandyryşynyň üstüni ýetirýär.

Suw gatnaşyklary babatda döwlet gözegçiligini suw kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Tebigaty goramak ministrligi edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň, şol sanda daşary ýurtlularyň tebigaty goramak baradaky kanunçylygy berjaý edilşine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar, ekologik ulgamlaryň goralyşyna, ýerüsti we ýerasty suwlarynyň (gyzgyn suwlardan başga) peýdalanylyşyna we goralyşyna gözegçilik edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000~nji ýylyň 15-nji iýunyndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama laýyklykda Suw hojalyk ministrliginiň gözegçilik babatdaky ygtyýarlygyna degişli meseleler: suwdan peýdalanmagyň tassyklanan çäklerinde suwdan peýdalanyjylara suwuň öz wagtynda hem-de bökdençsiz berilniegini, suw baýlyklarynyň rejeli peýdalanylmagyny we suwy aýaýan tehnologiýalaryň ulanylmagyny üpjün etmek we beýlekiler.

Ýerasty suwlar babatda (ýerasty mineral suwlardan başga) gözegçiligi ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek işlerini geçirýän "Türkmengeologiýa” döwlet korporasiýasy (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň 20-nji fewralyndaky karary bilen tassyklandy) amala aşyrýar.

Ýerasty mineral suwlar babatda gözegçiligi amala aşyrmak "Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugynyň

üstüne ýüklenendir. (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky karary bilen tassyklandy). Bu Gulluk ýer jümmüşiniň (şol sanda yerasty mineral suwlarynyň) rejeli peýdalanylyşyna we goralyşyna, geologiýa taýdan öwrenmek babatdaky kanunçylygyň, döwlet tarapyndan hasaba almagy hem-de hasabatlylygy ýöretmegiň kadalarynyň berjaý edilişine, şeýle hem ýer jümmüşinden peýdalanylan mahaly işleriň howpsuz alnyp barlyşyna döwlet geologiýa gözegçiligini amala aşyrýar.

Suwlardan peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet sanitariýa gözegçiligi Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gullugynyň (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 27-nji fewralyndaky karary bilen tassyklandy) üstüne ýüklenendir. Döwlet sanitariýa gözegçiliginiň wezipeleri hökmünde adamyň saglygyny saklamak we berkitmek, sagdyn ýaşaýyş düzgünini emele getirmek hem-de kesellerden ägä bolmak maksady bilen tebigy gurşawyň (şol sanda suwlaryň) zyýanly hadysalarynyň ilatyň saglygyna täsir etmeginiň öňüni almakdan, olary ýüze çykarmakdan hem-de olara ýol bermezlikden ybaratdygy kesgitlenildi.

Ministrlikleriň we beýleki dolandyryş edaralarynyň suwlardan peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna amala aşyrýan gözegçiligi olaryň ulgamyndaky kärhanalarda, guramalarda we edaralarda suw baýlyklaryndan peýdalanmak hem-de olary goramak baradaky çäreleriň, kadalaryň ýerine ýetirililmegini üpjüm etmäge gönükdirilýär.

Suwdan rejeli peýdalanylyşyna önümçilik gözegçiligi suwdan peýdalanyjylar hökmünde çykyş edýän daýhan birleşikleri we beýleki edara gömüşindäki taraplar amala aşyrýar. Suwlar babatda jemgyýetçilik gözegçiligi ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik guramalary we ilat tarapyndan amala aşyrylýar. Bu gözegçiligi amala aşyrmakda Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýeti möhüm oran tutýar.

Döwletara suwlaryndan (Amyderýa we beýlekiler) peýdalanmak we olary goramak babatda döwletara gözegçiligini amala aşyrmak zerurlygy ýüze çykdy. Mysal üçin, Merkezi Aziýa döwletleriniň döwletara ugrukdyryjy suw hojalyk toparynyň "Amyderýa" basseýn suw hojalyk birleşigi tarapyndan gyzyklanýan döwletleriň (Türkmenistanyň, Özbegistan, Täjigistan, Gyrgyzystan , respublikalarynyň) ykdysadyýetini we ilatyny suw bilen üpjün etmek maksady bilen Amyderýanyň suw baýlyklarynyň bellenilen möçberlerde alnyşyna döwletara gözegçiligini amala aşyrmak göz öňünde tutuldy.

Kanunçylyga laýyklykda suw-hukuk tertibiniň bozulmagy suw-hukuk bozulmalary hasaplanylýar. Olaryň sanawy Türkmebistanyň Suw kodeksinde berilýär.

Türkmenistanyň Tebigaty goramak hakyndaky kanunynda (34-nji madda) berlen daşky tebigy gurşawy goraýyş kanunçylygynyň bozulmalary hasaplanylýan hereketleri we hereketsizlik göz öňünde tutulýar. Bu sanawda ähli tebigy gurşaw, şol sanda suw baýlyklary bilen baglanyşykly hukuk bozulmalar barada gürrüň gidýär.

Sanitariýa hukuk bozulmalary hasaplanylýan käbir hereketler we hereketsizlik şol bir wagtyň özünde

suw-hukuk bozulmalary hem hasaplanylýar. Şolar ýaly hukuk bozulmalar Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksiniň 93-nji maddasynda kesgitlenilýär.

Türkmenistanda suw-hukuk tertibini berkitmekde suw baýlyklary babatda hukuk bozulmalarynyň öňüni almak işini guramak we amala aşyrmak möhüm ähmiýete eýedir. Suw kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmekde bu iş esasy ugur bolup durýar. Suw hukuk bozulmalarynyň öňüni almaga gönükdirilen ýörite çäreler suw kanunçylygynyň netijeliligini gös-göni üpjün edýän maksada laýyk hereket ediji tärlerdir. Şu babatda suw hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi belleýän kadalera hormat goýmagy terbiýelemegiň ähmiýeti uludyr. Bu iş umumy ekologik terbiýe we aň-bilim bermek ulgamynyň aýrylmaz bölegi hasaplanylýar. Garaşsyz Türkmenistanda suw gatnaşyklary babatda hukuk tertibiniň üpjün edilmegi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň suw baýlyklaryndan rejeli we netijeli peýdalanmak hem-de olary goramak baradaky syýasatynyň durmuşa geçirilmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Suw gatnaşyklary babatda jenaýat jogapkärçiligi Jenaýat kodeksine laýyklykda jenaýat hasaplanylýan hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilikdir.

Suw gatnaşyklary babatda jogapkärçiligiň görnüşleri: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk (maddy), düzgün-nyzam.

Suw gatnaşyklary babatda dolandyryş jogapkärçilik suw-hukuk bozulmalary üçin Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksinde bellenen

çäreleriň ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan ulanylýan jogapkärçilikdir. Dolandyryş jogapkärçilik çäreleriniň görnüşleri: duýduryş, jerime, hukuk bozulma edilende ulanylan serişdeleri tölegli yzyna almak we beýlekiler.

Suw hukuk bozulmalary üçin wezipeli adamlar we raýatlar barada ulanylýan esasy dolandyryş jogapkärçilik çäresi jerime salmakdyr. Suw gatnaşyklary babatda hukuk bozulmalar üçin dolandyryş jogapkärçilik çärelerini ulanmaga ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň ulgamy hem kesgitlenendir.

Suw gatnaşyklary babatda raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi suw kanunçylygynyň bozulmagy üçin hukuk bozujynyň üstüne zyýan çeken tarapa ýetirilen zyýany tölemek borjunyň ýüklenilmegini aňladýar. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak tebigy baýlygy öňki kaddyna getirmek ýa-da pul görnüşinde geçirilýär. Bu jogapkärçilik Türkmenistanyň Raýat kodeksinde (1027-nji madda) göz öňünde tutulandyr. Suw baýlyklaryna zyýan ýetirilen halatlarda raýat-hukuk jogapkärçiligi jenaýat ýa-da dolandyryş jogapkärçiligi (jenaýatyň ýa-da dolandyryş etmişiň alamatlary bar bolsa) bilen bir hatarda ulanylyp bilner.

Suw kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligiň ýene-de bir görnüşli düzgün-nyzam jogapkärçiligidir. Bu jogapkärçilik suw gatnaşyklary babatda wezipeli adam, beýleki işgär tarapyndan düzgün-nyzam etmişi görnüşinde edilen hukuk bozulma üçin ulanylýar. Jogapkärçiligiň bu görnüşi düzgün-nyzamy berkitmäge gönükdirilýär hem-de suw-hukuk tertibiniň berjaý edilmegine ýardam edýär.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda (164-nji madda) düzgün-nyzam çäreler şu aşakdakylardyr: duýduryş, käýinç, berk käýinç, işden çykarmak. Bu düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleri işgärleriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly eden hukuk bozulmalary üçin ulanylyp bilner. Görkezilen çäreler hukuk bozujy raýatlara degerli täsir edýär. Suwlardan peýdalanmak we olary goramak baradaky Türkmenistanyň kanunçylygy şu baýlyklardan peýdalanyjylaryň bähbitlerine gös-göni täsir edýän jogapkärçilik çärelerini hem göz öňünde tutýar. Jogapkärçiligiň bu görnüşi ýörite-hukuk (suw-hukuk) jogapkärçiligi bolup, Suw kodeksinde we Tebigaty goramak hakyndaky kanunda göz öňünde tutulýar hem-de hukuk bozujylar üçin amatsyz hukuk netijeleri döredýär. Suw-hukuk jogapkärçilik çärelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar: suwdan peýdalanmak hukugyny bes etmek, suwdan peýdalanmak bilen baglanyşykly işleri duruzmak we beýlekiler.

# Tema 12. Ýer jümmüşinden peýdalanmagyň we ony goramagyň hukuk düzgüni

## 1. Ýer jümmüşi peýdalanmagyň we goramagyň obýekti hökmünde

Ýer jümmüşi daşky tebigy gurşawyň düzüm bölegi bolup, ekologik, ykdysady we medeni-sagaldyş wezipelerini ýerine ýetirýär. Onuň ekologik wezipesi ýer üstüniň binýady hökmünde tebigy gurşawa täsir etmeginden ybaratdyr. Ýer jümmüşiniň ykdysady wezipesi mineral we energetik serişdeler hökmünde, şeýle hem aýry-aýry desgalary ýerleşdirmek, zyýanly maddalary gömmek, hapa suwlary akdyrmak üçin ulanylmagyndan ybaratdyr. Mineral suwlaryň ätiýaçlyklarynyň we beýleki maddalaryň adamlaryň saglygyny bejermek üçin hem-de ýer jümmüşiniň käbir bölekleriniň tebigy, taryhy-medeni, ylmy we estetiki maksatlary üçin peýdalanylmagy onuň medeni-sagaldyş wezipesidir.

Ýer jümmüşiniň serişdeleri öwezi dolunyp bilinmeýän milli baýlykdyr. Ýer jümmüşinden häzirki we geljekki nesilleriň bähbitleri üçin rejeli peýdalanmak we ony goramak döwletiň we jemgyýetiň ilkinji nobatdaky wezipesi bolup durýar.

Eýeçilik hakyndaky kanunda, Ýer jümmüşi hakyndaky kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, ýer jümmüşi Türkmenistan döwletiniň aýratyn eýeçiliginde durýar. Döwlet ýer jümmüşinden peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň aýry-aýry meseleleri boýunça döwlet edaralaryna degişli hukuklary berýär. Ýer jümmüşiniň satylmagyna we satyn alynmagyna ýol berilmeýär. Ýer jümmüşine döwlet eýeçiliginiň

bellenilmegi ondan rejeli we toplumlaýyn peýdalanmak üçin zerur şertleri döredýär, ýurduň öndüriji güýçleriniň dogry ýerleşdirilmegi we ykdysadyýeti ösdürmegiň ýokary depginlerini üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Garaşsyz Türkmenistanda tebigy gazyň, nebitiň we beýleki ýerasty baýlyklaryň uly ätiýaçlyklary bar. Ykdysadyýetde mineral serişdeleri ulanmagyň yzygiderli artýan şertlerinde ýer jümmüşinden we ondaky ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmagy üpjün etmek möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Ýer jümmüşine hem-de ýerasty baýlyklaryna, şol sanda uglewodorod serişdelerine Türkmenistan döwletiniň eýeçiliginiň bellenilmegi bu tebigy baýlyklardan ýurdumyzyň ilatynyň bähbitleri üçin peýdalanmaga mümkinçilik berýär. 1993-nji ýyldan başlap, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 30-njy sentýabryndaky ilatyň elektrik energiýasyny, gazy we suwy mugt sarp etmegi baradaky karar muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Bu baýlyklardan ilat 2030-njy ýyla çenli mugt peýdalanar.

Türkmenistanyň çäk suwlarynyň, Hazar deňziniň türkmen böleginiň ýalpaklygynyň düýbündäki mineral serişdeler hem döwlet eýeçiligine degişlidir. Emma döwlet eýeçilik hukugy deňiz ýalpaklygynyň giňişligine, balyklara we göçüp ýören haýwanlara ýaýramaýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýer jümmüşi bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan kanunçylyk Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynda yzygiderli ösdürilýär. Şunda Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, Tebigaty goramak hakyndaky, Ýer jümmüşi hakyndaky hem-de Uglewodorod serişdeleri hakyndaky kanunlardan ugur alynýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmeginde nebit-gaz pudagynyň aýratyn orun tutýandygy nazara alnyp, ony dolandyrmagy kämilleşdirmek boýunça möhüm çäreler durmuşa geçirilýär. Şu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary bilen ýörite ygtyýarly edaralaryň täze ulgamy döredildi hem-de olar hakynda düzgünnamalar tassyklanyldy. Bu edaralaryň ulgamyna Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeleri ministrligi, “Türkmennebit” Döwlet konserni, “Türkmengaz” Döwlet konserni, “Türkmengeo-logiýa” Döwlet korporasiýasy we beýlekiler degişlidir.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýer jümmüşinden peýdalanmak işi edara görnüşindäki taraplar we raýatlar tarapyndan peýdalanmak hukugy esasynda amala aşyrylýar. Bu hukugy amala aşyrýanlar hökmünde bellenilen tertipde şol hukuga eýe bolan we şonuň bilen baglanyşykly ýer jümmüşinden rejeli peýdalanmak we ony goramak boýunça degişli hukuklary bolan we borçlary berjaý edýän edara görnüşindäki taraplar we raýatlar çykyş edýärler. Eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, Türkmenistanyň her bir edara görnüşindäki tarapy we raýaty, şeýle hem beýleki döwletleriň edara görnüşindäki taraplary we raýatlary ýer jümmüşinden peýdalanyjylar bolup bilerler.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugy oňa döwletiň aýratyn eýeçilik hukugyndan gelip çykýar we şoňa baglydyr. Şeýle hem ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugyna şu aşakdaky ýörelgeler mahsusdyr: peýdalanmagyň rejeli we toplumlaýyn bolmagy, hukugyň durnuklylygy we üýtgewsizligi hem-de beýlekiler.

Ýer jümmüşi hakyndaky kanuna laýyklykda ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugynyň şu aşakdaky

görnüşleri tapawutlandyrylýar: geologiýa taýdan öwrenmek üçin, ýerasty baýlyklary çykarmak üçin, bu iş bilen baglanyşykly bolmadyk desgalary gurmak hem-de ulanmak üçin we beýlekiler.

Ýer jümmüşi bir wagtyň özünde geologiýa taýdan öwrenmek (gözleg) üçin hem-de tejribe-senagat taýdan ýerasty baýlyklaryny çykarmak üçin peýdalanmaga berlip bilner.

Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda ýer jümmüşiniň aýry-aýry böleklerinden peýdalanmak howpsuzlyk hem-de daşky tebigy gurşawy goramak maksady bilen çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner. Bellenilişi ýaly, eger ilatly ýerlerde, şäherýaka zolaklarynda, senagat, aragatnaşyk, ulag desgalarynyň ýerlerinde ýer jümmüşinden peýdalanmak adamlaryň janyna we saglygyna howp salyp biljek bolsa, hojalyk desgalaryna ýa-da daşky tebigy gurşawa zyýan ýetirip biljek bolsa, onda ýer jümmüşiniň degişli böleginden peýdalanmak kem-käsleýin ýa-da doly gadagan edilip bilner.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýer jümmüşinden peýdalanmak hem-de ony goramak babatdaky gatnaşyklara gatnaşýanlara belli bir hukuklar berilýär hem-de olaryň üstüne degişli borçlar ýüklenilýär. Bu hukuklaryň we borçlaryň jemi bolsa ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugynyň mazmunyny düzýär.

Ýer jümmüşinden peýdalanyjylara ondan peýdalanmak baradaky ygtyýarnamalaryň hereket ediş möhletini uzaltmakda, şeýle hem ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmegiň indiki döwürlerini geçirmek üçin ýa-da ýerasty baýlyklarynyň ýataklaryndan olary çykarmak üçin

ygtyýarnama almakda beýlekiler bilen deňeşdirilende artyk hukuk berilýär.

Ýer jümmüşiden peýdalanyjylaryň hukuklarynyň amala aşyrylmagy olar tarapyndan degişli işleriň howpsuz alnyp barylmagy bilen baglanyşyklydyrlar. Ýerasty baýlyklaryny çykarýan kärhanalary, ýerasty desgalaryny gurmak we ulanmak, ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmegi geçirmek diňe ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň täsiriniň ýetýän zolagyndaky işgärleriň we ilatyň janyna hem saglygyna howp döremezligi üpjün edilen wagtynda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan düzgünnama laýyklykda ýol berilýär.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň zolagynda ilatyň jany we saglygy üçin gös-göni howp dörän mahalynda degişli kärhanalaryň ýolbaşçylary bu barada haýal etmän degişli döwlet dolandyryş edaralaryna we ýerli edaralara habar bermelidirler.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýer jümmüşinden rejeli peýdalanmagy hem-de ony goramagy üpjün etmäge gönükdirilen esasy talaplar bellenilýär. Olar şu aşakdakylardyr:

1) ýer jümmüşini peýdalanmaga bermegiň bellenen tertibini berjaý etmek hem-de ýer jümmüşinden rugsatsyz peýdalanylmagyna ýol bermezlik;

2) ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek, ondan peýdalanmak we ony goramak barada kanunçylygyň talaplaryny, bellenen tertipde tassyklanan kadalary berjaý etmek;

3) ýer jümmüşini geologiýa taýdan ozgunly öwrenmek işini geçirmek, şonuň esasynda hem ýerasty

baýlyklarynyň ätiýaçlyklaryna dogry baha berlişini, ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlar üçin ýer jümmüşinden peýdalanmagyň şertlerini üpjün etmek;

4) ýerasty baýlyklarynyň ätiýaçlyklarynyň, şeýle hem ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlar üçin peýdalanylýan ýer jümmüşiniň bölekleriniň döwlet ekspertizasy we döwlet hasaby;

5) ýer jümmüşinden esasy ýerasty baýlyklarynyň ätiýaçlyklaryny, olar bilen bile ýatan ýerasty baýlyklary we olaryň ugurdaş goşundylaryny has doly çykarmagy üpjün etmek;

6) ýerasty baýlyklarynyň känleri ulanylanda ýer jümmüşinden çykarylýan we onda galdyrylýan esasy ýerasty baýlyklarynyň we olar bilen bile ýatan ýerasty baýlyklarynyň hem-de olaryň düzümündäki ugurdaş goşundylarynyň anyk hasaby;

7) ýerasty baýlyklarynyň ýataklaryny suw ýygnanmakdan, suwa basdyrylmakdan, ýangyndan we ýerasty baýlyklarynyň hilini hem-de olaryň ýataklarynyň senagat taýdan gymmatyny peseldýän ýa-da ýerasty baýlyklarynyň işlenip çykarylmagyny kynlaşdyrýan hadysalardan goramak;

8) ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işler geçirilende, şeýle hem nebit, gaz ýa-da gaýry maddalar we materiallar ýer astynda saklananda we zyýanly önümçilik galyndylary gömülende, hapa suwlar ýygnananda ýer jümmüşiniň hapalanylmagynyň öňüni almak;

9) ýerasty baýlyklaryny işläp çykarýan kärhanalary hem-de ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly

bolmadyk ýerasty desgalaryny wagtlaýyn ýapmak düzgünini berjaý etmek;

10) ýerasty baýlyklary bolan meýdanlarda gurluşyk işleriniň birugsat alnyp barylmagynyň öňüni almak hem-de şol meýdanlardan başga maksat üçin peýdalanmagyň bellenen tertibini berjaý etmek;

11) agyz suwy üçin ýa-da senagatyň suw üpjünçiligi üçin peýdalanylýan ýerasty suwlarynyň ýatan ýerlerinde senagat we durmuş galyndylarynyň toplanmagyna ýol bermezlik;

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, görkezilen talaplaryň bozulmagy ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugynyň çäklendirilmegine, duruzylmagyna ýa-da gadagan edilmegine getirip biler.

## 2. Ýer jümmüşinden peýdalanmagyň hukuk düzgüni

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýer jümmüşini peýdalanmaga bermegiň tertibi kesgitlenendir. Ýer jümmüşi edara görnüşindäki taraplara we raýatlara ygtyýarnamalar esasynda peýdalanmaga berilýär. Bu ygtyýarnama onuň eýesiniň bellenen borçlary berjaý etmek şerti bilen ýer jümmüşinden peýdalanmagyň bir ýa-da birnäçe görnüşini amala aşyrmaga bolan hukugyna şaýatlyk edýän resminamadyr.

Ygtyýarnama geologik-surata alyş, agtaryş, gözleg işlerini hem-de ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek boýunça beýleki işleri geçirmäge, ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmaga, magdan çykarýan önümçiligiň we onuň bilen baglanyşykly bolan gaýtadan işleýän önümçiligiň galyndylaryny ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen

baglanyşykly bolmadyk maksatlar üçin peýdalanmaga hukuk bermek üçin berilýär. Ygtyýarnama berilmegi baradaky haýyşnamalara garamagyň möhleti bir aýdyr. Ýer jümmüşinden peýdalanmagyň birnäçe görnüşi üçin ygtyýarnama berilmegine ýol berilýär. Ýer jümmüşinden peýdalanmaga ygtyýarnama bermek zerur bolan halatynda ýeriň berilmegi bilen bir wagtda amala aşyrylyp bilner.

Kanunçylyga laýyklykda ygtyýarnamada we onuň düzümine girýän şertnamalaýyn borçnamalarda şu aşakdakylar görkezilmelidir: ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň maksat bellenmesi baradaky maglumatlar; peýdalanmaga berilýän ýer jümmüşiniň böleginiň giňişlik çäklerini kesgitli bellemek; ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleri geçirmek üçin zerur bolan magdanly ýeri we ýer bölegini bölüp bermegiň çäklerini kesgitli bellemek; ygtyýarnamanyň hereket edýän möhletleri; mineral çig-mal çykarmagyň ylalaşylan derejesi; ýer jümmüşinden peýdalanylmagy üçin tölegleriň görnüşleri we möçberleri; ýer jümmüşinden peýdalanmagyň barşynda alynýan geologik maglumata bolan hukuklary paýlamak; ýer jümmüşini we daşky tebigy gurşawy goramak hem-de işleri howpsuz alyp barmak boýunça hereket edýän kanunçylykda bellenen talaplaryň durmuşa geçirilmeginiň şertleri. Ygtyýarnamada ýer jümmüşinden peýdalanmak barada kanunçylyga garşy gelmeýän beýleki şertler hem bolup biler.

Ýer jümmüşinden peýdalanyjylara ygtyýarnamalar Türkmenistanyň çäklerinde ygtyýarnama bermegiň döwlet ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu ulgamyň wezipeleri şu aşakdakylardyr: mineral çig-mal binýadyny

hem-de magdan senagatyny ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek; ýurduň ilatynyň durmuş, ykdysady, ekologik bähbitlerini we beýleki bähbitlerini üpjün etmek; ähli edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň ygtyýarnama almaklary üçin deň mümkinçilikleri üpjün etmek; ýer jümmüşinden peýdalanmaga bäsdeşlik edýänlerden ýer jümmüşinden has rejeli we netijeli peýdalanylmagyny hem-de goralmagyny, şeýle hem tebigy gurşawyň goralmagyny üpjün etmegi başarýanlary saýlap almagyň açyk ulgamyny üpjün etmek; ygtyýarnamalaryň eýelerine zerur kepilleri hem-de olaryň ýer jümmüşinden peýdalanmak baradaky hukuklaryny goramagy üpjün etmek.

Bellenilişi ýaly, ýer jümmüşinden peýdalanmaga ygtyýarnama ony almak isleýän bäsdeşleriň beren haýyşnamalary boýunça berilýär. Ygtyýarnama berilýän ýer jümmüşiniň her bir bölegi boýunça ygtyýarnama almaga bäsdeşlik edýänleri saýlap almagyň usuly ygtyýarnama berýän edara tarapyndan kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ykdysady ähmiýeti we ýer jümmüşinde ýaýran derejesi göz öňünde tutulup, ýerasty baýlyklarynyň iki görnüşi, ýagny umumy ýaýran we umumy ýaýramadyk görnüşleri tapawutlandyrylýar. Umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryna şu aşakdakylar degişlidir: çäge (formalanýan, aýna çägesi, farfor-faýans, onda çydamly we sement senagaty üçin ulanylýan çäge muňa girmeýär), iri çagyl, çagyl, toýun çägesow toprak, lokga daş, gum daşy we beýlekiler.

Umumy ýaýran ýerasty baýlyklary üçin häsiýetli ýagdaý olaryň ýer jümmüşinde bir ugurly ýaýranlygydyr

we olaryň känleriniň her ýerde duş gelýänligidir. Umumy ýaýramadyk ýerasty baýlyklaryna kanunçylyga laýyklykda umumy ýaýran ýerasty baýlyklary degişli edilmedik ýerasty baýlyklary degişlidir (nebit, tebigy gaz we beýlekiler). Ýer jümmüşinden umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryny ulanmak üçin peýdalanylmagyň tertibi kanunçylykda düzgünleşdirilendir.

Ýer jümmüşi hakyndaky kanuna laýyklykda ýer jümmüşini umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryny ulanmak üçin bermegiň tertibi, edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň özlerine berlen ýerleriň çäklerinde umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryny, süýji suwy çykarmak maksatlary üçin, şeýle hem olary çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlary üçin peýdalanmaga bermegiň tertibi ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan bellenilýär. Umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryny çykarmak üçin ýer jümmüşini peýdalanmaga bermek barada rugsatnamalary bermek ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna degişlidir.

Magdan önümçiliginiň we gaýry önümçiligiň zerur hilli gurluşyk materiallaryny almaga ýaramly galyndylary bolan halatynda, gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin ýer jümmüşini umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryny çykarmak maksady bilen peýdalanmaga bermek gadagan edilýär.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, ýerlere eýeçilik edýänler, peýdalanyjylar özleriniň islegine görä, şol ýerleriň çäklerinde öz hajatlary üçin partladyş işlerini geçirmezden, degişli ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan bellenen tertipde umumy ýaýran

ýerasty baýlyklaryny çykarmagy amala aşyrmaga hukuklydyrlar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gurluşyk işi göz öňünde tutulýan ýerasty baýlykly meýdanlarda şol baýlyklaryň ýoklugy barada maglumatlar alynýança, ilatly ýerleri, senagat toplumlaryny hem-de beýleki halk hojalyk desgalaryny taslamak we gurmak gadagan edilýär. Şeýle maglumatlary bermek bolsa ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

Ýerasty baýlyklary bolan meýdanlarda binalaryň gurulmagyna, şeýle hem şol meýdanlarda ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalarynyň gurulmagynyň diňe ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň bellenen tertipde beren rugsadyndan soň ýol berilýär.

Zyýanly maddalary we galyndylary gömmek ýa-da üýşürmek, hapa suwlary akdyrmak üçin ýer jümmüşinden peýdalanmak ýörite ygtyýarly edilen edara bilen ýer jümmüşinden peýdalanyjynyň baglaşan şertnamasynda kesgitlenilýän şertlerde bölünip berlen magdanly ýerleriň çäklerinde amala aşyrylýar. Zyýanly maddalary we galyndylary gömmek ýa-da üýşürmek, hapa suwlary akdyrmak diňe taslamalara we beýleki resminamalara döwlet ekologik ekspertizasy geçirilenden soň amala aşyrylyp bilner. Zyýanly maddalary we zäherli galyndylary ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň, känleriň, ýerasty desgalarynyň üstünde saklamaga ýol berilmeýär. Aýratyn howply we radioaktiw maddalary gömmegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýär.

Ýerasty baýlyklaryny çykarýan kärhanalar hem-de ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly

bolmadyk desgalar ygtyýarnamanyň möhleti gutarandan soň ýa-da ýer jümmüşinden peýdalanmak möhletinden öň bes edilende ýartyrylmaga ýa-da wagtlaýyn ýapylmaga degişlidir. Olary wagtlaýyn ýapmak ýa-da ýatyrmak işi tamamlanýança, ýer jümmüşinden peýdalanyjy öz üstüne ýüklenen jogapkärçiligi we borçlary doly çekýändir.

Görkezilen kärhanalar we ýerasty desgalary doly ýa-da kem-käsleýin ýatyrylanda ýa-da ýapylanda magdan gazymlary we buraw guýulary ilatyň howpsuzlygyny, daşky tebigy gurşawyň, jaýlaryň we desgalaryň goralmagyny, wagtlaýyn ýapylanda bolsa tä wagtlaýyn ýapylyş wagty gutarýaça ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň, magdan gazymlarynyň we buraw guýularynyň abat saklanmagyny-da üpjün edýän ýagdaýa getirilmelidir.

Ýerasty baýlyklaryny çykarýan kärhana ýa-da onuň bir bölegi şeýle hem ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desga ýatyrylanda we ýapylanda geologik we beýleki resminamalar işleriň gutaran pursatyna gabatlap doldurylýar hem-de bellenen teripde saklanmaga tabşyrylýar.

Ýerasty baýlyklaryny çykarýan kärhanalar ýa-da ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalaryny ýatyrmak we ýapmak işi ygtyýarnama beren döwlet dolandyryş edaralary şolary ýatyrmak ýa-da wagtlaýyn ýapmak barada nama gol çekenlerinden soň gutardy diýlip hasaplanýar.

Ýer jümmüşinden peýdalanylanda tölegler Türkmenistanyň çäklerindäki, deňiz ykdysady zolagyndaky, deňiz ýalpaklygyndaky ýer jümmüşinden peýdalanyjylardan alynýar.

Ýer jümmüşinden peýdalanylandaky tölegler ulgamy şu aşakdakylary öz içine alýar: ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugy üçin töleg; mineral çig-mal binýadyny üznüksiz dikeldip durmak üçin geçirilýän serişdeler; ygtyýarnama berlenligi üçin ýygnalýan ýygym; durky bozulan ýerleri öňki kaddyna getirmek; ýer jümmüşiniň egsilmegi üçin eglişik. Mundan başga-da ýer jümmüşinden peýdalanyjylar salgytlary töleýärler hem-de kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki ýygymlary we tölegleri, şol sanda ýer üçin we geologik maglumat üçin tölegleri, ýer jümmüşinden rejesiz peýdalanylandygy üçin jerimeleri töleýärler.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugy üçin tölegler ýerasty baýlyklaryny agtarmak, gözlemek, olary işlap çykarmak ýa-da olary utgaşykly geçirmek hukugyny almak üçin tölenilýän töleglerdir. Bu tölegler bir gezekleýin berlen hukugyň güýjüniň hereket ediş möhletiniň dowamynda yzygiderli tölemek görnüşlerinde ýa-da iki görnüşi utgaşdyrylyp alnyp bilner. Agtaryş we gözleg işlerini geçirmek hukugy üçin tölenýän tölegleriň möçberleri ýer jümmüşiniň ýerine we onuň bölekleriniň möçberine, ýerasty baýlyklarynyň görnüşine, işleriň dowamlylygyna, ýer jümmüşiniň geologik taýdan öwreniliş derejesine we töwekgelçiligine berlen baha baglylykda kesgitlenýär.

Ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmak hukugy üçin tölegleriň möçberleri ýerastybaýlygynyň görnüşi, ätiýaçlyklarynyň mukdary we hili, ýerasty baýlyklaryny özleşdirmegiň we işläp çykarmagyň tebigy-geografik, magdan-tehniki we ykdysady şertleri, töwekgelçilige berilýän baha göz öňünde tutulyp kesgitlenýär. Ýerasty

baýlyklaryny işläp çykarmak üçin tölegler başky töleg, şeýle hem işläp çykarmak başlanandan beýläk yzygiderli tölegler görnüşinde alynýar. Ýerasty baýlyklaryny çykarmak üçin bölünip berlen magdanly ýerleriň çäklerinde gözleg işlerini geçirmek hukugy üçin tölenýän özbaşdak tölegler ýerasty baýlyklaryny senagat taýdan işläp çykarmak başlanandan soň tölenmeýär.

Ýer jümmüşinden başga maksatlar, şol sanda ýerasty desgalaryny gurmak we ulanmak, önümleri we galyndylary saklamak we gömmek maksady bilen peýdalanmaga bolan hukuk üçin tölegler birgezekleýin ýa-da yzygiderli görnüşde alynýar. Şol tölegleriň möçberleri peýdalanmaga berlen ýer jümmüşiniň böleginiň möçberine, onuň peýdaly sypatlaryna we ekologik howpsuzlyk derejesine baglylykda kesgitlenýär.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugy üçin tölegleri almagyň tertibi we şertleri, olaryň möçberini kesgitlemegiň ölçegi Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär. Şol tölegleriň gutarnykly möçberleri ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugy üçin ygtyýarnama berlende ýer jümmüşinden peýdalanyjy bilen şol ýer jümmüşini peýdalanmaga beren döwlet edarasynyň ylalaşmagy esasynda kesgitlenýär.

## 3. Ýer jümmüşi babatda döwlet dolandyryşy we gözegçiligi

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak baradaky gatnaşyklaryň döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, şeýle hem ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak baradaky gatnaşyklary döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň wezipesi mineral çig-mal binýadynyň abat saklanmagyny üpjün etmekden hem-de ony Türkmenistanyň ilatynyň häzirki we geljekki nesilleriniň bähbitleri üçin rejeli peýdalanmakdan ybarat bolup durýar.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak baradaky gatnaşyklaryň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy dolandyryş arkaly, ygtyýarnama bermek, hasaba almak we gözegçilik etmek ulgamy arkaly amala aşyrylýar. Bu gatnaşyklary döwlet tarapyndan dolandyrmagyň wezipelerine şu aşakdakylar girýär:

1) mineral çig-mal binýadynyň ösmegini üpjün etmek, şeýle hem ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalaryny gurmak üçin peýdalanylýan ýer jümmüşiniň bölekleriniň ätiýaçlygyny taýýarlamagy üpjün etmek;

2) ýer jümmüşinden ýerasty baýlyklarynyň esasy görnüşlerini çykarmagyň häzirki we geljekki döwür üçin gerek möçberlerini kesgitlemek;

3) ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly salgytlary we tölegleri girizmek;

4) ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek, ondan peýdalanmak we ony goramak, ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleri howpsuz alyp barmak baradaky kadalary bellemek.

Ýer jümmüşi, ony geologiýa taýdan öwrenmek, ondan rejeli peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrmak babatda dolandyryş wezipelerini şu aşakdaky ýörite ygtyýarly döwlet edaralary amala aşyrýarlar: „Türkmengeologiýa“

döwlet korporasiýasy, „Türkmenstandarlary“ Baş döwlet gullugy, Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeleri ministrligi, „Türkmennebit“ döwlet konserni, „Türkmengaz“ döwlet konserni Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça döwlet kärhanasy, Tebigaty goramak ministrligi.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýer jümmüşi babatda görkezilen edaralaryň ygtyýarlygy kesgitlenendir. Bu kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň çäginde ýer jümmüşine we onuň serişdelerine eýelik etmek, olardan peýdalanmak we olara ygtyýar etmek hukugyny Ministrler Kabineti amala aşyrýar, şeýle hukuklaryň bir bölegini bolsa ol ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralaryna berýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we ýörite ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna şu aşakdakylar degişli edilendir:

1)döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek arkaly mineral çig-mal binýadyny peýdalanmagyň maksatnamasyny kesgitlemek;

2)ýer jümmüşinden peýdalanmaga ygtyýarnama bermek ulgamyny guramak;

3)ýer jümmüşinden peýdalanmak üçin töleg almagyň şertlerini we tertibini kesgitlemek;

4)geologik maglumatlar gaznalaryny döretmek hem-de býujet serişdeleriniň hasabyna alnan maglumata ygtyýar etmek

5)ýer jümmüşinden rejeli peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak

6)ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň, şeýle hem ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalaryny gurmak üçin peýdalanylýan ýer jümmüşiniň bölekleriniň döwlet hasabyny ýöretmek hem-de ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek işleriniň döwlet bellige alynmagyny amala aşyrmak;

7)ýerasty baýlyklarynyň ätiýaçlyklarynyň döwlet balansyny düzmek;

8)ýerasty baýlyklarynyň ätiýaçlyklarynyň mukdary we hili baradaky, şol baýlyklaryň gymmatlylygyny kesgitleýän beýleki sypatlary baradaky maglumatyň döwlet ekspertizasyny guramak;

9)ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak barada halkara ylalaşyklaryny baglaşmak;

10) ýer jümüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işlerini utgaşdyrmak.

Kanunçylykda ýer jümmüşi babatda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygy hem kesgitlenendir. Olaryň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler:

1) degişli çäklerde ýer jümmüşini peýdalamaga bermek we ýerasty baýlyklaryny çykarmagyň möhletleri ýa-da ony başga maksatlar üçin bermek meselelerini çözmek;

2) umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmaga ygtyýarnamalar bermek;

3) ýerli senagat kärhanalary üçin mineral çig-mal binýadyny ösdürmek;

4) ýerasty baýlyklaryny çykarmagyň şertleri bozulan ýa-da hojalyk işi daşky gurşawa zyýanly täsir eden

halatlarynda ýerden peýdalanyjylaryň we ýer jümmüşinden peýdalanyjylaryň özlerine berlen ýerlerde ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmaga bolan hukuklaryny 10 güne çenli duruzmak;

5) umumy ýaýran ýerasty baýlyklary işlenip çykarylanda ýer jümmüşinden peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna, şeýle hem ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalaryny gurmak üçin ýer jümmüşinden peýdalanylyşyna gözegçilik etmek.

Kanunçylyga laýyklykda ýer jümmüşinden peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna, şeýle hem ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň howpsuz alnyp barlyşyna döwlet gözegçiligi amala aşyrylýar.

Bellenilişi ýaly, ýer jümmüşinden peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna döwlet gözegçiliginiň wezipesi ýer jümmüşinden peýdalanyjylaryň ählisi tarapyndan ýer jümmüşinden peýdalanmagyň bellenen tertibiniň, hereket edýän kanunçylygyň, ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek, ondan peýdalanmak we ony goramak babatdaky kadalaryň (ölçegleriň), ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işler geçirilende döwlet hasaby we hasabat bermek baradaky kadalaryň berjaý edilmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Ýer jümmüşinden peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna gözegçilik ýörite ygtyýarly döwlet gözegçilik edaralarynyň üstüne ýüklenilýär. Döwlet gözegçilik edaralary öz işini döwlet magdan gözegçiligi edaralary, tebigaty goraýyş edaralary we beýleki gözegçilik ediji edaralar bilen ýakyn arabaglanyşykda amala aşyrýarlar. Döwlet geologiki gözegçilik edaralarynyň ygtyýarlygy,

olaryň hukuklary, borçalary we işleýiş tertibi şol edaralar hakyndaky düzgünnamalar bilen kadalaşdyrylýar.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň howpsuz alnyp barlyşyna döwlet gözegçiliginiň wezipesi ýer jümmüşinden peýdalanyjylaryň ählisiniň işleri howpsuz alyp barmak, olaryň ilata, tebigy gurşawa, jaýlara we desgalara ýetirýän zyýanly täsiriniň öňüni almak we ony aradan aýyrmak baradaky, şeýle hem ýer jümmüşini goramak baradaky kanunçylygyň talaplaryny, berjaý etmeklerini üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň howpsuz alnyp barlyşyna gözegçilik döwlet magdan gözegçiligi edaralarynyň üstüne ýüklenilýär. Bu edaralar öz işini döwlet geologik gözegçiligi, tebigaty goraýyş edaralary, kärdeşler arkalaşyklary bilen ýakyn arabaglanyşykda amala aşyrylmalydyr. Döwlet magdan gözegçiligi edaralarynyň ygtyýarlygy, olaryň hukuklary, borçlary we işleýiş tertibi şol edaralar hakyndaky düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar.

Tebigaty goramak ministrligi tebigy gurşawdan (şol sanda ýer jümmüşinden) peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar hem-de şu babatda beýleki edaralaryň işini ugrukdyrýar.

„Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy ýer jümmüşiniň geologiýa taýdan öwrenilişine, ýerasty baýlyklaryň ýataklary baradaky maglumatlaryň ýygnalyşyna we saklanyşyna gözegçilik edýär.

Türkmenistanyň Nebitgaz senagaty we mineral serişdeleri ministrligi ýurduň çäklerinde nebitgaz we mineral serişdelerinden rejeli peýdalanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýar.

„Türkmenstandartlary“ Baş döwlet gullugy ýer jümmüşinden rejeli peýdalanylyşyna we onuň goralyşyna ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek babatdaky kanunçylygyň, döwlet tarapyndan hasaba almagy we hasabatlygy ýöretmegiň kadalarynyň berjaý edilişine, şeýle hem ýer jümmüşinden peýdalanylanda işleriň howpsuz alnyp barlyşyna döwlet geologik gözegçiligini amala aşyrýar. Ol ýerasty baýlyklaryň ýataklaryndan (şol sanda gidromineral ýataklaryndan) bu baýlyklaryň ätiýaçlyklarynyň işlenip çykarylyşy we toplumlaýyn peýdalanylyşy babatda mineral we beýleki serişdeleriň goralyşyna gözegçilik edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça döwlet kärhanasy Hazar deňziniň türkmen böleginiň we onuň kenarýaka zolagynyň tebigy serişdelerini özleşdirmegiň we peýdalanmagyň döwlet maksatnamalary durmuşa geçirilende ministrlikleriň we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işine gözegçiligi we pudagara utgaşdyrmagy amala aşyrýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýerasty baýlyklary babatda döwlet ekspertizasy, döwlet kadastry we döwlet balansy barada degişli düzgünler berkidilýär.

Kanunçylyga laýyklykda ýerasty baýlyklarynyň gözleg geçirilen ýataklarynyň ätiýaçlyklary döwlet ekspertizasyndan geçirilmäge we döwlet tarapyndan tassyklanmaga degişlidir. Şunda maksat ýer jümmüşinden rejeli, toplumlaýyn peýdalanmaga hem-de ondan peýdalanmak üçin tölegi kesgitlemäge degişli şertler döretmekdir.

Ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmak üçin ýer jümmüşini peýdalanmaga bermek ýerasty baýlyklarynyň

ätiýaçlyklaryna döwlet ekspertizasy geçirilýänçä gadagan edilýär. Döwlet ekspertizasynyň karary ýerasty baýlyklarynyň gözleg geçirilen ätiýaçlyklaryny döwletiň hasaba almagyna goýmak üçin esas bolup durýar.

Yerasty baýlyklaryna döwlet ekspertizasy we olary tassyklamak, şeýle hem peýdalanmaga berlen ýer jümmüşiniň bölekleri baradaky geologik maglumaty tassyklamak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde ýerasty baýlyklaryň ätiýaçlyklary baradaky döwlet topary tarapyndan amala aşyrylýar.

Kanunçylykda ýerasty baýlyklaryň ýataklarynyň we ýüze çykyşynyň döwlet kadastryny ýöretmek göz öňünde tutulýar. Bu kadastra ýerasty baýlyklarynyň her bir ýatagy baradaky maglumatlar girizilýär, şol maglumatlarda bolsa ýerasty baýlyklarynyň esasy we bile ýatanlarynyň mukdary we hili, olardaky goşundylar, ýerasty baýlyklaryny olaryň ýataklaryndan işläp çykarmagyň magdan-tehniki, gidrogeologik we ekologik şertleri hem-de oňa berilýän geologik-ykdysady baha häsiýetlendirilýär, şeýle hem ýerasty baýlyklarynyň her bir ýüze çykyşy baradaky maglumatlar girizilmelidir.

Ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň we ýüze çykyşynyň döwlet kadastry ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek, ýerasty baýlyklarynyň ýataklaryndan toplumlaýyn peýdalanmak, bu baýlyklary işläp çykarýan kärhanalary rejeli ýerleşdirmek baradaky maksatnamalary işläp taýýarlamagy üpjün etmek maksady bilen, şeýle hem beýleki halk hojalyk maksatlary üçin alnyp barylýar. Ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň we ýüze çykyşynyň

döwlet kadastryny ýöretmek „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasynyň üstüne ýüklenilýär.

Ýerasty baýlyklarynyň ätiýaçlyklarynyň döwlet balansynda senagat ähmiýetli ýerasty baýlyklarynyň ýataklary boýunça bu ätiýaçlyklaryň mukdary, hili, öwreniliş derejesi baradaky, olaryň ýerleşişi, senagat taýdan özleşdiriliş derejesi baradaky, olaryň çykarylyp alnyşy, ýitgisi, ýerasty baýlyklarynyň gözleg geçirilen ätiýaçlyklary bilen senagatyň üpjün edilişi baradaky maglumatlar jemlenmelidir. Ýerasty baýlyklarynyň gözleg geçirilen ätiýaçlyklaryny hasaba balanslaryny düzüp, olaryň hasabyny ýöretmek wezipesi „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasynyň üstüne ýüklenendir.

**4. Ýer jümmüşi babatda hukuk jogapkärçiligi.**

Türkmenistanyň ýer jümmüşi hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda şu aşakdaky hereketler (hereketsizlik) hukuk bozulmalary hasaplanylýar:

1) ýer jümmüşine eýelik etmek, ondan peýdalanmak we oňa ygtyýar etmek hukugyny bozýan geleşikler (bu geleşikler hakyky däl diýlip hasap edilýär);

2) ýer jümmüşinden rugsatsyz peýdalanmak;

3) ýer jümmüşinden peýdalanmagyň bellenen tertibini berjaý etmezlik, şeýle hem ýer jümmüşini rugsatsyz ulanmak hem-de geologik maglumatyň ýaşyrylanlygyny bozmak;

4) ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleri howpsuz alyp barmak kadalaryny berjaý etmek, adamlaryň saglygy we jany üçin howp dörän mahalynda degişli çäreleri görmezlik;

5) ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek baradaky işleri geçirmegiň kadalarynyň we talaplarynyň

bozulyp, onuň ýerasty baýlyklarynyň barlag geçirilen ätiýaçlyklaryny ýa-da mineral çig maly işläp çykarýan we gaýtadan işleýän kärhanalary, şeýle hem ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalaryny gurmak we ulanmak üçin bolan şertlere kemter baha berilmegine getirmegi;

6) ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň ilatyň howpsuzlygy, ýer jümmüşiniň we tebigy gurşawyň hapalanmagy üçin howp döredýän, şeýle hem ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň zaýalanmagyna getirýän usullar bilen geçirilmegi;

7) ýerasty baýlyklarynyň ýatan meýdanlarynda her hili binalary rugsatsyz gurmak;

8) ýerasty suwlaryna gözegçilik etmek üçin niýetlenen düzgünli guýulary, şeýle hem markşeýder we geodeziki belgileri ýok etmek ýa-da olara zeper ýetirmek;

9) ýatyrylýan ýa-da wagtlaýyn ýapylýan magdan we buraw guýularyny ilatyň howpsuzlygyny üpjün edýän ýagdaýa getirmek baradaky talaplary, şeýle hem ýerasty baýlyklarynyň ýataklaryny magdan gazymlary we buraw guýulary wagtlaýyn ýapylan döwrüniň dowamynda olary abat saklamak baradaky talaplary ýerine ýetirmezlik.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly görkezilen hukuk bozulmalary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jenaýat, dolandyryş we hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerine getirip biler.

Ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly hukuk bozulmalary üçin hukuk jogapkärçiliginiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk

(maddy), düzgün-nyzam. Hukuk jogapkärçiliginiň esaslary hökmünde ýer jümmüşi babatdaky hukuk bozulmalar çykyş edýär.

Jenaýat jogapkärçiligi ýer jümmüşi babatda jenaýat hasaplanylýan hukuk bozulmalary üçin bellenilýär. Şu aşakdaky hereketler (hereketsizlik) Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine laýyklykda (319, 316, 280-nji maddalar) jenaýat hasaplanylýar:

1) ýerasty baýlyklaryny işläp çykarýan kärhanalar ýa-da ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalary taslananda, ýerlerşdirilende, gurlanda, ulanmaga berlende, ulanylanda ýer jümmüşini goramagyň we ondan peýdalanmagyň kadalarynyň bozulmagy, şonuň ýaly-da ýerasty baýlyklarynyň ýatýan meýdanlarynda rugsatsyz jaý gurmak, eger bu hereketler ep-esli zyýanyň ýetirilmegine getiren bolsa (baş ýyla çenli belli bir wezipede işelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 10-syndan 30-na çenli bolan möçberde jerime salmak ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär);

2) Türkmenistanyň deňiz ýalpaklygynyň ýa-da Türkmenistanyň aýratyn ykdysady zolagynyň tebigy baýlyklarynyň degişli rugsady bolmazdan, barlag, gözleg, işläp çykarmak işleriniň geçirilmegi (üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen ýa-da onsuz zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 20-sinden 40-syna çenli bolan möçberde jerime salmak ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär);

3) Dag-magdan işleri geçirilen mahalynda howpsuzlyk düzgünleri bozulyp, seresapsyzlyk zerarly adamlaryň saglygyna agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky zyýanyň ýetirilmegi (iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär ýa-da üç ýyla çenli möhlet bilen belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen ýa-da şonsyz bir ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär). Şonuň ýaly hereket bilen seresapsyzlyk sebäpli adamyň ölümini ýa-da başga bir agyr netijelere getirilmegi (üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen ýa-da şonsyz iki ýyldan ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär).

Ýer jümmüşinden peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly hukuk bozulmalary üçin hukuk jogapkärçiliginiň bir görnüşi dolandyryş jogapkärçiligidir. Bu jogapkärçilik Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksinde göz öňünde tutulýar. Dolandyryş jogapkärçilik çäreleri kazyýet tertibinde däl-de ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan ulanylýar. Şu aşakdaky herketler (hereketsizlik) üçin dolandyryş jogapkärçilik çäreleri ulanylyp bilner (Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiň 47, 57, 58-nji maddalary):

1) ýer jümmüşinden birugsat peýdalanmak, ýer jümmüşine döwlet eýeçilik hukugyny gös-göni ýa-da ýaşyryn görnüşde bozýan geleşikleriň edilmegi (raýatlaryň ortaça aýlyk hakynyň iki möçberine çenli jerime salynmagyna eltýär).

2) Ýerasty baýlyklarynyň ýerleşýän meýdanlarynda tebigaty goraýyş we magdan gözegçiligi edaralary bilen ylalaşylman birugsat jaý gurulmagy, ýer jümmüşini goramak kadalarynyň we tebigy gurşawy, jaýlary we desgalary ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň zyýanly täsirinden goramak talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi, ýerasty suwlary üçin bellenen gözegçilik düzgünli guýularyň, şonuň ýaly-da markşeýder we geodezik belgileriniň ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy (raýatlaryň ortaça aýlyk hakynyň üç möçberine çenli jerime salynmagyna eltýär);

3) Ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň magdana baý bölekleriniň saýlanyp işlenilmeginiň bu baýlyklaryň balans ätiýaçlyklarynyň esassyz ýitirilmegine getirmegi, ýerasty baýlyklary işlenip çykarylanda olaryň görkezijilerden artyk ýitgisine we azalmagyna ýol berilmegi, ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň zaýalanmagy hem-de olaryň ätiýaçlyklaryny rejeli peýdalanmak talaplarynyň beýleki bozulmalary (wezipeli adamlara ortaça aýlyk hakynyň üç möçberine çenli jerime salynmagyna eltýär.)

4) Markşeýder resminamalarynyň ýitirilmegi, ýatyrylýan ýa-da wagtlaýyn ýapylýan magdan gazymlaryny we buraw guýularyny ilatyň howpsuzlygyny üpjün edýän ýagdaýa getirmek baradaky talaplaryň, şonuň ýaly-da ýerasty baýlyklarynyň ýataklarynyň, magdan gazymlarynyň we buraw guýularynyň wagtlaýyn ýapylýan döwründe olary abat saklamak baradaky talaplaryň ýerine ýetirilmezligi (wezipeli adamlaryň ortaça aýlyk hakynyň üç möçberine çenli jerime salynmagyna eltýär);

5) Ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek baradaky işleri geçirmek kadalarynyň we talaplarynyň bozulyp, ýerasty baýlyklaryň barlanan ätiýaçlyklarynyň ýa-da ýerasty baýlyklaryny çykarýan kärhanalary, şonuň ýalyda ýerasty baýlyklaryny çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalaryny gurmak hem-de ulanmak şertlerine nädogry baha berilmegine getirip biljekligi ýa-da getirmegi, geologik resminamanyň, ýer jümmüşi geologik taýdan şondan beýläk-de öwrenilende we ýerasty baýlyklarynyň ýataklary işlenende zerur bolan magdanlaryň nusgalarynyň we alnan jyns nusgalarynyň dublikatlarynyň ýitirilmegi (wezipeli adamlaryň ortaça aýlyk hakynyň üç möçberine çenli jerime salynmagyna getirýär);

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýer jümmüşi bilen baglanyşykly zyýanyň öwezini dolmak baradaky meseleler kadalaşdyrylýar. Ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmalydygy baradaky umumy düzgünler Türkmenistanyň raýat kodeksinde (1027-nji madda) bellenilendir.

Bu kanunçylyga laýyklykda eger-de kärhanalaryň, guramalaryň häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem raýatlaryň geçirýän işleri netijesinde ýer jümmüşiniň tebigy sypatlary ýaramazlaşan bolsa ýa-da ýer jümmüşinden peýdalanmaga kem-käsleýin ýa-da doly suratda mümkinçilik bermeýän şertler dörän bolsa, onda şonuň bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidir. Şu düzgün eger ýerden peýdalanyjylar hem-de ýerli dolandyryş edaralary geljekki ýerden peýdalanyja ilki geologik-gözleg işlerini geçirmäge, şondan soňra hem magdan ýatagyny işe girizmek üçin ýer bölüp bermäge rugsat edýän ýazmaça kepilnama berenden soň, şol umumy ýaýran ýerasty

baýlyklarynyň gözleg geçirilen ýatagynda ýer bölüp bermekden boýun gaçyran bolsalar, olara-da degişli edilýär.

Bellenilişi ýaly, ýer jümmüşi bilen baglanyşykly zyýan haýsy kärhanalaryň, guramalaryň, şeýle hem raýatlaryň alyp barýan işi netijesinde dörän bolsa, onuň öwezi şolaryň hasabyna dolunýar. Döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň alyp barýan işi netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezi degişli býujetiň hasabyna dolunmalydyr.

Görkezilen zyýanyň öwezi ýer jümmüşinde degişli peýdalanyja tölenilýär. Eger ýer jümmüşiniň şol bölegi peýdalanylmaga berilmedik bolsa, onda zyýanyň öwezi degişli serişdeleri döwlet býujetine geçirmek arkaly dolunýar. Göz öňünde tutulyşy ýaly, ýetirilen zyýanyň öwezini pul görnüşinde tölemegiň ýerine gyzyklanýan taraplaryň karary bilen ýer jümmüşiniň zyýan ýetirilen peýdaly sypatlaryny dikeltmäge gönükdirilen işleri geçirmäge ýol berilýär. Ýer jümmüşi bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak meseleleri kazyýet tertibinde çözülýär.

Kanunçylyga laýyklykda şu aşakdaky jedeller kazyýet tertibinde çözülmäge degişlidir: 1) ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly maliýe, emläk jedelleri ýa-da beýleki jedeller; 2) ýer jümmüşinden peýdalanmak hukugyny möhletinden öň ýatyrmak, ýer jümmişinden peýdalanmak hukugyny almak üçin ygtyýarnama bermekden boýun gaçyrmak hakynda döwlet häkimýet we dolandyryş edaralarynyň kabul eden bikanun kararlary baradaky şikaýat;3)hereket edýän kanunçylyga ters gelýän düzgünleri bolan talaplar, kadalar, ölçegler baradaky şikaýat; 4)wezipeli adamlaryň we edaralaryň Tükrmenistanyň ýer jümmişi hakyndaky kanunçylykda ters gelýän bikanun hereketleri baradaky şikaýat.

# Tema: 13. Tokaýlary we ösümlik dünýäsini goramagyň we olardan peýdalanmagyň hukuk düzgüni

## 1. Tokaýlar goramagyň we peýdalanmagyň obýektleri hökmünde

Täze şertlerde Tükrmenistanyň kanunçylygynyň ösmeginde 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde kabul edilen Tokaý kodeksiniň ähmiýeti uludyr. Bu kodeks tokaýlaryň Türkmenistanyň milli baýlygydygy, tebigaty ekologik taýdan bir kadaly ýagdaýda saklamagyň möhüm çeşmesidigi hem-de döwletiň aýratyn eýeçiliginde durýandygy barada düzgünleri göz öňünde tutýar. Kodeks döwlet tokaý gaznasy we bu gaznanyň ýerleri, tokaýlary toparlara bölmegiň esasy ýörelgeleri, tokaý gaznasyna eýelik etmek, onuň böleklerini peýdalanmaga bermek, tokaýlaryň ýagdaýyna we üznüksiz köpeldilmegine täsir edýän kärhanalary we desgalary taslamak, gurmak hem-de ulanmak baradaky meseleleri düzgünleşdirýär.

Tokaý kodeksinde tokaý baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrmak boýunça Türkmenistanyň häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýagny Ministrler Kabinetiniň we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklary kesgitlenilýär. Onda tokaýlardan peýdalanmak, olary üznüksiz köpletmek, abat saklamak we goramak baradaky döwlet dolandyryşy hem-de döwlet gözegçiligi, tokaýlara eýelik edijileriň we olardan peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary, tokaýdan peýdalanmagyň görnüşleri bilen baglanyşykly meseleleri kadalaşdyrýan kadalar hem

berkidilendir. Kodeksde tokaý gurluşyny geçirmek, tokaý gaznasynyň döwlet hasabyny we döwlet tokaý kadastryny ýöretmek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Tokaý kodeksinde tokaý gatnaşyklarynyň beýleki möhüm meselelerini kadalaşdyrmaga gönükdirilen hukuk kadalary hem bardyr. Ol meselelere şu aşakdakylar degişlidir: tokaýlary üznüksiz köpeltmek we olaryň önümliligini artdyrmak; tokaýlary abat saklamak we goramak; tokaýdan peýdalanmagyň tölegli bolmagy, tokaýlary goramak; üznüksiz köpeltmek we olardan rejeli peýdalanmak işini ykdysady taýdan höweslendirmek; tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijilere we tokaýdan peýdalanyjylara ýetirilen zyýany tölemek hem-de tokaý hojalyk önümçiliginiň ýitgileriniň öwezini dolmak; tokaý baradaky jedelleri çözmegiň tertibi; tokaý kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik; halkara şertnamalary.

Ähli tebigy serişdeleri, şol sanda tokaý serişdelerini goramak meselelerini kadalaşdyrmakdan Tebigaty goramak hakyndaky kanun (1991-nji ýylyň 12-nji noýabry) aýratyn orun tutýar. Garaşsyzlyk şertlerinde tokaý kanunçylygynyň kämilleşdirilmeginde Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynyň ähmiýeti uludur. Olara şu aşakdakylary degişli etmek bolar: „Türkmenistany bagy-bossanlyga öwürmek hakyndaky“ karar (1992-nji ýylyň 9-njy noýabry), „Köpetdagyň eteginde sýilgäh zolagyny ösdürmek hakyndaky“ karar (1998-nji ýylyň 10-njy oktýabry), „Türkmenistanda tokaý serişdelerini dolandyrmagy we peýdalanmagy kämilleşdirmek hakyndaky“ karar (1998-nji ýylyň 3-nji dekabry), „Tebigy

gurşawy gowulandyrmak baradaky çäreler hakyndaky“ karar (1999-njy ýylyň 29-njy noýabry) we beýlekiler.

Tokaýlar tebigy obýekt hökmünde eýeçilik hukugynda, eýelik etmek hukugynda we peýdalanmak hukugynda bolup bilýär. Tokaýlar iri we gyrymsy agaçlaryň uly toparlarynyň jemidir. Tebigy toplumlar hökmünde tokaýlar ykdysadyýetiň, medeniýetiň ösmeginde, adamlaryň saglygyny berkitmekde, tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Olar ekologik , ykdysady we medeni-sagaldyş wezipelerini ýerine ýetirýär.

Ekologik ulgamlaryň toplumy bolup, tokaýlar ýer we suw serişdelerini, şeýle hem ösümlik we haýwanat dünýäsini birikdirýär. Olar atmosfera howasyna, suwlaryň gidrologik ýagdaýyna amatly täsir edýär, topragy eroziýadan goraýar, haýwanat dünýäsiniň ýaşaýyş gurşawy bolup hyzmat edýär. Tokaýlaryň ekologik wezipesi görkezilenlerden ybaratdyr.

Tokaýlaryň ykdysady wezipesi olaryň agaç we beýleki tokaý önümini almagyň hem-de ykdysadyýetiň we ilatyň şol önümlere bolan hajatlaryny kanagatlandyrmagyň çeşmesi hökmünde çykyş etmegidir. Tokaýlaryň medeni-estetik, ylmy-öwreniş we sagaldyş maksatlary üçin peýdalanylmagy olaryň medeni-sagaldyş wezipeleri barada şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 9-njy noýabryndaky „Türkmenistany bagy-bossanlyga öwürmek hakyndaky“ kararynyň durmuşa geçirilmegi tokaýlaryň we ähli ösümlik dünýäsiniň tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmakda ähmiýetiniň mundan beýläk-de atrmagyna getirýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tokaýlar döwletiň aýratyn eýeçiliginde durýar. Bu möhüm düzgün „Eýeçilik hakyndaky“ kanunda (1993-nji ýylyň 1-nji oktýabry) Tokaý kodeksinde (1993-nji ýylyň 12-nji apreli), şeýle hem Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky Konstitusion kanunda (1991-nji ýylyň 27-nji oktýabry) berkidilendir.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, döwlet tokaý gaznasynyň bölekleri tokaý hojalygyny ýöretmek üçin döwlet tokaý hojalyk kärhanalaryna, tokaý, okuw, tejribe hojalyklaryna, daýhan birleşiklerine we beýleki oba hojalyk kärhanalaryna eýelik etmek hukugy esasynda berkidilýär. Döwlet tokaý gaznasynyň böleklerini eýelik etmek hukugyna bermek Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilýän tertipde ýerli ýerine ýeiriji häkimiýet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Tokaý kodeksinde göz öňünde tutulyşy ýaly, döwlet tokaý gaznasynyň bölekleri kanunçylykda bellenilen maksatlar üçin birleşiklere, kärhanalara we guramalara (olaryň pudaklaýyn tabynlygyna we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan), raýatlara, şeýle hem daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryna we raýatlaryna peýdalanmak hukugy esasynda berilýär.

Tokaýlara eýelik etmek hukugy we olardan peýdalanmak hukugy üçin häsiýetli ýagdaý bu hukuklaryň ýurtdaky ähli tokaýlara Türkmenistan döwletiniň aýratyn eýeçilik hukugyndan gelip çykmagydyr hem-de şonuň bilen kesgitlenilmegidir.

Tokaý kanunçylygyna laýyklykda ýurtdaky ähli tokaýlar döwlet tokaý gaznasyny emele getirýär. Bu gaznanyň düzümine şu aşakdaky tokaýlar girýär:

1) döwlet tokaý hojalyk edaralarynyň ygtyýarlygyna berlen döwlet ähmiýetli tokaýlar, şäher tokaýlary; 2) daýhan birleşikleriniň tokaýlary, ýagny olara hemişelik peýdalanmak üçin berlen ýerlerdäki tokaýlar; 3) ätiýaçlyk ýerlerindäki tokaýlar.

Bellenilişi ýaly, tokaý bilen örtülen ýerler (aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň ýerleri muňa girmeýär), şeýle hem tokaý bilen örtülmedik, emma tokaý hojalyk hajatlary üçin niýetlenen ýerler tokaý gaznasynyň ýerleri hasap edilýär. Döwlet tokaý gaznasynyň ýerleri şu aşakdaky ýerleri öz içine alýar: 1) iri we gyrymsy tokaý agaç ösümlikleri bilen örtülen tokaýly ýerler hem-de şular ýaly ösümlikler bilen örtülmedik, emma tokaýlary dikeltmek üçin niýetlenen tokaýly ýerler; 2) tokaýsyz ýerler, ýagny tokaýlaryň içindäki boş zolaklar, ýollar, ýangyna garşy göreşmek üçin niýetlenen açyklyk, ot ýatyrylýan ýerler.

Tokaýly ýerleri tokaý hojalygyny ýöretmek bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlar üçin peýdalanmakdan ötri tokaýsyz ýerlere geçirmek hem-de tokaýdan peýdalanmagy amala aşyrmak diňe aýratyn halatlarda we kanunçylykda kesgitlenilýän tertipde bolup biler. Tokaýly ýerler döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnanda şol ýerleri almak barada karar çykarýan ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary şonuň bilen bir wagtda tokaý agaçlaryny abat saklamak ýa-da çapmak baradaky hem-de çapylan agaçlary peýdalanmagyň tertibi baradaky meseläni hem çözmelidirler.

Kanunçylykda tokaýlary toparlara bölmegiň esasy ýörelgeleri berkidilýär. Tokaýlaryň ykdysady ähmiýetine, ýerleşýän ýerine hem-de ekologik, durmuş we çig mal

wezipelerine baglylykda olaryň üç topary tapawutlandyrylýar. Birinji topara degişli edilen gorag tokaýlary: suw gorag tokaýlary (derýalaryň, kölleriň, kanallaryň, suw howdanlarynyň kenarýaka gorag zolaklary); meýdan gorag tokaýlary (suwarymly ýerlerdäki agrotehniki-tokaý melioratiw zolaklary, eroziýa garşy göreş tokaýlary, demir ýollaryň we awtomobil ýollarynyň gyrasyndaky gorag zolaklary, çöl we dag tokaýlary); sanitariýa-gigiýena we sagaldyş tokaýlary (tokaý baglary, sanatorileriň, şypahanalaryň we dynç alyş zolaklarynyň töweregindäki tokaýlar). Birinji topara aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň tokaýlary hem degişlidir.

Tokaýlaryň ikinji toparyna ilaty gür ýerlerdäki gorag hem-de çäkli ulanyş ähmiýetli bolan tokaýlar degişli edildi. Tokaýlaryň üçünji toparyna esasan ulanyş ähmiýeti bolan hem-de halk hojalygynyň agaja bolan isleglerini şol tokaýlaryň gorag häsiýetlerine zyýan ýetirmän yzygiderli kanagatlandyrmak üçin niýetlenen tokaýlar degişli edildi. Göz öňünde tutulyşy ýaly, ähli toparlara degişli tokaýlarda tokaýdan peýdalanmagyň çäklendirilen düzgünli aýratyn gorag tokaý bölekleri bellenilip bilner.

Türkmenistanyň Hökümetiniň 1990-njy ýylyň 29-njy aprelindäki „Tokaý gaznasynyň abat skalanylmagyny üpjün etmek boýunça çäreler hakyndaky“ kararyna laýyklykda bolsa 1991-nji ýyldan başlap, agaç-odun taýýarlaýjylaryň arasynda tokaý çapgy gaznasy paýlamak ýoly bilen gögerip oturan agaçlary goýbermek gadagan edildi. Diňe tokaý dikeldiş we sanitariýa çapgylarynyň geçirilip bilinýändigi göz öňünde tutuldy.

Türkmenlstanyň kanunçylygynda tokaý gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak boýunça Minlstrler

Kabinetiniň we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygy kesgitlenendir.

Ministrler Kabinetiniň tokaý gatnaşyklary babatdaky ygtyýarlyklary:

1) tokaýlardan rejeli peýdalanmak, olary üznüksiz köpeltmek, abat saklamak we goramak baradaky döwlet maksatnamalaryny tassyklamak hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, şol maksatnamalary maliýeleşdirmek üçin tebigaty goramak gaznasyny döretmegiň we onuň serişdelerini peýdalanmagyň tertibini bellemek;

2) döwletiň goranmagyny hem-de howpsuzlygyny üpjün etmek üçin edara görnüşindäki taraplara tokaý gaznasynyň böleklerlni bermek;

3) tokaýdan peýdalanylanlygy üçin tölegleri bellemek, tokaý serişdelerinden peýdalanmagyň esasy görnüşleri üçln tölegleriň möçberlerini kesgitlemek;

4) tokaýlary belli bir topara degişli etmek;

5) tokaý gaznasynyň döwlet hasabyny, döwlet tokaý kadastryny, tokaýlaryň ýagdaýyna syn etmegi ýöretmegiň ýeke-täk tertibini bellemek;

6) tokaýlaryň ýagdaýyna, peýdalanylyşyna, üznüksiz köpeldilişine, abat saklanylyşyna we goralyşyna döwlet dolandyryşyny we döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

7) tokaý hojalygy babatda halkara hyzmatdaşlygyny ugrukdyrmak we amala aşyrmak.

Tokaý gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak boýunça ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler:

1) döwlet tokaý gaznasyna degişli tokaýlara we ýerlere eýelik etmek hukugy baradaky döwlet namalaiyny resmileşdirmek hem-de bellige almak;

2) daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryna we raýatlaryna tokaý serişdelerinden peýdalanmak hukugyna ygtyýar bermek;

3) Türkmenistanyň ýer kanunçylygyna laýyklykda tokaý gaznasyna degişli ýerlerden ýeri bermek we yzyna almak;

## 2. Tokaýlary goramagyň we olardan peýdalanmagyň hukuk düzgüni

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, tokaýlaryň ekologik we durmuş-ykdysady talaplara laýyk gelýän ýagdaýda bolmagyny üpjün etmek maksady bilen olar saklanmaga we goralmaga degişlidir. Tokaýlary abat saklamak we goramak maksatnamaiar esasynda geçirilýär. Bu iş guramaçylyk, ykdysady we hukuk çäreleriniň toplumyny öz içine alýar.

Tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijileriň üstüne ýüklenýän wezipeler: olaryň çäginde ýangyna garşy göreş enjamlaryny gurmak; tokaýlarda ýangyn howpsuzlygy baradaky talaplaryň bozulmagynyň öňüni almak, ony ýüze çykarmak we oňa ýol bermezlik; tokaý gaznasynyň içinden ýangyn geçen ýerlerini zerur bolan halatynda arassalamak.

Döwlet tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijiler tokaýlary ýangyndan goramak çärelerini döwlet tokaý hojalyk edaralarynyň mehanizmleriniň gulluklaryny bellenen tertipde çekip bilýärler, şeýle hem tokaý gaznasyny ýangyndan goramak borjuny tokaý serişdelerinden peýdalanyjylara bermäge hukuklydyrlar.

Döwlet tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijileriň üstüne tokaýlary şu aşakdakylardan goramak wezipeleriniň ýüklenip bilinýändigi göz öňünde tutulýar:

1) tokaýdan peýdalanmagy amala aşyrmagyň kadalarynyň bozulmagyndan, şeýie hem dowlet tokaý gaznasynda tokaýdan peýdalanmak bilen baglanyşykly bolmadyk işleriň geçirilmeginden;

2) agaçlaryň bikanun çapylmagyndan, iri we gyrymsy agaçlaryň, tokaý osümlikleriniň, gögerip çykan agaçlaryň we gymmatly agaç tohumyndan bolan ýaş agaçlaryň ýok edilmeginden hem-de zaýalanmagyndan;

3) bikanun aw awlamakdan;

4) tokaýlaryň hapa suwlar, himiki maddalar bilen, senagat hem-de kommunal-durmuş zyňyndylary we galyndylary bilen hapalanmagyndan;

5) döwlet tokaý gaznasyna degişli ýerlerden peýdalanmagyň bellenen tertibiniň bozulmagyndan;

6) çäk goýujy, tokaý gurluşy we tokaý hojalyk belgileriniň zaýalanmagyndan hem-de ýok edilmeginden;

7) tokaýlar üçin peýdaly haýwanat dünýäsiniň ýok edilmeginden;

Döwlet tokaý gaznasyna eýelik edijileriň üstüne tokaýlaryň biologlk taýdan durnuklylygyny ýokarlandyrmak, tokaýlary zyýan beriji mör-möjeklerden hem-de kesellerden goramak çärelerini geçirmek borjy ýüklenýär. Tokaýlary abat saklamak we goramak çäreleriniň amala aşyrylmagyny üpjün etmek ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, Tebigaty goramak

ministrliginiň hem-de ýörite ygtyýarly edilen beýleki döwlet edaralarynyň hem wezipesidir.

Kanunçylyga laýyklykda tokaýlary ýangyndan, weýrançylykdan, hapalanmakdan, gurpdan düşmekden goramak, zyýan beriji mör-möjeklerden, kesellerden hem-de beýleki ýaramsyz täsirlerden goramak çärelerini durmuşa geçirmegiň tertibini bellemek Tebigaty goramak ministrliginiň üstüne ýüklenýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tokaý gaznasynyň bölekleriniň alynmagy ýa-da wagtlaýyn eýelelenmegi, şeýle hem tokaýa eýelik edijileriň we tokaýdan peýdalanyjylaryň hukuklarynyň çäklendirilmegi ýa-da edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň geçiren işiniň täsiri bilen tokaýyň hiliniň ýaramazlaşmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň (şol sanda elden giderilen peýdanyň) öwezi doly tölenilmäge degişlidir.

Görkezilen zyýanyň öwezi tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijilere we tokaýdan peýdalanyjylara (şol zyýany çekenlere) tölenilýär. Çekilen zyýanyň öwezini özlerine tokaý gaznasynyň bölekleri bölünip berlen edara görnüşindäki taraplar töleýärler, şeýle hem haýsy edara görnüşindäki taraplaryň geçiren işi tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijileriň we tokaýdan peýdalanyjylaryň hukuklarynyň çäklendirilmegine ýa-da ýanaşyk ýerleşen tokaýlaryň hiliniň ýaramazlaşmagyna getiren bolsa, şol edara görnüşindäki taraplar bellenen tertipde tölemäge borçludyrlar.

Tokaýlar babatda ýokarda görkezilen zyýanyň öwezini dolmak meseleleri Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň

umumy düzgünlerinden (1027-nji madda) ugur alnyp, Tokaý kodeksinde we beýleki kanunçylykda kadalaşdyrylýar.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, döwlet tokaý gaznasynyň ýerleriniň tokaý hojalygyny ýöretmek bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlar üçin yzyna alynmagy, tokaýa eýelik edijileriň we tokaýdan peýdalanyjylaryň hukuklarynyň çäklendirilmegi ýa-da edara görnüşindäki taraplaryň geçiren işiniň täsiri bilen tokaýyň hiliniň ýaramazlaşmagy netijesinde tokaý önümçiliginiň ýitiren ýitgileriniň öwezi hem dolunmaga degişlidir. Bu ýitgiler ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen bir hatarda tölenilýär.

Görkezilen ýitgileri döwlet tokaý gaznasynyň ýerleri tokaý hojalygyny ýöretmek bilen baglanyşykly bolmadyk hajatlar üçin özlerine peýdalanmaga berlen edara görnüşindäki taraplar, şeýle hem döwlet gaznasyndan tokaý böleklerini alyp, tokaý hojalyk dolanyşygyndan çykarmak arkaly özleriniň desgalarynyň töwereginde gorag, sanitariýa zolaklaryny belleýän edara görnüşindäki taraplar tölemelidirler. Ýitgileriň öwezini dolmak tertibinde gelip gowuşýan serişdeler tokaýlaryň önümliligini artdyrmak, olary üznüksiz köpeltmek hem-de goramak üçin ulanylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň kanunçylygynda tokaýlara-eýelik edijileriň-hukuklary we borçlary kesgitlenendir. Olaryň hukuklaryna şu aşakdakylar degişli edilýär:

1) tokaý gaznasynda hojalygy özbaşdak ýöretmek;

2) tokaýdan peýdalanmagy we beýleki hojalyk işlerini amala aşyrmak;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde tokaý gaznasyndaky ýerlerden, umumy ýaýran ýerasty baýlyklaryndan, suwlardan, haýwanat dünýäsinden peýdalanmak;

4) tokaý gaznasyndan peýdalanniagyň netijesinde taýýarlanan tokaý önümçiliklerine hem-de alnan girdejä eýeçilik etmek;

5) tokaý gurluşy baradaky taslamalara laýyklykda tokaýdan peýdalanmagy amala aşyrmak üçin zerur bolan ýollary, ýaşaýyş we hojalyk jaýlaryny we beýlekileri gurmak;

6) kärhanalara, edaralara, guramalara we raýatlara tokaýdan peýdalanmak hem-de beýleki hojalyk işlerini alyp barmak hukugyny bermek.

Döwlet tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijileriň borçlaryna şu aşakdakylar girýär:

1) tokaýlaryň üznüksiz köpeldilip durulmagyny, abat saklanmagyny,
goralmagyny, olaryň sanitariýa ýagdaýynyň gowulandyrylmagyny, olara ideg edilmegini, tokaýlaryň önümliliginiň we tokaý topragynyň gurplulygynyň
artdyrylmagyny, tokaýdan peýdalanmak işiniň guralmagyny, tokaýlaryň hasaba alynmagyny hem-de tokaý hojalygyny ýöretmek baradaky beýleki borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek;

2) tokaýlaryň agaç serişdelerinden ylmy taýdan esaslandyrylan kadalaryň çäklerinde peýdalanmak;

3) iş alnyp barlanda, ony tokaýyň gurşaw dörediji we gurşaw goraýjy häsiýetleriniň saklanmagyny üpjün edýän usullar bilen ýerine ýetirmek;

4) tokaý kadastry we tokaý hasaba alyş resminamalaryň ýöredilmegini guramak;

5) tokaýdan peýdalanylanlygy üçin töleg almak;

6) tokaýlardan peýdalanylyşyna, olaryň üznüksiz köpeldilişine, abat saklanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

7) tokaý hojalygyny ösdürmegiň we tokaýdan peýdalanmagyň
maksatnamalaryny işläp taýýarlamak hem-de olaryň ýerine ýetirilmegini guramak;

8) kärhanalar, edaralar we guramalar tarapyndan ekologik talaplar bozulanda olaryň hojalyk işini 10 güne çenli duruzmak;

9) tokaýlardan dynç alyş maksatlary we aw hojalygynyň hajatlary üçin peýdalanmagy kadalaşdyrmak.

Kanunçylyk döwlet tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik edijileriň hukugynyň bes edllmeginiň esaslaryny hem kesgitleýär. Olaryň eýelik etmek hukugy şu aşakdaky halatlarda bes edilmäge degişlidir:

1) tokaý gaznasynyň bölekleri özleriniň eýelik etmek hukugyna berlen birleşikleriň, edaralaryň we guramalaryň işiniň bes edilmegi;

2) döwlet tokaý gaznasynyň bölekleriniň öz maksat bellenmesine görä peýdalanylmazlygy;

3) döwlet ýa-da jemgyýetçllik hajatlary üçin döwlet tokaý gaznasynyň ýerleriniň bellenen tertipde yzyna alynmagy.

Tokaý hojalygynyň rejesiz peýdalanylmagy netijesinde tokaýlaryň ýagdaýy we hili ýaramazlaşan halatlarynda hem döwlet tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik etmek hukugynyň bes edilmegi mümkindir.

Kanunçylykda tokaý serişdelerinden peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär. Olaryň hukuklary:

1) tokaýdan peýdalanmagy amala aşyrmak üçin tebigy görnüşde tokaý bölekleriniň bölünip berilmegine hukuk;

2) bellenen tertipde ýol çekmäge, önümçilik we hojalyk jaýlaryny gurmaga hem-de olarda enjam oturtmaga bolan hukuk.

Tokaý serişdelerinden peýdalanyjylaryň borçlaryna şu aşakdakylar degişli edilendir:

1) bölünip berlen tokaý böleklerini has doly we rejeli peýdalanmak;

2) iş alnyp barlanda, ony tokaýlaryň ýagdaýyna we üznüksiz köpeldilmegine ýaramaz täsir etmeýän usullar bilen ýerine ýetirmek;

3) ýangyn howpsuzlygyny berjaý etmek, işler alnyp barylýan ýerlerde ýangyna garşy göreş çärelerini geçirmek, tokaý ýangynlary dörän halatlarynda bolsa olary söndürmek;

4) agaç çapylan ýerlerde galan agaç böleklerini aýryp arassalamak hem-de şol ýerlerden niýetlenilişi ýaly peýdalanmak üçin ýaramly ýagdaýa getirmek.

Kanunçylykda tokaýdan peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň esaslary hem göz önünde tutulýar. Bu hukuk şu aşakdaky halatlarda bes edilýär:

1) tokaýdan peýdalanmakdan meýletin ýüz dönderlende;

2) tokaýdan peýdalanmak hukugynyň berlen möhleti gutaranda;

3) tokaýdan peýdalanmak hukugyny amala aşyrýan edara görnüşindäki taraplar öz işini bes eden wagtynda;

4) tokaý serişdelerinden peýdalanmagyň tokaýdan peýdalanmak barada bellenen tertibiň bozulmagy arkaly amala aşyrylanda;

5) tokaýdan peýdalanmak işi geçirilende ol tokaýlaryň we beýleki tebigy serişdeleriň ýagdaýyna we üznüksiz köpeldilmegine ýaramaz täsir edýän, tokaýlaryň ekologik wezipelerini peseldýän, toprak eroziýasynyň döremegine getirýän usullar bilen ýerine ýetirilende;

6) tokaýdan peýdalanylanlygy üçin tölenilmeli töleg bellenen möhletlerde tölenilmese;

7) tokaý gaznasynyň ýerleri döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alynsa.

Görkezllenlerden başga-da Türkmenistanyň kanunçylygynda tokaý serişdelerinden peýdalanmak hukugyny bes etmegiň beýleki esaslarynyň hem göz öňünde tutulmagy mümkindir.

Türkmenistanyň raýatlarynyň tokaýlarda bolmak hukugy bilen baglanyşykly meseleler hem kanunçylykda kadalaşdyrylýar. Raýatlar tokaýlarda arkaýyn gezmäge haklydyr. Olar tokaýlardan medeni-sagaldyş maksatlary üçin, dynç almak we syýahat etmek üçin peýdalanyp bilýärler.

Şol bir wagtyň özünde raýatlar tokaýlarda bolanlarynda ýangyn howpsuzlygy baradaky talaplary berjaý etmäge borçludyrlar, iri we gyrymsy agaçlary döwmeli, çapmaly, tokaýy hapalamaly däldirler, garynja hinlerine, guş höwürtgelerine zeper ýetirmell däldirler hem-de tokaýlary abat saklamak we goramak boýunça kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki talaplary berjaý etmäge borçludyrlar.

Tokaýlarda, şeýle hem döwlet tokaý gaznasynyň tokaý bilen örtülmedik ýerlerinde tokaýdan peýdalanmagy amala aşyrmak kanunçylykda göz öňünde tutulan talaplar we şertler berjaý edilen wagtynda bolup biler. Tokaýdan peýdalanmak hukugynyň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1) agaç taýýarlamak;

2) ikinji derejeli tokaý materiallaryny (töňňe, agaç gabygy) taýýarlamak;

3) tokaý agaçlaryny taýýarlamaga degişli bolmadyk başga maksatlar üçin, ýagny ot ýatyrmak, mal bakmak, bal ary öýjüklerini, gapyrjaklaryny, balykçylyk

4) hojalygyny ýerleşdirmek, ýabany miweleri, hozlary, kömelekleri, ir-iýmişleri, dermanlyk ösümlikleri we tehniki çig maly taýýarlamak we ýygmak üçin peýdalanmak. Tokaý gaznasyna degişli ýerleriň hataryna girýän oba hojalyk meýdanlarynda ot ýatyrmak we mal bakmak işi tokaý hojalyklarynyň bähbitleri göz öňünde tutalyp, ýer kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylýar;

5) tokaýdan ylmy-barlag maksatlary üçin peýdalanmak;

6) tokaýdan medeni-sagaldyş maksatlary üçin peýdalanmak;

7) tokaýdan aw hojalygynyň hajatiary üçin peýdalanmak.

Tokaýdan peýdalanmagyň beýleki görnüşleri hem kanunçylykda göz öňünde tutulyp bilner.

Kanunçylyga laýyklykda tokaýdan peýdalanmak tokaý gurluşynyň, tokaý gaznasyny barlamagyň materiallary

esasynda ylmy taýdan esaslandyrylyp kesgitlenilýän kadalaryň çäklerinde amala aşyrylýar.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, raýatlaryň tokaýda bolmak hukugyndan beýleki halatlarda tokaýdan peýdalanmaga hukuk diňe aýratyn rugsat, ýagny agaç çapmak bileti (orderi) ýa-da tokaý bileti boýunça berilýar. Agaç çapmak bileti (orderi) ýa-da tokaý bileti tokaý gaznasynyň bölekleri özleriniň eýelik etmek hukugynda durýan kärhanalar, edaralar we guramalar tarapyndan berilýär hem-de ol degişli tokaýlardan peýdalanmaga hukuk berýär.Agaç çapmak bileti (orderi) ýa-da tokaý bileti tokaýdan nähili tertipde peýdalanmaly diýlip berlen bolsa, tokaý gaznasynyň degişli böleklerinden diňe şoňa laýyklykda peýdalanylmalydyr.

Döwlet tokaý gaznasynyň bölekleri özleriniň eýelik etmek hukugynda durýan kärhanalar, edaralar we guramalar tokaýdan peýdalanmagy amala aşyranlarynda özleriniň tokaýdan peýdalanmak hukugyny umumy esaslarda resmileşdirmelidirler.

Syýahat, dynç alyş binýatlaryny we beýleki kömekçi zatlary düýpli görnüşde bolmadyk binalar bilen ýerleşdimiegiň tertibi Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary bilen ylalaşylyp beilenilýär.

Tokaý ýerlerinden aw hojalygynyň hajatlary üçin peýdalanmak hukugyny bermegiň tertibi bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

## 3. Tokaý hukuk bozulmalary we olar üçin jogapkärçilik

Tokaý gatnaşyklary babatdaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy tokaý hukuk bozulmalary hasaplanylýar. Bu hukuk bozulmalaryň sanawy Tokaý kodeksinde kesgitlenendir. Olaryň düzüminde şu aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

1) döwlet tokaý gaznasynyň böleklerini satmak, satyn almak, peşgeş bermek, girew goýmak, birugsat çalyşmak, şeýle hem döwlet tokaý gaznasynyň böleklerine eýelik etmek hukugyny we tokaýdan peýdalanmak hukugyny birugsat başga birine geçirmek;

2) tokaý agaçlaryny bikanun çapmak, iri we gyrymsy agaçlary ýok etmek, we olara zeper ýetirmek;

3) otlamak, oda seresapsyzlyk çemeleşllmegi netijesinde tokaýy ýok etmek ýa-da oňa zeper ýetirmek;

4) tokaýlarda ýangyn howpsuzlygynyň kadalaryny bozmak;

5) tokaýlara hapa suwlar, himiki maddalar, senagat hem-de kommunal-durmuş zyňyndylary we galyndylary bilen zeper ýetirmek ýa-da olary hapalamak;

6) döwlet tokaý gaznasynyň wagtlaýyn eýelenllýän böleklerini gaýtaryp bermegiň möhletlerini bozmak ýa-da şol bölekleri öz niýetlenilişine görä peýdalanar ýaly ýaramly ýagdaýa getirmek borjuny ýerine ýetirmezlik;

7) tohum ösümlikleri, tokaý nahalhanalaryndaky we meýdanlaryndaky ekilen ýa-da oturdylan nahallary, şeýle hem tokaýy önki kaddyna getirmek üçin niýetlenen meýdanlarda kökden we gaçan tohumdan gögerip çykan ýaş agaçlary ýok etmek ýa-da olara zeper ýetirmek;

8) döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerini degişli rugsat almazdan ondaky agaçlary töňňesi bilen goparyp aýyrmak, gurluşyk işlerini alyp barmak, çapylan agaçlary işläp bejermek, ammar gurmak üçin peýdalanmak$_3$ tokaý ýerleriniň topragyny we toprak örtügini zaýalamak;

9) tokaýlarda we döwlet tokaý gaznasynyň iri we gyrymsy agaç ösümlikleri bilen örtülmedik ýerlerinde birugsat ot ýatyrmak we mal bakmak;

10) ýygmagy gadagan edilen ýa-da tokaý bileti boýunça ýygmaga ýol berilýän tokaýlarda ýabany miweleri, hozlary, kömelekleri, ir-iýmişleri, dermanlyk ösümlikleri birugsat ýygmak;

11) tokaý agajyny çapyş gaznasyny peýdalanmagyň, agaç taýýarlamagyň we äkitmegiň bellenen tertibini bozmak;

12) tokaý gaznasyndaky çäk goýujy, tokaý gurluşyk we tokaý hojalyk belliklerini ýok etmek hem-de olara zeper ýetirmek;

13) tokaýlar üçin peýdaly haýwanlary ýok etmek;

14) bikanun aw awlamak;

Görkezilen hukuk bozulmalarynyň edilmegi hukuk bozujylaryň raýat, dolandyryş, jenaýat jogapkärçiligine we hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerine çekilmegine getirýär. Bellenilişi ýaly, döwlet tokaý gaznasynyň birugsat eýelenen bölekleri öňki ýerine gaýtarylyp berilmelidir. Şunda şolaryň bikanun peýdalanylan döwründe edilen harajatlaryň öwezi dolunmaýar.

Kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň geçirýän işleri gadagan edilip ýa-da duruzylyp bilner, eger-de şol işler geçirilende olar tokaýlary ýangyndan goramagy hem-

de tokaýlaryň ýagdaýyny we üznüksiz köpeldilmegine zyýanly täsir edilmegini aradan aýyrmagy üpjün edýän tehnologiýa, sanitariýa çäreleriniň we beýleki çäreleriň ýerine ýetirilmezligi sebäpli tokaýlaryň ýagdaýy we üznüksiz köpeldilmegi üçin howp döredýän bolsa.

Meýdan gorag zolaklaryny ýa-da tokaý gaznasyna girmeýän beýleki gorag maksatlary hem-de bagy-bossançylyk üçin peýdalanylýan iri gyrymsy agaçlary ýok etmek hem-de olara zeper ýetirmek kanunçylyga laýyklykda aýratyn goralýan territoriýalardaky birinji topara degişli tokaýlaryň ýok edilendigi ýa-da olara zeper ýetirilendigi üçin bellenen hukuk jogapkärçiligine getirip biler.

Tokaý hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilik çäreleri Türkmenistanyň jenaýat, dolandyryş, raýat, zähmet we tokaý kanunçylygynda göz öňünde tutulýar. Şoňa laýyklykda tokaý gatnaşyklary babatdaky jogapkärçiligiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk, düzgün-nyzam we tokaý-hukuk.

1) Jenaýat kodeksine laýyklykda tokaýlar babatda şu aşakdaky hereketler (hereketsizlik) jenaýat hasaplanylýar:

Birinji topara degişli tokaýlarda ýa-da ähli toparlara degişli tokaýlaryň aýratyn goralýan territoriýalarynda agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bikanun çapylmagy, şonuň ýaly-da şolaryň ösüşini bes etmegine çenli zaýalanmagy, eger bu hereketler ep-esli zyýan ýetiren bolsa.

2) tokaýlaryň ähli toparlaryna degişli agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bikanun çapylmagy, şomuň ýaly-da olaryň ösüşini bes etmegine çenli zaýalanmagy, eger şonuň ýaly hereketler: a) gaýtadan; b) öz gulluk ýagdaýyny

peýdalanan adam tarapyndan w) uly möçberde amala aşyrylan bolsa. Şunda zähmete hak tölemegiň jenaýat amala aşyrylan pursatyndaky ortaça aýlyk möçberinden ýitginiň bellenilen nyrh boýunça hasaplanylyp çykarylanynyň 5 essesinden geçýän möçberi.

3) tokaý toplumlaryny ýa-da tebigatyň beýleki zatlaryny otlamak arkaly ýa-da umumy howply bolan başga bir usuly bilen bilkastlaýyn ýok etmek ýa-da zaýalamak.

4) oda ýa-da ýokary derejede howply bolan beýleki çeşmelere seresapsyzlyk çemeleşilmegi netijesinde tokaý toplumlaryny ýok etmek ýa-da zaýalamak.

Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda dolandyryş jogapkärçiligine (jerimäniň salynmagyna) getirýän hereketler şu aşakdakylardyr:

tokaýdan peýdalanmak hukugynyň başga birine birugsat berilmegi, şeýle hem tokaýa döwlet eýeçilik hukugyny gös-göni ýa-da ýaşyryn görnüşde bozýan beýleki geleşikleriň edilmegi.

döwlet gaznasynyň ýerleriniň böleklerini peýdalanmaga degişli ygtyýar almazdan olaryň agaçlaryny töňňesi bilen goparmak, jaý gurmak, çapylan agaçlary gaýtadan işlemek, ammarlar gurmakwe şuňa meňzeşler üçin peýdalanylmagy.

tokaý agaçlaryny çapmak gaznasyny peýdalanmagyň, agaç taýýarlamagyň we äkitmegiň hem-de smolaly dury şire taýýarlamagyň bellenilen tertibiniň bozulmagy.

uly we gyrymsy agaçlaryň bikanun çalyşmagy hem-de olara şikes ýetirilmegi, tokaý nahalhanalarynda we meýdanlarynda tokaý ösümlikleriniň, ekilen ýa-da oturdylan nahallaryň, şeýle hem tokaýy öňki kaddyna getirmek üçin niýetlenen meýdanlarda kökden gögerip

çykan we gaçan tohumlardan gögeren ösüntgi agaçlaryň ýok edilmegi ýa-da olara şikes ýetirilmegi.
tokaýlarda ýaş agaçlaryň ýok edilmegi ýa-da olara şikes ýetirilmegi.
tokaýdan peýdalanmagyň tokaýda agaç çapmak biletinde (orderinde) ýa-da tokaý biletinde göz öňünde tutulan maksatlara ýa-da talaplara laýyk amala aşyrylmazlygy.
Tokaýlary dikeltmek, olaryň ýagdaýyny we tohum düzümini gowulandyrmak, önümliligini ýokarlandyrmak, şonuň ýaly-da ýetişen agaç serişdelerini peýdalanmak baradaky kadalaryň, düzgünleriň bozulmagy.
döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerindäki ot ýatyrylýan ýerleriň we öri meýdanlaryň zaýalanmagy.
tokaýlarda we döwlet tokaý gaznasynyň tokaýsyz ýerlerinde birugsat ot ýatyrylmagy we mal bakylmagy, ýygmak gadagan edilen ýa-da diňe tokaý biletleri boýunça ýygmaga ýol berilýän ýerlerde ýabany miweleriň, hozlaryň, kömelekleriň, ir-iýmişleriň we şuňa meňzeşleriň birugsat ýygylmagy.
tokaýlaryň ýagdaýyna we üznüksiz köpeldilmegine ýetýän zyýanly täsiriň öňüni alýan enjamlar bilen üpjün edilmedik täze we durky täzelenilen kärhanalaryň, sehleriň, agregatlaryň, ulag ýollarynyň, komunal we beýleki zatlaryň ulanylmaga berilmegi.
Tokaýlara hapa suwlar, himiki jisimler, senagat hem-de kammunal-durmuş zyňyndylary, galyndylary we taşlandylary bilen şikes ýetirilip, munuň tokaýyň guramagyna ýa-da kesellemegine getirmegi.
Tokaýlaryň durmuş galyndylary we taşlandylary bilen hapalanmag. Döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerindäki tokaýyň suwuny çekdiriji ganawlaryň, drenaž

ulgamlarynyň we ýollaryň ýumrulmagy ýa-da zaýalanmagy.
tokaýlarda çäk görkeziji bellikleriň ýok edilmegi we zaýalanmagy.
tokaý üçin peýdaly janly-jandarlaryň ýok edilmegi.
tokaýlarda ýangyn howpsuzlygynyň talaplarynyň bozulmagy. Otlamak ýa-da oda seresapsyz çemeleşilmegi netijesinde tokaýyň ýok edilmegi ýa-da oňa şikes ýetirilmegi, şonuň ýaly-da tokaýlarda ýangyn howpsuzlygynyň talaplarynyň bozulyp, munuň tokaý ýangynynyň döremegine ýa-da şol ýangynyň ep-esli meýdana ýaýramagyna getirmegi.
Tokaý kanunçylygynyň bozulmagy bilen ýetirilen zyýan üçin raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi bellenilýär. Hukuk jogapkärçiliginiň bu görnüşi bilen baglanyşykly meseleler Raýat kodeksi (1027-nji madda) we beýleki hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Edara görnüşindäki taraplarda zähmet gatnaşyklary bilen baglanyşykly tokaý hukuk bozulmalary üçin wezipeli adamlar we beýleki işgärler barada Zähmet kodeksinde (164-nji madda) göz öňünde tutulan düzgün-nyzam täsir ediş çäreleri ulanylyp bilner.
Tokaý-hukuk bozulmalary üçin hukuk jogapkärçiliginiň ýene-de bir görnüşi ýörite-hukuk (tokaý-hukuk) jogapkärçiligidir, ýagny tokaýlardan peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan ýörite ygtyýarly edaralar tarapyndan tokaý-hukuk bozulmalary üçin tokaýdan peýdalanmak boýunça geçirilýän işleriň bes edilmegi ýa-da duruzylmagy we beýlekiler.

4. Ösümlik dünýäsi goramagyň we peýdalanmagyň obýekti hökmünde

Garaşsyzlyk şertlerinde ösümlik dünýäsi bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirmek zerurlygy ýüze çykdy. Şundan ugur alnyp, 1993-nji ýylyň 28-nji dekabrynda „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakynda“ kanun kabul edildi.

Bu kanun ekologik ulgamlarynyň we biosferanyň durnuklylygyny hem-de bir kadalylygyny üpjün etmegiň esasy hökmünde ösümlik dünýäsiniň biologik taýdan köpdürlüligini saklamak üçin, şeýle hem ösümlik örtügini talaba laýyk goramak, rejeli peýdalanmak hem-de dikeltmek üçin, häzirki we geljekki nesilleriň hatyrasyna tebigy gurşawy abat saklamak hem-de gowulandyrmak üçin degişli döretmek maksadyny göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň ösümlik dünýäsi baýdyr. Ýurtda ösümlikleriň 7051 görnüşi bardyr.

Görkezilen kanun Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmekde möhüm orun tutýar. Bu kanun ösümlik dünýäsiniň öz tebigy ýagdaýynda döwletiň eýeçiliginde durýanlygyndan ugur alýar hem-de onuň obýektlerini kesgitleýär. Kanun ösümlik dünýäsine eýelik etmek hukugy, ondan peýdalanmak hukugy onuň obýektlerinden peýdalanmagyň görnüşleri we tertibi, şeýle hem olardan peýdalanmagyň tölegliligi baradaky düzgünleri berkidýär.

Kanunda ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak we olardan rejeli peýdalanmak baradaky gatnaşyklary düzgünleşdirmekde babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygy kesgitlenilýär. Ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik edijileriň we olardan peýdalanyjylaryň

hukuklary hem-de borçlary, şeýle hem olaryň hukuklarynyň goralmagy we kepillendirilmegi baradaky kadalaryň hem ähmiýeti uludyr.

Ösümlik dünýäsini goramak, yzygiderli köpeltmek, ondan rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrmakda „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunyň, beýleki käbir kanunlaryň hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek, seýligähleri döretmek, tebigy gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmak meselelerini düzgünleşdirmäge gönükdirilen hukuk namalaryň ähmiýeti uludyr.

Ösümlik dünýäsi babatda Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler:

ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak we olardan rejeli peýdalanmak baradaky belli maksada gönükdirilen döwlet hem-de döwletara toplumlaýyn ylmy-barlag maksatnamalaryny tassyklamak, şu ugurdaky umumydöwlet we döwletara ähmiýetli çäreleri meliýeleşdirmek hem-de şol çäreleri maddy-tehniki taýdan üpjün etmek, görkezilen çäreleri ýerine ýetirmek üçin serişdeleri döwlet derejesinde meýletin kooperirlemek we ony goramak;

ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak hem-de olardan rejeli peýdalanmak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň, edara görnüşindäki taraplaryň alyp barýan işlerini ugrukdyrmak;

ösümlik dünýäsine zyýanly täsir edýän desgalaryň işini duruzmagyň, ýatyrmagyň tertibini bellemek;

Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky Düzgünnamany hem-de ony ýöretmegiň tertibini tassyklamak, seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky ösümlikleriň

görnüşlerini goparyp almaga (ýygmaga, taýýarlamaga) hem-de döwletiň çäklerinden daşary äkitmäge bellenen tertipde rugsat bermek;

döwletiň çäginde tebigy şertlerde ösýän ýabany ösümlikleriň mukdaryny we olaryň ýaýraýşyny kadalaşdyrmagy guramak hem-de olaryň ätiýaçlyklaryny janly tebigata we ykdysadyýete zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen peýdalanmak;

ösümlik dünýäsiniň ýagdaýyna syn etmegi ýöretmegiň ýeke-täk tertibini bellemek.

Ösümlik dünýäsi babatda welaýatlaryň ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler:

ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak hem-de olardan rejeli peýdalanmak barada kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň işini ugrukdyrmak;

ösümlik dünýäsine zyýanly täsir edýän desgalaryň işini duruzmak, ýatyrmak baradaky marteriallara garamak hem-de teklip girizmek;

kanunçylyga laýyklykda ösümlik dünýäsiniň obýektlerini raýatlara we edara görnüşindäki taraplara eýelik etmäge, peýdalanmaa, kärendesine berlişine gözegçilik etmek;

ösümlik dünýäsiniň ýagdaýyna syn etmegi ýöretmegiň ýeke-täk tertibini bellemek;

ekologik talaplaryň bozulmagyna ýol berýän kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň hojalyk işini 10 güne çenli möhlet bilen duruzmak.

Etraplaryň, şäherleriň ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ösümlik dünýäsi babatdaky ygtyýarlygy:

kanunçylyga laýyklykda ösümlik dünýäsiniň obýektlerini raýatlara, edara görnüşindäki taraplara eýelik etmäge, peýdalanmaga we kärendesine bermek;
ösümlik dünýäsiniň ýagdaýyna hemişe syn etmek, oňa baha bermek hem-de ilkinji hasaba alyş resminamalary ýöretmek;
ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramagy we olardan rejeli peýdalanmagy meýilleşdirmek;
tebigy ösümlik serişdelerinden peýdalanmak üçin edara görnüşindäki taraplara we raýatlara paý bellemek;
ösümlik dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak babatda dolandyryşy we gözegçiligi amala aşyrmak, hukuk bozulmalary barada materiallary düzmek hem-de olara öz ygtyýarlygynyň çäginde garamak.
Kanunçylyga laýyklykda ösümlik dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanmagyň hukuk görnüşleri eýelik etmek hukugy, peýdalanmak hukugy hem-de kärende hukugydyr. Eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan Türkmenistanyň her bir edara görnüşindäki tarapy we raýaty ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik ediji we peýdalanyjy bolup biler. Ýer eýeleri, ýerden peýdalanyjylar şol bir wagtyň özünde özlerine berkidilen çäklerde ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik edijiler we ondan peýdalanyjylar hasaplanýar. Eýelik edilip ýa-da peýdalanyp ýörlen ösümlik dünýäsiniň obýektleri beýleki edara görnüşindäki tarapa ýa-da raýata diňe şolaryň gögerip oturan ýeri bellenen tertipde yzyna alnandan soň berlip bilner.

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplary we raýatlary, şeýle hem daşary ýurtlaryň edara görnüşindäki taraplary we raýatlary ösümlik dünýäsiniň obýektlerini

wagtlaýyn peýdalanyjylar (şol sanda kärende şertlerinde) hökmünde çykyş edip bilerler. Ösümlik dünýäsini kärendesine bermäge ygtyýarly edilen adaralar bolsa ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarydyr. Kärendä bermegiň möhleti we şertleri taraplaryň ylalaşmagy esasynda kesgitlenilýär we şertnamada göz öňünde tutulýar.

Kanunçylykda ösümlik dünýäsinden peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylyp bilinýändigi bellenilýär: maldarçylyk hajatlary üçin ýabany ot-iým önümini taýýarlamak; mal bakmak; agaç-odun taýýarlamak; ýabany ösümlikleri azyk maksady üçin peýdalanmak (ýygmak); ýabany ösýän dermanlyk çig maly taýýarlamak (ýygmak); ösümlik dünýäsini aw hojalygynyň hajatlary üçin bal aryçylyk hajatlary üçin peýdalanmak; ösümlik dünýäsiniň toprak goraýjy, toprak emele getiriji, suw goraýjy sypatlaryny we gurşaw emele getiriji beýleki sypatlaryny ykdysadyýetiň hajatlary üçin, ylmy-barlag maksatlary üçin, medeni aň-bilim, terbiýeçilik we estetiki, dynç alyş we sagaldyş maksatlary üçin peýdalanmak.

Kanunçylykda ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik etmek hukugynyň we olardan peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň hem-de şolaryň yzyna alynmagynyň esaslary kesgitlenendir. Görkezilen hukuklaryň doly ýa-da kem-käsleýin bes edilmeginiň esaslary şu aşakdakylardyr.

meýletin ýüz döndermek;

bellenen möhletiň gutarmagy;

peýdalanmak zerurlygynyň aradan aýrylmagy;

eýelik etmek hukugy ýa-da peýdalanmak hukugy berlen edara görnüşindäki taraplaryň alyp barýan işiniň ýa-da raýatlaryň özbaşdak işiniň bes edilmegi;

peýdalanmaga bermek bilen baglanyşykly gatnaşyklaryň bes edilmegi;
döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin, ösümlikk we haýwanat dünýäsini goramak maksady bilen ýa-da ilatyň saglygy üçin howp döremegi bilen baglanyşykly yzyna alynmagy;
ösümlik dünýäsine eýelik edijileriň we ondan peýdalanyjylaryň borçlarynyň yzygiderli ýerine ýetirilmezligi;
tebigy ösümlik serişdeleri üçin tölenmeli tölegleriň yzygiderli tölenilmezligi we beýlekiler.
Ösümlik dünýäsine eýelik etmek ýa-da peýdalanmak hukugy şol hukuklara degişli resminamalary beren ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan bes edilip bilner.

Ösümlik dünýäsinden peýdalanmagyň we ony goramagyň hukuk düzgüni
Ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik edijileriň we olardan peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary kanunçylykda berkidilendir. Olaryň hukuklaryna şu aşakdakylar degişlidir:
ösümlik dünýäsini hojalyk hajatlary üçin bellenen tertipde peýdalanmak (ösümlik dünýäsiniň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna we Tebigaty we tebigy serişdeleri goramak baradaky Halkara birleşiginiň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleri muňa girmeýär);
ösümlik dünýäsiniň obýektleriniň özleriniň bellenen tertipde taýýarlan (ýygan) hem-de eýeçiliginde duran önümlerine ygtyýar etmek (ösümlük dünýäsiniň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna we Tebigaty we tebigy

serişdeleri goramak baradaky Halkara birleşiginiň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşlerine degişli bolan önümler muňa girmeýär), şeýle hem şol önümleri ýerlemekden alan girdejisine ygtyýar etmek;
ösümlik dünýäsiniň obýektlerine ýanaşyk ýerleri meliorasiýalaşdyrmak meseleleriniň durmuşa geçirilmegine gatnaşmak.
Ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik edijileriň we olardan peýdalanyjylaryň üstüne şu aşakdaky borçlar ýüklenilýär:
öz niýetlenilişi ýaly rejeli peýdalanmak, önümliligini we durnuklylygyny ýokarlandyrmak, hojalyk işiniň netijesinde bitýän-gögerýän gurşawynyň ýaramazlaşmagyna ýol bermezlik, ýabany ösümlik çig maly pişe maksady bilen taýýarlananda tebigaty goraýyş tehnologiýasyny ulanmak;
tebigy ösümlik toplumlarynyň tükelliginiň düzedip bolmajak tozdurylmagyna ýol bermeýän hem-de peýdalanmak üçin berilmedik ýabany ösümlikleriň abat saklanmagyny üpjün edýän usullary ulanmak;
ösümlik dünýäsiniň ýagdaýyna syn etmegi amala aşyrmakda döwlet edaralaryna ähli çäreler arkaly ýardam etmek;
görnüş düzümini üznüksiz köpeltmek, abat saklamak we gowulandyrmak, ýabany ösümlikleriň bitimliligini we onuň hilini, tohumlarynyň we miweleriniň, beýleki önümleriniň hasyllylygyny artdyrmak, tebigy ösümlik toplumlarynyň gurşaw emele getiriji sypatlaryny goowulandyrmak, ösümlik örtüginiň durnuklylygyny ýokarlandyrmak baradaky çäreleri amala aşyrmak we beýlekiler.

Ösümlük dünýäsiniň edara görnüşindäki taraplara (pudaklaýyn tabynlyga we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan) eýelik etmäge, peýdalanmaga, kärendesine berlen obýektlerini döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna almak olaryň çeken ähli zyýanynyň (şol sanda elden giden peýdanyň) öwezi doly tölenen halatynda amala aşyrylyp bilner.

Tebigy gurşawyň düzüm bölegi bolan ösümlik dünýäsini goramak babatdaky esasy wezipeler we borçlar kanunçylykda kesgitlenendir. Ösümlik dünýäsini goramak diýlende ösümlikleriň rejeli peýdalanmagyna, tebigy ösümlikler gögerip oturan meýdanlaryň esassyz başga görnüşdäki meýdanlara ösümliklerini ýok etmek arkaly geçirilimeginiň öňüniň alynmagyna, ösümlik dünýäsiniň adamlaryň geçirýän işleriniň we edýän hereketleriniň zyýanly täsirlerinden goralyp saklanmagyna, şeýle hem ösümlik dünýäsiniň üznükisz köpeldilmegine, önümliliginiň we durnuklylygynyň ýokarlanmagyna gönükdirilen hukuk, guramaçylyk, ykdysady çäreleriň ulgamyna düşünilýär.

Ösümlik dünýäsini goramak işi toplumlaýyn çemeleşilip hem-de onuň degişli aýratynlyklary göz öňünde tutulyp amala aşyrylýar. Ösümlik dünýäsiniň obýektlerini rejeli peýdalanmak ulgamy tebigy gurşawy goramak we onuň serişdelerini aýamak häsiýetde bolmalydyr hem-de ýabany ösümlikleriň gurşawynyň we olary emele getirýän tebigy ösümlik toplumlarynyň abat saklanmagy göz öňünde tutulmalydyr, toprak örtügine, ýer jümmüşine, haýwanat dünýäsine we tebigy gurşawyň beýleki düzüm böleklerine edilýän täsirleriň çäklendirilmegini üpjün etmelidir.

Ösümlik dünýäsiniň zatlaryna eýelik edijileriň, ondan peýdalanyjylaryň, şol sanda kärendeçileriň üstüne şu aşakdaky borçlar ýüklenilýär:
birugsat peýdalanmakdan hem-de olardan peýdalanmagyň bellenen tertibiniň beýleki bozulmalaryndan goramak;
tebigy ösümlik toplumlarynda ýangynyň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni almak, olary ýüze çykarmak hem-de ýangyny ýatyrmak, şeýle hem zerur bolan halatynda ýangyny söndürmäge bellenen tertipde degişli döwlet edaralaryny çekmek;
aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň düzgünini hem-de gorag zolaklarynda we aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň çäklerinde bellenen çäklendirmeleri we gadagan etmeleri berjaý etmek;
Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna, Tebigaty we tebigy serişdeleri goramak baradaky halkara birleşiginiň Gyzyl kitabyna girizilen ösümlikleriň görnüşlerini hem-de ösümlik toplumlarynyň obýektlerini goramak düzgünini berjaý etmek;
ýabany ösümlikleri zyýan beriji mör-möjeklerden hem-de kesellerden goramak, ösümlikleriň karantini we tebigy ösümlik toplumlarynda hapa-haşal otlara garşy göreşmek boýunça talaplary berjaý etmek;
ösümlik dünýäsiniň obýektlerini suw eroziýasyndan, silden,suwuň basmagyndan, şorlamakdan, guramakdan, senagat we durmuş galyndylary we hapa suwlary, himiki maddalar bilen hapalanmakdan goramak.

Ösümlik dünýäsini goramak babatda tebigaty goraýyş döwlet edaralarynyň wezipelerine şu aşakdakylar degişli edilýär:

ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak, abat saklamak, üznüksiz köpeltmek we rejeli peýdalanmak barada kadalary bellemek;
ösümlik dünýäsiniň obýektlerini peýdalanmakda çäklendirmeleri we gadagan etmeleri bellemek;
kanunçylykda bellenilen tertipde goraghanalary, milli seýilgähleri we beýleki aýratyn goralýan tebigy territoriýalary we obýektleri döretmek;
Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna we Tebigaty we tebigy serişdeleri goramak baradaky Halkara birleşiginiň Gyzyl kitabyna girizilen ösümlikleriň görnüşlerini hem-de ösümlik toplumlarynyň obýektlerini goramagyň aýratyn düzgünini bellemek;
ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak we üznüksiz köpeltmek baradaky çäreleri üpjün etmäge gönükdirilen ylmy barlaglary guramak;
ösümlik dünýäsiniň ýagdaýyna syn etmegi, onuň goralyşyna we peýdalanylyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak, össümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky kanunçylygy bozmakda günäkär adamlary jogapkärçilige çekmek;

Ösümlik dünýäsini goramakda 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen „Ösümlikleriň karantini hakyndaky“ Türkmenistanyň kanunynyň ähmiýeti uludyr.
Kanunçylykda ösümlik dünýäsi babatda hukuk bozulmalar diýilip hasaplanylýan hereketleriň sanawy berilýär. Bu sanawa şu aşakdakylar girizilýär:
eýelik etmek ýa-da peýdalanmak hukugynyň peşgeş berilmegi (bagyşlanmagy), girew goýulmagy, birugsat

çalşylmagy, başga birine birugsat geçirilip berilmegi (görkezilenler hakyky däl diýlip hasaplanylýar);
peýdalanmak baradaky kadalaryň, peýdalanmagyň möhletleriniň hem-de beýleki talaplaryň bozulmagy;
ýabany ösümlikleriň bitýän gurşawyny hem-de olary emele getirýän tebigy ösümlik toplumlaryny goramak kadalarynyň, ýangyn howpsuzlygy baradaky talaplaryň bozulmagy;
bellenilen aýratyn hukuk düzgünleriniň bozulmagy;
ýabany ösýän ösümlikleri hem-de olary emele getirýän tebigy ösümlik toplumlaryny ýok etmek, zaýalamak, olara şikes ýetirmek ýa-da olary hapa suwlar, zyýanly taşlandylar, nebit önümleri, himiki we radioaktiw maddalar, önümçilik we durmuş galyndylary bilen hapalamak;
tebigy ösümlik toplumlarynda gury ot-çöpleri ýakmak;
ösümlikleri goraýyş serişdelerini, olaryň ösüşini batlandyryjylary, mineral dökünleri hem-de ösümlik dünýäsiniň obýektlerine zyýan berýän beýleki serişdeleri ulanmak kadalaryny bozmak;
seýrek duş gelýän we gymmatly ýabany ösümlikleriň hem-de olaryň tebigy ösümlik toplumlarynyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýän desgalary ýerleşdirmek, taslamak, gurmak, ulanmaga bermek;
tebigaty we tebigy serişdeleri goramak baradaky Halkara birleşiginiň Gyzyl kitabyna, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna, seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky ösümlikleriň, miweleriň, tohumlaryň, şol ösümlikleriň aýry-aýry bölekleriniň we beýleki önümleriniň ýerli sanawlaryna girizilen ýabany ösümlikleri ýörite rugsat almazdan olaryň tebigy şertlerinde goparyp

almak (taýýarlamak, ýygmak), şeýle hem tebigy ösümlik toplumlaryny kanunçylygy bozup ýok etmek we zaýalamak;

hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ýok etmäge degişli bolan karantin, hapa-haşal we beýleki haýyrsyz ýabany ösümlikleri ýok etmek boýunça çäreleri görmezlik;

ösümliklere zyýan berijilere we ösümlikleriň kesellerine garşy göreşmek üçin bellenen kadalary, şeýle hem ösümlikleriň karantini baradaky talaplaryň bozulmagy;

ösümlik dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanmagyň tebigaty goraýyş düzgüniniň talaplaryny ýerine ýetirmezlik;

ösümlik dünýäsiniň obýektlerini döwlet belligine almak, hasaba almak we olara baha bermek baradaky maglumatlary, ösümlik dünýäsine syn etmegiň maglumatlaryny ýoýmak;

Görkezilen hukuk bozulmalar kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde hukuk bozujylar barada jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk, düzgün-nyzam, ýörite-hukuk jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirip biler.

Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärçiligiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk, düzgün-nyzam we ýörite hukuk.

Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulyşy ýaly, ösümlik dünýäsi babatda şu aşakdaky hereketler jenaýat hasaplanylýar:

1) Döwlet tokaý gaznasyna ýa-da çapylmagy gadagan edilen gazna girmeýän agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bikanun çapylamagy, şonuň ýaly-da agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň ösüşini bes etmegine çenli zaýalanmagy, eger bu hereketler epli-esli zyýan ýetiren bolsa;

2) Döwlet tokaý gaznasyna girmeýän agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bikanun çapylmagy, eger şonuň ýaly hereketler: 1) gaýtadan, 2) gulluk ýagdaýyny peýdalanýan adam tarapyndan; 3) uly möçberde amala aşyrylan bolsa;
Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda şu aşakdaky hereketler dolandyryş jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirýär:
1) Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen ösümlikleriň görnüşlerine degişli bolan ýabany ösümlikleriň miweleriniň, tohumlarynyň bölekleriniň ýa-da önümleriniň birugsat goparylyp alynmagy;
2) Mal bakmak kadalarynyň bozulyp, onuň oba hojalyk kärhanalarynyň ýerlerindäki, şeýle hem ätiýaçlyk ýerlerdäki tebigy öri meýdanlaryň zaýalanmagyna getirmegi; öri meýdanlardaky otjumak we gyrymsy ösümlikleriň awtomobillere, traktorlara hem-de beýleki mehanizmlere basdyrylyp zaýalanmagy; öri meýdanlaryň ýangyn bilen ýa-da ýangyn hwpsyzlygy kadalarynyň bozulmagy netijesinde ýok edilmegi ýa-da düýpli zaýalanmagy;

Ösümlik dünýäsi baradaky kanunçylygyň bozulmagy üçin raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi Raýat kodeksine (1027-madda) laýyklykda bu tebigy baýlyga zyýan ýetirilen halatlarynda ýüze çykýar. Şunda edara görnüşindäki taraplar we raýatlar ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmaga borçludyrlar.

Bikanun ýygnalan (taýýarlanan, goparylyp alnan) ýabany ösümlikler ýa-da olaryň aýry-aýry bölekleri we önümleri, şeýle hem şolardan taýýarlanylan önüm bellenen tertipde döwlet haýryna geçirilmäge degişlidir. Bu mümkin bolmadyk halatynda bolsa tassyklanan nyrhlara we

ýetirilen zyýany hasaplamak usullaryna laýyklykda olaryň bellenen tertipde gymmaty töledilip alynmalydyr.

Ösümlik dünýäsi hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy üçin düzgün-nyzam jogapkärçiligi (Zähmet kodeksiniň 164-maddasyna laýyklykda), şeýle hem ýörite hukuk jogapkärçiligi (Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanuna laýyklykda) ulanylyp bilner.

# Tema 14. Haýwanat dünýäsini goramagyň we ondan peýdalanmagyň hukuk düzgüni

## 1. Haýwanat dünýäsi goramagyň we ondan peýdalanmagyň obýekti hökmünde

Haýwanat dünýäsi baradaky kanunçylyk Türkmenistanyň kanunçylygynyň ulgamynda özbaşdak pudak hasaplanýar hem-de möhüm tebigy baýlyk bolan haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky meseleleri kadalaşdyrýar. Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi baýdyr. Ýurtda haýwanlaryň 13 müňe golaý görnüşi bardyr.

Garaşsyzlyk şertlerinde haýwanat dünýäsi babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň täze pudagy döredildi. Onuň esasyny “Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky” kanun (1997-nji ýylyň 12-nji iýuny) tutýar. Bu kanun Türkmenistanda haýwanat dünýäsine döwletiň aýratyn eýeçilik hukugynyň bellenilýändiginden ugur alýar hem-de möhüm meseleleri düzgünleşdirýär.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunçylygyň ösmeginde 1998-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda kabul edilen “Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakyndaky” kanunyň ähmiýeti uludyr.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky kanunçylygyň düzüminde Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky karary bilen tassyklanan Türkmenistanda aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakyndaky

Düzgünnama, şeýle hem Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşlgi bllen ylalaşylyp, Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan 1996-njy ýylyň 28-nji martynda tassyklanan Türkmenistanda aw awlamagyň kadalary aýratyn orun tutýar.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirmäge gönükdirllen möhüm hukuk namalara Türkmenistanyň Prezidentinlň 1998-nji ýylyň 20-nji martyndaky karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň çäk suwlarynda we içerki suw howdanlarynda balyk ätiýaçlyklaryny goramak we balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakyndaky Düzgünnama, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 4-nji iýunyndaky “Türkmenistanyň Balyk hojalyk döwlet komitetiniň Döwlet balyk gorag müdirligini (Döwletbalyk-goragyny) döretmek we onuň işini maliýeleşdirmek hakyndaky” karary we şol karar bilen tassyklanan Döwlet balyk goragy hakyndaky Düzgünnama, Türkmenistanyň Balyk hojalyk döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylýan balyk tutmagyň kadalary, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 25-nji martyndaky "Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky" karary hem-de şu karar bilen tassyklanan Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky Düzgünnama we beýlekiler hem degişlidir.

Dolandyryş edaralary hökmünde haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygy kanunçylykda kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň haýwanat dünýäsi babatdaky ygtyýarlygyna şu aşakdakylar girýär:

1)haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak barada ýeke-täk döwlet syýasatyny geçirmek;

2)haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak, aw we balyk hojalygyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamalaryny tassyklamak;

3)haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça döwlet dolandyryş we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň işini ugrukdyrmak we oňa gözegçilik etmek;

4)haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugyny, oňa ygtyýar etmegi amala aşyrmak hem-de ondan peýdalanmagyň tertibini bellemek;

5)haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak barada umumy-döwlet we döwletara ähmiýetli çäreleri maliýeleşdirmek we maddy-tehniki taýdan üpjün etmek;

6)haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna syn etmegi we haýwanat dünýäsiniň döwlet kadastryny ýöretmegiň ýeke-täk tertibini kesgitlemek;

7)haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda döwlet ölçeglerini, kadalary we görkezljileri bellemek;

8) Türkmemistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky Düzgünnamany we ony ýöretmegiň tertibini tassyklamak;

9) haýwanat dünýäslnl goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça halkara hyzmatdaşlygyny amala aşymiak;

10) haýwanat dünýäslni goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda beýleki meseleleri kadalaşdyrmak.

Türkmenistanyň kanunçylygynda haýwanat dünýäsi babatda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň

ygtyýarlygy hem kesgitlenilýär. Olaryň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler:

1) deglşli çäklerde haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak barada döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

2) haýwanat dünýäsini goramak, ondan rejeli peýdalanmak, olary abat saklamak we yzygiderli köpeltmek boýunça döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine ýardam etmek hem-de degişli ýerli maksatnamalary işläp taýýarlamak;

3) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça degişli çäklerde hojalyk işini alyp barýanlaryň (eýeçiligiň görnüşlerine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan) işini ugrakdyrmak we oňa gözegçilik etmek;

awlaglardan peýdalanyjylara awlaglary berkitmek barada kararlary kabul etmek;

4) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça jemgyýetçilik guramalarynyň we birleşikleriniň işlerine ýardam etmek;

5) ilaty ekologiýa taýdan terbiýelemek hem-de haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça bilimleri wagyz etmek.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky karary bilen tassyklanan Tebigaty goramak ministrligi hakyndaky Düzgünnamada, “Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky” kanunda (1997-nji ýylyň 12-nji iýuny) göz öňünde tutulyşy ýaly, bu Ministrlik haýwanat dünýäsi babatda dolandyryş wezipelerini amala aşyrýar. Onuň ygtyýarlygyna şu aşakdaky meseleler degişli edilendir:

1) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak barada döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

2) haýwanat dünýäsini goramak, ondan rejeli peýdalanmak, ony abat saklamak we yzygiderli dikeltmek, aw we balyk hojalygyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;

3) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak, aw hojalygyny alyp barmak barada pudaklaýyn hukuk namalary işläp taýýarlamak we tassyklamak;

4) haýwanat dünýäsiniň goralyşyna we ondan rejeli peýdalanylyşyna, aw we balyk hojalygynyň ýöredilişine, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen seýrek duş gelýän we ýitip gltmek howpy astyndaky haýwanlaryň görnüşlerini goramak hakyndaky hukuk namalaryň berjaý edilşine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

5) haýwanat dünýäsini goramaga, yzygiderli köpeltmäge we ondan peýdalanmaga degişli hojalyk desgalaryny we önümçllikleri gurmak baradaky taslamanyň öň ýanyndaky we taslama resminamalaryna döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmek;

6) aw hojalygyny ýöretmäge, pişe hökmünde balyk we beýleki suw haýwanlaryny tutmaga hukuk bermek;

7) bellenilen tertipde awlaglary we balyk hojalyk suw howdanlaryny berkitmek barada teklipleri taýýarlamak, aw awlamagyň obýektlerini we ýerlerini kesgitlemek, aw möwsüminiň möhletlerini bellemek;

8) haýwanat dünýäsinlň ýagdaýyna syn etmegi amala aşyrmak, haýwanat dünýäsiniň döwlet kadastryny ýöretmek;

9) ygtyýarly edilen döwlet edaralary bilen ylalaşylyp, haýwanlaryň ol ýa-da beýleki gömüşlerini Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizmek ýa-da ondan çykamrak barada kararlary kabul etmek hem-de olary goramagyň tertiblni we çärelerini kesgitlemek;

10) haýwanat dünýäsinden peýdalanmaga (şol sanda haýwanlaryň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşlerine) paýlary we ygtyýanamalary bermegi kesgitlemek;

11) haýwanat dünýäslni goramak we ondan rejeli peýdalanmak (şol sanda aýratyn goralýan territoriýalarda) tebigy territoriýalarda ylmy barlaglary guramak;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylar hökmünde Türkmenistanyň edara gömüşindäki taraplary we raýatlary, şeýle hem daşary ýurtlaryň edara görnüşindäki taraplary we raýatlary çykyş edýärler.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak işine Türkmenistanyň jemgyýetçilik birleşikleri we raýatlary gatnaşmaga haklydyrlar. Olar özleriniň tertipnamalaryna we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky çäreleri amala aşyrmakda döwlet dolandyryş edaralaryna ýardam edýärler. Şu babatda möhüm ähmiýetli işi Türkmenistanyň tebigaty goramak jemgyýeti, Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşigi hem-de beýleki jemgyýetçilik guramalary durmuşa geçirýärler.

Kanunçylykda haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda raýatlaryn hukuklary we borçlary kesgitlenendir. Olaryn hukuklaryna şu aşakdakylar degişli edilýär:

1) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça jemgyýetçilik birleşiklerini döretmek;

2) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça döwlet edaralarynyň amala aşyrýan çärelerine gatnaşmak;

3) haýwanat dünýäsinden umumy ynsanperwerlik ýörelgelerine laýyk gelýän, haýwanlar barada rehimsizlige ýol bermeýän usullar bilen peýdalanmak;

4)haýwanat dünýäsi barada doly maglumatlary almak;

5) bellenen tertipde haýwanat dünýäsini goramagyň we ondan peýdalanmagyň görnüşlerini kämilleşdirmek barada teklipleri girizmek;

6) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunçylygyň özlerine mälim bolan bozulmalary barada habar etmek.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, haýwanat dünýäsi babatda Türkmenlstanyň raýatlarynyň üstüne şu aşakdaky borçlar ýüklenilýär:

1) haýwanat dünýäsine aýawly garamak we ony goramak;

2) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynyň talaplaryny berjaý etmek;

3) haýwanat dünýäsinlň goralyşyna we ondan peýdalanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýan döwlet

edaralarynyň wezipeli adamlarynyň kanuny talaplaryny ýerine yetirmek;

4) haýwanat dünýäsine we onuň ýaşaýyş gurşawyna ýetirilen zyýanyň öwezini öz wagtynda dolmak.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklary kanun tarapyndan goralýar we kepillendirilýär, olaryň bozulan hukuklary dikeldilmäge degişlidir. Türkmenistanyň raýatlary haýwanat dünýäsi babatda öz üstlerine ýüklenen borçlary berjaý etmedik halatlarynda bolsa kanunçylykda bellenen tertipde hukuk jogapkärçiligi ýüze çykýar.

## 2. Haýwanat dünýäsini goramagyň we ondan peýdalanmagyň hukuk düzgüni

Türkmenistanyň kanunçylygynda haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak amala aşyrylanda berjaý edilmeli esasy talaplar göz öňünde tutulýar. Olar şu aşakdakylardyr:

1) haýwanlaryň tebigy bileleşikleriniň bitewiligini abat saklamak;

2) tebigy erkinlik ýagdaýynda haýwanlaryň biologik, köpdürlüligini abat saklamak;

3) haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny köpeliş şertlerini we göçüş ýollaryny goramak we abat saklamak;

4) haýwanat dünýäsi babatda ylmy barlaglary geçirmek, olardan rejeli peýdalanmak we olary yzygiderli köpeltmek;

5) ilatyň saglygyny goramak, oba hojalyk we öý haýwanlarynyň kesellemegine ýol bermezlik, halk

hojalygyna zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen haýwanlaryň sanyny kadalaşdyrmak.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan talaplary berjaý etmek şerti bilen haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleri amala aşyrylyp bilner:

1) aw awlamak;

2) balyk tutmak (şol sanda suwda ýaşaýan oňurgasyz haýwanlary we deňizde ýaşaýan süýdemiji haýwanlary);

3) aw awlamak we balyk tutmak obýektlerine degişli edilmedik haýwanlary tutmak;

4) haýwanat dünýäsinden hojalyk, ylmy, medeni, aň-bllim, terbiýeçilik, dynç alyş, estetiki maksatlar üçin peýdalanmak;

5) haýwanlaryň ýaşaýyş işjeňligi önümlerini almak maksady bilen olardan peýdalanmak.

Haýwanat dünýäsinden peýdalanmak onuň obýektlerini gurşawdan almak arkaly ýa-da olary alman amala aşyrylyp bilner. Haýwanlary ýaşaýan gurşawyndan alman hem-de olara zyýan ýetirmän haýwanat dünýäsinden peýdalanmak tebigatdan umumy peýdalanmak tertibinde mugt amala aşyrylýar. Haýwanlary ýaşaýan gurşawyndan alyp, haýwanat dünýäsinden peýdalanmak ygtyýýarnamalar esasynda tölegli amala aşyrylýar.

Haýwanat dünýäsi peýdalanmaga hemişelik ýa-da wagtlaýyn berlip bilner. Haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň möhleti deslapdan bellenilmese, ol hemişelik peýdalanmak hasaplanýar. Haýwanat dünýäsinden wagtlaýyn peýdalanmagyň möhletleri ygtyýanama ýa-da şertnama laýyklykda bellenilýär.

Haýwanat dünýäsinden peýdalanmak hukugy şu aşakdaky halatlarda doly ýa-da kem-käsleýin bes edilmäge degişlidir:

1) haýwanat dünýäsinden peýdalanmak zerurlygy aradan aýrylsa ýa-da ondan peýdalammakdan meýletin ýüz dönderilse;

2) peýdalanmagyň bellenen möhleti gutarsa;

3) haýwanlary goramak ýa-da döwletiň hajatlary üçin haýwanat dünýäsiniň haýsydyr bir görnüşini peýdalanmakdan almak zerurlygy bolsa;

4) peýdalanmak hukugy berlen edara görnüşlndäkl tarap ýatyrylsa;

5) haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak barada bellenen kadalar, talaplar düýpli bozulsa.

Türkmenistanyň kanunçylygynda haýwanat dünýäsinden peýdalanyjyiaiyn hukuklary we borçlary göz önünde tutulýar. Olaryň hukuklaryna şu aşakdakylar degişli edilýär:

1) haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak we ondan peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge gatnaşmak;

2) haýwanat dünýäsinden alnan obýeklere we alnan önüme eýeçilik;

3)kömekçi hojalygy alyp barmak, şol sanda haýwanat dünýäsinden
peýdalanmagyň rugsat edilen görnüşlerini amala aşyrmak netijesinde alnan önümi gaýtadan işlemek;

4) haýwanat dünýäsiniň obýeklerinden önümi öndürmek we ony ýerlemek;

5) edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň hukuga ters gelýän hereketleriniň netijesinde haýwanat dünýäsiniň ýaşaýyş gurşawynyň ýaramazlaşmagy we olaryň ýok edilmegi bilen ýetirilen zyýan üçin kanunçylykda bellenen tertipde hak islegini bildirmek.

Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylaryň görkezilen hukuklary kanunçylykda bellenen tertipde goralýar we kepillendirilýär. Olaryň bozulan hukuklary bolsa dikeldilmäge degişlidir.

Türkmenistanyň kanunçylygynda haýwanat dünýäsini goramak boýunça möhüm çäreler göz öňünde tutulýar. Ol çärelere şu aşakdakylar degişlidir:

1) haýwanat dünýäslni goramak, ondan rejeli peýdalanmak, olary yzygldерli köpeltmek barada degişli kadalaryň bellenilmegi;

2) haýwanat dünýäsinden peýdalanmak babatda gadagan etmeleriň we çäklendimeleriň bellenilmegi;

3) haýwanat dünýäsiniň birugsat peýdalanmakdan we bellenen tertibiň beýleki bozulmalaryndan goralmagy;

4) haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawynyň, köpeliş şertleriniň we göçüş ýollarynyň goralmagy;

5) önümçilik işi amala aşyrylanda haýwanlaryň heläk bolmagynyň öňüniň alynmagy;

6) goraghanalaryň, çäkli goraghanalaryň we beýleki aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň döredilmegi;

Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylaryň üstüne şu aşakdaky borçlar ýüklenilýär:

1) haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň bellenilen kadalaryny, möhletlerini berjaý etmek;

2) haýwanat dünýäsinden olaryň tebigy bileleşikleriniň bitewiligini bozmaga ýol bermeýän, ilatyň we tebigy gurşawyň howpsuzlygyny üpjün edýän hem-de peýdalanmak üçin berilmedik haýwanlaryň goralyp saklanmagyny üpjün edýän usullar bilen peýdalanmak;

3) haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawynyň bozulmagyna ýol bermezllk;

4) haýwanlaryn sanynyň hasabyny hem-de olaryň ýaşaýyş gurşawynyň ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça çäreleri geçirmek;

5) haýwanat dünýäsini yzygiderli köpeltmäge gönükdirilen zerur toplumlaýyn çäreleri durmuşa geçirmek;

6) haýwanat dünýäsiniň goralyşyna we ondan peýdalanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýan döwlet we beýleki edaralara hemme çäreler arkaly ýardam etmek;

7) Kanunçylykda göz önünde tutulan haýwanat dünýäsini
goramak, yzygiderli dikeltmek we rejeli peýdalanmak baradaky beýleki talaplary ýerine ýetirmek. Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylaryň görkezllen borçlarynyň ýerlne ýetirilmezligi hukuk bozujylar barada kanunçylykda göz önünde tutulan hukuk jogapkärçllik çäreleriniň ulanylmagyna getirýär.

8)seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlaryň gömüşleriniň köpeldilmegi;

9) haýwanlaryň ekologik kolleksiýalary we olaryň çykarylmagy üçin alynmagyna çäklendirmeleriň bellenilmegi;

10) haýwanlara kesellän halatlarynda, tebigy betbagtçylyk we beýleki sebäplere görä olaryň heläk bolmak howpy ýüze çykanda kömek bermek;

11) haýwanat dünýäsini goramak boýunça çäreleri esaslandyrmaga gönükdirilen ylmy barlaglaryň guralmagy;

12) raýatlaryň haýwanat dünýäsine ynsanperwerlik garaýyş rahunda terbiýelenmegi;

13) köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan haýwanat dünýäsiniň goramagyň wagyz edilmegi;

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, haýwanlary abat saklamak we yzygiderli köpeltmek maksady bilen Teblgaty goramak ministrligi tarapyndan Mlnistrler Kabineti bilen ylalaşylyp, belli bir çäklerde we möhletlerde haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň käbir görnüşleri, şeýle hem haýwanlaryň käbir görnüşlerinden peýdalanmak çäklendirilip ýa-da doly gadagan edilip bilner.

Ilatly ýerler, kärhanalar, desgalar we beýleki obýektler ýerleşdirilende, taslananda, gurlanda haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny, köpeliş şertlerini goramak boýunça degişli çäreler göz öňünde tutulmalydyr we amala aşyrylmalydyr. Ulag, elektrik energiýasy, aragatnaşyk ulgamlary, kanallar we beýleki gidrotehniki desgalar ýerleşdirilende, taslananda, gurlanda haýwanlaryň göçüş ýollarynyň abat saklanmagyny üpjün edýän çäreler işlenip taýýarlanmalydyr we durmuşa geçirilmelidir. Önümçilik işlerini geçirmek we ulag serişdelerini ulanmak haýwanlaryň heläk bolmagynyň öňüni almak baradaky bellenen çäreler amala aşyrylan halatynda bolup biler.

Goraghanalarda, çäkli goraghanalarda we beýleki aýratyn goralýan tebigy territoriýalarda haýwanat dünýäsinden peýdalanmak we olaryň maksatlaryna laýyk

gelmeýän başga is gadagan edilýär ýa-da çäklendirilýär. Seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlaryň görnüşlerini abat saklamak hem-de olary goramak we olardan rejeli peýdalanmak üçin zerur şertleri üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň Gyzyl kitaby ýöredilýär.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, ykdysadyýetde ösümlikleri goraýyş serişdeleri, olaryň ösüşini batlandyryjylar, mineral dökünler we beýleki preparatlar ulanylanda haýwanat dünýäsini we onuň ýaşaýyş gurşawyny goramak baradaky talaplar bellenilmelidir we berjaý edilmelidir.

## 3. Haýwanat dünýäsi babatda dolandyryş we gözegçilik

Haýwanat dünyäsini goramagy hem-de ondan rejeli peýdalanmagy üpjün etmekde şu babatda döwlet hasabynyň we döwlet kadastrynyň ýöredilmeginiň hem-de haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna syn etmegi guramagyn ähmiýeti uludyr. Şundan ugur alnyp$_5$ bu meseleler Türkmenistanyň kanynçylygynda kadalaşdyrylýar.

Haýwanlaryň döwlet hasabyny we haýwanat dünýäsiniň döwlet kadastryny ýöretmekde maksat haýwanat dünýäsini goramagy üpjün etmek hem-de ondan rejeli peýdalanmagy guramakdyr. Bu resminamalarda haýwanlaryň geografiki taýdan ýaýraýşy, olaryň sany, haýwanlaryň ýaşaýan ýeriniň hem-de hojalyk taýdan peýdalanylmagynyň häsiýetnamasy we beýleki zerur maglumatlar jemlenilmelidir.

Kanunçylyga laýyklykda haýwanlaryň döwlet hasaby hem-de haýwanat dünýasiniň döwlet kadastryny ýöretmek haýwanat dilnýasinden peýdalanyjylaryň berýän maglumatlary esasynda Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan tassyklanylýan ýeke-täk usul öwredişi boýunça amala aşyrylýar. Haýwanlaryň döwlet hasabyny hem-de haýwanat dünýäsiniň döwlet kadastryny ýöretmek boýunça Tebigaty goramak ministrligmiň wezipeleri bu MInistrlik hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan Düzgünnamada (2000-nji ýylyň 8-nji sentýabry) hem-de "Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky" Kanunda (1997-nji ýylyn 12-nji iýuny) kesgitlenendir. Haýanlaryň döwlet hasabyny hem-de haýwanat dünýäsiniň döwlet kadastryny ýöretmegi amala aşyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz önünde tutulyşy ýaly, haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna döwlet tarapyndan syn etmek guralýar. Ol haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň ýaýraýşyna, olaryň sanyna, fiziki ýagdaýyna, haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawynyň gurluşuna, hiline we meýdanyna yzygiderli syn etmek ulgamydyr.

Haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna döwlet syn edişi haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň biologik köpdürlüligini abat saklamak, olaryň amatly ýagdaýyny üpjün etmek we olardan ylmy taýdan esaslandyryp peýdalanmak üçin bellenilen görkezijileri öz wagtynda ýuze çykarmak, olarda bolup geçýän özgerişlere baha bermek, amatsyz ýagdaýlaryň we hadysalaryň netijelerinin öňüni almak we olary aradan aýyrmak maksady bilen geçirilýär. Haýwanat dünýäsiniň döwlet syn edişini ýöretmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Haýwanat dünýäsi babatda gözegçiligiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: döwlet gözegçiligi, pudaklaýyn gözegçilik, jemgyýetçilik gözegçiligi.

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda döwlet gözegçilini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, Tebigaty goramak ministrligi we beýleki ýörite ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edaralary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrýarlar. Bu döwlet edaralary bellenilen tertipde haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak işine gatnaşmak üçin pudaklaýyn gulluklary we jemgyýetçilik gulluklary çekip bilýärler.

Kanunçylyga laýyklykda haýwanat dünýäsiniň goralyşyna we ondan rejeli peýdalanylyşyna pudaklaýyn gözegçiligi öz ygtyýarlygynda haýwanat dünýäsiniň obýektlerini peýdalanýan kärhanalary, guramalary we edaralary bolan ministrlikler we beýleki döwlet dolandyryş edaralary amala aşyrýarlar. Bu ministrlikler we beýlekl döwlet dolandyryş edaralary pudaklaýyn gözegçiligi amala aşyranlarynda Türkmenistanyň kanunçylygyndan, Tebigaty goramak ministrliginiň, beýleki ýörite ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edaralarynyň kadalaryndan we gaýry resminamalaryndan ugur almalydyrlar.

Haýwanat dünýäsmiň goralyşyna we ondan rejeli peýdalanylyşyna jemgyýetçilik gözegçiligi jemgyýetçilik blrleşikleri tarapyndan amala aşyrylýar. Şunda bu işe haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak boýunça hünämenler çekilýär. Jemgyýetçilik gözegçiligi netijesinde alnan netijeler maslahat beriji häsiýetde bolýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda Tebigaty goramak ministrliginiň we haýwanat dünýäsini goramak hem-de ondan rejeli peýdalanmak babatda ýörite ygtyýarly edilen beýleki döwlet edaralarynyň wezipeli adamlarynyň hukuklary kesgitlenilendir. Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan sanawa laýyklykda ok atýan gulluk ýaragany ýany bilen götermäge, saklamaga we ulanmaga, şeýle hem ýörite serişdeleri ulanmaga rugsat edilen wezipeli adamlaryň şu aşakdaky hukuklary bardyr:

1) Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň edara görnüşindäki taraplarynyň, Türkmenistanyň raýatlarynyň, ýurtda ýaşaýan ýa-da bolýan beýleki adamlaryň haýwanat dünýäsinden peýdalanmagy amala aşyrmaga, aýratyn goralýan territoriýalarda (akwatoriýada) bolmaga rugsat berýän resminamalary, şeýle hem ok atýan ýaragy saklamaga we öz ýany bilen götermäge içeri işler edaralarynyň berýän rugsatnamasyny barlamak;

2) haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky kanunçylygy bozýanlary saklamak, olaryň eden hukuk bozulmalary barada resminamalary düzmek hem-de görkezilen hukuk bozujylary hukuk goraýjy edaralara eltmek;

3) saklanan adamlaryň zatlaryny we olaryň hut özlerini barlamak, ulag serişdelerini barlamak, ýaragy we haýwanat dünýäsiniň obýektlerini almagyň beýleki serişdelerini olardan alnan önümi, şol sanda ol äkidilen wagtynda, saklanylýan, gaýtadan işlenilýän we ýerlenilýän ýerinde barlamak;

4) hukuk bozujylardan olaryň bikanun alan önümini, ýaragyny we haýwanat dünýäsiniň zatlaryny almagyň beýleki serişdelerini, şol sanda ulag serişdelerini elinden almak, şeýle hem olaryň alnandygy barada bellenen tertipde degişli resminamalary resmileşdirmek.

Wezipeli adamlar tarapyndan ok atýan gulluk ýaragyny edinmegiň, saklamagyň we ulanmagyň tertibini, şeýle hem ýörite serişdeleriň görnüşlerlniň sanawyny we olary ulanmagyň kadalaryny Ministrler Kabineti kesgitleýär.

Tebigaty goramak ministrliginiň we beýleki ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň öz ygtyýarlygynyň çäklerinde tassyklanýan kadalary we beýleki resminamalary ähli edara görnüşindäki taraplar we raýatlar üçin hökmandyr.

## 4. Haýwanat dünýäsi babatda hukuk bozulmalary we olar üçin jogapkärçilik

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatdaky hukuk bozulmalara şu aşakdakylar degişli edilýär:

1) haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň tertibini bozmak, şeýle hem haýwanat dünýäsininiň obýektlerine zyýan ýetirýän diýlip hasaplanylýan haýwanlary ýa-da ösümlikleri Türkmenistana getirmek;

2) haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny goramak we zoologik kolleksiýalary döretmek kadalarynyň bozulmagy, şeýle hem haýwanlary birugsat göçürmek, klimata uýgunlaşdyrmak we çakyşdyrmak;

3) ösümlikleri goraýyş serişdelerini, olaryň ösüşini batlandyiryjylary, mineral dökünleri we beýleki

preparatlary ulanmak kadalaryny bozup, haýwanat dünýäslne zyýan ýetirmek;

4) seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlary ýok etmek, şeýle hem olaryň heläk bolmagyna, sanynyň azalmagyna ýa-da ýaşaýan gurşawynyn bozulmagyna getirlp biljek beýlekl hereketleri etmek;

5) haýwamat dünýäsiniň obýektlerini olaryň önümlerini we böleklerini degişli rugsatsyz Türkmenistana getirmek we onuň çäginden çykarmak;

6) hojalyk işi geçirilende we ulag serişdeleri ulanylanda haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň heläk bolmagynyň öňüni almak baradaky talaplary bozmak;

7) döwlet goraghanalarynda, döwlet çäkli goraghanalarynda we beýleki aýratyn goralýan tebigy territoriýalarda, akwatoriýalarda haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramagyň düzgünini bozmak;

8) haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylar ýa-da haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak we olardan rejeli peýdalanmak barada ýörlte ygtyýarly edilen edaralar tarapyndan bellenilýän belgileri, şeýle hem görkezilen peýdalanyjylara we edaralara degişli jaýlary we beýlekl desgalary ýok etmek ýa-da olara zeper ýetirmek;

9) haýwanat dünýäsinden peýdalanmaga ygtyýanamalary we haýwanat dünýäsiniň obýektlerini olaryň ýaşaýyş gurşawyndan almaga rugsatnamalary bermegiň bellenen tertibini bozmak;

10) ilatyň we öý haýwanlarynyň howpsuzlygy, haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden rejeli peýdalanmak, olary yzygiderli köpeltmek, olaryň ýaşaýyş gurşawynyň hili üçin möhüm ähmiýeti bolan haýwanat dünýäsiniň

obýektleriniň ýagdaýy we sany baradaky maglumatlary gizlemek ýa-da ýoýmak;

11) haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak barada ýörite ygtyýarly edilen edaralaryň wezipeli adamlarynyň kanuny talaplaryna boýun egmezlik;

Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky kanunçylygy bozmakda gunäkär adamlar kanunçylykda göz öňünde tutulan jogapkärçilik çärelerine çekilýar.

Haýwanat dünýäsi babatdaky hukuk bozulmalary günäkärler barada Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilik çärelerini ulanmak üçin esaslar hökmünde çykyş edýär. Hukuk jogapkärçiliglniň gömüşleri: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk, düzgün-nyzam we ýörite-hukuk.

Jenaýat kodeksine laýyklykda şu aşakdaky halatlarda jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar:

1. Balyk ätiýaçlyklaryny goramagyň düzgünlerinl bozmak bilen köprüleriň, bentleriň gurlandygy, partladyş we beýleki işleriň amala aşyrylandygy üçin, şonuň ýaly-da gatlalaryň we sorduryjy mehanizmleriň ulanylandygy üçin, eger bu hereketler balyklaryň ýa-da beýleki suw haýwanlarynyň köpçülikleýin gyrylmagyna, ot-iým ätiýaçlyklarynyň ep-esli mukdarda ýok edilmegine ýa-da başga hili agyr netijelere getiren bolsa (320-nji madda).

2. Aw awlamagyň bellenilen düzgünlerini bozmak bilen haýwanlary we guşlary awlamagy amala aşyrandygy üçin. Şonuň ýaly hereketler, eger: 1) uly zyýan ýetiren bolsa; 2) mehaniki ulag serişdelerini, partlaýjy maddalary, gazlary we beýleki usullary ulanmak arkaly ýyrtyjy haýwanlar we guşlary köpçüllkleýin gyran bolsa;

3) goraghananyň ýa-da çäkli goraghanalaryň çäklerinde amala aşyrylýan bolsa; 4) awlanylmagy bütinleý gadagan edilen ýyrtyjy haýwanlar we guşlar babatda; 5) gulluk wezipesinden peýdalanmak bilen; 6) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylan bolsa (321-nji madda).

Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksine laýyklykda şu aşakdaky hereketler dolandyryş jogapkärçilik çärelerine getirýär.

1. Haýwanat dünýäslniň obýektlerinden peýdalanmak hukugynyň başga birine birugsat geçirilip berilmegi, şeýle hem haýwanat dünýäsine döwlet eýeçilik hukugyny gös-göni ýa-da ýaşyryn görnüşde bozýan beýleki geleşiklerlň edilmegi, şonuň ýaly-da haýwanat dünýäsiniň peýdalanmak üçin rugsat talap edýän obýektlerinden birugsat peýdalanylmagy (49-njy madda).

2. Haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny we göçüş ýollaryny goramak kadalarynyň, zoologik kolleksiýalary döretmek, olaryň üstüni doldurmak, saklamak, peýdalanmak hem-de hasaba almak kadalarynyň, zoologik kolleksiýalar bilen söwda etmek kadalarynyň, şeýle hem haýwanat dünýäsiniň obýektlerini we zoologik koileksiýalary daşary ýurda ibermek we äkitmek kadalarynyň bozulmagy, şonuň ýaly-da haýwanlaryň birugsat göçürilmegi, klimata uýgunlaşdyrylmagy we çakyşdyrylmagy (87-nji madda).

3.Goraghanalarda ýa-da aýratyn goralýan beýleki territoriýalarda haýwanat dünýäsinden peýdalanmagy amala aşyrmagyu bellenen tertibiniň bozulmagy, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna, Tebigaty we tebigy serişdeleri goramagyň halkara birleşiginiň Gyzyl kitabyna

girizilen haýwanlaryň aýry-aýry görnüşleriniň saklanyp galmagyna zyýan ýetirýän diýlip hasaplanan haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistana bikanun getirilmegi, şoňa ygtyýarly edaralardan rugsatsyz ýurtdan geçirilmegi (87-nji madda).

4. Seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlary ýok etmek ýa-da şeýle haýwanlaryň heläk bolmagyna, sanynyň kemelmegine ýa-da ýaşaýyş gurşawynyň bozulmagyna getirip biljek beýleki hereketleri etmek (87-nji madda).

5. Aw awlamak we balyk tutmak, kadalaryny, şeýle hem haýwanat dünýasinden peýdalanmagyň başga gömüşlerini amala aşyrmak kadalaryny bozmak (88-nji madda).

6. Haýwanat dünýäsiniň wekillerini tutmak, saklamak, peýdalanmak, olaryň ýaşaýjylyk ukyby önümlerini Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşary çykarmak, tebigata göýbermek kadalarynyň bozulmagy ($88^1$-nji madda).

Kanunçylykda bellenen tertipde haýwanat dünýasini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky talaplar, kadalar bozulan halatlarynda hukuk bozujylar (wezipeli adamlar we raýatlar) raýat-hukuk (maddy), düzgün-nyzam, ýörite-hukuk jogapkärçiligine hem çekilip bilner.

## 5. Aw awlamak hukugy we onuň görnüşleri

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek barada dolandyryşy Ministrler Kabineti, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, Tebigaty goramak ministrligi we beýleki ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary amala aşyrýarlar.

Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlygyna şu aşakdaky meseleler degişli edilýär:

1) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek, barada ýeke-täk döwlet syýasatyny geçirmek;

2) döwlet aw gaznasyny goramak, ondan rejeli peýdalanmak we aw hojalygyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamalaryny tassyklamak;

3) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işini ugrukdyrmak we oňa gözegçilik etmek;

4) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda kadalaşdyrmagy we gözegçiligi amala aşyrýan döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ýörite maliýe çeşmelerini döretmegiň we peýdalanmagyň tertibini bellemek;

5) döwlet aw gaznasynyň döwlet hasabyny, döwlet kadastryny we syn etmegi ýöretmegiň ýeke-täk tertibini kesgitlemek;

6) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda döwlet ölçeglerini, kadalaryny, çäkleri we görkezijileri, şeýle hem döwlet aw gaznasyndan peýdalanylandygy üçin töleg almagyň tertibini bellemek;

7) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak;

8) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda beýleki meseleleri kadalaşdyrmak;

Kanunçylykda aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet

edaralarynyň ygtyýarlygyna degişli meseleler hem kesgitlenendir. Olar:

1) degişli çäklerde aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek baradaky döwlet syýasatymy durmuşa geçirmek;

2) döwlet aw gaznasyny goramak we ondan rejeli peýdalanmak, aw hojalygyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge ýardam etmek we öz çäklerinde degişli maksatnamalary işläp taýýarlamak;

3) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda öz çäklerinde hojalyk işini alyp barýanlaryň (eýeçiligiň görnüşlerine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan) işini ugrakdyrmak we oňa gözegçilik etmek;

4) awlaglardan peýdalanyjylara awlaglary berkitmek barada kararlary kabul etmek;

5) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda jemgyýetçilik birleşikleriniň işine ýardam etmek.

Tebigaty goramak ministrligi aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek barada şu aşakdaky meseleleri çözýär:

1) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek baradaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

2) döwletiň aw gaznasyny goramak we ondan rejeli peýdalanmak, aw hojalygyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;

3) döwletiň aw gaznasyna deglşli edllen ýabany haýwanlaryň gömüşleriniň sanawlaryny işläp taýýarlamak we tassyklamak;

4) aw awlamagy guramak, döwlet aw gaznasyny goramak we ondan rejeli peýdalanmak, aw hojalygyny

ýöretmek boýunça pudaklaýyn hukuk namalary işläp taýýarlamak we tassyklamak;

5) aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda tebigaty goraýyş kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

6) hojalyk işini alyp barýanlara awlaglaryň degişli çäklerinde aw hojalygyny ýöretmäge hukuk bermek;

7) awlaglardan peýdalanyjylara awlaglary berkitmek barada teklipleri taýyarlamak, aw awlamagyň obýektlerini we ýerlerini kesgitlemek, aw möwsüminiň möhletlerini bellemek;

8) aw haýwanlaryndan peýdalanmaga paýlary kesgitlemek we bellenen tertipde ygtyýarnamalary bermek;

9) döwlet aw gaznasyny goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda ylmy barlaglary guramak;

Jemgyýetçilik birleşikleri öz ygtyýarlygynyň çäklerinde döwlet aw gaznasyny goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky çäreleri amala aşyrmakda, aw awlamagy guramak we aw hojalygyny ýöretmek işinde öz tertipnamalaryna we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda döwlet dolandyryş edaralaryna ýardam edýärler. Ýurtda awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň işlerini ugrukdyrmak üçin Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşlgi döredilýär, ol esasy awdan peýdalanyjy bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aw awlamak diýlende döwletiň aw gaznasyna degişli edilen ýabany haýwanlaryň, guşlaryň we suwda ýaşaýan oňurgaly haýwanlaryň ele salmak maksady bilen agtarylmagyna, yzarlanylmagyna we ele salynmagynyň özüne

(tutulmagyna, atylmagyna) düşünilýär. Şunda adamlaryň awlaglaryň çäklerinde (umumylykda peýdalanylýan ýollaryň çygryndan daşarda) tüpeňler, ele salmagyň ýaraglary, aw itleri, aw guşlary bilen, şeýle hem ele salnan aw önümi bilen bolmagy aw awlamak hasaplanylýar.

Bellenilişi ýaly, gulluk borçlarynyň ýerine ýetirilmegi ok atýan ýaragy, içeri işler ministrliginiň edaralary tarapyndan berlen degişli ygtyýanama bar mahaly, ýanynda göterniek bilen baglanyşykly bolan wezipeli adamlaryň awlaglarda ýaňy ok atýan ýaragly bolmagyna aw awlamagyň niöhletine garamazdan ygtyýar berilýär. Olaryň aw awlamagy umumy esaslarda geçirilýär.

Kanunçylykda göz oňünde tutulyşy ýaly, aw awlamagyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: höwesjeň awçylyk we pişe maksatly awçylyk. Höwesjeň awçylaryň maksady dynç almak bolanda hem-de olaryň aw önümine bolan şahsy isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen geçirilýän aw awlamaga höwesjeň awçylyk diýilýär. Hojalyk taýdan peýdaly önüm almak maksadyna eýerip, taýýarlaýyş guramalary bilen aw önümini taýýarlamak baradaky baglaşylan şertnamalary ýerine ýetirmek maksady bilen aw awlamak pişe maksatly aw awlamak hasaplanýar. Aw haýwanlarynyň gymmat bahaly (ygtyýarnama alynýan) gömüşleriniň awlanylmagy Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan höwesjeň awçylyk üçin berilýän tölegli sport ygtyýanamalary hem-de pişe maksatly awçylyk üçin berilýän harytlyk ygtyýarnamalary esasynda bolup biler.

Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşiginiň agzalary bolup durýan Türkmenistanyň raýatlary, şeýle hem daşary ýurtly raýatlar we raýatlygy bolmadyk adamlar, eger olar döwlet pajyny

wagtynda tölän we ýurduň awlaglarynda aw awlamak üçin ygtyýarnama alan bolsalar aw awlamak hukugyndan peýdalanýarlar. Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşiginiň agzalygyna kabul etmegiň tertibi onuň Tertipnamasynda bellenilýär.

Aw awlamak hukugyny bermegiň tertibine laýyklykda şu aşakdakylar höwesjeň awçylyk hukugy üçin şaýatnama hasaplanylýar: 1) awçylyk minimumynyň tabşyrylandygy barada bellikler goýlan, Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşigi tarapyndan berilýän awçylyk bileti; 2) öz adyna berkidilen awlaglarda aw awlamak üçin Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşigi tarapyndan berlen rugsatnama ; 3) aw haýwanlarynyň gymmat bahaly (ygtyýanama alynýan) görnüşleri awlanylanda bellenilen tertipde Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan belli bir adamyň adyna berlen tölegli bir gezeklik ygtyýanama.

Pişe maksatly aw awlamak hukugyna şu aşakdakylar şaýatlyk edýär; 1) awçylyk minimumyny tabşyrandygy we döwlet pajynyň tölenilendigi barada bellikler edilen awçylyk bileti; 2) aw önümlerini tabşyrmak barada taýýarlaýyş guramasy bilen baglaşylan şertnama; 3) aw haýwanlarynyň gymmat bahaly (ygtyýarnama alynýan) görnüşleri awlanylanda bellenilen tertipde Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan belli bir adamyň adyna berlen tölegli bir gezeklik ygtyýarnama.

Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň aw ýaraglaryny saklamak we ýanynda götermek hukugy üçin beren rugsatnamasy Türkmenistanyň raýatlarynyň hem-de aw ýaragyny Türkmenistana getirmek we ondan alyp gitmek hukugy üçin beren rugsatnamasy daşary ýurt raýatlarynyň

aw awlamak hukugyna güwä geçýän goşmaça resminama hasaplanýar.

Bellenilişi ýaly, awlaglardan peýdalanyjylara berkidilen awlaglarda aw awlamak şol peýdalanyjylar tarapyndan berlen rugsatnamalar esasynda bolup biler.

Aw awlamagyň gurallaryna şu aşakdakylar degişlidir: ok atýan we sowuk aw ýaragy, gapanlar, çirtmekler, aw itleri, elguşlary hem-de aw haýwanlaryny ele salmak maksady bilen agtarmak, çagyrmak, yzarlamak üçin hem-de ele salmagyň (atmagyň, tutmagyň) özi üçin ýörite niýetlenilen we gös-göni peýdalanylýan aw awlaýyş gurallary we enjamlar.

Aw önümlerine degişli zatlar: aw haýwanlary we olary gaýtadan işlemek netijesinde alynýan sütükler, deriler, şahlar, toýnaklar, et, şeýle hem aw haýwanlaryndan alynýan önümler we aw awlamagyň barşynda ele salnan beýleki aw oljalary. Höwesjeň awçylygyň barşynda ele salnan aw önümleri awçynyň eýeçiligi bolup durýar, onuň özi tarapyndan peýdalanylýar ýa-da kanunçylykda bellenen tertipde ýerlemek üçin şertnamalaýyn nyrhlar boýunça taýyarlaýyş ýa-da söwda guramalaryna tabşyrylyp bilner. Pişe maksatly awçylygyň önümleri bellenilen tertipde hökmany suratda taýýarlaýyş guramalaryna tabşyrylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şu aşakdakylar bikanun aw awiamak diýlip hasaplanylýar:

1) aw haýwanlarynyň ele salynmagy gadagan edilen görnüşlerinin awlanylmagy;

2) haýwanyň belli bir görnüşine aw awlamagyn bellenilen möhletlerinden başga wagt awlanylmagy;

3) aw awlamak gadagan edilen ýerlerde (goraghanalarda, çäkli goraghanalaryň şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň töweregindäki bag-bakjaly ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerlerine ýanaşyk zolaklarda) aw awlanylmagy;

4) aw haýwanlarynyň gymmat bahaly görnüşleriniň Tebigaty goramak ministrliginiň ýörite ygtyýarnamasy bolmazdan awlanylmagy;

5) awlanylýan haýwanlaryň aw kadalary bilen bellenilen çäkden artyk ele salynmagy, aw awlamagyn gadagan edilen gurallaryny we usullaryny (özi atylýan tüpeňleri we ýaýlary gurap goýmak, garymlary gazmak, özi düwülýän syrtmaklary goýmak, partlaýjy maddalary, zäherlenen imrindiriji azyk önümlerini, duzaklary, awuly himikatlary beýhuş ediji preparatlary hem-de beýleki serişdeleri) ulanmak bilen aw awlamak, harby nusgadaky hyrly ýaragly, elde ýasalan hyrly niller soň oturdylan kiçi kalibrly we pnewmatik ýaraglary, nili 50 santimetrden gysga bolan hyrsyz ýaragy we gundagy kesilen ýaragy ulanmak bilen aw awlamak;

6) balyklaryn, samyrlaryň we gunduzlaiyň ähli gömüşlerini ok atýan ýarag ulanyp ele salmak;

7) hereket etmegiň mehanizmleşdirilen serişdelerlni: wertolýotiary, katerleri we motorly gaýyklary, awtomotoulag serlşdelerini ulanmak bilen aw awlamak (Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan berlen ýörite ygtyýanamalar boýunça ýyrtyjy haýwanlaryň awlanylmagy muňa girmeýär);

8) ýiti yşykly çyralary, reflektorlary we beýlekl yşyklandyryjy enjamlary, şeýle hem gije görmek üçin ulanylýan enjamlary ulanmak bilen aw awlamak

(aw tüpeňlerinde oturdylan we awçylyk biletinde bellige alnan yşyklandyryjy enjamlary ulanmak bilen gije ýekegapany we oklukirpini awlamak muňa girmeýär);

9) aw haýwanlaryny olar suw howdanlaryndan geçýän mahaly ele salmak;

10) betbagtçylykly we mejalsyz ýagdaýda bolan (tupandan, ýangyndan, garsyrgynyndan, suw joşmagyndan, iýmsizlikden, doňaklykdan halas bolmaga synanyşýan) aw haýwanlaryny ele salmak, şeýle hem ganatlanmadyk jüýjeleri we perini täzeleýän guşlary awlamak;

11) Türkmenistanyn awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşiginde bellenilen tertipde bellige alymnadyk aw itleri we elguşlary bilen awlamak;

12) haýwanlaryň suwa inýän ýerlerinde bukudan (bukuda oturylýan ýerden) aw awlamak hem-de galkanlara gizlenip aw awlamak;

13) göze görünmeýän ýa-da äşgär görünmeýän nyşana tarap ok atmak, dürli seslere we şygyrdylara tarap ok atmak, jeňňelliklerde 2 metrden aşakdaky nyşanany atmak, 50 metrden uzakda bolan guşlary hyrsyz tüpeňlerden atmak, tüpeňi serhoş ýagdaýda peýdalanmak.

Şu aşakdakylar bikanun aw awlamagyň önümleri hasaplanylýar: 1) aw awlamagyu rugsat edilmeýän usullary bilen, aw awlamak gadagan edilen möhletlerde ýa-da gadagan edilen ýerlerde ele salnan aw haýwanlaryň sütükleri, derileri, eti, aw oljalary we aw awlamagyň beýleki önümleri; 2) awçylyk bileti, aw haýwanlaryny ele salmak hukugy üçin rugsatnamasy ýa-da ygtyýanamasy bolmadyk adamlar tarapyndan ele salnan her dürli aw önümleri.

Kanunçylyga laýyklykda şu aşakdakylar gadagandyr: ýabany saýrak guşlary we aw awlamagyň beýleki önümlerini bazarda satmak, ýabany haýwanlaryň sütügini ýa-da derisini gaýtadan işlemek, satyn almak, şeýle hem sütükli haýwanlaryň taýýarlaýyş ýa-da söwda guramalaryna hökmany suratda tabşyrrnaga degişli bolan gymmat bahaly görnüşleriniň işlenilmedik ýa-da işlenilen, ýöne taýýarlaýyş guramalarynyň tagmasy basylmadyk derilerini satmak, satyn almak, çalyşmak we gaýtadan işlemek.

Bellenilişi ýaly, bikanun ele salnan aw önümleri kanunçylykda göz öňüünde tutulan tertipde yzyna alynmaga we döwlet haýryna geçirilmäge degişlidir. Bikanun ele salnan aw önümlerini yzyna almak mümkinçiligi bolmadyk halatynda (hukuk bozujylar olary peýdalananda, ýerlände ýa-da önümler zaýalananda) şol önümiň bahasyny kanunçylykda bellenen tertipde tölemek barada mesele goýlyp bilner.

## 6. Aw hojalygyny ýöretmek hukugy

Aw hojalygynyň esasy wezlpeleri döwletiň aw gaznasyny goramak, yzygiderli dikeltmek we ondan rejeli peýdalanmak, döwletiň we ilatyň aw önümlerine bolan hajatlaryny üpjün etmek hem-de aw haýwanlarynyň ýaşaýyş şertlerinl ylmy taýdan esaslandyrylan ýörelgelere laýyklykda goramakdyr.

Kärhanalar, guramalar, edaralar we jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan aw hojalygyny ýöretmek şu aşakdaky ýörelgelere esaslanmalydyr:

1) awlanylýan haýwanlary goramak we rejeli peýdalanmak bähbltlerini aw awlamak bähbitlerinden ileri tutmak;

2) döwletiň aw gaznasyny rejeli peýdalanmagy üpjün edýän ekologik, ykdysady, ylmy, medeni, estetik bähbitleri ylmy esasda utgaşdyrmak;

3) tebigaty goraýyş kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmek we öz bähbitlerini ýerden, suwdan, tokaýdan we beýleki tebigy serişdelerden peýdalanyjylaryň bähbitleri bilen utgaşdyrmak;

4) işde aýanlyk hem-de döwletiň aw gaznasyny goramak we rejeli peýdalanmak wezipelerini çözmekde jemgyýetçilik guramalary we ilat bilen ysnyşykly aragatnaşygy üpjün etmek;

5) aw awlamagyň milli görnüşlerini saklap galmak hem-de aw awlamagyň we aw hojalygyny ýöretmegiň umumy medeniýetini ýokarlandyrmak;

5)döwletiň aw gaznasyny goramak we rejeli peýdalanmak babatda halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak.

Türkmenistanyň awlaglarynyň degişli serhetlerinde aw hojalygyny ýöretmek hukugy edara görnöşindäki taraplara we raýatlara Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan berilýär. Şunda şertnamalaýyn şertleri ýerine ýetiren edara gömüşindäki taraplar we raýatlar şertnamada bellenen möhlet gutarandan soň, aw hojalygyny ýöretmäge artykmaç hukukdan peýdalanýarlar.

Awlaglarda aw hojalygyny ýöretmek hukugy kärhanalara, guramalara, edaralara, jemgyýetçilik birleşiklerine degişli şertnamalarda we ygtyýarnamalarda kesgitlenen möhletlere berilýär.

Aw hojalygyny ýöretmek hukugy şu aşakdaky halatlarda bes edilmäge degişlidir: 1) kärhanalar, guramalar, edaralar we jemgyýetçilik birleşikleri aw hojalygyny ýoretmekden boýun gaçyrsa; 2) şertnamada bellenilen möhlet gutarsa; 3) aw hojalygy öz ähmiýetini ýitirse; 4) aw hojalygyny ýöretmek hukugy özüne berlen edara gömüşindäki taraplaryn işi bes edilse; 5) aw hojalygyny ýöretmegiň talaplary we kadalary bozulyp, haýwanat dünýäsiniň obýektiniň sanynyň azalmagyna getirse; 6) awlaglardan peýdalanyjylar tarapyndan şertnamanyň şertleri bozulsa.

Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek ykdysady taýdan kadalaşdyrylmaga degişlidir. Ol şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

1) döwletiň aw gaznasynyň obýektlerini hasaba almak we olara baha bermek;

2) aw haýwanlaryndan peýdalanmagyň çäklerini, döwletiň aw gaznasyndan peýdalanmak üçin tölegiň görkezijilerini we onuň möçberini bellemek;

3) aw haýwanlaryna, olaryň ýaşaýyş şertlerine we göçýän ýollaryna ýetirilen zyýanyň bellenilen tertipde öwezini doldurmak;

4) aw haýwanlaryny goramak we yzygiderli dikeltmek boýunça çäreleri býujetden maliýeleşdlrmek;

5) ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky talap arzalary boýunça alynýan serişdeleri hem-de aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek baradaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jerimeleri, şeýle hem döwlet haýryna geçirilen aw gurallaryny we olaryň kömegi bilen ele salnan önümleri ýerlemekden alnan serişdeleri belli bar maksat bilen peýdalanmak;

6) raýatlaryň we edara gömüşindäki taraplaryň meýletin berýän serlşdeleri.

Awlaglardan peýdalanyjylar ýerden esasy peýdalanyjylar bilen ylalaşyp, awlaglarda zerur jaýlary gurmaga, iýmlik we gorag ösümliklerini ekmäge hem-de aw hojalygyny ýöretmek üçin zerur bolan beýleki çäreleri amala aşyrmaga haklydyrlar. Awlaglardan peýdalanyjylara berkidilen awlaglaryň çäklerinde olaryň üstüne şu aşakdakylary amala aşyrmak borçlary ýüklenilýär:

1) aw awlamagyň bellenilen tertibini we möhletlerini, şeýle hem aw hojalygyny ýöretmegiň kadalaryny, düzgünlerini berjaý etmek;

2) döwletiň aw gaznasyndan tebigy bileleşikleriň bitewiliginiň bozulmagyna ýol bermeýän hem-de peýdalanmaga berilmedik haýwanlaryň goralyp saklanmagyny üpjün edýän usullar bilen peýdalanmak;

3) döwletiň aw gaznasyny we beýleki haýwanlary goramagy, rejeli peýdalanmagy we yzygiderli dikeltmegi üpjün etmek;

4) haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawynyň, köpelýän ýerleriniň we göçýän ýollarynyň bozulmagyna ýol bermezlik, berkidilen awlaglary goramak we olaryň önümçiligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmak;

5) haýwanlaryň sanyny hem-de peýdalanylýan haýwanlaryň ýagdaýyny hasaba almak, ýabany haýwanlaryň görnüşleriniň köpdürlüligini abat saklamak boýunça toplumlaýyn çäreleri geçirmek;

6)ilatyň saglygyny goramak hem-de balk hojalygyna zyýan ýetirmeginiň öňüni almak maksady bilen ýabany haýwanlaryň sanyny kadalaşdyrmak;

7) aw awlanylýan awlaglarda raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek.

Bellenilişi ýaly, döwletiň aw gaznasyndan peýdalanmak üçin eýeçiligiň gornüşlerine we pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan kärhanalar, edaralar, guramalar, awçylar we balykçylar jemgyýetleri, daşary ýurtlaryň edara görnüşindäki taraplary we raýatlary, şeýle hem Türkmenistanyň raýatlary we ýurduň çäklerinde ýaşaýan we bolýan beýleki adamlar Türkmenistanyň hukuk namalarynda bellenilen tertipde tölegleri tölemäge borçludyrlar. Şunda aw haýwanlaryndan peýdalanmak üçin tölegleriň tölenilmegi olardan peýdalanyjylary haýwanat dünýäsiniň obýektlerini we olaryň ýaşaýyş şertlerini goramak boýunça çäreleri ýerine ýetirmek, şeýle hem olara ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borçlaryndan boşatmaýar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda döwlet gözegçiligi, pudaklaýyn gözegçiligi we jemgyýetçilik gözegçiligi amala aşyrylýar.

Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine döwlet gözegçiliglni amala aşyrmak Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji.häklmlýet edaralaiynyň, Tebigaty goramak ministrliginiň we ýörite ygtyýarly edllen beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlygyna deglşli edilendir. Bu edaralar kanunçylygyň berjaý edlllşine gözegçlllgl amala aşyrmak işine degişli pudaklaýyn we jemgyýetçillk gulluklaryny bellenilen tertipde çekmäge haklydyrlar.

Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek baradaky kanunçylygyň berjaý edllişine döwlet gözegçlligl boýunça

Tebigaty goramak ministrliginiň hem-de ýörite ygtyýarly edilen beýlekl döwlet dolandyryş edaralarynyň wezipeli adamlarynyň ygtyýarlygyna şu aşakdaky meseleler degişli edilýär:

1) aw awlaýan ýa~da aw awlamak bilen deňeşdirilýän hereketleri edýän adamlaryn aw awlamak hukugyna güwä geçýän resminamalaryny barlamak, aw tüpeňini, beýlekl aw gurallaryny we aw önümlerinl gözden geçlrmek;

2) edilen hukuk bozulmalar barada resminamalary düzmek we şular ýaly hukuk bozulmalary eden adamlar barada hukuk goraýjy edaralara habar bermek;

3) saklanylan adamlaryň zatlaryny we hut özlerini gözden geçirmek, awçylaryň suwda ýüzýän we ulag serlşdelerini saklamak hem-de gözden geçirmek, ýaraglary, beýlekl aw gurallaryny we aw önümlerini, şol sanda olar daşalan mahaly, saklanylýan3 gaýtadan işlenilýän we ýerlenilýän ýerlerinde barlamak;

4) aw awlamaga hukuk berýän resminamalary, ýaragy we ok-därileri, beýleki aw gurallaryny ýa-da hukuk bozmagyň guraly bolan zatlary, bikanun ele salnan aw önümlerini, suwda ýüzýän we ulag serişdelerini, şeýle hem degişli resminamalary hukuk bozujylaryň elinden alyp, olaryň elinden alnandygyny bellenilen tertipde resmileşdirmek.

Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine pudaklaýyn gözegçiligi amala aşyrmak öz ygtyýarlygynda awlaglar berkidilen kärhanalary, edaralary we guramalary bolan ministrlikleriň we beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň üstüne ýüklenilýän Şunda pudaklaýyn gözegçiligi amala aşyrýan ministrlikler we beýleki döwlet dolandyryş edaralary

Tebigaty goramak ministrliginiň hem-de ýörite ygtyýarly edilen beýleki edaralaryň kararlaryny we gaýry resminamalaryny goldanmalydyrlar.

Bellenilişi ýaly, aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligini öz Tertipnamasyna laýyklykda Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşigi amala aşyrýar.

## 7. Balyk tutmagyň hukuk kadalaşdyrylyşy

Balyk tutmagy kadalaşdyrmak we balyk ätiýaçlyklaryny goramak boýunça umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary (Balyk hojalyk döwlet komiteti, Tebigaty goramak ministrligi, Balyk hojalyk döwlet komitetiniň Döwlet balyk gorag mudirligi) amala aşyrýarlar.

Balyk hojalyk döwlet komiteti Türkmenistanyň Prezidentiniň 1991-nji ýylyň 8-nji oktýabryndaky karary bilen tassyklanan Düzgünnama (Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň 24-nji iýulyndaky karary bilen üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi) laýyklykda merkezi döwlet dolandyryş edarasy bolup durýar. Ol kanunçylyga laýyklykda oz ygtyýarlygynyň çäklerinde ähli balyk hojalyk suw howdanlarynda, şeýle hem Hazar deňziniň degişli akwatoriýasynda balyk ätiýaçlyklaryna eýelik edýär, olardan peýdalanýar we olara ygtyýar edýär. Bu Komitet Tebigaty goramak ministrligi bilen bilelikde balyklaryň, beýleki suw jandarlarynyň we ösümlikleriniň döwlet kadastryny we olary hasaba almagy ýöredýär; balyk

tutmagyň ýol berilýän möçberlerini kesgitleýär, olary tutnagyň, balyklary we beýleki suw jandarlaryny we ösümliklerini ösdürip ýetişdirmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan düzgünini işläp taýýarlaýar; balyk tutmagyň we balyk hojalygynyň meseleleri barada halkara şertnamalaryny baglaşmak hakyndaky teklipleri işläp taýýarlaýar we beýleki meseleleri çözýär.

Balyk hojalyk döwlet komitetine şu aşakdaky hukuklar berlendir:

1) Tebigaty goramak ministrligi bilen bilelikde balyk hojalygy babatda ähmiýetli bolan suw howdanlarynyň arassalygyna we düzgünine degişli görkezijileri we talaplary işläp taýýarlamak hem-de tassyklamak;

2) öndüriji güýçleri ösdürmegiň we ýerleşdirmegiň ülňüleriniň, tebigaty goramagyň sebitleýin toplumlaýyn ülňüleriniň, suw, ýer we beýleki serişdeleri toplumlaýyn peýdalanmagyň ülňüleriniň, taslama materiallarynyň taslanylýan halk hojalyk desgalarynyň we işleriň geçirilmegini balyk hojalyk howdanlarynyň we olaryň biologik serişdeleriniň ýagdaýyna edýän täsirine baha bermek babatda olaryň döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmäge gatnaşmak;

3) balyk tutmak we Hazar deňziniň türkmen böleginiň balyk serişdelerini rejeli peýdalanmak babatda daşary ykdysady hyzmatdaşlygy amala aşyrmak we beýlekiler.

Tebigaty goramak ministrllgi ýurtda tebigaty goraýyş işini (şol sanda balyk ätiýaçlyklaryny) toplumlaýyn dolandyrmagy amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Balyk hojalyk döwlet komitetiniň Döwlet balyk gorag müdirligi (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 4-nji

iýunyndaky Karary bilen tassyklandy) hem balyk tutmagy kadalaşdyrmak we balyk ätiýaçlyklaryny goramak babatda belli bir dolandyryş wezipelerlni ýerine ýetirýär. Ol Türkmenistanyň ähll balyk hojalyk suw howdanlarynda we Hazar deňziniň degişli akwatoriýasynda balyk ätiýaçlyklaryny we suw haýwanlaryny goramagy amala aşyrýar. Onuň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler:

1) balyk hojalyk suw howdanlarynyň hasabyny ýöretmek;

2) balyk hojalygyny ýöretmegiň şertleri we köl harytlyk hem-de beýleki medeni balyk hojalyklaryny döretmek barada balyk senagaty kärhanalary we beýleki balyk taýýarlaýyş kärhanalary we guramalary bilen şertnamalary baglaşmak;

3) awçylaryň we balykçylaryň jemgyýetleri bilen baglaşylan şertnamalaryň esasynda höwesjeň we sport maksatly balyk tutmagy hem-de medeni balyk hojalyklaryny guramak üçin suw howdanlaryny ýa-da olaryň böleklerini kesgitlemek;

4) balyk taýýarlaýan kärhanalara, beýleki guramalara we raýatlara balyk we beýleki suw haýwanlaryny tutmaga hukuk berýän rugsatnamalary bermek;

5) bellenilen tertipde balyk we beýleki suw haýwanlaryny ylmy-barlag, uýgunlaşdyrmak we gaýry maksatlar üçin tutmaga ygtyýanamalary bermek;

6) Hazar deňziniň iki kilometrlik kenar zolagynda we ýurduň-ähli içerki suw howdanlarynda kärhanalary we beýleki hojalyk desgalaryny guramagyň, durkuny täzelemegiň, tehnika bilen täzeden enjamlaşdyrmagyň taslama materiallaryna döwlet ekologik ekpertizany amala aşyrmak we beýlekiler.

Balyk tutmagy kadalaşdymiak we balyk ätiýaçlyklaryny goramak boýunça gözegçiligi umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary (Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary) hem-de ýörite ygtyýarly edilen döwlet dolandyryş edaralary (Tebigaty goramak ministrligi, Balyk hojalyk döwlet komitetiniň Döwlet balyk gorag müdirligi) amala aşyrýarlar.

Tebigaty goramak ministrligi (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky Karary bilen tassyklandy) töwerekdäki tebigy gurşawyň (şol sanda balyk ätiýaçlyklarynyň) peýdalanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar.

Balyk hojalyk dowlet komitetiniň Döwlet balyk gorag müdirligi (Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 4-nji iýunyndaky Karary bilen tassyklandy) balyk hojalyk suw howdanlarynda balyk serişdeleriniň ýagdaýyna, balyk tutmagyň we balyk ätiýaçlyklaryny goramagyň bellenilen kadalarynyň berjaý edilişine, şeýle hem kärhanalar, guramalar, edaralar (guramaçylyk-hukuk ýagdaýyna garamazdan), daýhan birleşikleri, Hazar denzine (iki kilometrlik kenar gorag zolagynda) we yurduň içerki suw howdanlaryna hapa suwlary akdyrmagy amala aşyrýan gämiler, beýleki ýüzýän serişdeler, desgalar tarapyndan tebigaty goraýyş kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik edýär.

Türkmenistanyň çäk suwlarynda we içerki suw howdanlarynda balyk ätiýaçlyklaryny goramak we balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakyndaky Düzgünnama (Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 20-nji

martyndaky Karary bilen tassyklandy) laýyklykda Döwlet balyk gorag müdirliginiň wezipeli adamlaryna şu aşakdaky hukuklar berlendir:

1 ) Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplarynyň, Türkmenistanyň raýatlarynyň hem-de ýurtda ýaşaýan ýa-da bolýan beýleki adamlaryň balyk we beýleki suw haýwanlaryny tutmagy amala aşyrmaga we aýratyn goralýan territoriýalarda (akwatoriýada) bolmaga rugsat berýän resminamalaryny barlamak;

2) edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň, daýhan birleşikleriniň wezipeli adamlaryndan we raýatlardan olar tarapyndan balyk ätiýaçlyklaryny goramak we balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakyndaky kanunçylygyň bozulmalary barada düşündirişleri talap etmek;

3) balyk ätiýaçlyklaryny goramak we balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakyndaky kanunçylygy bozujylary saklamak, degişli resminamalary düzmek, şu babatda dolandyryş-hukuk bozulmalary baradaky işlere garamak, günäkärlere jerimeleri we beýleki dolandyryş temmi çärelerini ulanmak, görkezilen hukuk bozujylary hukuk goraýjy edaralara eltmek;

4) saklanan adamlaryň şahsy zatlaryny we hut özlerini gözden geçirmek, balyk tutmagyň we beýleki suw haýwanlaryny ele salmagyň gurallaryny, şol haýwanlardan alnan önümleri, şoi sanda olar daşalýan wagtynda, saklanylýan, gaýtadan işlenilýän we ýerlenilýän ýerlerinde barlamak;

5) hukuk bozujylardan bikanun alnan önümi, balyk tutmagyň gurallaryny, ýüzýän we ulag serişdelerini yzyna

almak, şeýle hem degişli resminamalary almak (bellenllen tertipde olaryň alynýandygyny resmileşdirmek bilen);

6) balyk hojalyk suw howdanlaryndaky kärhanalara, gidrotehniki desgalara, goraghanalara we beýlekilere barmak hem-de balyk ätiýaçlyklaryny goramak we balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakyndaky kanunçylygyň ýüze çykarylan bozulmalaryny aradan aýyrmak barada ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri bermek;

7) balyk we beýleki suw haýwanlaryny tutmak bilen meşgul bolýan kärhanalaryň we guramalaryň wezipeli adamlarynyň balyk ätlýaçlyklaryny goramak we balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakyndaky kanunçylyga garşy hereketlerini we görkezmelerini duruzmak we ýatyrmak;

8) balyk ätiýaçlyklaryny we beýlekl suw haýwanlaryny, olaryň ýaşaýyş gurşawyny, köpeliş şertlerini we göçüş ýollaryny goramak baradaky kadalar we beýleki talaplar bozulyp geçirilýän işleri duruzmak;

9) kanunçylygyň talaplarynyň bozulmagy netljeslnde balyk hojalygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak barada kärhanalara, guramalara, edaralara (guramaçylyk-hukuk görnüşlerlne garamazdan) we raýatlara kanunda bellenllen tertipde hak islegini bildlrmek we beýlekiler.

# Tema 15. Atmosfera howasyny goramak. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň hukuk düzgüni

## 1. Atmosfera howasy goramagyň obýekti hökmünde

Atmosfera howasy tebigy gurşawyň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Ol tebigy obýekt hökmünde önümçilik, ulag wezipelerini ýerine ýetirýär hem-de adamlaryň saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýşa ukyplylygyna, klimat serişdelerine, şeýle hem maddy gymmatlyklarynyň ýagdaýyna we saklanylmagyna täsir edýär. Belli bolşy ýaly, atmosfera howasynda ähli janly organizmleriniň, şol sanda adamyň ýaşaýşy üçin zerur bolan kislorod bar. Ýer şarynyň howa perdesi ýaşaýyş jaý üçin zyýanly bolan kosmiki şöhlelerden goramak wezipesini ýerine ýetirýär hem-de şol bir wagtyň özünde gün energiýasyny geçiriji bolup durýar.

Garaşsyzlyk şertlerinde Türkmenistanyň raýatlarynyň zähmetiniň, durmuşynyň, dynç almagynyň we saglygymyň goralmagy üçin degişli şertleri üpjün etmek Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemişelik aladasy bolup durýar. Ýurtda tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmagy, atmosfera howasynyň goralmagyny üpjün etmek maksady bilen şu babatdaky kanunçylyk kämilleşdirilýär we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan möhüm hukuk namalary kabul edilýär.

Kanunçylykda atmosfera howasyny goramagyň ýörelgeleri berkidilýär. Olar şu aşakdakylardyr: atmosfera

howasyny goramaklyga toplumlaýyn çemeleşmek, atmosfera howasynyň ýagdaýyna zyýanly täsir etmegiň öňüni almak, atmosfera howasynyn ýagdaýyna hemlşelik syn etmek, atmosfera howasyny goramak hakyndaky kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik, atmosfera howasyny goramak baradaky hukuk talaplarynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligiň gutulgysyzlygy, atmosfera howasyny goramakda milli we halkara wezipelerini utgaşdyrmak.

Atmosfera howasynyň goralmagyny üpjün etmekde 1996-njy ýylyja 20-nji dekabrynda kabul edilen "Atmosfera howasyny goramak hakyndaky" kanunyň ähmiýeti uludyr. Bu kanunda atmosfera howasynyň arassalygyny we onuň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek, atmosfera ýetirilýän zyýanly himiki, fiziki, blologik we beýleki täsirleriň öňüni almak, şeýle hem atmosfera howasyny goramak işinde kanunylygy pugtalandyrmak baradaky gatnaşyklar düzgünleşdirilýär.

Görkezilen kanunda atmosfera howasyny goramak bilen baglanyşykly şu aşakdaky esasy meseleler kadalaşdyrylýar:

1) atmosfera howasyny goramak babatda döwlet işiniň esasy ugurlary hem-de döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklary;

2) atmosfera howasyny goramak işine jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýatlaryň gatnaşmagy;

3) atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň toplanmagynyň we goýberilmeginiň ýol berilýän çäkleriniň we oňa ýetýän zyýanly fiziki täsirleriň derejeleriniň ýol berilýän çäkleriniň görkezijileri;

4) gozgalmaýan we göçme hapalaýjy çeşmeleriň atmosfera hapalaýjy maddalary goýbermegini we oňa ýetýän zyýanly fiziki täsirleri kadalaşdyrmak;

5) atmosfera howasynyň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalary, desgalary we beýleki obýektleri, ýerleşdirmegiň taslamagyň, gurmagyň we ulanmaga bermegiň şertleri;

6) şäherler we beýleki ilatly ýerler ýerleşdirilende we ösdürilende atmosfera howasyny goramak baradaky talaplar;

7) himiki maddalar öndürilinde, saklananda, ulanylanda, daşalanda we ýok edilende atmosfera howasyny goramak baradaky talaplar;

8) senagat we durmuş galyndylary ýerleşdirilende, gaýtadan işlenende, gömülende we zyýansyzlandyrylanda atmosfera howasyny goramak baradaky talaplar;

9) ozon gatlagyna we klimata zyýanly täsir edilmeginiň öňüni almak baradaky çäreler;

10) atmosfera howasyna döwlet gözegçiligi we onuň goralmagy;

11) atmosfera howasyny goramak hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärçilik.

Türkmenistanyň raýatlarynyň ýaşaýyş üçin amatly, sagdyn, arassa tebigy gurşawa, şol sanda arassa atmosfera howasyna bolan hukugy Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, Tebigaty goramak hakyndaky kanundan, Sanitariýa kodeksinden gelip çykýar.

Atmosfera howasyny goramak baradaky kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, jemgyýetçilik birleşikleri we

raýatlar atmosfera howasyny goramak boýunça çäreleri durmuşa geçirmekde döwlet edaralaryna ýardam edýärler.

Türkmenistanyň raýatlaryna atmosfera howasyny goramak babatda şu aşakdaky hukuklar berilýär:

1) döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryndan, atmosfera howasyny goramak boýunça ýörite ygtyýarly döwlet edaralaryndan, edara görnüşindäki taraplardan atmosfera howasynyň hapalanyşynyň ýagdaýy barada we ony goramak hem-de sagdynlaşdyrmak boýunça olaryň görýän çäreleri barada anyk maglumat almak;

2) heläkçilikli ýagdaýlar sebäpli we atmosfera howasyny atylyp çykýan zyýanly maddalar netijesinde özleriniň saglygyna we şahsy hojalygyna ýetirilen zyýan üçin kanunçylykda bellenilen tertipde edara görnüşindäki taraplardan onuň öwezini almak;

3) atmosfera howasyny hapalamagyň çeşmesine goşmaça döwlet ekologik ekspertizany geçirmegiň zerurlygy barada ygtyýarly edaralaryň öňünde meseleleri goýmak;

4) atmosfera howasyny goramak boýunça döwlet edaralarynyň geçirýän çärelerini amala aşyrmaga gatnaşmak;

5) atmosfera howasyny goramak boýunça kanunçylygyň özlerine mälim bolan bozulmalary barada habar bermek.

Türkmenistanyň raýatlarynyň atmosfera howasyny goramak baradaky hukuklary kanun tarapyndan goralýar we kepillendirilýär, olaryň bozulan hukuklary bolsa dikeldilmäge degişlidir.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, Türkmenistanyň raýatlary atmosfera howasyna aýawly

garamaga borçludyrlar, olar atmosfera howasynyň hapalanmagyna we zaýalanmagyna getirip biljek hereketleri etmekden saklanmalydyrlar. Raýatlar tarapyndan atmosfera howasyny goramak baradaky borçlaryň ýerine ýetirilmezligi kanunçylykda göz öňüňde tutulan halatlarda hukuk jogapkärçiligine getirip biler.

## 2. Atmosfera howasyny goramak babatda döwlet dolandyryşy we gözegçgiligi

Atmosfera howasyny goramak babatdaky döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamynda ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary aýratyn orun tutýar. Şunda bu edaralaryň wezipeleri atmosfera howasyny goramak babatda döwlet işiniň esasy ugurlaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Döwlet işiniň esasy ugurlary bolsa şu aşakdakylardyr:

l) atmosfera howasyna himiki, biologik, radiasion, fiziki we beýleki zyýanly täsir edilmeginiň öňüni almak, azatmak we bes etmek, şeýle hem atmosfera howasyna parnik gazlarynyň täsiriniň öňüni almak;

2) önümçilik hajatlary üçin atmosfera howasyny rejeli peýdalamnak we onuň tebigy düzümini dikeltmek boýunça çäreleri amala aşyrmak;

3) atmosfera howasyny goramak boýunça çäreler amala aşyrylanda topragyň, suwlaryň we beýleki tebigy obýektleriň hapalanmagyna ýol berilmezlik;

4) jemgyýetiň howany goramak hem-de ykdysady we durmuş bähbitlerni utgaşdyrmagyň ylmy taýdan esaslandyrylmagy;

5) ykdysady bähbitleriň öňünde atmosfera howasyny goramagyň ileri tutulmagyny üpjün etmek;

6) atmosfera goýberilýän zyýanly zyňyndylaryň we hojalyk işini ýöredýänleriň atmosfera howasyny peýdalanmaklarynyň gurşawa edýän täsirine toplumlaýyn baha bermek;

7) atmosfera howasyny goramagy we ondan rejeli peýdalanmagy höweslendirmek.

Görkezilenlerden ugur alnyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler şulardyr:

l) atmosfera howasyny goramak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny ýöretmek;

2) atmosfera howasyny goramak barada hukuk namalary işläp taýýarlamak we kabul etmek;

3) adatdan daşary ýagdaýlary goşmak bilen atmosfera howasyna zyýanly täsir edilmeginiň tertibini tassyklamak we döwlet hasaba alnyşyny üpjün etmek;

4) atmosfera howasyna zyýanly täsir edilenligi üçin edara göraüşindäki taraplardan töleg almagyň tertibini bellemek;

5) atmosfera howasyny goramak boýunça bellenilen kadalary we düzgünleri bozan halatlarynda hojalyk işini alyp barýanlaryň işini bes etmek ýa-da önümçiligiň ugruny üýtgetmek barada kararlary kabul etmek;

6) atmosfera howasyny goramak babatda halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak.

Türkmenistanyň kanunçylygynda atmosfera howasyny goramak babatda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet adaralarynyň ygtyýarlygy hem kesgitlenilýär. Olaryň wezipeleri:

l) welaýatlarda, etraplarda we şäherlerde atmosfera howasyny goramak babatda döwlet sýýasatyny durmuşa geçirmek;

2) edara görnüşindäki taraplaryň atmosfera howasyny goramak baradaky kanunçylygyň berjaý edişlerine gözegçilik etmek;

Atmosfera howasyny goramak hakyndaky" kanuna hem-de Tebigaty goramak ministrligi hakyndaky Düzgümama laýyklykda bu Ministrligiň ygtyýarlygyna atmosfera howasyny goramak babatda şu aşakdaky meseleler degişli edilýär:

l) edara görnüşindäki taraplaryň we raýatlaryň atmosfera howasyny goramak babatdaky kanunçylygy berjaý edişlerine döwlet gözegçiligi;

2) atmosfera howasyny hapalaýjy gozgalmaýan we göçme çeşmeleriň hapalaýjy maddalary goýbermeginiň ýol berilýän çäkleriniň görkezijilerini işläp taýýarlamak, tassyklamak we olaryň berjaý edilişine gözegçilik;

3) tebigy gurşawa hapalaýjy maddalaryň goýberilýändigi üçin tölegiň ylmy taýdan esaslandyrylan görkezijileriniň taslamalaryny işläp taýýarlamak we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary bilen bilelikde olary tassyklamak;

4) tozan tutujy we gaz arassalaýjy enjamlaryň ulanylyşyna gözegçilik etmek;

5) atmosfera howasyny goramak boýunça bellenilen kadalary we düzgünleri bozan halatlarynda hojalygy ýöredýänleriň işini wagtlaýyn duruzmak barada kararlary kabul etmek;

6) bellenilen görkezijileriň çäklerinde atmosfera howasynyň hapalanylandygy üçin töleg almak;

7) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalary bellenilen görkezijilerden geçip artyk goýberlen digi üçin dolandyryş hukuk bozulmalary baradaky işlere garamak we şol hukuk bozulmalar üçin dolandyryş temmi çärelerini ulanmak;

8) atmosfera howasyna zyýanly täsirleri azaltmak boýunça geçirilýän iş üçin edara görnüşindäki taraplary höweslendirmek.

Atmosfera ýagdaýyny öwrenmek (maglumatlary toplamak, saklamak, gözlemek we işläp taýýarlamak) bir bitewi ulgam boýunça amala aşyrylýar. Atmosfera howasynyň hapalanyşyna, ozon gatlagynyň we klimatyň üýtgemegine syn etmek daşky gurşawa syn etmegiň döwlet ulgamynyň çäklerinde Tebigaty goramak ministrliginiň üstüne ýüklenilýär. Ilatly ýerleriň gurlan ýerlerinde atmosfera howasyna fiziki taýdan täsir edilişine syn etmek Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Hojalyk işiniň we meteorologik şertleriň täsiri astynda atmosferanyň hapalanyş derejeleri baradaky maglumatlar we çaklamalar bilen gyzyklanýan döwlet we jemgyýetçilik guramalaryny we kärhanalaryny yzygiderli üpjün etmek tebigy gurşawyň hapalanyş derejesine syn we gözegçilik edýän umumydöwlet gullugynyň üstüne ýüklenilýär.

Meteorologik ýagdaýlaryň, hapalaýjy maddalaryň atmosfera goýberilmeginiň we oňa ýetýän beýleki zyýanly täsirleriň amatsyz utgaşmagy netijesinde aýry-aýry ilatly ýerlerde adamlaryň jany we saglygy üçin howp dörese, tebigy gurşawyň hapalanyş derejesine syn we gözegçilik edýän umumydöwlet gullugynyň edaralary bu barada haýal etmän Ministrler Kabinetine, degişli ýerli ýerine ýetiriji

häkimiýet edaralaryna, gyzyklanýan kärhanalara habar bermelidirler. Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary şeýle habarlary alanlaryndan soň atmosfera goýberilýän zyýanly maddalaryň badyny peseltmek we atmosfera ýetýän beýleki zyýanly täsirleri ýok etmek maksady bilen edara görnüşindäki taraplary we ulag serişdelerini ýörite iş düzgünine geçirmek, olaryň işini wagtlaýyn duruzmak ýaly gaýragoýulmasyz çäreleri görüp bilýärler.

Edara gömüşindäki taraplar Tebigaty goramak ministrliginiň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň edaralary bilen ylalaşyp, statistika edaralaryna atmosfera goýberilýän zyýanly hapalaýjy maddalar, önümçilik-hojalyk hajatlary üçin atmosfera howasyny sarp etmek we oňa zyýanly fiziki tasir edilmegi barada bellenilen möhletlerde maglumat hasabatlary bermelidir. Edara gömüşindäki taraplar Tebigaty goramak ministrliginlň edaralary bilen ylalaşylan maglumatlar esasynda kärhananyň ekologik pasportyny işläp taýýarlamagy we ony yzygiderli dolduryp durmagy amala aşyrmalydyrlar.

Adamlaryň saglygyna fiziki taýdan zyýanly täsir edýän gozgalmaýan we göçme çeşmelere, atmosfera goýberilýän zyýanly maddalara we atmosfera howasynyň sarp edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak Tebigaty goramak ministrliginiň we ýörite ygtyýarly beýleki döwlet edaralarynyň üstüne ýüklenilýär. Bu döwlet edaralary görkezilen gözegçiligi amala aşyrmak işine bellenilen tertipde pudaklaýyn ekologik gulluklary çekmäge haklydyrlar.

Atmosfera howasyna we klimata zýýanly täsir ediji çeşmelere pudaklaýyn gözegçilik etmek ministrlikleriň we

beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň ekologik gulluklarynyň üstüne ýüklenilýär. Atmosfera howasyna zyýanly täsir ediji çeşmelere önümçilik gözegçiligini amala aşyrmak edara gömüşindäki taraplaryň üstüne ýüklenendir. Atmosfera howasyna zyýanly täsir ediji çeşmelere jemgyýetçilik gözegçiligi ekologik gulluklaryň hünärmenlerini çekmek bilen jemgyýetçilik birleşikleri we beýlekiler tarapyndan amala aşyrylýar. Ony geçirmekden alnan netijeler maslahat beriji häsiýetdedir.

Atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň toplanmagynyň ýol berilýän çäkleriniň hem-de oňa ýetýän zyýanly fiziki täsirleriň ýol berilýän çäkleriniň görkezijileri ýurduň çäginde ýeke-täkdir. Göz öňünde tutulyşy ýaly, Türkmenistanyň käbir ýerleri üçin belli bir çäklerde atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň toplanmagynyň ýol berilýän çäkleriniň has aşaky görkezijileri bellenilip bilner.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň toplanmagynyň ýol berilýän çäkleriniň we oňa ýetýän fiziki täsirleriň derejesiniň ýol berilýän çäkleriniň görkezijilerini işläp taýýarlamagyň we tassyklamagyň tertibi Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilmäge degişlidir.

Gozgalmaýan çeşmelerden atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň goýberilmeginiň ýol berilýän çäkleriniň görkezijileri edara gömüşindäki taraplaryň tabşyrmagy boýunça ýöriteleşdirilen kärhanalar (guramalar) tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar. Bu görkezijileri tassyklamak bolsa Tebigaty goramak ministrliginiň ygtyýarlygyna degişli edilendir.

Hapalaýjy maddalaryň atmosfera howasyna goýberilmeginiň hem-de oňa ýetýän zyýanly fiziki täsirleriň ýol berilýän çäkleriniň görkezijilerini, atmosfera howasyny goramak boýunça ekologik pasportlary işläp taýýarlamagy ýerine ýetirýän kärhanalar we hünärmenler ýokarda görkezilen işleri amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamany almaga borçludyrlar. Bu ygtyýarnamany bermegiň tertibi bolsa Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

## 3. Atmosfera howasyny zyýanly täsirlerden goramak çäreleri.

Kanunçylykda özleriniň işi atmosfera howasyna hapalaýjy maddalary goýbermek we oňa zyýanly fiziki täsirleri ýetirmek bilen baglanyşykly bolan edara gömüşindäki taraplaryň üstüne belli bir borçlar ýüklenilýät. Ol borçlar şu aşakdakylardyr:

1) atmosfera howasyny goramak boýunça geçirilmeli işleriň taslamasynda göz öňünde tutulan çäreleri we töwerekdäki gurşawy goramak boýunça degişli wezipeli adamlaryň görkezmelerini ýerine ýetirmek;

2) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň goýberilmegini we oňa ýetirilýän zyýanly fiziki täsirleri azaltmak üçin arassalaýjy desgalaryn, enjamlaryň we abzallaryň bökdençsiz netijeli işlemegini üpjün etmek we oňa gözegçilik;

3) atmosfera howasyna goýberilýän hapalaýjy maddalaryň mukdarynyň düzüminiň hasabyny ýöretmek;

4) atmosfera howasyna goýberilýän hapalaýjy maddalar baradaky maglumatlaryň hasabatynyň öž

wagtynda berilmegini we onuň hakykata laýyk bolmagyny üpjün etmek;

5) kärhanalaryň, desgalaryň we beýleki obýektleriň we gurluşyk işleri alnyp barlanda atmosfera howasyny goramak boýunça talaplary berjaý etmek babatda pudaklaýyn gözegçiligi amala aşyrmak;

6) amatsyz meteorologik şertleriň döremegi sebäpli atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň toplanyşynyň artmagynyn mümkindigi barada duýduryş alnandan son Tebigaty goramak ministrligi we onuň ýerlerdäki edaralary bilen ylalaşyp, şolar ýaly maddalaryň atmosfera goýberilmegini azaltmak boýunça ýörite işlenip taýýarlanylan çäreleri amala aşyrmak;

7) güýçli täsir ediji awuly maddalary we howa çalt ýaýraýan birleşmeleri saklamak we ulanmak hem-de şolardan boşan gaplary zyýansyzlandyrmak şertlerini berjaý etmek;

8) atmosfera atylyp çykýan we heläkçilikler sebäpli hapalaýjy maddalaryň göyberilişini ýok etmek boýunça bellenilen tertipde çäreler görmek;

9) atmosfera hapalaýjy maddalary goýbermek bilen baglanyşykly bolan pudagyň tabynlygyndaky kärhanalary Tebigaty goramak ministrligi bilen ylalaşyp, statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralarynda bellige almagy geçirmek;

10) hapalaýjy maddalary goýberýän guramaçylyksyz çeşmeleri ýok etmek we olary guramaçylykly çeşmeleriň hataryna geçirmek boýunça çäreler görmek;

11) atmosfera howasyna zyýanly täsir etmegiň ýol berilýän çäklerini belleýän görkezijileri berjaý etmek;

12) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalary goýberýän çeşmeleri tozan tutujy gural bilen, gaz arassalaýjy apparatura bilen we atmosfera howasyna goýberilýän hapalaýjy maddalaryň mukdaryna we himiki düzümine gözegçilik ediji serişdeler bilen abzallaşdyrmak;

13) tozan tutujy gurala we gaz arassalaýjy apparatura, hapalaýjy maddalaryň atmosfera goýberilmegini azaltmak üçin gerek bolan beýleki serişdelere we enjamlara pasportlary işläp taýýarlamak, olary yzygiderli dolduryp durmak hem-de bellenilen tertipde bellige almak üçin Tebigaty goramak ministrligine gowşurmak.

"Tebigaty goramak hakyndaky" kanunda. " Atmosfera howasyny goramak hakyndaky" atmosfera howasynyň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalary, desgalary we beýleki obýektleri ýerleşdirmegiň, taslamagyň, gurmagyň we ulanmaga bermegiň şertleri kesgitlenilýär.

Göz öňünde tutulyşy ýaly, täze hem-de durky täzelenilen kärhanalar, desgalar beýleki obýektler ýerleşdirilen, taslanan, gurlan we ulanmaga berlen mahalynda “Döwlet ekologik ekspertizasy hakyndaky” we beýleki hereket edýän hukuk namalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek zerur hasaplanylýar.

Atmosfera howasynyň ýagdaýyna täsir edýän kärhanalaryň, desgalaryň we beýleki obýektleriň gurulmaly ýerlerini, olary gurmak hem-de olaryň durkuny täzelemek taslamalaryny kesgitlemek işi hereket edýän hukuk namalaryna laýyklykda atmosfera howasynyň ýagdaýyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan Tebigaty goramak ministrligi we ýörite ygtyýarly edilen beýleki döwlet dolandyryş edaralary bilen ylalaşylmaga degişlidir.

Kanunçylykda ýurduň çäginde öndürilýän we daşary ýurtlardan getirilýän derman serişdelerinden we maldarçylyk preparatlaryndan başga ähli hlmiki maddalaryň döwlet synaglary geçirilenden soňra döwlet belligine alynmalydygy göz öňünde tutulýar. Olaryň bellige alynmagy ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň ygtyýarlygyna degişlidir. Görkezilen maddalary bellige almak üçin ýazyp bermek, döwlet sanaglaryny geçirmek, bellige almak bilen baglanyşykly işleriň tölegini tölemek himiki maddalary öndüriji kärhanalar ýa-da daşary ýurtlardan şol maddalary satyn alýan edara görnüşindäki taraplar amala aşyrýarlar. Döwlet synaglaryny geçirmek üçin niýetlenilen himiki maddalar ýurda atmosfera howasynyň hiline ýaramaz täsir edip bilmez ýaly möçberde getirilip bilner. Bellige alynmadyk we peýdalanmaga rugsat berlen himiki maddalaryň sanawyna goşulmadyk himiki maddalary daşary ýurtdan satyn almak, saklamak we ulanmak gadagandyr.

Ykdysadyýetde ulanmaga rugsat berilýan ösümlikleri goraýyş serişdeleriniň, olaryň ösüşini batlandyryjylaryň, mineral dökünleriň we beýleki preparatlaryň sanawy hem-de olary ulanmagyň usullary atmosfera howasynyň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan ýörite ygtyýarly edaralar bilen kanunçylykda bellenilen tertipde ylalaşylmaga degişlidir. Oba hojalyk ekinlerini himiki usulda işläp bejermek Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan tassyklanylan himiki maddalary ulanmagyň kadalaryny berjaý etmek arkaly geçirilýär.

Himiki maddalary peýdalanmak arkaly işler geçirilende şol maddalar bilen atmosfera howasynyň hapalanyş derejesine pudaklaýyn gözegçilik edilmelidir.

Himiki maddalary daşamak kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde geçirilmelidir. Ösümlikleri himiki serişdeler arkaly goramak usuly ulanylanda köplenç ýerüsti usul peýdalanylýar, beýleki usullary ulanmak diňe şu babatda ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary bilen ylalaşylyp amala aşyrylýar.

Ösümlikleri goramak üçin ulanylýan täze preparatlar, olaryň öşüşini batlandyryjylar, mineral dökünler döredilende atmosfera howasynda şol preparatlaryň galyndylarynyň toplanylmagynyň ýol berilýän çäkleriniň görkezijileri we olaryň mukdaryny kesgitlemegiň usullary işlenip taýýarlanylýar. Gadagan edilen we derde ýaramaz ýaly ýagdaýa düşen himiki maddalary we olardan boşan gaplary ýok etmek ýa-da zyýansyzlandyrmak ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary bilen ylalaşylyp, ekologiýa taýdan howpsuz usullar ulanylyp geçirilmelidir. Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, senagatyň gaty galyndylary, atmosfera howasyny hapalaýjy çeşme bolup durýan önümçilik we durmuş zibilleri, ýanagan, aňsat ot alýan, simap we lýuminessent çyralary, zyýanly gaz şekilli jisimli önümler, rezin önümleri, ýangyç we çalgy ýaglaryndan boşan gaplar hem-de beýleki galyndylary gaýtadan işlenilmäge ýa-da ýörite bellenilen ýerlerde (poligonlarda) üýşürilip saklanylmaga degişlidir. Diňe gaýtadan işlemek üçin kabul ederlikli, ekologiýa taýdan arassa tehniki çözgütleri tapylmadyk galyndylar gömülmäge degişli edilýär. Atmosfera howasyny hapalaýan önumçilik we durmuş suwuk galyndylary gaýtadan işlenilmäge, arassalanmaga, degişli bolup durýar. Önümçilik we durmuş galyndylaryny

zyýansyzlandyrmagyň tehnologiýasy döwlet ekologik ekspertizasyndan geçirilmäge degişlidir.

Ilatly ýerleriň degerli sanitariýa ýagdaýyna önümçilik we durmuş galyndylaryny öz wagtynda äkitmegi we zyýansyzlandyrmagy, galyndylaryň aňsat ot almagyna ýol bermezligi üpjün etmek ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň borçlarydyr. Önümçilik we durmuş galyndylaryny ýygnamak üçin degişli gaplar bilen enjamlaşdyrylan ýörite meýdançalar bölünip berilmelidir. Senagat we durmuş galyndylaryny gömmek, gaýtadan işlemek ýa-da üýşürip goýmak üçin ýörite ýerleri (poligonlary) ýerleşdirmek meseleleri ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan Tebigaty goramak ministrligi we ýörite ygtyýarly edilen beýleki döwlet edaralary bilen ylalaşylyp çözülýär.

## 4. Atmosfera howasyny goramak babatda hukuk bozulmalar we olar üçin jogapkärçilik

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şu aşakdaky hereketler (hereketsizlik) atmosfera howasyny goramak babatda hukuk bozulmalary hasaplanylýar:

1) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalary goýbermegiň, oňa ýetýän fiziki taýdan zyýanly täsirleriň ýol berilýän çäkleriniň görkezijilerinden artyk geçmek;

2) ýörite ygtyýarly döwlet edaralaryndan birugsat atmosfera howasyna hapalaýjy maddalary goýbermek;

3) atmosfera howasyna goýberilýän hapalaýjy maddalary arassalamak we oua gözegçilik etmek üçin oturdylan desgalary, enjamlary, abzallary ulanmagyň kadalaryny bozmak, şeýle hem olary ulanmazlyk;

4) atmosfera howasyny goramak baradaky talaplara laýyk gelmeýän täze, durky täzelenilen kärhanalary, desgalary we beýleki obýektleri ulanmaga bermek;

5) goýberýän hapalaýjy maddalary bellenilen görkezijilerden artyk bolan awtomobilleri, uçarlary, gämileri we ýöreýän beýleki serişdeleri hem-de desgalary öndürmek we ulanmak;

6) atmosfera howasyny goramak barada bellenilen talaplary kanagatlandyrmaýan hem-de atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň goýberilişine gözegçilik etmegiň tehniki serişdeleri bilen üpjün edilmedik açyşlar, oýlap tapyslar, täze tehniki ulgamlary, maddalary we materiallary önümçilige ornaşdyrmak, şeýle hem daşary ýurtlardan şolar ýaly tehnologik enjamlary we beýleki obýektleri satyn almak;

7) senagat we durmuş galyndylaryny üýşürip goýmagyň, ösümlikleri goraýyş ösümlikleri serişdeleri, olaryň ösüşini batlandyryjylary, mineral dökünleri hein-de atmosfera howasyny hapalamagy mümkin bolan beýleki preparatlary daşamagyň, saklamagyň we ulanmagyň kadalaryny bozmak;

8) atmosfera howasynyn goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralaryň görkezmelerini ýerine ýetirmezlik;

Atmosfera howasyny goramak baradaky kanunçylygy bozmakda günäkärler kanunçylyga laýyklykda jogapkärçilige çekilmäge degişlidirler. Edara görnüşindäki taraplar we raýatlar atmosfera howasyny goramak baradaky kanunçylygy bozmak bilen özleriniň ýetiren zyýanynyň öwezini kanunçylykda bellenilen möçberlerde we tertipde doldurmalydyrlar. Wezipeli adamlaryň we beýleki

işgärieriň günäsi bilen kärhanalaryň ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen baglanyşykly çeken harajatlary üçin, şol adamlar bellenilen tertipde maddy jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir. Atmosfera howasynyň hapalanmagy bilen baglanyşykly hukuk bozulmalar üçin günäkärler barada jogapkärçilik çäreleriniň görnüşleri jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk, düzgün-nyzam.

Jenaýat kodeksine (314-nji madda) laýyklykda atmosfera howasynyň hapalanmagy üçin jenaýat jogapkärçiligi şu aşakdaky halatlarda ýüze çykýar:

l) enjamlary, desgalary we beýleki obýektleri ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde bellenilen görkezijileriň ýokarlanmagy bilen howanyň hapalanandygy ýa-da tebigy özboluşlylygynyň başga hili üýtgändigi üçin, eger şol hereketler tebigy gurşawa düýpli zyýan ýetiren bolsa (bäş ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 10-syndan 30-syna çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär);

2) seresapsyzlyk sebäpli adamyň saglygyna zyýan ýetiren şonuň ýaly hereketler üçin (üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen ýa-da şonsuz zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 25-sinden 75-sine çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahram etmek jezasy berilýär);

3) ýokarda göz öňünde tutulan, seresapsyzlyk sebäpli adamyň ölümine getiren hereketler üçin (iki ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär).

Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda atmosfera howasynyň hapalanmagy üçin şu aşakdaky halatlarda dolandyryş jogapkärçiligi ýüze çykýar:

1) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň goýberilmeginiň ýa-da wagtlaýyn ylalaşylan ýagdaýda goýberilmeginiň ýol berilýän çäkleriniň görkezijilerden geçmegi, atmosfera howasyna ýetýän zyýanly fiziki täsirleriň ýol berilýän çäkleriniň görkezijilerden geçmegi, ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralaryndan ygtyýar alman atmosfera hapalaýjy maddalaryň goýberilmegi, kanunçylyga laýyklykda şeýle ygtyýar almak zerur bolup durýan halatlarynda ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralaryndan ony alman atmosfera howasyna zyýanly fiziki täsiriň ýetirilmegi (78-nji madda);

2) atmosfera howasyny goramak baradaky talaplary kanagatlandyrmaýan täze we durky täzelenilen kärhanalaryň, desgalaryň we beýleki obýektleriň ulanylmaga berilmegi (79-njy madda);

3) atmosfera goýberilýän hapalaýjy maddalary arassalamak we oňa gözegçilik etmek üçin oturdylan desgalary, enjamlary, abzallary ulanmak kadalarynyň bozulmagy, şeýle hem olaryň ulanylmazlygy (80-nji madda);

4) goýberýän hapalaýjy maddalary, şonuň ýaly-da işleýän mahaly sesiniň güwwüldisiniň derejesi bellenilen görkezijilerden artyk bolan awtomobilleriň, uçarlaryň, gämileriň we beýleki ýöreýän serişdeleriň hem-de enjamlaryň ulanmaga goýberilmegi (81-nji madda);

5) goýberýän hapalaýjy maddalary, şonuň ýaly-da işleýän mahaly sesiniň-güwwüldisiniň derejesi bellenilen görkezijilerden artyk bolan awtomotoulag serişdeleriniň we beýleki ýöreýän serişdeleriň hem-de enjamlaryň raýatlar tarapyndan ulanylmagy (82-nji madda);

6) senagat we durmuş galyndylaryny üýşürip goýmak kadalarynyň bozulmagy, şol görkezilen galyndylar ýakylan mahalynda atmosfera howasyny goramak baradaky talaplaryň berjaý edilmezligi (83-nji madda);

7) ösümlikleri goraýyş serişdeleri, olaryň ösüşini batlandyryjylary, mineral dökünleri hem-de atmosfera howasyny hapalaýan ýa-da hapalamagy mümkin bolan beýleki preparatlary daşamak, saklamak we ulanmak kadalarynyň bozulmagy (84-nji madda);

8) atmosfera howasynyň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralaryň atmosfera howasyny goramak baradaky kadalaryň bozulmagyny düzetmek hakyndaky görkezmeleriniň ýerine ýetirilmezligi (85-nji madda).

Kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde we halatlarda atmosfera howasyny goramak baradaky talaplaryň, kadalaryň bozulmalary hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerine (raýat-hukuk, düzgün-nyzam) hem getirip biler.

### 5. Aýratyn goralýan döwlet tebigy goraghanalaryň we çäkli horaghanalaryň hukuk düzgüni

Türkmenistanda tebigy gurşawyň aýry-aýry böleklerini we obýektlerini döwletiň aýratyn goragy astyna almak baradaky kanunçylygyň ýüze çykmagy ilkinji döwlet tebigy goraghanalarynyň döredilmegi bilen baglanyşykly

bolupdy. 1928-nji we 1932-nji ýyllarda Repetek we Esenguly goraghanalary döredildi hem-de Türkmenistanyň Hökümetiniň 1941-nji ýylyň 16-njy sentýabryndaky karary döwlet goraghanalary hakynda Düzgünnama tassyklandy.

Soňra aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanda tebigaty goramak hakyndaky 1963-nji ýylyň 26-njy martynda kabul edilen kanunda öz beýanyny tapdy. Oňa laýyklykda tebigy gurşawyň aýry-aýry böleklerini aýratyn gorag astyna almak şu aşakdakylary guramak arkaly amala aşyrylmaly edildi: 1) döwlet goraghanalaryny; 2) tebigy çäkli goraghanalary; 3) tebigy we milli seýil baglary. Şypahana ýerleri hem aýratyn goralmaga degişli edildi.

Türkmenistanyň garaşsyz bolan şertlerinde aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrmakda Tebigaty goramak hakyndaky kanunyň (1991-nji ýylyň 12-nji noýabry), Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky kanunyň (1992-nji ýylyň 19-njy maýy) ähmiýeti uludyr.

Tebigaty goramak hakyndaky kanun bilen aýratyn goralmaga degişli tebigy territoriýalary we obýektleri kesgitlenilýär. Olara şu aşakdakylar degişli edilýär: döwlet goraghanalary, milli, teryhy-tebigy we memorial baglar, döwlet çäkli goraghanalary, tebigy ýadygärlikler, geologiýa, botanika we zoologiýa baglary, denrariler, şeýle hem haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleri. Bu kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, şypahana we dynç alyş zolaklary, kenarýaka zolaklary, suw gorag zolaklary, balyk hojalyk gorag

zolaklary, tokaýlaryň gorag zolaklary hem aýratyn goralmaga degişlidir.

Türkmenistanyň “Eýeçilik hakyndaky” kanunyna (1993-nji ýylyň 1-nji oktýabry) laýyklykda aýratyn goralýan tebigy territoriýalary we obýektleri döwletiň aýratyn eýeçiliginde durýar. Olar barada dolandyryş wezipelerini umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary (Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary) hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary (Tebigaty goramak ministrligi we onuň edaralary) amala aşyrýar.

Kanunçylykda bellenilen tertipde ekologiýa, ylmy, medeni-öwreniş, dynç alyş, sagaldyş ýa-da estetiki taýdan aýratyn gymmatly bolan tebigy serişdeleriň, aýratyn gymmatly ýa-da seýrek duş gelýän aýry-aýry tebigy toplumlaryň we obýektleriň ekologik deňagramlylygyny, baýlygyny, köpgörnüşliligini, tebigy gurşawyň (ýerleriň, tokaýlaryň, suwlaryň, ýer jümmüşiniň, howa giňişliginiň) bölekleri, tebigy toplumlary we aýry- aýry tebigy obýektleri aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary diýlip hasap edilýär. Şular ýaly aýry- aýry territoriýalaryň döwlet goraghanasy diýlip yglan edilmegi, onuň araçäginiň bellenilmegi we üýtgedilmegi, aýratyn goralýan beýleki territoriýalaryny döretmegiň, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyny ýöretmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Tebigaty goramak ministrligi (Düzgünnama 2000-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda tassyklandy) Türkmenistanda goraghanalaryň we beýleki aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň işini, tebigy nygmatlaryň hasylyny ýygnamagy guraýar, olary ösdürmek boýunça çäreleri

görýär, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyny ýöretmegi üpjün edýär. Bu Ministrlik Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan Mysaly dügünnama (Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky buýrugy) laýyklykda her bir döwlet goraghanasy we döwlet çäkli goraghanasy barada düzgünnamalary işläp taýýarlaýarlar we tassyklaýarlar.

Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary guramak, goramak we peýdalanmak baradaky döwlet gözegçiligini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, şeýle hem Tebigaty goramak ministrligi “Tebigaty goramak hakyndaky”, “Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky” kanunlara hem-de beýleki hukuk namalara laýyklykda amala aşyrýarlar.

Türkmenistanda aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalarynyň döwlet kadastry bilen baglanyşykly meseleler şu baradaky kanun hem-de beýleki hukuk namalar bilen kadalaşdyrylýar.

Bellenilişi ýaly, aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň döwlet kadastry tebigy toplumlaryň hukuk ýagdaýy, ýerleşişi hil sypatlary şol territoriýalaryň ekologik, ylmy, geologik, aň-bilim, ykdysady, taryhy, medeni gymmatlylygy we gaýry gymmatlylygy baradaky zerur maglumatlaryň ulgamyny öz içine alýar.

Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalaryň döwlet kadastry Türkmenistanyň aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalarynyň gaznasynyň ýagdaýyna baha bermek şular ýaly territoriýalaryň toparyny ösdürmegiň gelejegini kesgitlemek, olaryň goralmagyny we rejeli peýdalanylmagyny guramak hem-de ylmy barlaglary

meýilleşdirmek maksady bilen, şeýle hem sebiti durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek hem-de öndüriji güýçleri ýerleşdirmek wezipeleri çözülende şol meseleleri nazarda tutmak üçin ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we dolandyryş edaralaryny hem-de gyzyklanýan kärhanalary, guramalary we edaralary kadastrdaky maglumatlar bilen üpjün etmek maksady bilen ýöredilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulyşy ýaly, aýratyn goralýan döwlet territoriýalaryň döwlet kadastryny ýöretmek döwlet býujetiniň serişdesiniň hasabyna amala aşyrylýar. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalarynyň döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Türkmenistanda döwlet tebigy goraghanalaryň 8-si döredilendir: Hazar (ornitologik), Badhyz, Köpetdag, Sünt-Hasardag, Amyderýa, Gaplaňgyr, Köýtendag, Repetek (biosfera). Döwlet goraghanalary haýwanat we ösümlik dünýäsiniň genetiki gaznasyny, seýrek duş gelýän ekologik ulgamlaryny abat saklamak we öwrenmek, olardaky tebigy hadysalaryň öz akymyna dowam etmegini öwrenmek, tebigaty goramagyň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamak maksady bilen döredilýär. Şunda ýerleriň, ýer jümmüşiniň we suw giňişliginiň bölekleri olaryň çäklerindäki ähli tebigy obýektler bilen hojalyk taýdan ulanmakdan aýrylýar hem-de bellenilen tertipde goraghanalaryň hemişelik peýdalanmagyna berilýär. Täze goraghanalary döretmek Ministrler Kabineti tarapyndan geçirilýär. Goraghanalar edara görnüşindäki taraplardyr. Olar ylmy-barlag edaralary hasaplanylýar hem-de döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Goraghanalaryň hukuk düzgüni olar hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň buýrugy (1995-nji ýylyň 15-nji dekabry) bilen tassyklanan Mysaly düzgünnama hem-de Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan işlenip taýýarlanylýan we tassyklanylýan degişli düzgünnamalar bilen kesgitlenilýär.

Goraghanalaryň üstüne şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirmek ýüklenilýär: goraghananyň ähli tebigy toplumyny tebigy ýagdaýynda abat saklamak; goraghananyň ýerlerini (şol sanda akwatoriýany) şolardaky bar bolan ähli obýektleri bilen bilelikde goramagy üpjün etmek hem-de goraghananyň düzgünini berjaý etmek; goraghananyň ylmy ugruna laýyklykda ylmy-barlag işlerini geçirmek; goraghana işiniň esaslaryny wagyz etmek, tebigy gurşawy goramak we ondan rejeli peýdalanmak meselelerini çözmek, tebigaty goramak meseleleri boýunça ylmy işgärleri taýýarlamakda ýardam etmek; ekologik bilimleri ýaýratmak.

Goraghananyň çäklerinde (akwatoriýasynda) şe aşakdakylar gadagan edilýär:

1) goraghananyň ýerleriniň gidrologik düzgünini üýtgedýän hereketler;

2) goraghananyň alyp barýan işi bilen baglanyşykly bolmadyk jaýlaryň, desgalaryň, ýollaryň, turbageçirijileriň, elektrik toguny geçirijileriň hem-de beýlekileriň gurulmagy;

3) ýerasty baýlyklaryny işläp çykarmak, toprak örtügini, minerallaryň çykýan ýerlerini bozmak hem-de magdan jisimlerini ýalaňaçlamak;

4) tokaýdan peýdalanmagyň ähli görnüşleri, derman, çig-mal, iýmit ösümliklerini we olaryň tohumlaryny taýýarlamak, ösümlik örtüginiň beýleki bozulmalary;

5) aw awlamak, balyk tutmak, haýwanlary tutmak we ýok etmek, haýwanlaryň ýaşaýan gurşawyny bozmak;

6) haýwanlaryň we ösümlikleriň täze görnüşlerini getirip ýerleşdirmek (uýgunlaşdyrmak) hem-de haýwanlaryň aýry-aýry görnüşleriniň sanyny şol ýeriň tebigy göwrümine görä ýol berilýän çäkden artdyrmak barada çäreleri geçirmek;

7) kolleksiýa üçin materiallary toplamak, ýöne goraghanada ylmy barlaglary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan materiallar muňa girmeýär;

8) dökün hökmünde hem-de ösümliklere zyýan beriji mör-möjeklere we olaryň kesellemegine garşy göreşmek üçin, şeýle hem haýwanlaryň sanyny düzgünleşdirmek üçin himiki maddalary we preparatlary ulanmak;

9) umumy peýdalanylýan gury we suw ýollaryndan başga ýerlerden öý haýwanlarynyň sürlüp geçirilmegi, mehanizirlenen ulag serişdeleriniň ýöremegi;

10) emeli usul bilen edilýän gykylyk-sesleriň we akustik täsirleriň bellenilen çäkden artyk bolmagy;

11) goraghananyň umumy peýdalanylýan gury we suw ýollaryndan beýleki ýerlerinden başga adamlaryň pyýada we ulagly geçmegi;

12) dynç almagy guramak, ot ýakmak, ilatyň dynç almagynyň beýleki görnüşlerini amala aşyrmak;

13) tebigy toplumlary bozýan we tebigy obýektleriň ýagdaýyna howp salýan beýleki işler.

Kanunçylyga laýyklykda goraghananyň golaýyndaky ýanaşyk ýerlerdäki (akwatoriýalardaky) hojalyk işiniň

täsirinden tebigy toplumlary goramak maksady bilen bellenilen tertipde Ministrler Kabineti tarapyndan gorag zolaklary hem döredilip bilner.

Goraghanalarda şu aşakdakylara ýol berilýär: adamyň işi netijesinde tebigy toplumlaryň bozulan ýerlerinde dikeldiş çärelerini, şeýle hem döwlet goraghanasyna ýanaşyk ýerlerde hojalyk işiniň netijesinde tebigy toplumlaryň üýtgemeginiň öňüni almak baradaky çäreleri (gidrologik düzgüni dikeltmek, ösümlik bileleşiklerini, ösümlikleriň we haýwanlaryň ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşlerini dikeltmek) geçirmek; adam we haýwanlar üçin umumy aýratyn howply keselleri ýok etmek maksady bilen zerur weterinariýa çäreleri geçirmek; goraghananyň çäginde, onuň düzgünini bozman, ýangyna garşy we sanitariýa çärelerini geçirmek; goraghananyň esasy wezipelerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan desgalary bellenilen tertipde gurmak.

Türkmenistanda döwlet tebigy çäkli goraghanalaryň 14-si döredilendir olar: Pulhatyn, Gyzyljar, Çemenebit, Ogrujaly, Mäne-Çäçe, Guryhowdan, Sünt-Hasardag, Sarygamyş, Şasenem, Kelit, Garlyk, Hojapil, Hojaburyjybelent, Hojagarawul, Guryhowdan çäkli goraghanasynyň gorag zolagy hem döredilendir, onuň meýdany 32800 gektardyr. Çäkli goraghanalaryň tutýan meýdany 1 million 61 müň gektardan gowrakdyr. Döwlet çäkli goraghanalar aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň bir görnüşidir, olary döretmekde esasy maksat degişli ýerlerden we suwlardan peýdalanýanlaryň hukuklary babatda belli bir çäklendirmeleri bellemekden ybaratdyr.

Döwlet çäkli goraghanalary tebigy toplumlara girýän aýry-aýry düzüm böleklerini çäkli goraghananyň öňünde

goýlan tebigaty goraýyş wezipelerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan döwrüň dowamynda abat saklamak, yzygiderli köpeltmek we dikeltmek maksady bilen Ministrler Kabineti tarapyndan döredilýär. Şunda belli bir ýerleriň (akwatoriýalaryň) döwlet çäkli goraghanalar diýlip yglan edilmegi degişli ýer bölekleriniň (suwlaryň) olardan peýdalanýanlardan alynmagyna getirmeýär. Ähli edara görnüşindäki taraplar (pudaklaýyn tabynlygyna we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan) hem-de raýatlar çäkli goraghanalaryň döredilen ýerlerinde olarda bellenilen düzgüni berjaý etmäge borçludyrlar.

Döwlet tebigy çäkli goraghanalaryň hukuk düzgüni olar hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň buýrugy (1995-nji ýylyň 15-nji dekabry) bilen tassyklanan Mysaly düzgünnama laýyklykda Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan işlenip taýýarlanylýan we tassyklanylýan düzgünnamalar bilen kesgitlenilýär.

Döwlet çäkli goraghanalaryň ýerine ýetirýän wezipeleri tebigy serişdeleri abat saklamaga, dikeltmäge we yzygiderli köpeltmäge hem-de umumy ekologik deňagramlylygy saklamaga gönükdirilýär. Ol wezipeler : landşaftlaýyn ýa-da toplumlaýyn wezipeler – aýratyn gymmatly tebigy landşaftlary we toplumlary abat saklamak we dikeltmek; biologik wezipeler (botaniki we zoologiki) – hojalyk, ylmy we medeni taýdan gymmatly ösümlikleri we haýwanlary hem-de olaryň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşlerini abat saklamak we dikeltmek; paleontologik wezipeler – aýry-aýry gazylyp alynýan obýektleri we olaryň toplumlaryny abat saklamak; gidrologik (batga, derýa, köl, deňiz we beýlekiler)

wezipeler-jansyz tebigatyň gymmatly obýektlerini we toplumlaryny abat saklamak.

Döwlet tebigy çäkli goraghanalaryň hukuk düzgüni welaýatlaryň häkimlikleri we ýerden peýdalanýanlar (suwdan peýdalanýanlar) bilen ylalaşyp bellenilýär hem-de olar hakyndaky düzgünnamalarda göz öňünde tutulýar.

Çäkli goraghanalaryň ýerlerinde hojalyk işiniň şu aşakdaky görnüşleri boýunça çäklendirmeler bellenilip bilner: ýerleri sürmek; gurluşyk üçin ýer böleklerini bermek; melioratiw işleri; aw awlamak we balyk tutmak; awuly himiki maddalary ulanmak; tokaýdan peýdalanmagyň aýry-aýry görnüşleri, ot ýatyrmak, mal bakmak, miweleri, ir-iýmişleri we gülleri ýygmak; syýahat we ilatyň guramaçylykly dynç almagynyň beýleki görnüşleri; umumy peýdalanylýan gury we suw ýollaryndan başga ýerlerden mehanizirlenen ulag serişdeleriniň hereketi; suwlardan suwarmak we suwlulandyrmak üçin peýdalanmak; gözleg işleri we ýerasty baýlyklary işläp çykarmak.

Döwlet tebigy çäkli goraghanalar edara görnüşindäki taraplary hasaplanmaýar. Olary goramak haýsy goraghanalaryň ygtyýarynda durýan bolsalar bellenilen tertipde şolaryň tebigaty goramak baradaky ýörite gullugy tarapyndan üpjün edilýär. Çäkli goraghanalary goramak işine Türkmenistanyň tebigaty goramak jemgyýeti, Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşigi we beýleki jemgyýetçilik guramalary çekilip bilner.

## 6. Döwlet tebigy ýadygärlikleriniň we beýleki aýratyn goralýan territoriýalaryň we obýektleriň hukuk düzgüni

Kanunçylyga laýyklykda seýrek duş gelýän, ekologik, ylmy, geologik, taryhy-medeni we estetik jähtden gymmatly bolan möçberi boýunça uly bolmadyk, tebigatyň dikeldilip bilinmejek bölekleri we aýry-aýry tebigy obýektleri tebigy ýadygärlikler diýlip yglan edilýär.

Türkmenistanyň tebigy ýadygärliklerine şu aşakdakylar degişlidir: Gara ýalçy (tutýan meýdany 20 gektar, gorag zolagy 91,5 gektar, Garlyk tutýan meýdany 2 müň gektar).

Tebigy ýadygärlikleriň hukuk düzgüni Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky kanun, 1995-nji ýylyň 15-nji dekabrynda tassyklanan döwlet tebigy ýädygärlikleri hakyndaky Mysaly düzgünnama bilen kesgitlenilýär

Tebigy obýektleriň tebigy ýadygärlikleri diýilip yglan edilmeginde esasy wezipe olary ylmy, medeni-öwreniş we estetik maksatlar üçin tebigy ýagdaýynda abat saklamakdan ybaratdyr. Tebigy obýektleri tebigy ýadygärliklere degişli etmek baradaky karar Ministrler Kabineti tarapyndan kabul edilýär. Şunda tebigy obýektleriň tebigy ýadygärlikler diýlip yglan edilmegi degişli ýerleriň (suwlaryň) olardan peýdalanýanlardan alynmagyna getirmeýär.

Ähli edara görnüşindäki taraplar (pudaklaýyn tabynlygyna we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan) we raýatlaryň özlerine berkidilen ýerlerdäki tebigy ýadygärligi goramagyň bellenilen düzgünini üpjün etmek boýunça

borçnamalary alýarlar. Şunuň bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezi Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna dolunýar. Şu maksat üçin ýadygärlikleri goraýan kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň, şeýle hem Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň serişdeleri hem çekilip bilner. Tebigy ýadygärligi gorag astyna bermek tebigy obýekti tebigy ýadygärlik diýip yglan etmek barada karary kabul eden edara tarapyndan geçirilýär hem-de gorag borçnamasy bilen resmileşdirilýär.

Tebigy ýadygärlik diýlip yglan edilen her bir tebigy obýekte ony goramagy amala aşyrýan edara, kärhana ýa-da gurama tarapyndan pasport ýazylyp, onda ýadygärligiň ady we ähmiýeti hem-de ony saklamagyň we goramagyň bellenilen düzgüni, ýadygärligiň ýerlerşýän ýeri we tutýan meýdany, onuň doly beýany, ýadygärligi abat saklamak üçin degişli çäreler, ony goramaklyga jogapkär gurama we beýleki zerur maglumatlar görkezilýär.

Tebigy ýadygärlikleriň ýerleşýän ýerlerinde hem-de olara ýanaşyk zolaklarda bu ýadygärlikleriň abat saklanmagyna howp salýan her bir iş çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner. Tebigy ýadygärligiň ýerleşýän ýeriniň çägi degişli belgiler bilen alamatlandyrylýar. Tebigy ýadygärlikler üçin bellenilen gorag düzgüniniň berjaý edilişine gözegçiligi ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we tebigaty goraýyş edaralary amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen tebigy territoriýalar hem aýratyn goralmaga degişlidir. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly, ilatyň keselini bejermegi hem-de kesellemegiň öňüni almagy goramak üçin ýaramly tebigy

şypalary (mineral, termal, kesel bejeriş suwlary we laýlary, tebigatyň landşaft-howa hem-de beýleki peýdaly serişdeleri we häsiýetleri bolan territoriýalar (akwatoriýalar) sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen tebigy territoriýalara degişli edilip hem-de şol territoriýalaryň goramagyň degişli düzgüni bellenilip bilner.

Territoriýalary (akwatoriýalary) sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen tebigy territoriýalaryna degişli etmek Ministrler Kabineti tarapyndan geçirilýär. Sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen tebigy territoriýalar olaryň kesel bejeriş häsiýetli tebigy baýlyklarynyň we sagaldyş häsiýetleriniň rejeli peýdalanmagyny hem-de abat saklanmagyny üpjün etmek maksady bilen bölünip berilýär.

Sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen tebigy territoriýalaryň çäklerinde kesel bejeriş häsiýetleri bolan tebigy baýlyklaryň hiliniň ýaramazlaşmagyna we paýawlamagyna getirip biljek işleriň geçirilmegi gadagan edilmäge (çäklendirilmäge) degişlidir. Kanunçylykda ilatyň keselini bejermegi we kesellemeginiň öňüni almagy guramak üçin ýakymly tebigy şertleri saklamak maksady bilen, sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen territoriýada sanitariýa gorag okruglaryny döretmek göz öňünde tutulýar.

Sagaldyş maksatly ýerleriň düzüminde zolaklar tapawutlandyrylýar. Olaryň möçberi we düzgüni tebigy şertlerden, tebigy kesel bejeriş serişdeleriniň nähili möçberde peýdalanylýanlygyndan we şol zolaklarda ýerleşýän edaralaryň nähili maksat üçin niýetlenenliginden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Birinji zolagyň (pugta düzgünli) çäklerinde tebigy kesel bejeriş serişdeleri barlamak we peýdalanmak bilen

baglanyşykly işlerden başga hojalyk işiniň ähli görnüşleri, şeýle hem raýatlaryň hemişe we wagtlaýyn ýaşamagy, şol ýere hapa suwlary we çabga suwlaryny akdyrmak, magdan we ýer işlerini geçirmek, ulagyň ähli görnüşleri bilen geçmek we olary şol ýerde goýmak gadagandyr.

Ikinji zolagyň (çäklendirmeler zolagy) çäklerinde ýangyç – çalynýan ýag materiýallarynyň we maşynlaryň saklanýan ýerlerini ýerleşdirmek, tebigy bejeriş serişdeleri ösdürmek we abadanlaşdyrmak bilen gös-göni baglanyşykly bolmadyk magdan işlerini we başga işleri geçirmek, zäherli himiki maddalary we mineral dökünleri saklamak, siňdiriji guýulary gurmak, kanalizasiýa-arassalaýyş desgalaryny, maldarçylyk we guşçylyk fermalaryny we toplumlaryny gurmak, radioaktiw we durmuş galyndylaryny, zäherli senagat galyndylaryny gömmek, haşal otlara, ösümlikler üçin zyýanly mör-möjeklere we kesellere garşy göreşmek üçin zäherli himiki maddalary ulanmak, ösümlikleri çapmak we ýer böleklerini, tokaý zolaklarynyň we suw howdanlarynyň tebigy kesel bejeriş serişdeleriniň hiliniň ýaramazlaşmagyna ýa-da mukdarynyň azalmagyna we kesel bejeriş ähmiýetli ýeriň ekologik ýagdaýynyň bozulmagyna alyp baryp biljek başga bir görnüşde peýdalanmak gadagandyr.

Üçünji zolak gözegçilik zolagy bolup, onuň çäklerinde tokaýy senagatyň hajatlary üçin çapmak, atmosfera howasynyň sanitariýa ýagdaýyna amatsyz täsir edýän kärhanalary ýerleşdirmek, oba hojalyk ekin meýdanlaryny we tokaý toplumlaryny zäherli himiki maddalar bilen dermanlamak gadagandyr.

Görkezilen zolaklardaky ýerleri raýatlara ýa-da işi tebigy bejeriş serişdeleri goramak we ilatyň dynç almagy üçin amatly şertleri döretmek bilen bir ýere sygmaýan kärhanalara, edaralara we guramalara eýeçilige ýa-da peýdalanmaga bermek gadagan edilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet tebigy goraghanalarynyň tebigy toplumlaryny olar bilen ýanaşyk ýerlerde (akwatoriýalarda) hojalyk işiniň zyýanly täsirinden goramak maksady bilen gorag zolaklary döredilip bilner. Gorag zolaklarynyň möçberi we düzgüni tebigy toplumlary amatsyz täsirlerden goramagy üpjün etmelidir.

Döwlet tebigy goraghanalarynyň gorag zolaklaryny döretmek barada karar goraghanalaryň döredilmegi bilen bir wagtda ýa-da şol zolaklary döretmek zerurlygy ýüze çykan mahalynda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kabul edilýär. Goraghanalaryň gorag zolaklary bilen baglanyşykly meseleler 1995-nji ýylyň 15-nji dekabrynda tassyklanan döwlet goraghanalarynyň gorag zolaklary hakyndaky Mysaly düzgünnamada kadalaşdyrylýar.

Göz öňünde tutulyşy ýaly, goraghanalaryň gorag zolaklarynyň döredilmegi ýerlerden (suwlardan) peýdalanýanlardan şol tebigy baýlyklaryň alynmagyna getirmeýär. Öz ygtyýarlygynda goraghanalary bolan edaralar, ýagny Tebigaty goramak ministrligi, görkezilen Mysaly düzgünnama laýyklykda goraghanalaryň gorag zolaklary hakyndaky düzgünnamalary işläp taýýarlaýar hem-de Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy we ýerlerden (suwlardan) peýdalanýanlar bilen ylalaşyp, şolary tassyklaýar.

Döwlet tebigy goraghanalarynyň gorag zolaklarynyň çäklerinde şu aşakdakylar gadagan edilip ýa-da çaklendirilip bilner: balyk tutmak, agaç çapmak, haýwanlary atmak we tutmak, ilatyň köpçülikleýin dynç almagy üçin ýerleri guramak, ýollary, turbageçirijileri we beýleki kommunikasiýalary gurmak, täze kärhanalary we hojalyk desgalaryny gurmak, oba hojalygyny himiýalaşdyryş serişdelerini ulanmak, oba hojalyk ýerlerini sürmek, şeýle hem goraghanalaryň tebigy toplumlaryna we obýektlerine ýaramaz täsir edip biljek hojalyk işiniň beýleki görnüşleri.

Döwlet tebigy goraghanalarynyn gorag zolaklary döredilen ýerlerde kärhanalar, edaralar we guramalar özleriniň hojalyk işini gorag zolaklarynyň bellenilen düzgünini berjaý etmek bilen amala aşyrmalydyrlar.

Goraghanalaryň gorag zolaklary ýerinde çäk belgileri ýa-da maglumatlar tagtalary bilen resmileşdirilýär. Çäk belgilerini we maglumatlar tagtalaryny goýmak ýerli ýer gurluşyk gulluklary hem-de ýerden (suwdan) peýdalanýanlar bilen ylalaşylyp, degişli goraghanalar tarapyndan amala aşyrylýar.

Kanunçylyga laýyklykda haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek duş gelýän we gymmatly görnüşlerini yzygiderli köpeltmek we ýaýratmak maksady bilen ýörite döwlet alhanalary we nahalhanalary döredilýär. Olary döretmek meselesi Tebigaty goramak ministrligi hem-de beýleki döwlet edaralary, birleşikler, kärhanalar we guramalar (pudaklaýyn tabynlygyna we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan) tarapyndan çözülýär.

Döwlet malhanalary we nahalhanalary bilen baglanyşykly meseleler 1995-nji ýylyň 15-nji dekabrynda

tassyklanan olar hakyndaky Mysaly düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar. Görkezilen malhanalaryň we nahalhanalaryň her biriniň anyk wezipeleri, düzgüniniň we goramagyň aýratynlyklary olar hakynda degişli edaralar tarapyndan Mysaly düzgünnama laýyklykda işlenip taýýarlanylýan we tassyklanylýan düzgünnamada kesgitlenilýär.

Döwlet malhanalary we nahalhanalary edara görnüşindäki taraplar hasaplanylýar, olaryň işine degişli edara tarapyndan bellenilýän direktor ýolbaşçylyk edýär.

Döwlet malhanalarynyň we nahalhanalarynyň esasy wezipeleri şu aşakdakylardyr: malhananyň, nahalhananyň meýdanlarynyň hem-de ýanaşyk tebigy landşaftlary goramak; haýwanlary, guşlary, balyklary, agaçlaryň, otlaryň we beýleki ösümlikleriň nahallaryny köpeltmek, ösdürmek hem-de ilata we guramalara ýerlemek; seýrek duş gelýän we gymmatly haýwanlary yzygiderli köpeltmek; haýwanlary zoologik baglara, goraghanalara, çäkli goraghanalara, malhanalara, ýöriteleşdirilen "Tebigat" dukanlaryna we beýlekilere ýerlemek; seýrek duş gelýän haýwanlary ýarym erkinlikde saklamagyň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamak; tebigaty goraýyş bilimlerini wagyz etmek, ylmy hünärmenleri taýýarlamaga ýardam etmek.

Döwlet malhanalarynda we nahalhanalarynda hojalyk işiniň şu aşakdaky görnüşlerini amala aşyrmaklyga ýol berilýär:

l) haýwanlary we guşlary hereket edýän kanunçylyga laýyklykda tutmak, beýleki sebitlerden bellenilen tertipde haýwanlary almak, malhananyň çäginde olary saklamak we köpeltmek;

2) haýwanlaryň we guşlaryň seýrek duş gelýän, gymmatly we beýleki görnüşleriniň ýaşaýşy we köpelmegi üçin oňat şertleri döretmek maksady bilen biotehniki çäreleri geçirmek;

3) malhananyň ýerleriniň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, oba hojalyk ekinlerini ekmek, ýörite bellenilen ýerlerde nahallary oturtmak;

4) ot-iým taýýarlamak we ýylyň amatsyz möwsümlerinde haýwanlary iýmitlendirmek;

5) malhananyň işine zyýan ýetirýän haýwanlary tebigy ekologik ulgamlara amatsyz täsir etmeýän usullar bilen ýok etmek;

6) zerur bolan weterinariýa we sanitariýa çärelerini geçiraiek;

7) ýer gurluşygy edaralary bilen ylalaşyp, meýdanyň landşaft meýilleşdirmegini geçirmek we malhananyň işi üçin zerur bolan jaýlary we desgalary gurmak;

8) malhanada we nahalhanada ylmy-barlag işlerini geçirmek.

Bellenilişi ýaly, malhanalarda we nahalhanalarda haýwanat we ösümlik dünýäsinden, beýleki tebigy serişdelerden we obýektlerden peýdalanmagyň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak dine Tebigaty goramak ministrliginiň ýörite ygtyýanamasy boýunça bolup biler.

Döwlet malhanasyny, nahalhanasyny goramak işine Tebigaty goramak jemgyýeti, Türkmenistanyň awçylar we balykçylar jemgyýetleriniň birleşigi we beýleki jemgyýetçilik guramalary çekilip bilner.

Kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň Gyzyl kitaby ýöredilýär. Türkmenistanyň Gyzyl kitaby seýrek duş gelýän, sany azalýan we ýitip gitmek howpy astyndaky

ýabany haýwanlaryň, ýabany ösýän ösümlikleriň we kömelekleriň ýagdaýy we goramak çäreleri baradaky, olary abat saklamak, sanyny yzygiderli köpeltmek we rejeli peýdalanmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak we amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlary özünde jemleýän esasy resminamadyr. Gyzyl kitap şol bir wagtyň özünde haýwanat we ösümlik dünýäsiniň döwlet kadastrynyň düzüm bölegidir.

Türkmenistanyň Gyzyl kitaby bilen baglanyşykly meseleler Tebigaty goramak hakyndaky kanun, Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky kanun, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 25-nji martyndaky "Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky" karary we şu karar bilen tassyklanan Düzgünnama hem-de beýleki hukuk namalary bilen kadalaşdyrylýar.

Ilkinji gezek Türkmenistanyň Gyzyl kitaby 1985-nji ýylda neşir edilipdi. 1999-njy ýylda bolsa Gyzyl kitap täzeden neşir edildi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Gyzyl kitaby iň azyndan 10 ýylda bir gezek neşir edilmelidir. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlaryň 152 görnüşi we ösümlikleriň 109 görnüşi girizildi.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň ol ýa-da beýleki görnüşini Tirkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizmek hem-de onuň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek üçin şonuň sanynyň ýa-da arealynyň howply kemelýänligi, ýaşaýyş şertleriniň amatsyz üýtgemeleri hakyndaky hem-de ony goramak we yzygiderli köpeltmek boýunça gyssagly çäreleri görmegiň zerurlygyna şaýatlyk edýän maglumatlar esas bolup durýar. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna ilkinji nobatda haýwanat we ösümlik dunýäsiniň Halkara Gyzyl kitabyna girizilen

seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleri girizilýär.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň ýagdaýyny anyklamak hem-de olary Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizmek ýa-da ondan çykarmak barada teklipleri işläp taýýarlamak üçin Türkmenistanyň Gyzyl kitaby baradaky Topar döredilýär. Bu Topar baradaky düzgünnama hem-de onuň düzümi Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

Türkmenistanyň Gyzyl kitaby gyzyklanýan ministrlikleriň we beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň gatnaşmagy bilen Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan ýöredilýär. Gyzyl kitap Mnistrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleriniň ýagdaýyna we rejeli peýdalanylyşyna döwlet gözegçiligini, şeýle hem olaryň abat saklanmagyny üpjün edýän çäreleri işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşlerini hasaba almagy guramak gyzyklanýan ministrlikleriň, beýleki dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, guramalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň gatnaşmagy bilen Tebigaty goramak ministrliginiň wezipesidir.

Göz öňünde tutulyşy ýaly, ministrlikler, beýleki dolandyryş edaralary, kärhanalar, guramalar, jemgyýetçilik birleşikleri haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleriniň ýaýraýşy, sany we peýdalanylyşy barada özlerinde bar bolan maglumatlary şu

babatda döwlet hasabyny we gözegçiligini amala aşyrýan edaralara bermäge borçludyrlar.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşlerini, olaryň höwürtgelerini, ýumurtgalaryny, miwelerini, tohumlaryny (böleklerini) we önümlerini ele salmak (ýygnamak), şeýle hem haýwanlaryň we ösümlikleriň Gyzyl kitaba girizilen görnüşleriniň goralyp saklanmagyna zyýan ýetirýän diýlip hasap edilen haýwanlary we ösümlikleri Türkmenistana getirmek aýratyn halatlarda diňe Tebigaty goramak ministrliginiň rugsat bermegi bilen amala aşyrylyp bilner.

## 7. Döwlet tebigy territoriýalar we obýektler babatda hukuk bozulmalar we olar üçin jogapkärçilik

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri bilen baglanyşykly hukuk bozulmalara şu aşakdakylar degişlidir:

l) goraghanalaryň, çäkli goraghanalaryň, milli baglaryň, tebigy ýadygärlikleriniň we aýratyn goralýan beýleki tebigy territoriýalarynyň düzgüniniň bozulmagy;

2) Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen ösümlikleriň görnüşlerine degişli bolan ýabany ösümlikleriň, olaryň miweleriniň, tohumlarynyň (bölekleriniň) ýa-da önümleriniň birugsat alynmagy;

3) aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalarda haýwanat dünýäsinden peýdalanmagy amala aşyrmagyň bellenilen tertibiniň bozulmagy;

4) Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna, Halkara Gyzyl kitabyna girizilen haýwanlaryň aýry-aýry görnüşleriniň goralyp saklanmagyna zyýan ýetirýän diýlip hasaplanan haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistana bikanun

getirilmegi, şoňa ygtyýarly edaralardan rugsatsyz geçirilmegi;

5) seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlaryň ýok edilmegi ýa-da şolar ýaly haýwanlaryň heläk bolmagyna, sanynyň kemelmegine ýa-da ýaşaýan ýerleriniň gurşawynyň bozulmagyna getirip biljek beýleki hereketleri etmek;

6) aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň we obýektleriň döwletiň goragy astyna alnan goraghanalaryň, çäkli goraghanalaryň, milli, tebigy baglaryň, kesel bejeriş-sagaldyş hem-de sanatoriý-şypahana zolaklarynyň, adaty ýa-da seýrek duş gelýän ladşaftlaryň, tebigy ýadigärlikleriniň bilgeşleýin ýok edilmegi, zaýalanmagy, olara şikes ýetirilmegi. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri babatda edilen hukuk bozulmalary üçin günäkärler barada kanunçylykda göz öňünde tutulan jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri babatdaky hukuk bozulmalar üçin jogapkärçilik göz öňünde tutulýar. Onuň görnüşleri: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk (maddy), düzgün-nyzam.

Jenaýat kodeksine laýyklykda (324-nji madda) döwlet goraghanalarynyň, çäkli goraghanalaryň milli baglaryň, tebigy ýadigärlikleriniň we döwlet tarapyndan aýratyn goralýan beýleki tebigy territoriýalaryň düzgüniniň ep-esli zyýan çekilmegine getiren bozulma jenaýat hasaplanylýar (5 ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrurn etmek ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň 20-sinden

40-syna çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da 2 ýyla çenli düzediş işlerinde işletniek jezasy berilýär).

Dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky kodekse laýyklykda aýratyn goralýan döwlet tebigy edijepterritoriýalary we obýektleri babatda edilen şu aşakdaky hukuk bozulmalary dolandyryş jogapkärçiligine getirýär.

1. Seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky ösümlikleriň birugsat goparylyp alynmagy ýa-da ýygylmagy (raýatlara we berilmegine ýa-da jerime salynmagyna eltýär).

2. Goraghanalarda ýa-da aýratyn goralýan beýleki tebigy territoriýalarda haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň bellenilen tertibinin bozulmagy, şeýle hem haýwanlaryň aýry-aýry görnüşleriniň goralyp saklanmagyna zyýan ýetirýän diýlip hasaplanan haýwanlaryň ýa-da ösümlikleriň bikanun getirilmegi (raýatlara we wezipeli adamlara duýduryş berilmegine ýa-da jerime salynmagyna getirýär);

3. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna, Halkara Gyzyl kitabyna girizilen haýwanlaryň görnüşlerine degişli bolan seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlaryň ýok edilmegi, ýa-da olaryň ýumurtga taşlaýan ýerleriniň, ýumurtgalarynyň, ýaşaýan ýerleriniň we beýleki desgalaryň ýok edilmegi, ýa-da şol haýwanlaryň heläk bolmagyna, sanynyň kemelmegine ýa-da ýaşaýan ýerleriniň gurşawynyň bozulmagyna getirip beýleki hereketleriň edilmegi, ýa-da ele salmak üçin berlen ygtyýarnamada görkezilen şertleriň bozulmagy bilen şol haýwanlaryň ele salynmagy (görkezilen bozulmalaryn guraly bolan zatlary öwezini tölemek bilen hukuk

bozujynyň elinden alyp ýa-da alman, raýatlara we wezipeli adamlara jerime salynmagyna getirýär);

4. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalarynyň we obýektleriniň (goraghanalaryň, çäkli goraghanalaryň, milli, tebigy baglaryň, kesel bejeriş-sagaldyş sanatoriý-şypahana zolaklarynyň, adaty ýa-da seýrek duş gelýän landşaftlaryň, tebigy ýadygärlikleriniň) bilgeşleýin ýok edilmegi, zaýalanmagy, şikes ýetirilmegi we wezipeli adamlara jerime salynmagyna eltýär).

Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary we obýektleri babatda raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi Raýat kodekdsinden (1027-nji madda) gelip çykýar hem-de Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakyndaky kanunda, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky Düzgünnamada (1997-nji ýylyň 25-nji marty) döwlet goraghanalary, döwlet çäkli goraghanalary, döwlet goraghanalarynyň zolaklary, döwlet tebigy ýadygärlikleri hakyndaky Mysaly düzgünnamalarda (1995-nji ýylyň 15-nji dekabry) göz öňünde tutulýar. Şunda Türkmenistany çäklerinde ýaşaýan haýwanlaryň, ösýän ösümlikleriň bikanun ele salynmagy, ýok edilmegi bilen ýetirilen zyýanyň öwezi Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp, 2000-nji ýylyň 28-nji fewralynda tassyklanan Taksalara laýyklykda dolunmaga degişlidir.

Aýratyn goralýan döwlet döwlet tebigy territoriýalary babatda edilen hukuk bozulmalary üçin Zähmet kodeksine laýyklykda hukuk bozujylar barada düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleri hem ulanylyp bilner.

## Ulanylan edebiýatlaryň sanawy:


1. Türkmenistanyń Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler,t.1,Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler,t.2,Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow.Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat 2007.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy – 2007 ýyl. Aşgabat, 2008.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny).

13. Tebigaty goramak baradaky halkara hukuk resminamalarynyň we Türkmenistanyň kadalaşdyryjy namalarynyň ýygyndysy. Aşgabat 2002.
14. Türkmenistanyň „Bilim hakyndaky“ kanuny. 2009.
15. Türkmenistanyň „Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakyndaky“ kanuny. 2009.
16. Tebigaty goramak hakyndaky kanun. 1991.
17. Türkmenistanyň Ýer kodeksi. 2004.
18. Türkmenistanyň Suw kodeksi. 2004.
19. Türkmenistanyň Prezidentiniň Gyzyl kitaby hakyndaky karary. 1997.
20. Türkmenitanyň Sanitariýa kodeksi. 1999.
21. Türkmenistanyň Tokaý kodeksi. 1993.
22. Türkmenistanyň Ýer jümmüşi hakyndaky kanuny. 1992.
23. Aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalar hakyndaky kanun. 1992.
24. Türkmenistanyň Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanuny. 1993.
25. Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun. 1997.
26. Uglewodorod serişdeleri hakyndaky kanun. 2008.
27. Atmosfera howasyny goramak hakyndaky kanun. 1996.
28. Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky kanun. 2008.
29. Ozon gatlagyny goramak hakyndaky kanun. 2009.
30. Ösümlikleriň karantini hakyndaky kanun. 2009.
31. Radiasiýa howpsuzlygy hakyndaky kanun, 2009.
32. I.Bekiýew Türkmenistanda töwerekdäki tebigy gurşawy goramagyň we ondan peýdalanmagyň hukuk meseleleri. Aşgabat. 2002.